# TURKMENISTANYN TARYHY












**B. Esenow, N. Babaýew, D. Kössekow,**
**O. Gurbanowa, O. Çaryýewa, T. Sahydow, G. Akynyýazow**

# TURKMENISTANYN TARYHY

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VII synpy üçin okuw kitaby**

***Ikinji neşir***

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Aşgabat Türkmen döwlet neşir;**
2016

**UOK 373:957.54 E**
**67**

**Esenow B. we başg.**
**E 67 Türkmenistanyň taryhy.** Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VII synpy üçin okuw kitaby.
- A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

A

**Kitabyň girişini, II bölümiň 8-13, 21, 22-nji paragraflary- ny, III bölümiň 30, 31, 42, 43, 50-52, 55, 56-njy paragraflaryny *B. Esenow,* I bölümiň 1 - 7-nji paragraflaryny *N. Babaýew,* II bölümiň 14-20-nji paragraflaryny *D. Kössekow,* II bölümiň 23-29-njy paragraflaryny *O. Gurbanowa,* II bölümiň 32-36-njy paragraflaryny *O. Çaryýewa,* II bölümiň 37-41-nji paragraflaryny *T. Sahydow,* III bölümiň 44-49, 53, 54-nji paragraflaryny *G. Akynyýazow* taýýarlady.**

**TDKP № 223, 2016** **KBK 63.3 (2 Tü) ýa72**

**© B. Esenow we başg., 2016.**



TURKMENISTANYN PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TURKMENISTANYŇ DOWLET BAYDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde. Bitarap,
garaşsyz topragyň nurdur, A Baýdagyň
belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy, Berkarar
döwletim, jigerim-janym. Başlaryň täji sen,
diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller, Owal-ahyr
birdir biziň ganymyz. Harasatlar almaz,
syndyrmaz siller, Nesiller döş gerip gorar
şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy, Berkarar
döwletim, jigerim-janym. Başlaryň täji sen,
diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*Turkmenistan — Änew, Altyndepe, Margia- na, Urgenç, Maşat-Missirian, Sarahs, Farawa, Şähriyslam, Şähri-Bossan, Amul, Namazgadepe, Abiwerd, Nusaý we köpsanly beýleki ýadygärlikler ýaly dünýä ylmynyň üns merkezinde duran, özüne müňýyllyklaryň taryhyny siňdiren ýüzlerçe arhitektura we arheologiýa ýadygärliklerine, medeni--ruhy gymmatlyklara ba ülke.*

## GIRIŞ

Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen halkynyň geçmiş taryhyna degişli arheologiki ýadygärlikleriniň, ýazuw çeşmeleriniň çuňňur öwrenilmegi türkmen halkynyň bäş müň ýyllyk şöhratly taryhynyň bardygyny bütin dünýä äşgär etdi. Gadymy taryhy ýerlerimiz, beýik taryhy şahsyýetlerimiz barada alymlaryň, taryhçylaryň, edebiýatçylaryň miras galdyran gymmatly eserleri hal- kymyzyň köp müňýyllyk taryhyny dogruçyl beýan et- mäge mümkinçilik döretdi.

Gadymy türkmen topragy adamzat medeniýetiniň - siwilizasiýasynyň ilkinji ojaklarynyň biri hasaplanyl- ýar. Yurdumyzyň çäklerinde ýaşan iň gadymy adamlar jemgyýetiň ösüş kanunlaryna laýyklykda ilkidurmuş gurluşyny başdan geçiripdirler.

Nesilbaşymyz Oguz hanyň döwründe türkmen halky döwletgurmak derejesine ýetipdir. Türkmen halkynyň

özboluşly medeniýetiniň we maddy gymmatlyklarynyň döremeginde we ösüp kemala gelmeginde, dürli döwür- lerde döreden ýa-da düzüminde bolan Gadymy Oguz türkmenleriniň, Ahemeniler, Parfiýa, Hun, Sasanylar, Göktürkmenler, Tahyrylar, Saffarylar, Samanylar döwletleriniň möhüm ähmiýeti bardyr.

Müňýyllyklaryň dowamynda biziň ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklaryna öz goşantlaryny goşupdyrlar. Geçmişimizi çuňňur öwrenmek üçin biz taryh ylmynyň gazananlaryna ýüzlenmeli bolýarys. Taryh ylmynyň iň esasy çeşmeleriniň biri-de ýazuw ýadygärlikleridir. Olar taryhy eserlerden, çeper edebiýatdan, ylmy we dini beýanlardan, resmi hatlardan we beýleki çeşmelerden ybaratdyr. Şol çeşmeleriň üsti bilen geçmiş taryhymyz ýazylýar we öwrenilýär. Yazuw dürli ýurtlarda dürli wagtlarda ýüze çykypdyr. Mysal üçin, Derýaaralygy (Mesopotamiýa) bilen Müsür- de b. e. öňki III müňýyllykda, Kiçi Aziýada b. e. öňki 1800-nji ýyllarda, Hytaýda b. e. öňki 1400-nji ýyllar- da ýüze çykypdyr. Türkmenistanda hat-ýazuwyň başlangyjynyň bürünç asyrynda, ýagny b. e. öňki III müňýyllygyň başlarynda peýda bolandygy barada alym- lar aýdýarlar.

Taryhy öwrenmekde irki döwrüň alymlarynyň goşantlary hem örän uludyr. Türkmenistanyň we onuň halkynyň taryhy barada iň gadymy döwürden başlap häzirki günlere çenli köp taryhçylar onlarça taryhy işleri ýazypdyrlar. Gadymy taryhçylaryň hataryna grek we rim taryhçylary Gerodoty, Fukididi, Aristoteli, Diodory, Strabony goşup bolar. Türkmen halky barada köp taryhy maglumatlary orta asyr türkmen, arap, pars, rus taryhçylary ýazyp galdyrypdyrlar. Olardan al-Biruny, Mahmyt Kaşgarly, Ibn al-Asir, Reşideddin,

Biçurin, Gumilýow... ýaly taryhçylaryň atlaryny tutup bolar.

Türkmen halkynyň gadymy we orta asyr taryhy, esasan hem, XIX-XX asyrlarda öwrenildi. Bu ugurda uly işleri bitiren alymlardan W. W. Bartoldyň (1869—1930), S. P. Tolstowyň (1908-1976), M. Ý. Massonyň (1894- 1986) atlaryny getirip bolar. Türkmenistanyň gadymy döwrü- niň taryhyny öwrenmekde arheolog alym W. I.Saria- nidiniň bitiren işleri has hem uludyr.

**Türkmenistanyň taryhynyň döwürleri.** Taryh- çy alymlar Türkmenistanyň iň gadymy taryhyny öz aýratynlyklaryna laýyklykda döwürlere bölüpdirler. Şol döwürleşdiriş ählumumy taryh ylmynyň döwürlere bölünişi bilen gabat gelýär. Alymlar iň gadymy adam- zat jemgyýetinde peýdalanylan zähmet gurallarynyň esasynda ol döwri *daş, mis, bürünç* we *demir* asyrlary- na bölýärler.

**Daş asyry.**

*Paleolit döwri.* Daş asyrynyň birinji döwri paleolit, ýagny gadymy daş asyry diýlip atlandyrylýar. Paleolit döwri Türkmenistanyň çäginde iň gadymy döwürler- den başlap b. e. öňki XI müňýyllyga çenli dowam edip- dir.

*Mezolit döwri.* Daş asyrynyň ikinji döwri mezo- lit (grekçe *mezos* - orta) diýlip atlandyrylýar. 01 orta daş asyry bolup, b. e. öňki XII-VII müňýyllygyň birinji ýarymyny öz içine alýar.

*Neolit döwri.* Daş asyrynyň üçünji döwri neolit (grekçe *neos* - täze) diýlip atlandyrylýar, ol täze daş asyry hasaplanylýar. Neolit b. e. öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymyndan b. e. öňki V müňýyllygyň birinji ýarymyna çenli dowam edipdir.

**Mis asyry.** B. e. öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymy eneolit (grekçe *enous* - mis) asyry hasaplanylýar. Bu döwürde adamlar misden zähmet gurallaryny ýasap başlapdyrlar, şonuň üçin bu döwre mis asyry diýip at be- ripdirler. Eneolit — mis asyry b. e. öňki IV müňýyllygyň ahyrlaryna çenli dowam edipdir.

**Bürünç asyry.** B. e. öňki III müňýyllygyň başla- ryndan II müňýyllygyň ahyrlaryna çenli bolan döwre bürünç asyry diýilýär. Adamlar galaýy bilen misi ga- ryp, bürünç almagy başarypdyrlar. Bürünçden*ýasalan zähmet gurallary has berk bolupdyr.

**Demir asyry.** B. e. öňki II müňýyllygyň ahyr- larynda demriň tapylmagy we önümçilige ornaşdyrylyp başlanmagy bilen, alymlar bu asyra demir asyry diýip at beripdirler. Demriň ýüze çykmagy bilen önümçilik has giňäpdir, täze durmuş-ykdysady gatnaşyklar ýüze çykyp, jemgyýetiň ösüşine badalga beripdir.

Bu okuw kitaby üç bölümden ybaratdyr. Birinji bölüm «Türkmenistan iň gadymy döwürde» diýlip atlandyrylyp, ol Türkmenistanyň iň gadymy döwrün- den-b. e. öňki III müňýyllyga çenli döwri öz içine alýar. Bu bölümde Türkmenistanda iň gadymy adamlaryň ýaşan ýerleri bolan Yangyja, Damdamçeşme, Jebel, Gaýly ýaly gonalgalar, ol ýerlerde ýaşan adamlaryň kärleri we zähmet gurallarynyň görnüşleri beýan edilýär.

Bölümde adamlaryň ekerançylyga we maldarçyly- ga geçmekleri bilen öndüriji hojalygyň ýüze çykyşy, iň gadymy suwarymly ekerançylygyň ýüze çykan ýeri bolan Jeýtun medeniýeti barada gürrüň edilýär. Şeýle-de, misiň ýüze çykmagy bilen zähmet gurallarynyň kämil- leşmegi, hünärmentçiligiň ýüze çykyp, giň gerime eýe bolşy taryhy maglumatlaryň üsti bilen subut edilýär. Bu

döwrüň esasy ýadygärlikleri bolan Garadepe, Namazga-depe, Göksüýri ýaly oturymly obalaryň ilatynyň ekerançylyga uly ähmiýet berişleri, olaryň guran suwaryş desgalary barada hem giňden gürrüň berilýär.

Şeýle hem, kitabyň birinji bölüminde Türkmenistanyň çäginde ýaşan gadymy adamlaryň sungaty we dini ynançlary barada ynandyryjy subutnamalar getirilýär. Onda zergärçiligiň ýüze çykyşy, keramika önümleriniň kämilleşdirilişi hem-de olarda adamlaryň we dürli haýwanlaryň şekilleriniň berlişi, olara reňk berlip bezelişi beýan edilýär.

Göksüýri, Yalaňaçdepe ýadygärliklerinden tapy- lan keramika önümlerinde Günüň şekili bilen alamatlandyrylan ilkinji senenamanyň üsti açyldy we bu senenamanyň gadymy ekerançylaryň senenamasydygy anyklanyldy. Diýmek, bu maglumatlar b. e. öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda, III müňýyllygyň başlarynda Türkmenistanyň çäklerinde ilkinji senenamanyň ýüze çykandygyny görkezýär.

Bölümiň ahyrynda Türkmenistanyň çäginde b. e. öňki IX-VIII müňýyllyklara degişli mazarlaryň üstüniň açylmagy, bu döwürde ýaşan gadymy adamlaryň ýaşaýyş durmuşy, dini ynançlary, däp-dessurlary barada köp maglumatlar berilýär. Şol mazarlar öwrenilende gadymy adamlaryň öz merhumlaryny jaýlanlarynda jesetleri balykgulaklardan ýasalan monjuklar bilen be- zemekleri, olaryň ýanlarynda içi azykly gap-gaçlary goý- maklary iň gadymy adamlaryň «o dünýäde» ýaşaýşyň bardygyna ynançlarynyň bolandygyny görkezýär.

Kitabyň ikinji bölümi b. e. öňki III müňýyllykdan b. e. 650-nji ýylyna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwürde Oguz han atamyz, gadymy oguzlar, oguzlaryň gu-

ran Türkmen döwleti, olaryň durmuşy we jemgyýet- çilik gurluşy barada gürrüň berilýär. Bölümde Türkmenistanyň çäginde dörän iň gadymy şäher döw- letleri bolan Altyndepe we Marguş barada, bu ýurtda bürünjiň alnyşy, zähmet gurallarynyň kämilleşmegi, ekerançylygyň we hünärmentçiligiň ösüşi beýan edilýär. Esasan hem, gadymy Murgap derýasynyň aşaky akymlarynyň adamlar tarapyndan özleşdirilmegi, suwaryş desgalarynyň gurlup, ekerançylygyň giňeldilmegi, b.e. öňki III müňýyllygyň ikinji ýarymyndan *b.* e. öňki II müňýyllygyň birinji ýarymynyň ahyrlaryna çenli bu ýerlerde ýaşaýşyň gülläp ösüşi barada täze üsti açylan arheologiki maglumatlaryň esasynda gürrüň berilýär. Şeýle-de bu bölümde b. e. öňki II müňýyllygyň ahyr- laryndan Türkmenistanyň hemme oturymly ýerlerinde demriň ulanylyp, zähmet gurallarynyň has kämilleş- dirilmegi, hojalyklaryň has-da ýokary göterilmegi, jem- gyýetçilik gatnaşyklarynda bolup geçen özgerişleriň netijesinde ilkinji döwletleriň döreýşi ýaly meseleler beýan edilýär.

Ikinji bölümde b. e. öňki VI-IV asyrlarda Türkme- nistanyň Ahemeni döwletiniň düzüminde bolmagy, massagetleriň, sak taýpalarynyň ahemenilere garşy alyp baran uruşlary, Ahemeni döwletini dolandyryjylar, olaryň döwlet dolandyryş ulgamy, geçiren özgertmele- ri, galdyran ýazuw ýadygärlikleri, zoroastrizm dininiň ýüze çykyşy we onuň döwlet dinine öwrülişi barada gürrüň berilýär.

Bu bölümde Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi, Ahemeniler döwletiniň ýykylyşy, basybalyjyla- ra garşy Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşaýan halklaryň alyp baran göreşleri, Alek- sandryň imperiýasynyň ýykylyp, ellinistik döwletleriň dö-

reýşi, grek medeniýeti bilen ýerli medeniýetiň goşulyp, üllinizm medeniýetiniň ýüze çykyşy we onuň taryhy äh- miýeti, Beýik Parfiýa türkmen döwletiniň döreýşi, onuň görnükli şahsyýetleriniň döwleti dolandyrmakda bitiren işleri, döwletiň gülläp ösüşi, häzirki günlere çenli saklanyp galan parfiýa ýadygärlikleri barada gürrüň berilýär.

Şeýle hem bölümde Türkmenistanyň Günorta-Gün- dogar sebitleriniň Kuşanlar döwletine birikdirilmegi, kuşanlylaryň agalygy döwründe söwdanyň ösmegi, şäherleriň gülläp ösüşi, Kuşan döwrüniň ýadygärlikleri bolan Kerki, Mürzebeg, Köýten we beýleki oturym- ly ýerler barada maglumatlar berilýär. B. e. öňki III asyryň ahyrlaryndan b. e. Ill asyrynyň başlaryna çenli ýaşan Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti, ony esaslandyryjy Mete han we onuň oruntutarlary barada, döwletiň dolandyryş ulgamy, jemgyýetçilik gurluşy, ka- nunlary, goňşy ýurtlar bilen alyp baran gatnaşyklary barada taryhy maglumatlar berilýär. Bölümde Sasa- nylaryň, Afrigileriň, Eftalylaryň döwletleriniň döreýşi, olaryň Türkmenistanyň çäginde alyp baran işleri, olardan galan ýadygärlikler, bolup geçen öza- ra uruşlar barada hem köp maglumatlar getirilýär. Şu bölümde Beýik Ýüpek ýolunyň döreýşi, kerwen ýollarynyň dürli döwürlerde Türkmenistanyň gadymy şäherleriniň üstünden geçip, Günbatara - Alynky we Kiçi Aziýa ýurtlaryna türkmen harytlarynyň hem alnyp gidilişi, söwdanyň giň gerimde alnyp baryl- magynyň ýerli halklar bilen goňşy halklaryň biri-birine ýakynlaşmagyna, onuň medeni gatnaşyklarynyň ösmegine eden täsirleri barada hem aýdylýar.

Kitabyň üçünji bölüminde b. e. VI-IX asyrlarynda dörän Göktürkmen döwleti, onuň beýik şahsyýetleri bolan Bilge han, Kültegin han, Gapagan han we beýle-

ki şahsyýetleriň bitiren işleri, olardan galan ýadygär- likler barada taryhy maglumatlar berilýär. Bölümde araplaryň Türkmenistanyň çäklerine aralaşmaklary, yslam dininiň ýerli ilat tarapyndan kabul edilişi, diniň türkmen jemgyýetinde, döwlet dolandyryş ulgamynda tutýan orny görkezilýär. Şeýle-de, Türkmenistanyň we Merkezi Aziýanyň ýerlerinde araplaryň agalygyna garşy Abu Muslimiň, Mukannanyň ýolbaşçylygyndaky halk gozgalaňlary barada maglumatlar beýan edilýär. Bölümiň ahyrynda VII-IX asyrlarda türkmenlçriň me- deniýetde, ýagny edebiýatda, ylymda, bilimde, binagär- çilikde gazanan üstünlikleri beýan edilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen halkynyň gadymyýetden gelýän milli gymmatlyklaryny, taryhy ýadygärliklerini, dilini, däp-dessurlaryny geljekki nesillerimiz üçin gorap saklamagy we mundan beýläk ösdürmegi wezipe edip goýýar. Şonuň üçin häzirki wagtda türkmen taryhynyň henize çenli üsti açylmadyk sahypalary alymlar tarapyndan düýpli öwrenilýär.

# I

# Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan iň gadymy adamlar we olaryň durmuşy (iň gadymy döwürden - b. e. öňki III müňýyllyga çenli)

## § 1. Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan iň gadymy adamlar

**Türkmenistanda iň gadymy adamlaryň ýaşan ýerleri.** Iň gadymy adamlar Türkmenistanyň ýerlerinde 1,8 million ýyl mundan ozal ýaşap başlapdyrlar, olar «başarjaň» adam diýlip atlandyrylýar. Sebäbi olar sowukdan we güýçli ýelden penalanmagy, agaçdan, süňkden we daşdan zähmet gurallaryny ýasamak- lygy başarypdyrlar. Olaryň eňegi örän kiçi bolupdyr, barmaklarynyň bogny gödek bolup, çeýe hereket edip bil- mändirler. Olaryň beýnisiniň gurluşy maýmynyňkydan uly, häzirki zaman adamynyň beýnisinden kiçi bolup, maňlaý bölegi gowşak ösen bolupdyr. Şol döwrüň adam- lary gepläp bilmändirler, zordan üzlem-saplam sesle- ri aýtmagy başarypdyrlar. Şeýle sesler arkaly olar öz gaharlaryny we gorkularyny aňladypdyrlar. Şol ses bilen howp abananda bir-birlerini kömege çagyryp bilipdirler. Olarda pikirlenmek juda çäkli bolupdyr. Bu döwrüň adamlarynyň ýaşan ýerleri Merkezi Aziýanyň çäklerinde Deşikdaş gowagyndan tapyldy. Alymlar bu ýerden 8-9 ýaşly iň gadymy oglanjygyň süňküniň üstü- ni açdylar.

Ýüz müňlerçe ýyllaryň geçmegi bilen häzirki zaman adamlaryna meňzeş akylly-paýhasly adamlar peý- da bolupdyr. Adamlaryň ýaşaýyş we durmuş tejribesi kem-kemden artyp başlapdyr. Ilki-ilkiler adamlar uly



**Türkmenbaşy şäheriniň golaýyndan tapylan paleolit döwrüne degişli daş gurallar**

haýwanlary köpçülik bolup awlamagy başarypdyrlar. Şol haýwanlaryň etleri olara köp wagtlap iýmit bolupdyr.

Gadymy Türkmenistanyň çägi - günortasyny Köpetdaga direýän, günbataryny deňiz tutýan, aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän ajaýyp düzlükdir. Yurdumyzyň esasy ýerini çöl tutýar, onuň çet gyralaryny bolsa suwarymly ýerler, demirgazyk-gündogar çäklerini Amyderýa jülgesi tutýar.

Paleolit döwrüniň ahyrlarynda adamlar Türkmenistanyň çäginiň köp ýerlerinde, ýagny Hazaryň kenarlarynda, Uzboý sebitlerinde, Sumbar, Çendir jülgelerinde, Merkezi Köpetdagyň, Sarahsyň günortasyndaky Bathyz baýyrlyklarynda ýaşapdyrlar.

Paleolit döwrüniň adamlary özlerine iň gerekli zatlary ýasamagy öwrenipdirler. Gadymy ussalar çakmak daşdan uly bolmadyk ýasy görnüşli gysgyçlary, ýuka hem ýiti uçly deşewaçlary taýýarlapdyrlar. Şol gurallar agaç, süňk kesmek üçin amatly bolupdyr. Deşewaçlaryň kömegi bilen awlan haýwanlarynyň derisinden ýönekeýje egin-eşik tikip, azyk önümlerini saklar ýaly dürli göwrümli meşik (malyň derisinden edilýän gap) edinipdirler.



**Kesgirbulakdan tapylan iň gadymy daşdan ýasalan gurallar**

Arheologiki gazuw-barlag iş-
leriniň geçirilmegi bilen, alym-
lar Hudaýdag çöketliginiň de-
mirgazyk tarapyndan gadymy
piliň aýaklarynyň süňklerini,
azy dişiniň döwügini tapdylar.
Pil süňkleri we dişleriniň syr-
çaly döwükleri Hudaýdag bi-
Irn Monjuklynyň arasyndan **Piliň süňkünden ýasalan** hem-de Uzboýuň kenaryndaky **zatlar we ýylanjyk** ýerlerden hem tapyldy.

**Paleolit döwrüniň esasy gonalgasy: Yangyja.** Türkmenistanda paleolit (takmynan, 1 million 800 müň ýyl mundan ozal) döwrüne, ýagny daş asyryna degişli ýadygärlikler, esasan, häzirki çöllük ýerlerden tapyl- ýar. Bu bolsa iň gadymy adamlaryň biziň ýurdumyzda häzirkiden başgarak tebigy şertlerde ýaşandyklaryna şaýatlyk edýär. Alymlaryň çaklamalaryna görä, iň gadymy döwürlerde häzirki Hazar deňziniň tutýan meý- dany has uly eken. Wagtyň geçmegi bilen onuň suwy çekilip, Garagum çölüniň emele gelmegine getiripdir. Deňziň suwunyň öwran-öwran gury ýerleri basyp, ýene- -de çekilmegi gadymy adamlaryň ýaşan medeni zolak- laryny ýok edipdir.

Arheologiýa barlaglarynyň netijesinde has irki döwürlere degişli daşdan ýasalan dürli zähmet gurallarynyň birnäçesiniň üsti açyldy. Olar ilkinji gezek
1949-njy ýylda Türkmenbaşy şäherinden gündogarda,

ýagny Yangyja we Garateňňir duralgalaryň arlygynda ýüze çykýardy . Ýukajyk edilip ýonulan gyçak daş böleklerinden ýasalan iki sany kerçewajy alymlaryň

dyr. Şeýle-de Türkmenbaşy şäherinden 39 km gün- dogarda tapylan uly guralyň çapgyç görnüşi bar. Şol guralyň küti ujy tutalga bolup, beýleki ýiti ujy bolsa aw etmek üçin ulanylypdyr. Adamlar tutan haýwanlaryny şol gurallar bilen soýup we kesip bilipdirler. Olar agaç- dan taýaklary we çişleri hem ýasap bilipdirler, ol çişler we taýaklar aw awlamaga hem hyzmat edipdir.

**1. Türkmenistanda iň gadymy adamlaryň ýaşan ýerleri barada gürrüň beriň. 2. Paleolit döwrüniňAgonalgalary barada aýdyň. 3. Alymlar Türkmenistanyň haýsy ýerlerinden pil süňklerini tapdylar, olar barada gürrüň beriň.**
**4. Paleolit döwründe nähili zähmet gurallary ýasalypdyr?**

## § 2. Mezolit döwrüniň arheologiki ýadygärlikleri. Bu döwrüň adamlarynyň kärleri we zähmet gurallary

**Mezolit döwrüniň ýadygärlikleri: Damdamçeşme, Jebel, Gaýly.** Mezolit ýa-da orta daş asyry döwründe (b. e. öňki, takmynan, XII-VII müňýyllyklar) Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan adamlaryň gonalga- lary, esasan, Balkan welaýatynyň çäklerinde bolupdyr. Günbatar Türkmenistandaky Damdamçeşme II, Jebel, Gaýly ýaly köp gatlakly gowaklardan mezolit döwrüne degişli birnäçe zähmet gurallary tapyldy.

Uly Balkan dagyndaky Damdamçeşme gowagyndan, gadymy gatlagyň içinde, gyralary örän oňat ýonulan ýasy çakmak daşlary tapyldy. Olaryň içinde saplanan gazawlar we gapdallary oýuk ýasy daşlar hem bar. Şol gowagyň ýakynyndaky başga bir gowakdan (Damdamçeşme II)

we Gaýly gaýasyndan hem çakmak daşdan ýasalan gazawlaryň, ýasy daşlaryň üsti açyldy.

Türkmenistanyň dag gowaklaryndan tapylan tapyndylar gadymy adamlaryň ýaşaýyş durmuşlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şol gowaklardan tapylan ýabany haýwanlaryň süňklerinden çen tutulanda, şol gowaklarda ýaşan adamlaryň kärleri awçylyk we balykçylyk bolupdyr.

Mezolit döwründe awçylar üçburçluk görnüşindäki çakmak daşlaryny ulanypdyrlar. Çakmak daşdan edi- len ýasy daşlaryň ýüzi ýörite ýonguç bilen ýiteldilip, bir tarapy çuň oýulypdyr. Bu ýasy oýukly daşlar peýkamlary, agaç oklary ýasamak üçin hyzmat edipdir. Mundan başga-da, gowakda gazawlar we deşgiç görnüşli gurallar hem köp bolupdyr.

Bu döwürde Jebel gowagynda ýaşan adamlar üçburçluk görnüşindäki kiçijik gurallary ýasapdyrlar, daşdan ýasalan iri tyglary we peýkam uçly gurallary, ýasy daş owguçlary ulanypdyrlar. Tapyndylaryň käbirleri çöple- nen däneleri owmak üçin niýetlenipdir.

Mezolit döwrüniň adamlary awlan haýwanlarynyň derisini eýlemegiň, agaçdan, süňkden, daşdan dürli görnüşli gurallary hem-de balykgulaklardan bezegleri ýasamagyň hötdesinden gelipdirler. Jebel gowagyndan sungat önümleri hem tapyldy. Bu ýerde ýaşan gadymy adamlar balykgulaklardan monjuk ýasap, olary daky- nypdyrlar.

Bu döwrüň adamlary mallaryň derilerinden haýwanlaryň guradylan damarlaryndan taýýarlanylan sapaklar bilen tikilen geýimleri geýipdirler. Mysal üçin, Gaýly gowagynyň aşaky gatlagyndan, sapak sapmak üçin kiçijik gözli süňkden ýasalan iňňe tapyldy. Bu

tapyndylar Türkmenistanyň çäginde ýaşan gadymy adamlaryň eşikleri, olaryň bezeg işleri hakynda mag- lumat berýär.

Gubaseňňir burnunyň gaýaly belentliginden «zergärçilik» ussahanasy hem tapyldy. Ussahana daş asyrynyň durmuşy barada maglumat berýär. 01 ýerde balykgulaklardan ýasalan köp sanly monjuklaryň birentegi ak reňkde bolsa, käbirleri gyzyl reňke boýalypdyr.

**Mezolit döwrüniň adamlarynyň esasy kärle- ri we zähmet gurallary. Yygnaýjylyk, avrççylyk we balykçylyk.** Türkmenistanyň çäklerinde mezolit döwründe ýaşan adamlar awçylyk, balyk tutmak, ir-iýmiş çöplemekden haýwanlary eldekileşdirmäge geçip baş- lapdyrlar. Gaýly, Damdamçeşme **II** we Jebel gowak- laryndan tapylan goýundyr geçiniň, jerendir balygyň süňk galyndylary mezolit döwründe ýaşan adamlaryň awçylyk, ýygnaýjylyk, balyk tutmak bilen bir hatarda maldarçylyk bilen hem meşgul bolandyklaryny subut edýär. Ilkidurmuş maldarçylygyna geçilmegi oturymly ýaşaýşyň alamatlarynyň ýüze çykmagyna - çatmalaryň gurulmagyna itergi beripdir.

Gazuw-agtaryş işleri wagtynda Gaýly, Damdamçeşme II we Jebel gowaklaryndan bekre, çöke, ke- pir balyklarynyň süňk galyndylarynyň tapylmagy şol ýaşaýjylaryň balykçylyk bilen meşgul bolandyklaryny, balyklary iýmit hökmünde ulanandyklaryny görkezýär.

Damdamçeşme II-den, Jebelden ýabany haýwanlaryň köp mukdardaky süňk galyndylarynyň tapylmagy hem ilatyň awçylyk bilen meşgul bolandyklaryny tassyklaýar. Uly naýzalar hem-de dürli ölçegli ok-ýaýlar awçylaryň aw we zähmet gurallary bolup hyzmat edipdir.

**Utdan peýdalanmak.** Orta daş asyrynyň (b. e. öňki XII-VII müňýyllyklar) ýene bir häsiýetli aýratynlygy oduň ýüze çykmagydyr. Sümme tokaýlarda ýyldyrym çakmagy ýa-da wulkan atylmagy sebäpli tokaýlarda bolup geçýän ýangynlar adamlar üçin, şonuň ýaly-da haýwanlar üçin hem örän howply bolupdyr. Şol ýangyn sebäpli haýwanlaryň birnäçesi oduň içinde galypdyr. Adamlar otda bişen mallaryň etiniň çig etden has ta- gamly bolýandygyny bilipdirler. Galyberse-de, ot adamlary sowukdan gorapdyr, ol ýyrtyjy haýwanlar- dan goranmak üçin hem amatly bolupdyr. Başga sebitle- re göçenlerinde-de oduň közüni söndürmän saklapdyr- lar.

Wagtyň geçmegi bilen adamlar emeli ýol bilen ot al- magy başarypdyrlar. Olar çakmak daşlaryny biri-birine sürtüp, ody almagy öwrenipdirler.

**Ok-ýaýyň ýüze çykmagy.** Orta daş asyry (mezolit) döwründe öndüriji güýçleriň ösüşiniň taryhynda okuň we ýaýyň oýlanyp tapylmagy aýratyn ähmiýete eýedir. Ok-ýaýyň ýüze çykmagy bilen adamlar öz urugyny et, ýüň, deri bilen üpjün edipdirler.

Ýaýyň oýlanyp tapylmagy adamlaryň ýaşaýşynda uly öňegidişlik bolupdyr. Munuň özi indi adamlaryň ýyndam haýwanlary, guşlary awlamaklaryna hem mümkinçilik beripdir. Indi gadymy adamlaryň ho- jalygynda ätiýaçlyk et önümleri has köpelipdir. Bu bolsa adamlary açlykdan halas edipdir. Adamlar tu- tan mallaryny öldürmän eldekileşdirip başlapdyrlar. Adamlaryň eldekileşdiren ilkinji öý haýwany it bolupdyr. Itler adamlaryň ýaşaýan ýerlerini gorapdyrlar, aw awlanlarynda haýwanlary kowalamaga kömek be- ripdirler. Soňra adamlar ýuwaş-ýuwaşdan häzirki öý

haýwanlarynyň hemmesini hem eldekileşdiripdirler we köpeldipdirler.

**Enelik urugy.** Daş asyrynyň ikinji döwri bolan mezolit döwründe (b. e. öňki XII-VII müňýyllyklar) adamlaryň ilkinji urug toparlary döräpdir. Olaryň to- pary onlarça adamlardan ybarat bolup, ganybir ga- ryndaş hasaplanypdyr. Olar bile ýaşap, ýygnan zat- laryny deň paýlaşypdyrlar. Şeýle uruglaryň birnäçesi birleşip, bir taýpany emele getiripdir.

Türkmenistanyň çäklerinde hem urug jemgyýeti peýda bolýar. Gadymy adamlaryň urugçylyk gurluşy ikä, ýagny enelik urugyna we atalyk urugyna bölünip- dir. Enelik urugy b. e. öňki XII müňýyllyklarda, giçki paleolit we mezolit döwürlerinde döräpdir we ol jem- gyýetiň ilkinji düwünçegi bolup hyzmat edipdir.

Bu döwürde aýallar bilen erkekleriň arasynda zähmet bölünişigi bolup geçipdir. Erkek adamlar awçylyk, balyk tutmak, zähmet gurallaryny ýasamak bilen meşgul bolupdyrlar. Aýallar bolsa ir-iýmiş çöplemek, çagalara seretmek, ody öçürmän saklamak, nahar taý- ýarlamak, geýim-gejim tikmek, köpçülik üçin ätiýaç- lyk iýmit toplamak bilen meşgullanypdyrlar. Emma önümçiligiň çylşyrymlaşmagy, emeli suwaryşyň has gi- ňemegi, urugda erkek adamlaryň tutýan ornuny barha ýokarlandyrypdyr. Şeýlelikde, kem-kemden enelik urugy atalyk urugy bilen çalşyp başlapdyr.

**1. Mezolit döwrüniň adamlarynyň esasy kärleri barada näme bilýärsiňiz? 2. Gadymy adamlaryň zähmet gurallary we ýygnaýjylyk, awçylyk, balykçylyk barada gürrüň beriň. 3. Oduň ýüze çykmagy we onuň ähmiýeti barada gürrüň beriň. 4. Ok-ýaýyň ýüze çykmagy**

**adamlaryň ýaşaýşynda nähili üýtgeşiklikleri döredipdir?**
**5. Enelik urugy haçan ýüze çykypdyr?**

## § 3. Ekerançylygyň we maldarçylygyň ýüze çykmagy

**Neolit döwri.** Neolit ýa-da täze daş asyry b. e. öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymyndan b. e. öňki V müňýyllygyň birinji ýarymyna çenli bolan döwri öz içine alýar. Bu döwürde Türkmenistanyň günortasyndaky dag etek zolagynda awçylyk we ýabany ösýän däne- li ösümlikleri ýygnamak bilen meşgul bolan ilatyň hojalyk durmuşynda düýpli üýtgeşmeler ýüze çykyp ugrapdyr. B. e. öňki VI müňýyllykda Köpetdag etekle- rinde ýaşan adamlar ýuwaş-ýuwaşdan oturymlylyga geçip, arpa, bugdaý ekip, ownuk mallary köpeldipdir- ler. Şeýlelikde, olar Türkmenistanyň iň gadymy eke- rançylyk medeniýetiniň biri bolan Jeýtun medeniýetini döredipdirler.

**Öndüriji hojalyga geçilmegi. Günorta Türkmenistanda ekerançylygyň başlanmagy.** Köpetdag etek- lerinden çykýan çeşmeleriň aýagujunda, suwly ýerleriň golaýynda adamlar oturymlylyga geçipdirler. Olar ýu- waş-ýuwaşdan ýönekeý ekerançylyk we maldarçylyk hojalygyny alyp barmaga uýgunlaşyp başlapdyrlar. Neolit döwründe Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagynda ekerançylaryň medeniýeti ýaýran bolsa, Gün- batar we Demirgazyk Türkmenistanda ýygnaýjylaryň, balykçylaryň, maldarlaryň özboluşly medeniýeti dowam edipdir.

Ilkidurmuş adamlarynyň mallary eldekileşdirip başlamagy, oturymly ýaşaýşyň ilkinji alamatlarynyň ýüze çykmagyna itergi beripdir. Awçylykdan maldar-

çylyga geçilmegi adamlaryň ete, süýde, ýüňe we derä bolan islegini kanagatlandyrypdyr.

Ekerançylygyň we maldarçylygyň ýüze çykmagy adamlaryň durmuşynda uly öňegidişlik bolupdyr. Adamlar taýýar önümleri ýygnamakdan indi şol önümleri öndürmeklige geçipdirler, bu bolsa olary tebigy şertlere has garaşsyz edipdir.

**Jeýtun medeniýeti we onuň ýadygärlikleri: Pessejikdepe, Çopandepe.** Türkmenistanyň günorta etraplarynda ýüze çykan iň gadymy eltferançylyk merkezi dünýä taryhynda «Jeýtun medeniýeti» ady bilen bellidir. 01 b. e. öňki V müňýyllyga degişlidir. Jeýtun adynyň gelip çykyşy Jeýtun obasynyň ady bilen baglanyşyklydyr. 01 Aşgabat şäherinden 30 km demir- gazyk-günbatarda ýerleşýär.

Jeýtunda geçirilen gazuw-barlag işleri netijesin- de, Türkmenistan dünýäde iň gadymy emeli suwaryş ulgamynyň dörän ýerleriniň biri diýlip hasaplanylýar. Gadymy jeýtunly ekerançylar ekin meýdanlaryny su- warmak üçin dag çeşmelerinden peýdalanypdyrlar.

Oturymly ekerançylyga geçilmegi bilen bu ýerde ilatyň sany artypdyr. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, Jeýtunda her maşgalada 5-6 adamdan ybarat bolan 35-40 maşgala hojalygy bolup, onda jemi 200-240 töweregi adam ýaşapdyr. Her bir maşgalanyň hojalyk gap-gaçlary, bezeg şaýlary şol maşgala degişli jaýlarda saklanypdyr. Emma azyk önümleri, arpa, bugdaý we ş. m. zatlar bütin oba üçin niýetlenen umumy jaýda ýerleşdirilipdir.

Jeýtundaky ilatyň ýaşaýyş jaýlary palçykdan bolup, bir otagly inedördül görnüşde salnypdyr. Ol b. e. öňki V müňýyllyga degişlidir. Gapylary darajyk bolup, olar haýwanlaryň derileri bilen ýapylypdyr. Jaýyň di- warlarynda bolsa kiçeňräk tekjejikler bolup, olarda be-



**Toýundan ýasalan heýkeljigiň şekilleri**

zeg şaý-seplerini goýupdyrlar. Ýaşaýyş jaýlarynyň gap- dalynda kömekçi hojalyk jaýlary hem ýerleşipdir.

Ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanmak jeýtunlylaryň esasy käri bolupdyr. 01 ýerden 530-dan gowrak çakmak daşyndan ýasalan oragyň, eldekileş- dirilen itiň, goýnuň, geçiniň, ýabany keýigiň süňk galyndylarynyň tapylmagy, ýaşaýyş jaýlarynyň suwag- larynda arpadyr bugdaý dänesiniň yzlarynyň saklanyp galmagy hem olaryň kärleriniň ekerançylyk we maldarçylyk bolandygyny tassyklaýar.

Jeýtunlylar ussat küýzegärler bolupdyrlar. Olar to- ýun palçykdan düýbi ýasy gap-gaçlary ýasap, olary gö- ni, egri-bugry çyzyklar bilen ýönekeý nagyş görnüşinde bezemegi başarypdyrlar.

Jeýtun medeniýetiniň ýadygärlikleri üç döwre: irki, irta we giçki döwürlere bölünýär. Jeýtun medeniýeti häzirki Ahal welaýatynyň Bamy obasyndan başlap tä Mäne-Çäçe obasyna çenli aralygy öz içine alypdyr. Onuň

irki döwrüne Jeýtundepe, Togalakdepe oturymly oba- lary degişlidir. Häzirki Gökdepe etrabyndaky Pessejik- depe, Çopandepe we beýlekiler bu medeniýetiň ortaky döwrüniň ýadygärlikleridir. Jeýtun medeniýetiniň giç- ki döwrüniň ýadygärlikleriniň biri-de Mäne bilen Çäçe obalarynyň (häzirki Altyn asyr etraby) arasyndaky Ça- gyllydepedir.

Jeýtunlylar ýuka, ýasy ýylmanan çakmak daşlary- ny dişäp, agaja daňyp, orak ýasamagy başarypdyrlar. Olar gallaçylygyň iki görnüşini: güýzlük hem-de düme bugdaýlary ösdürip ýetişdiripdirler. Jeýtun medeniýeti döwründen başlap, adamlar diňe bir ownuk şahly mallary däl, eýsem, iri şahly mallary-da eldekileşdiripdirler.

Häzirki Gökdepe etrabynyň ýerindäki Pessejikdepe Jeýtun medeniýetiniň ortaky döwrüniň esasy merkez- leriniň biri bolupdyr. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda ol ýerden çakmak daşdan ýasalan oraklar, gazawaçlar, burawlar, däne owguçlary, süňkden bizler, iňňeler, küý- ze önümleriniň bölekleri, toýundan ýasalan her dürli monjuklar, daşdan we balykgulakdan ýasalan şelpeler tapyldy.

Pessejikdepäniň ýaşaýyş jaýlarynyň umumy gurluşy, gurluşyk materiallary jeýtunlylaryň ýaşaýyş jaýla- ryndan känbir tapawutlanmandyr. Oňa garamazdan, pessejikdepelileriň durmuşynyň köp aýratynlyklary bo- lupdyr. 01 ýerde bütin taýpanyň ybadathanasy bolan jaý gurlupdyr. Bu uly jaýyň bezegini şekillendiriş sungatynyň ilkinji görnüşi hasaplap bolar. Sebäbi onuň ak diwarlarynyň ýüzünde gara we gyzyl reňkler bilen haýwan şekilleri çekilipdir. Pessejikdepeden tapylan gadymy diwar bezegleri Türkmenistanyň gadymy adamlarynyň sungaty barada bize düşünje berýär.

Jeýtun medeniýetiniň ikinji bir ýadygärligi Çopandepedir. Çopandepe hem Gökdepe etrabynda ýerleşýär. Çopandepe Türkmenistanyň çäklerindäki iň gadymy ekerançylyk obalarynyň biri bolupdyr. Arheologiýa tapyndylarynyň şaýatlyk etmegine görä, b. e. öňki V müňýyllykda bu ýerde ilat oturymlylyga geçipdir we kem-kemden däneli ekinleri ösdürip ýetişdirmäge başlapdyr. Netijede, ilkinji oturymly ekerançylyk obalary peýda bol- ýar.

Neolit döwrüniň adamlary çig kerpiçden gurlan birmeňzeş jaýlarda ýaşapdyrlar. Tutuş urug bolup ýaşar ýaly giň we uzyn jaýlary gurupdyrlar. Jaýyň ortasynda hiç wagt öçürilmeýän ot ýanypdyr. Ortadaky ojagyň sag we çep tarapynda köp sanly ojaklar hem bolupdyr.

**1. Ekerançylygyň ýüze çykyşyny aýdyp beriň. 2. Neolit döwrüniň maldarçylygy barada name bilýärsiňiz?**
**2. Jeýtun medeniýeti nirede we haçan ýüze çykypdyr?**
**3. Pessejikdepäniň diwar sungaty barada name bilýärsiňiz? 5. Çopandepe nirede ýerleşýär, ol barada gürrüň beriň.**

## § 4. Kelteminar medeniýeti

**Kelteminar medeniýeti.** Alymlaryň kesgitlemek- lerine görä, Günbatar we Demirgazyk Türkmenistanda ýaşan adamlaryň ýaşaýyş durmuşy Merkezi Aziýanyň uly bölegini tutan, awçylyk we balykçylyk bilen meşgul bolan kelteminarlylaryň medeniýetine meňzeş bolupdyr. «Kelteminar medeniýeti» adynyň gelip çykyşy Kelteminar kanaly bilen baglanyşyklydyr, çünki bu me-

deniýete degişli ýadygärlikleri alymlar ilkinji gezek şol kanalyň ýakalaryndan tapypdyrlar.

Kelteminar medeniýeti b. e. öňki IV müňýyllyga degişlidir.

Kelteminarlylaryň jaýlarynyň ýokarsy gümmez görnüşinde bolup, sütünler bilen berkidilipdir. Olaryň uzynlygy 25 metrden gowrak, beýikligi 4 metre barabar hatara gurlan ymaratlardan ybarat bolupdyr. Ýaşaýyş jaýlarynyň diwarlarynyň daş tarapy gamyşdyr çybyklar bilen örtülip, ýokarsy'nda tüsse çykar ýaly deşik goýlupdyr. Bu uly jaýlaryň içinde birnäçe ojak ýerleşipdir.

Kelteminar medeniýetiniň düşelgeleriniň käbiri biri-birinden 300-400 m uzaklykda ýerleşipdir. Şeýle düşelgeleriň adamlary köp ýerleri eýeläp, bir urugy döredipdirler.

Gadymy Horezmiň çäklerinde täze daş asyryna

degişli oturymly ýerleriniň biri 4-nji Yanbaşgala me- kany bolup, ondan tapylan tapyndylar hem Kelteminar medeniýetiniň ýadygärlikleri barada maglumat berýär.

**Uzboý.** Gadymy adamlaryň mekanlaryndan biri Uzboýdur. Uzboý jülgesinde mekan tutan gadymy adamlaryň ýaşaýyş durmuşy öwrenilende daşdan ýasalan, ýylmanan paltajyklara duş gelindi. Bu pal- tajyklar edil Kelteminarda duş gelen paltajyklara meňzeşdirler.

Uzboýda ýaşaýyş üçin has amatly şertler bolupdyr. Amyderýanyň Sarygamşa guýýan ýerinde kelteminarlylaryň gonalgalary ýerleşipdir. Uzboýda adamlar b. e. öňki IV müňýyllykda köpçülikleýin ornaşypdyrlar.

Uzboýuň boýunda gadymy mekanlar köp bolupdyr. Olar Uzboýuň aşak akymynda we ondan demirga- zykda, Amyderýanyň aşak akymlarynda yzy üzül- meýän hatar-hatar bolup ýerleşipdirler. Howanyň çyglylygynyň artmagy bilen b. e. öňki IV müňýyllygyň **I** ýarymynda Uzboýda ýaşaýyş gülläp ösüpdir. B. e. öňki IV müňýyllygyň ahyrlarynda Amyderýanyň şa- halarynyň akym ugrunyň üýtgemegi bilen Uzboýa suw akmasy kesilipdir. Şeýlelik bilen, gurak howa şertinde bu ýerleriň ilatynyň esasy bölegi göçüp gidipdirler we ýaşaýjylary bolsa azalypdyr.

**Ilatyň meşgul bolan kärleri we zähmet gurallary.** Alymlar Uzboýuň ýokary we orta akymlarynda, Sarygamyş kölüniň töwereginde Kelteminar mede- niýetine degişli ýadygärliklerden şol döwrüň ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylaryny, daşdan ýasalan dürli zähmet gurallaryny, ýönekeýje çyzyklar bilen nagyşlanan küýze önümlerini tapdylar.

Kelteminar medeniýetine degişli ilat, esasan, balykçylyk, awçylyk hem-de ýabany ösümlikleriň miwelerini çöplemek bilen meşgullanypdyr. Ilatyň bir bölegi mal- darçylygy ösdürmäge üns beripdir. Kelteminarlylar, esasan, iri we ownuk şahly mallary eldekileşdiripdirler. Şol döwürde-de mallary araba goşup, ulag hökmünde ulanypdyrlar. Ekerançylyk işinde ilkinji ulanylan iri haýwan öküz we düýe bolupdyr. Adamlar goşa öküzi kündä goşup ýer sürüpdirler, düýäni araba goşup ýük çekipdirler.

Eneolit döwründe Türkmenistanyň demirgazygyn- da ilat balykçylyk bilen hem meşgul bolupdyr. Olar lakga, kepir ýaly balyklary tutupdyrlar, jeren, gulan

we ýabany atlary awlamagy-da başarypdyrlar. Kelteminarlylar suwuň içindäki her hili suw jandarlaryny, guş ýumurtgalaryny iýmit hökmünde peýdalanypdyr- lar.

Kelteminarlylar ozalkylary ýaly çakmak daşdan ýasalan tyglary, agaç peýkamlary ulanypdyrlar. Olar dörtgyraň peýkam uçlaryny, gök daşdan paltalary ýa- sapdyrlar we olary ýylmap timarlapdyrlar.

**Zähmet bölünişigi. Atalyk urugynyň ýüze çykmagy.** Meýdan işleriniň artmagy hojalykcfa erkek adamynyň ornuny ýokarlandyrypdyr. Indi maldarlar bilen ekerançylar jemgyýetde esasy, kesgitleýji orny eýeläpdir. Enelik urugy pese düşüp başlapdyr. Aýallar şol wagtlardan başlap önümçilikden daşlaşdyrylypdyr. Olar, esasan, öý işi, çagalary terbiýelemek, geýim-gejim tikmek, kir ýuwmak, nahar bişirmek bilen meşgul bo- lupdyrlar. Şeýlelikde, jemgyýetde atalyk urugy döräpdir. Urug ýaşulusy uruga baş bolup urugy gorapdyr, uruş meselelerini çözüpdir. Maldarçylyk hojalygyň mö- hüm pudagyna öwrülip, ekerançylykdan bölünip aýry- lypdyr. Erkek adamlar uzak öri meýdanlaryna ýatym- lyk gidipdirler. Mallaryň kem-kemden köpelmegi giň öri meýdanlaryny talap edipdir. Indi çarwalar bir ýaý- ladan başga ýaýla göçmeli bolupdyrlar. Şeýle ýagdaýda olar öz ýanlary bilen maşgalalaryny hem alyp gidipdirler. Şeýlelik bilen, hojalygyň täze pudagy - maldarçylyk ýüze çykypdyr. Bu bolsa maldarçylyk hojalygynyň ekerançylykdan ymykly bölünip aýrylmagyna getiripdir. Maldarçylygyň hojalygyň aýratyn pudagyna öwrülmegi dokmaçylygyň ýüze çykmagyna we tiz ösmegine täsir edipdir.

**1. Kelteminarlylaryň hünärleri we zähmet gurallary**
**barada gürrüň beriň. 2. Uzboýda ýaşaýyş haýsy wagtda**
**ýüze çykypdyr? 3. Haýsy wagtlarda Uzboýa Amyderýadan suw akmasy kesilipdir? 4. Zähmet bölünişigi barada aýdyp beriň. 5. Atalyk urugy barada näme bilýärsiňiz?**

## § 5. Misiň ulanylyp başlanmagy. Hünärmentçiligiň ýüze çykmagy

**Mis asyry (eneolit).** B. e. öňki **IV** münýyllykda gadymy ekerançylyk obalary giňäpdir. Günorta Türkme- nistanda ýaşan oturymly taýpalar özboluşly we özleriniň döwrüne garanyňda ýokary derejede ösen medeniýeti döredipdirler. Bu döwür eneolit döwri bolup, täze daş asyryndan mis asyryna geçiş döwri bolupdyr. 01 Günorta Türkmenistanyň ilatynyň taryhy ösüşinde aýratyn bir döwür bolup durýar. Çünki eneolit döwri Jeýtun medeniýeti döwründen öz hili we möçberi boýunça düýpli ta- pawutlanýar. Eneolit 1,5 müň ýyllap dowam edýär. Bu döwürde maldarçylyk we ekerançylyk hojalyklara berk ornaşýar, ekerançylyk üçin özleşdirilýän ýerler artýar we şonuň üçin hem oturymly oba ilaty köpelýär, senetçi- lik, metal işläp bejermek, dokmaçylyk we küýzegärçilik
ýaly pudaklar hem hojalykda esasy orna geçip başlaýar.

Yurdumyzda eneolit döwrüne degişli ýadygärlikleriň MO-dan gowragy mälimdir. Olar, esasan hem, Günorta Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşendir. Olar Anew- depe, Garadepe, Namazgadepe, Göksüýri ýaly gadymy ýadygärliklerden ybaratdyr.




**Namazgadepeden tapylan gurallar**

Eneolit döwründe hem ekerançylyk işinde adamlar goşa öküzi kündä goşup ýer sürüpdirler, bu bolsa ekerançylyk ýerleriniň has giňelmegine, köp hasyl alynmagyna mümkinçilik beripdir. Şeýle-de, hojalyklarda düýäniň ulanylyp başlanmagy, ýagny düýe bilen odun çekilmegi ýa-da ony araba goşup, ýük daşalmagy adamlaryň işini kän ýeňilleşdiri'pdir.

**Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi.** Bu döwrüň häsiýetli aýratynlygy metalyň - misiň ýüze çykmagydyr. B. e. öňki IV müňýyllykda metal gurallar ýaýraýar. Metal gurallaryň ilkinjileri ähli ýerde misden ýasalypdyr, ýöne daşyň ähmiýeti hem entek ýokary bolupdyr (çakmak daşyndan ýasalan peýkam oklary, oraklaryň daşdan ýasalan tyglary). Şonuň üçin bu döwre «Mis-daş asyry» diýlip hem at berilýär. Bu döwürde adamlar misden zähmet gurallaryny, bezeg şaýlaryny, iki tarapy ýiteldilen pyçaklary ýasamagyň usullaryny öwrenipdirler. Namazgadepe Il-de b. e. öňki IV müňýyllykda metaly gyzdyryp taplamagy oýlap tapypdyrlar. Namazgadepeden eneolit döwrüne degişli zähmet gurallary: palta, orak, gazawlar, burawlar, däne owguçlary tapyldy, olar zähmet gurallarynyň has kämilleşendiginden habar berýärler. Namazgadepeden şeýle-de mis bizler, temençeler, taýagyň ýa-da naýzanyň ujuna oturdylan misden ýasalan çişler tapyldy. 01 ýerde metaly ýörite peçlerde eredip, metalyň erginini galyplara guýmak üçin gerek bolan dürli ölçegdäki çemçeler ýasalypdyr. Metal böleklerinden ýiti reňkler bilen

haşamlanan gap-çanaklar hem ýasalypdyr. Bu bolsa daşdan ýasalan zähmet gurallaryna görä has öndürijilik- li bolupdyr. Metal gurallaryň has giň ýaýran zamany, ndatça, bürünjiň oýlanyp tapylmagy bilen, ýagny misiň we galaýynyň garnuwynyň oýlanyp tapylmagy bilen Imglanyşykly bolup, şol zamana «bürünç asyry» diýilýär.

**Hünärmentçilik (küýzegärçilik).** Eneolit döw- rtinde küýze önümlerini öndürmek kämilleşipdir. -lamlar köp mukdarda öndürilip, küýze önümlerine Halynýan nagyşlar has hem gözelleşipdir. Olaryň bezegleri dürli reňkler bilen reňklenipdir. Häzirki türkmen halylaryna salynýan nagyşlaryň köpüsi şol döwrüň küýze önümlerindäki nagyşlara örän meň- zeşdir. Namazgadepäniň gatlaklaryndan tapylan köp dürli reňkler bilen haşamlanan ýukajyk gap-çanaklar has kämil ýasalypdyr. Namazgadepede arabanyň ligirleriniň ilkinji nusgalary ýasalypdyr. Şol döwürde adamlar bezeg şaýlaryny altyndan, kümüşden, misden ýasap ugrapdyrlar.

**Dokmaçylyk.** Eneolit döwrüniň häsiýetli tarapy dokmaçylygyň giň gerime eýe bolmagydyr. Bu döwre degişli Namazgadepe we beýleki gonalgalar öwreni- lende aýal mazarlarynyň hemmesinden diýen ýaly
ikbaş tapylýar. Bu ýagdaý olaryň ik egrip, ýüplük

taýýarlandyklaryna şaýatlyk edýär. Ýasalan zähmet gurallarynyň arasynda dokma keserleri, jorap örmek üçin çişler, bizler we ş. m. zatlar hem bar. Alymlaryň pikirine görä, dokmaçylyk, şol sanda haly-palas do- kamaklyk ilki maldarçylyk bilen meşgullanýan ilatyň arasynda ýüze çykypdyr, soňra ol oturymly ekerançylyk bilen meşgullanýan ilata ýaýrapdyr. 01 ýerde pal-

çykdan we daşdan ýasalan ikbaşlaryň ýygy-ýygydan tapylmagy dokmaçylygyň ýaýrandygyny görkezýär.

**1. Mis haýsy döwürden ulanylyp başlanýar? 2. Eneolit döwrüne degişli haýsy ýadygärlikleri bilýärsiňiz?**
**3. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi barada aýdyp beriň.**
**4. Metaly nähili ýol bilen eredip galyplara guýupdyrlar?**
**5. Dokmaçylygyň we küýzegärçiligiň ýüze çykyşy barada gürrüň beriň.**

ч

## § 6. Ekerançylygyň ösmegi

**Ekerançylygyň ösmegi.** Eneolit döwrüniň oturymly ýerleri Türkmenistanyň çäginde örän köpdür. Şol oturymly ýerler günbatarda häzirki Serdar (Gyzylar- bat) şäherinden başlap, gündogarda Tejen derýasynyň orta akymlaryna çenli bolan bütin dag etek zolagyny tutýar. Kaka etrabyndaky Namazgadepe, Garade- pe, Tejen şäherinden 20 kilometr gündogar tarapda ýerleşen Göksüýri we başga-da ençeme ýadygärlikler şol zamanyň oturymly ekerançylyk ýerleriniň galyndy- larydyr.

B. e. öňki IV müňýyllykda Günorta Türkmenistanyň ilaty, dag derýajyklarynyň joşýan wagty onuň öňüne böwet basyp, ekin meýdanlaryny çilläp suwarmak usulyny özleşdiripdirler. Mis asyrynyň orta döwründe Köpetdag eteginde derýalar bolmansoň, ekerançylyk üçin uly suw desgalaryny gurmandyrlar. Emma ilat dag çeşmelerini ekerançylyk üçin peýdalanypdyrlar.

Günorta Türkmenistanyň gadymy ekerançylyk taýpalarynyň taryhyny we medeniýetini öwrenmek üçin Anew obasynyň ýakynyndaky iki (demirgazyk

wo günorta; depede gazuw-agtaryş
Hflori geçirilipdir. Olaryň öwrenilme-
Ifi baryp 1904-nji ýylda amerikan aly-
niy R. Pampelliniň ýolbaşçylygynda
Imşlanýar.



Rafael Pampelli

Anew medeniýetine degişli ýady-
KÜrliklerde arheologiki gazuw-barlag
işleri geçirilende çig kerpijiň galyndy-
larynda dänäniň gabyklary we gylçyk-
lary tapylypdyr. Munuň özi gadymy
nta-babalarymyzyň bu ýerde däne ekinlerini ösdürip
vet,işdirendiklerine şaýatlyk edýär. Tapylan bugdaýyň
hu görnüşi häzir «ak bugdaý» ady bilen bellidir. Anew
niüdeniýetine degişli obalaryň galyndylary häzirki Çäçe
obasyndan başlap, Aşgabat-Baharly ýolunyň 73 km
aralygynda duş gelýär.

**Eneolit döwrüniň ýadygärlikleri: Garadepe, Numazgadepe, Göksüýri.** Eneolit döwrüniň esasy ýadygärliklerinden Garadepäni, Namazgadepäni we (Jöksüýrini bellemek bolar. Artyk obasynyň golaýynda ýerleşen Garadepäniň ýaşaýjylary hem ekerançylyk we aialdarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar. Garadepe b. e. öňki IV müňýyllygyň ortalaryna degişlidir. Onuň ilaty ('2 müňe çenli adam ýaşapdyr) ir wagtdan bäri düýäni rldekileşdirip, ony araba goşup ýük daşamak üçin ula- nypdyr. Garadepede ilat çig kerpiçden salnan köp otag- ly jaýlarda ýaşapdyr. 01 ýerde misden ýasalan zatlar has köp bolupdyr, olaryň içinde misden ýasalan gylyç hem bar.

Garadepeden palçykdan ýasalan köp sanly aýal heýkeljikleriniň tapylmagy, olaryň mukaddes enä sežde rdendiklerini görkezýär.

Eneolit döwrüne degişli ikinji bir ýadygärlik Namazgadepedir. Namazgadepe häzirki Kaka etrabynyň merkezinden günbatar tarapda ýerleşýär. Onuň tutýan meýdany 50 gektar bolupdyr. Namazgadepede köp ilat ýaşapdyr. Namazgadepäniň jaý gurluşygy, ol ýerden tapylan tapyndylar Altyndepäniňki bilen meňzeşdir.

Namazgadepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde bu ýerden mis bizler, temençeler, naýzanyň ujuna oturdylan misden ýasalan çişler, her dürli ow- nuk bezeg şaýlary, gap-gaçlar tapylýar. Namazgadepeden tapylan köp dürli reňkler bilen haşamlanan ýuka- jyk gap-çanaklar, ylaýta-da, gowy ýasalypdyr we has kämilleşipdir. Namazgadepede hem arabanyň tigir- leriniň nusgalary ýasalypdyr. 01 ýerde palçykdan we daşdan ýasalan ikbaşlaryň tapylmagy dokmaçylygyň ýüze çykandygyny görkezýär.

Eneolit döwrüniň ýadygärlikleriniň oňat öwrenilen ýerleriniň biri hem Göksüýri oazisidir. 01 häzirki Tejen şäherinden demirgazyk-gündogarda, Göksüýri demir ýol duralgasynyň töwereklerinde ýerleşýär. Bu ýerler Tejen derýasynyň aşak akymlarydyr.

Gazuw-barlag işleriniň netijesinde Göksüýrüde ekerançylyk bilen meşgul bolan 9 obanyň üsti açylýar. Şol gadymy ekerançylyk obalary eneolit döwrüne, ýagny b. e. öňki IV müňýyllyga degişlidir. Bu ýerlerde ýaşan ilat uly suwaryş desgalaryny - kanallary, howdanlary gazypdyrlar. Şeýle howuzlardan biriniň ini 35 metre barabar bolup, tutýan meýdany 1 müň kw/m, çuňlugy bolsa 3 metrden hem gowrak bolupdyr. Göksüýrülileр, esasan, arpa we bugdaý ekipdirler.

Göksüýri I diýlip atlandyrylan obada, b. e. öňki IV we III müňýyllygyň sepgidinde orta hasapdan 2 müňe çenli adam ýaşapdyr. Obanyň jaýlarynyň arasy darajyk köçejikler bilen bölünipdir. Alymlaryň hasaplamalary- na görä, göksüýrüliler ekin meýdanlaryndan 100 tonna barabar däne ýygnap, öz ilatyny çörek bilen üpjün edip- dirler.

Yygnalan galla uly küýzelerde ýa-da çig kerpiçden ýörite salnan jaýlarda saklanypdyr. Dänäni owguçlar- da ýa-da sokuda owradyp ýarma edipdirler. Arpanyň, bugdaýyň samanyny bolsa palçyga garyp, jaýlaryň üs- tüni suwapdyrlar. Saman şeýle-de küýze ýasamak üçin niýetlenen palçyga hem garylypdyr. Göksüýrüliler meý- dan sypalyndan sebet hem örüpdirler.

Göksüýrüde ekerançylyk we maldarçylyk bilen bir hatarda awçylyk hem dowam edipdir. Tapylan süňk galyndylaryndan belli bolşy ýaly, olar tokaý we çöl haýwanlaryndan sugun, ýekegapan, keýik we gu- lan awlapdyrlar. Göksüýri oazisi bilen utgaşyp gidýän häzirki Oguzhan massiwiniň ýerli ilat tarapyndan «Gulanly» diýlip atlandyrylmagy hem şol ýerlerden geçmişde gulan awlanandygyna güwä geçýär.

**1. Ekerançylygyň ösmegi we suwaryş desgalary bara-**
**da aýdyp beriň. 2. Änewiň ak bugdaýyň watanydygyny düşündiriň. 3. Garadepe nirede ýerleşýär, onuň ilaty näme bilen meşgul bolupdyr? 4. Namazgadepeden nähili hojalyk esbaplary tapylypdyr? 5. Göksüýrüleriň esasy**

## § 7. Sungatyň we dini ynançlaryň ýüze çykmagy

**Zergärçiligiň ilkinji başlangyçlary.** Türkmen- leriň amaly-haşam sungaty müňýyllyklaryň dowa- mynda kämilleşip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ilkinji ýönekeýje nagyşlar öz gözbaşyny b. e. öňki VI-V müňýyllyklardan, Jeýtun medeniýetinden ýa-da neolit döwründen alyp gaýdýarlar. Gürrüňi edilýän döwürde elde ýasalyp, otda bişirilen toýun gaplar^ň ýüzüne gara we gyzyl reňkler bilen sadaja nagyşlar çekilipdir. 01 nagyşlar göni, kese, egri çyzyklardan, ak, gara me- neklerden, üçburçluklardan ybaratdyr. Olar akar suwy, ýagyş-ýagmyry, Günüň nuruny suratlandyrypdyrlar.

Türkmenistanyň çäklerindäki gowaklardan b. e. öňki V-IV müňýyllyklara degişli monjuk görnüşindäki bezeg- leri tapypdyrlar. Monjuklar, köplenç, deňiz suwunyň ýylman balykgulaklarynyň döwüklerinden ýa-da tutuş balykgulaklardan ýasalypdyr. Monjuklaryň hemmesi birmeňzeş şekilde bolup, adamlar olary boýunlaryndan asypdyrlar.

Türkmenistanyň çäginden tapylan gadymy ýady- gärlikleriň biri-de daş asyrynyň «zergärçilik» ussaha- nasydyr. Bu ussahana Gubaseňňir burnunyň gaýaly belentliginiň düýbünden tapyldy. Gubaseňňir burnun- dan tapylan monjuklar ýüzlerçe km uzaklykdan, Jeýtu- nyň ýanyndaky gadymy oturymly ýerlerden hem tapyldy. Şolar ýaly monjuklar Uzboýda, Sarygamyş ýakasyndaky gadymy mekanlarda hem bar eken. Bu meňzeş ta- pyndylar şol döwürde taýpalaryň arasynda belli bir derejede aragatnaşyklaryň bolandygyna güwä geçýär.

Şeýlelikde, bu döwürde özara taýpa gatnaşyklary bir urugyň çäginden çykyp, uzakdaky taýpalary hem öz içine alypdyr. Eneolit döwrüne degişli dürli görnüşdäki monjuklar we asyklar, şaý-sepler gadymy mazarlardan hem tapylypdyr.

**Nagyşly keramika. Adamlaryň we haýwanlary ň şekilleri.** Nagyşly sungatyň ösen döwri «Anew medeniýeti» döwrüne, ýagny b. e. öňki IV-III müňýyllyk- lara degişlidir. Çekilen nagyşlar toýundan ýasalan gaplaryň ýüzünde saklanyp galypdyr. Türkmenistanyň çäklerinde haç, inedördül sekizburçluk şekilleri Anew medeniýeti döwründen bäri (Namazgadepe, Göksüýri, Garadepe we beýleki ýerlerde) bolupdyr. Sekizburç- luklar häzire çenli türkmen halylarynda we gelin-gyz- laryň geýimlerinde nagyş hökmünde ulanylyp gelin- ýär. Olary «gölleriň», «gölçeleriň» umumy sudurynda, «sekizkeşdeleriň», «sekizgoçaklaryň» şekilinde görmek bolýar. Häzirki döwürde sekizburçluk Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Tugrasynda ýerleşdirilipdir.

Adamlar eneolit döwründen başlap aýallaryň, erkek adamlaryň, haýwanlaryň şekillerini (heýkelleri) gap-gaçlaryň ýüzüne gara we gyzyl reňk bilen çekip- dirler. Eneolit döwrüniň keramiki önümlerinde häzirki zaman türkmen haly nagyşlary hem çekilipdir. Bu tapyndylar türkmen haly sungatynyň b. e. öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymyna degişlidigine güwä geç- ýärler.

Türkmenistanyň çäginde ýaşan gadymy adamlar palçykdan ýasalyp haşamlanan keramika önümleri — gap-gaçlary her tüýsli reňkli nagyşlar bilen bezäpdir- ler. Şol keramika önümlerindäki haşamlanan nagyşlar

Yakyn Gündogardaky, Hytaýdaky we Hindistandaky ençeme gadymy ekerançylyk medeniýetindäkilere meňzeş bolupdyr, şoňa görä ol medeniýete «Haşamlanan keramika medeniýeti» diýilýär.

Artygyň ýanyndaky Garadepede geçirilen barlag- laryň netijesinde köp sanly palçykdan ýasalan heýkel- jikleriň üsti açyldy. Bu ýerde tapylan haşamly kera- mikanyň bir böleginde aýalyň suraty çekilip, suratyň iki tarapynda bolsa erkek adamyň şekilleri görkezi- lipdir. Garadepeden mermerden ýasalan öküz kellesiniň heýkeli hem tapyldy. Tapylan gap-çanaklaryň ýüzün- de bolsa guşlaryň, sygyrlaryň, geçileriň we barslaryň suratlary çekilipdir. Bu tapyndylar b. e. öňki IV—III müňýyllyklarda Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan ilatyň ösen sungatynyň bolandygyna güwä geçýärler.

**Hat-ýazuwyň alamatlary we iň gadymy sene- nama.** Gadymy ýadygärlikler öwrenilende tapylan to- ýun böleklerinde köp gaýtalanýan birnäçe bellikler bar. Şol bellikler hat-ýazuwyň ilkinji alamatlary bolaýmagy mümkin diýip alymlar çaklaýarlar.

Günorta Türkmenistanyň ösen ekerançylyk obala- rynda meýdan işleri geçirilende senenama gerek bo- lupdyr. Göksüýri, Yalaňaçdepe ýadygärliklerinden tapylan keramikanyň ýüzündäki adam heýkeliniň tö- wereginde 15 sany tegelek Gün şekili bar. Şol ýerden tapylan başga bir heýkelde-de 15 sany oýma bellik bar. Bu duş gelýän «15-Ик» gadymy ekerançylaryň senena- masy bolup, 1 ýyl - 15 aýdan, her aý bolsa 24 gün- den ybarat bolupdyr diýip alymlar çaklaýarlar. Diý- mek, 1 ýyl - 360 günden ybarat bolupdyr. Şeýlelikde, iň gadymy senenama Türkmenistanyň çäklerinde

IV müňýyllygyň ahyrlarynda III müňýyllygyň başla- rynda ýüze çykypdyr diýip aýtmaga esas bar.

**Dini ynançlaryň ýüze çykmagy.** Arheologiki bar- laglaryň netijesinde Gaýly gowagynyň golaýyndan, tak- mynan, b. e. öňki IX-VIII müňýyllyga degişli gadymy mazarlygyň üsti açylýar. Bu ýerdäki tapyndylar şol döwrüň adamlarynyň ruhy medeniýetini öwrenmä- ge, olaryň dini ynançlary barada käbir netijeleri çy- karmaga mümkinçilik berýär. Bu döwrüň adamlary öz merhumlarynyň kellesini demirgazyk-günbatar ta- rapa goýup jaýlapdyrlar. Adamlar öz merhumlaryny jaýlamazyndan öňürti, olaryň üstüne ohra (ýörite ysly suwuklyk) sepipdirler. Bu däbi ýerine ýetirmek bilen, olar ohranyň adatdan daşary güýjüne - «o dünýäde» merhumy «janlandyryp» biljegine ynanypdyrlar. Gaýly gowagynyň adamlary merhumlary balykgulakdan ýasalan monjuklar bilen bezäpdirler, çakmak daşdan ýasalan dürli görnüşli pyçaga meňzeş gurallary olaryň guburlarynda goýupdyrlar. Günbatar Türkmenistanda ýaşan gadymy adamlar «o dünýäde» ýaşaýşyň bardygy- na ynanypdyrlar.

B. e. öňki V-IV müňýyllyklarda adamlaryň «o dünýä» hakynda ynançlary ösüpdir. Gadymy adamlar- da: «Adam ölse-de, onuň ruhy ýaşaýar, ol diri adam ýaly iýmitlenýär» diýen düşünje döräpdir. Şonuň üçin olar merhumlaryň mazarynda içi azykly gap-gaçlary goýupdyrlar.

Şol zamanda jaýlaryň diwarlarynyň ýüzüne haşamlanan şekiller çekilipdir. Mysal üçin, Kakadan 9,5 km uzaklykda bolan Yasydepede ortaky jaýlaryň biriniň diwarlarynyň ýüzi köp dürli reňkler bilen pişme hem-de

üçburçluk şekilinde bolan haşamlardan doldurylypdyr. Şol jaýyň dini ähmiýeti bolup, ol özboluşly ybadathana bolupdyr diýip alymlar çaklaýarlar. Bu ýerden aýallaryň oturan ýa-da dik duran, elleri aşak sallangy görnüşinde palçykdan heýkelleri hem tapyldy. Gadymy ekerançylyk taýpalarynyň arasynda sežde edilýän zenan - Ene hudaýy giň ýaýrapdyr, bu heýkeller hem şol zenan hudaýyny aňladypdyr.

Gadymy adamlarda merhumy jaýlam^igyň belli bir düzgüni bolupdyr. Olary ýörite gonamçylykda ýerlemän, eýsem adamlaryň ýaşaýan öýünde ýa-da onuň töwereginde jaýlapdyrlar. Şeýle etmek bilen, olarda aradan çykan adamlar täzeden dünýä geler diýen umyt bolupdyr. Şoňa görä-de, adamlar diri wagtynda ýaşan mekanlaryndan uzaga gitmändirler. Maşgalada täze çaganyň dünýä inmegini bolsa, ozalky dünýeden öten adamynyň gaýdyp gelmegi diýip düşünipdirler.

**1. Gadymy döwürde zergärçiligiň ilkinji başlangyçlarynyň nähili bolandygy barada aýdyň. 2. Nagyşly keramika barada näme bilýärsiňiz? 3. Gadymy senenama barada aýdyp beriň. 4. Hat-ýazuwyň alamatlaryny nämelerden bilip bolar? 5. Gadymy adamlaryň dini ynançlary barada gürrüň beriň.**

ПЁ 35 ■°

# Türkmenistan b. e. öňki HI müňýyllykdan - b. e. 650-nji ýylyna çenli

## § 8. Gadymy Oguz türkmen döwleti

**Oguz han Türkmen.** Oguz han Türkmeniň guran iöwletine bäş müň ýyl wagt geçipdir. Oguz han örän ynsanperwer, akylly, paýhasly, watansöýüji, beýik şahsyýet bolupdyr. 01 adalatlylygy, gaýduwsyzlygy, mertligi, batyrlygy öz nesillerine wesýet edipdir.

Türkmen halky Oguz hany özüniň nesilbaşysy hasaplaýar. 01 türkmeniň ykbalyny öz gerdeninde çeken beýik serkerdedir. Oguz hanyň şejeresi Nuh pygamberden başlanýar,



**Oguz h^n ogullary bilen. Häzirki zaman suraty**



Oguz han

onuň kakasyna Gara han diýipdirler.

Taryhy çeşmelerde Oguz han Türkmeniň Gün han, Aý han, Yyldyz han, Gök han, Dag han, Deňiz han diýen ogullary bolupdyr. Her oglunyň hem dört ogly bolupdyr. Oguz hanyň şol 24 agtygyndan 24 taýpa emele gelipdir, şolaryň her biriniň aýratyn ady we lakamy bolupdyr. Dünýäde ýaşaýan türkmenlerOguz hanyň şol 24 agtygyndan gelip çykypdyr diýlip aýdylýar.

Oguz hanyň oňony öküz bolupdyr. 01 öz zähmetsöýerligi, jepakeşligi, güýçlüligi bilen tebigaty özger- dipdir. Öküz ene topragyň hasyl bermegine, ýaşaýşyň, jemgyýetiň ösmegine uly täsir edipdir.

**Gadymy oguzlar. Olaryň jemgyýetçilik gatnaşyklary.** Hytaýyň demirgazyk welaýatlaryny, Gün- dogarda Sary deňizden başlap tä Hazar deňzine çenli aralykdaky ägirt uly ýerleri eýeläp oturan gadymy oguzlar türkmenleriň ata-babalary hasaplanylýar.

Oguznamalarda berilýän maglumatlara görä, Oguz han dünýeden gaýdandan soň, onuň garry weziri Erkil hoja Gün hana öz doganlaryny, ýurduň akyldarlaryny, serdarlaryny, kethudalaryny çagyrdyp, maslahat ge- çirýär. Bu maslahatda mundan beýläk döwleti edara etmek üçin döwletiň kada-kanunlaryny işläp düzmek meselesi ara alnyp maslahatlaşylyp, jemgyýetde özüňi alyp barmak, edep-ekram, däp-dessurlar barada ki

tap döretmeklik teklip edilipdir. Şol maslahatyň beýa- nynda: «Eger bir, on ýa-da ýüz goýun öldürseňizem, etlerini şu (ýazgyda) aýdylyşy ýaly paýlasynlar. Her kim öz oglanlary bilen, nökerleri bilen iýsin». Yazgynyň ýene bir ýerinde: «Bir kişi günä iş etse (jenaýat etse), ol kişi patyşanyň ýakyn ýa daş adamy bolsa-da, patyşa urugyndan ýa başga bir urugdan bolsa-da, hanyň tem- mi bermeli adamy temmi berjek bolanynda, hanyň, patyşanyň inisi, ogly, begleriniň hiç birisi oňa gol ýap- masyn. Eger kimde-kim jenaýatça arka çykyp: «Bu adam meni penalap gelipdir» diýip, ony temmiden, je- zadan alyp galjak bolsa, şol arka duran adamyň özüni patyşanyň huzuryna getirip, agyr jezalandyrmalydyr. Goý, görene-göz, eşidene-gulak bolsun!» diýlip ýazy- lypdyr.

Maslahatda ähtnama kabul edilip, onuň aşagyna kethudalaryň ählisi öz atlaryny ýazyp, möhürlerini basypdyrlar. Gün hany bolsa hökümdar saýlapdyrlar. Şol wagtlar Gün han 70 ýaşynda eken. Erkil hoja onuň baş geňeşdary we iş dolandyryjysy bolup galypdyr.

Bu ähtnama esasynda Oguz hanyň nebereleri müňýyl- lyklaryň dowamynda hököm sürüpdirler. Oguz hanyň döreden elipbiýi hem şol müňýyllyklaryň içinde hereket edipdir. Ýöne şol elipbiýiň haçan ýitip gidendigi bize mälim däl. Gadymy oguz döwleti berk kada-kanun esasynda dolandyrylypdyr.

**Oguzlaryň durmuşy we dini ynançlary.** Türkmeniň mukaddes topragynyň gadymy medeni gatlak- laryndan Oguz han eýýamyna degişli altyndan ýasalan öküz kellesi we köp sanly möhürler tapylypdyr. Bu döwlete degişli köp sanly tapyndylaryň ýurdumyzyň Altyndepe, Täkgala (Durun), Margiana, Köneürgenç

we beýleki ýerlerinde üsti açyldy. 01 tapyndylar Oguz hanyň döwletiniň geografiki ýerleşen ýeri baradaky maglumatlar hasaplanylýar. Orta asyr döwrüne degişli taryhy eserlerde berlişine görä, oguz ýurdy Seýhun bilen Jeýhun boýlaryny, Orta Aziýa sähralaryny öz içine alypdyr.

Oguzlar maldarçylyk, ekerançylyk, küýzegärçilik, awçylyk, hünärmentçilik, söwda işleri bilen meşgullanypdyrlar. Oguz hanyň we onuň ilatynyň ynanjy Gök Taňry bolupdyr. Olar taňry diýip göge dü^ünipdirler, ýagny ýeke taňrylylyga uýupdyrlar.

**1. Näme üçin Oguz han eýýamynyň oňony öküz bolupdyr? 2. Oguz hanyň ogullary we agtyklary barada gürrüň beriň. 3. Wezir Erkil hoja hakynda gürrüň beriň.**
**4. Oguz han eýýamyna degişli tapyndylar nirelerden tapyldy?**

## § 9. Turkmenistan bürünç asyry döwründe. Altyndepe iň gadymy şäher-döwletdir

**Bürünjiň ulanylyp başlanmagy. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi.** B. e. öňki III müňýyllykda bürünjiň ýüze çykmagy bilen Türkmenistanyň çäklerinde durmuş-ykdysady we medeni özgerişler bolup geçýär. Yöne bu özgerişler Türkmenistanyň ähli ýerlerinde deň bolmandyr. Hazaryň kenarynda ýaşan taýpalar awçylyk we balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Emma Günorta Türkmenistanda, Köpetdagyň etek zolagynda ilat ekerançylyk ulgamyny kämilleşdiripdir we ol uly gerime eýe bolupdyr. Zähmet gurallarynyň metaldan ýasalmagy,

olaryň has kämilleşmegi, ekerançylygyň ösmegine uly tä- sir edipdir.

B. e. öňki III müňýyllykdan başlap adamlar mis bilen galaýyny goşup bürünç alypdyrlar. Bürünç asyry b. e. öňki II müňýyllygyň ahyrlaryna - demriň alnyp başlanan döwrüne çenli dowam edýär. Alymlaryň bel- lemegine görä, Günorta Türkmenistanda bürünçden ýasalýan gurallar guýma usulda taýýarlanylypdyr. Bürünç misden ýasalan gurallardan has berk bolupdyr. Şonuň üçin zähmet gurallary bürünçden ýasalyp, önüm- çilige ornaşdyrylyp başlanypdyr.

Öndüriji güýçleriň barha artmagy bilen önümçilik ösüpdir. Adamlar bürünçden ýasalan hanjary, pyçagy, peýkamy, naýzany, oragy öz hojalyklarynda has köp ulanyp başlapdyrlar. Hanjary we beýleki ýaraglary baý- ramçylyklarda dakynmak üçin kümüş bilen bezäpdir- ler. Senetçiler bu hojalyk gurallaryny özlerine zerur bolan önümler bilen alyş-çalyş edipdirler.

Şol döwürde adamlaryň jemgyýetçilik durmuşynda hem uly özgerişlikler bolup geçýär. Mai bakmak, ekin ekmek, hünärmentçilik ýaly işler erkek adamlaryň ger- denine düşüp, olaryň hojalykda tutýan orny artypdyr. Bütin urugy goramaklygy hem erkek adamlar öz üs- tüne alypdyrlar. Aýal adamlar bolsa diňe öý hojalyk işleri bilen, ýagny çagalara seretmek, nahar bişirmek ýaly işler bilen meşgul bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, Türkmenistanda enelik urugy atalyk urugy bilen doly çalşylypdyr.

Bürünç döwrüniň häsiýetli aýratynlygy has uly taý- pa birleşikleriniň döremegidir. Oturymly obalar, şäher- çeler, şäherler goranyş berkitmeleri bilen berkidilip, dolandyryş merkezleri ýüze çykypdyr.



Zenan hudaýyň heýkeli

Irki bürünç asyryna degişli obalar ululygy boýunça dürli möçberlerde, ýagny 1 gektardan 5-10 gektara çenli, has uly obalaryň tutýan meýdany 25 gektara barabar bolupdyr. Bürünç döwrüne degişli tapyndylar Altyndepe, Täkgala (Durun obasy), Bagabat, Nusaý, Anew ýaly oturymly obalardan we şäherlerden tapylypdyr.

Bürünjiň ýüze çykmagy Yilen zähmet gurallary kem-kemden kämilleşipdir. Adamlar magdan böleklerini eredip päki, pyçak, palta, teşe, temen, isgene, göni we egremçeli bizleri, byçgylary, balyk tutulýan çeňňekleri ýasapdyrlar.

**Suwarymly ekerançylygyň we hünärment- çiligiň ösüşi.** Gadymy suwarymly ekerançylar dag derýajyklarynyň joşýan wagty onuň öňüne böwet ba- syp, ekin meýdanlaryny çilläp suwarypdyrlar. Bürünç asyrynyň ahyrlarynda Günorta-Günbatar Türkmenistanda Gadymy Dehistanda - Yzzatguly bilen Madaw- depede, Paraw, Bamy, Börme ýaly oturymly ýerlerde adamlar çarwaçylyk hem ekerançylyk bilen meşgul bo- lupdyrlar. Olar çylşyrymly suwaryş ulgamlaryny döre- dipdirler. Adamlar Sumbar, Etrek derýalaryndan ini 5-7, çuňlugy 2,5 m bolan, birnäçe kilometre uzalyp gid- ýän iri kanallary gurupdyrlar. Ilat bugdaý, arpa, noýba ýaly ekinleri ekipdir. Yzzatguly, Madawdepe ýaly oba- lar şol döwrüň iri oturymly ýerleriniň merkezi hasapla- nypdyr.

Bürünç asyry döwründe ilatyň durmuşynda daşy işläp bejermeklik dowam edipdir. Bu ýerlerden tapy-

lan daşdan ýasalan köp dürli zähmet gurallary, esasan, Köpetdagda duş gelýän ýerli daş jynslaryndan ýasalypdyr. Bu ýerlerde gymmat bahaly daşlardan dürli bezegler, şaý-sepler ýokary çeperçilik bilen taýýarlanylypdyr. Tapyndylaryň içinde garamtyl-gyzyl daşdan ýasalan ýag çyrasy has hem täsinligi bilen tapawutlanypdyr. Onuň daşyna nagyş çekilipdir we pöwrize daşyndan gaşjagazlar goýlupdyr.

Adamlar ýumşak dag jynslaryndan monjuklary taý-ýarlapdyrlar. Olar daşlary uzak wagtlap ýokary gyz-gynlykda gyzdyrypdyrlar. Netijede, daşlaryň berkligi has hem artypdyr.

Hojalyklarda küýzegärçilik çarhynyň ornaşdyryl- magy bilen küýze önümleriniň hili ýokarlanypdyr. Günbatarda we günorta-günbatarda Serdar (Gyzylar- bat) şäherinden Aşgabada çenli gap-gaçlar kül reňkli çal toýundan, gündogarda we günorta-gündogarda (häzirki Babadurmazdan Tejene çenli) nagyşly gap-gaçlar mele toýundan ýasalypdyr.

Bürünç asyry döwründe toýundan bişirilen küýze önümlerinden başga-da dürli gurallar ýasalypdyr. Ga-zuw-barlag işleriniň netijesinde tapylan tapyndylaryň arasynda ikbaşlar, arabalaryň dürli görnüşleri üçin tigirjagazlar, adamlaryň we haýwanlaryň heýkeljik- leri, möhürler, ýag çyralary bar. Esasan-da, agaçdan we daşdan ýasalan ikbaşlar köp duş gelýär. Bu tapyndylar Türkmenistanyň çäginde dokmaçylygyň ösüp başlandygyna şaýatlyk edýär. Ikbaşlar, esasan, ujy çü- relip gidýän ýarym togalak hem-de sada çüri görnüşli bolupdyr. Olaryň bir böleginiň gyralary kertik-kertik edilip, egri çyzyklar bilen nagyşlanypdyr.



**Bürünçden ýasalan kosmetiki gap**

Bürünç döwrüniň ahyrlaryna degişli Sumbar we Parhaý gonamçylyklarynda gazuw-agtaryş işleri geçirilende, aýal mazarlarynyň ählisinden diýen ýaly ikbaşlar, temenler, jorap örmek üçin çişler, bizler, haly dokamak üçin bürünçden ýasalan keserler tapylýar. Tapyndylaryň arasynda aw ýaraglary, ow^uk mallara degişli süňkler köp bolupdyr. Bu bolsa ownuk mallaryň ýüňleriniň dokmaçylykda giňden peýdalanylandygyna güwä geçýär. Bulardan başga-da, ol ýerlerden ululy-kiçili küýze gaplary, esasanda, jüründikli küýzeler köp tapylýar.

Bürünç asyrynda Altyndepäniň ilaty palçykdan bişirilen ýukajyk, çeper nagyşly we bezegli gap-gaçlary öndüripdirler. Olara salnan nagyşlar özüniň nepisligi bilen hem-de çylşyrymly ýerleşdirilişine görä haly göl- lerine meňzeş bolupdyr, şonuň üçin bu nagyşlar haly gölli nagyşlar adyny alypdyr.

Bu döwrüň gap-gaçlary ýasalanda olara ýörite taýýarlanan oňat hilli toýun, ösümlik we mineral garyndylarynyň külkesi goşulypdyr. Altyndepäniň küýze önümlerinde gyzyl reňk örtülen gara tegmilli gap-gaçlar hem bar eken, gaplaryň daş ýüzi, köplenç, ýylmanan görnüşde bolupdyr. Gap-gaçlaryň käbirleri gögümtil-me- le, melewşe reňkde hem bolupdyr.

Bu döwürde süňkden ýasalan önümler köp bolman- dyr. Olar deri önümlerini tikmek üçin iňňe, temen, ýüwse ýasapdyrlar. Küýze önümlerini ýasamak üçin

ulanylýan gurallar ýasalypdyr. Dürli möhürleri, ilikleri egrem-bugram çyzyklar bilen nagyşlamak üçin süňk taýajyklar ulanylypdyr.

Altyndepede bagana, deri işlemek giňden ýaýrapdyr. Baganany we derini daşdan ýa-da mermer böleginden ýasalan sürtgüç bilen eýläpdirler. Daşdan ýasalan ýylmaýjylar bolsa deriniň ýüzüne reňk çalmak üçin hyz- mat edipdir.

**1. Bürünç asyry haýsy müňýyllyklary öz içine alýar we näme üçin bürünç asyry diýlip atlandyrylýar? 2. Toýundan ýasalan gap-gaçlaryň haýsy reňkler bilen bezelendigini sanap beriň. 3. Türkmenistanda ekerançylyk ýerleriniň atlaryny aýdyp beriň. 4. Türkmenistanyň çäklerinde bürünç asyryna degişli oturymly obalar nirede ýerleşipdir? 5. Sumbar we Parhaý gonamçylyklaryndan tapylan tapyndylary aýdyp beriň.**

## § 10. Altyndepäniň jemgyýetçilik gurluşy we medeniýeti

**Deňsizligiň ýüze çykmagy.** B. e. öňki III müňýyllygyň ahyrlarynda II müňýyllygyň başlarynda Günorta Türkmenistanda metaldan ýasalan gurallaryň kämilleşmegi, bürünjiň ýüze çykmagy ekerançylygyň giňelmegine ýardam edipdir. Netijede, zähmet öndüriji- ligi artyp, önümçilikde artykmaç önümler peýda bolýar. Artykmaç öndürilen önümiň bir bölegi urug begleriniň, serdarlarynyň elinde galyp, käbir

Hususy eýeçiligiň ýüze çykmagy jemgyýetiň mundan beýläk ösmegine täsir edipdir. Deňsizligiň ýüze çykan ýerleriniň biri-de gadymy şäher-döwleti bolan Altyn- depedir.

Altyndepe Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrabynyň Mäne obasynyň 3 km gündogarynda, Köpetdag geriş- leriniň günorta-gündogar tarapynda ýerleşýär. Altyndepäniň umumy tutýan meýdany 46 gektara barabar bolupdyr. Altyndepede goranyş berkitmesi, ybadatha- na, ýaşaýyş jaýlary, hünärmentçileriň syrgynlsfry we beý- leki desgalar bolupdyr.

Altyndepede geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň ne- tijesinde gadymy adamlaryň fiziki keşbi we olaryň ömri barada ençeme maglumatlar toplanyldy. Tapylan adam süňkleriniň galyndylary 4-5 müň ýyl mundan ozal Altyndepede ýaşan ilatyň 2/3 bölegi 35 ýaşa çenli ýaşapdyr diýip çaklamaga mümkinçilik berýär. 60-70 ýaşyna ýeten adamlar gaty seýrek bolupdyr. Ilatyň aglaba köpüsi uzyn boýly, syratly adamlar eken. Erkek adamlaryň boýunyň uzynlygy ortaça 180-185 sm, aýallaryň boýy 170 sm töweregi bolupdyr. Çaga ölümi judaköp bolupdyr. Altyndepäniň iň gülläp ösen döwründe onuň ilatynyň ortaça ýaşy 22,6 ýaşdan geçmändir.

Ilat durmuş ýagdaýlarynyň derejesi boýunça to- parlara bölünipdir. **Ilatyň birinji** toparyna dolandyryjy gatlak degişli bolupdyr. Bu topara degişli adamlaryň ýaşaýyş jaýlary şäheriň merkezinde ýerleşip, 6-9 otagdan ybarat bolupdyr. Jaýlaryň umumy meýdany 80-100 inedördül metre barabar eken. Olaryň däne saklaýan uly ammarlary bolupdyr. Bu baý toparyň ma- zarlarynda toýun gap-gaçlardan başga-da, mermerden ýonulyp ýasalan gaplar-da goýlupdyr. Guburlardan köp sanly gyzyldan, kümüşden, bürünçden, hakyk, pöwri-

ze daşlaryndan, lazuritden ýasalan aýal bezegleri tapylypdyr. Altyndepäniň ruhanylarynyň mazarlarynda altyndan ýasalan nepis önümler, şol sanda möjegiň we öküziň altyndan ýasalan kellesi hem bar eken. Şäheriň ilaty kärleri boýunça demirçi ussalara, küýzegärlere bölünipdir.

**Ilatyň ikinji** toparyny şäher jemagatynyň gurply adamlary düzüpdir. Olaryň ýaşaýyş jaýlary 27 inedör- dül metre barabar bolupdyr. Olar, esasan, senetçilik bilen meşgul bolupdyrlar. Bu gatlaga degişli hojalyklaryň iki-üç otagy bolup, olar aýratyn jaýlarda ýaşapdyrlar. Bu topara degişli merhumlaryň mazarlarynda hem gap-gaçlar, hakyk we pöwrize daşlaryndan ýasalan köp sanly monjuklar, bürünçden möhürler goýlupdyr.

**Uçünji** topara girýän hünärmentler we ekerançy- lar şäheriň çetinde ýaşapdyrlar. Olar köp otagly uly jaýlarda 40-dan gowrak maşgala bolup ýaşap, umumy hojalygy ýöredipdirler. Otaglar 6-10 inedördül metre barabar bolupdyr. Bu gatlaga degişli ilatyň naharha- nalary, kömekçi hojalyklary umumy bolupdyr. Olaryň guburlarynda köp bolmadyk palçykdan edilen gaplar goýlupdyr.

**Jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlary.** Arheologiýa barlaglary Altyndepäniň gala diwarlarynyň üstüni açyp, onuň medeni gatlagynyň 20 metrlik galyňlygynyň bardygyny ýüze çykardy. Netijede, Kiçi Aziýadan Hin- distana çenli uzalyp gidýän şäher medeniýetiniň zola- gyndan daşarda, bu ýerde täze uly medeni merkeziň, şäher-döwletiniň üsti açylýar. Bu bolsa taryh ylmynda uly açyşdyr. Irki şäher-döwletiniň döremegi, onda ilatyň gatlaklara bölünmegi, hünärmentçiligiň we özbolușly sungatyň bolmagy Türkmenistanyň gadymy ilatynyň medeniýetiniň gülläp ösendiginden habar berýär.

Aýratyn hem uly özgerişler binagärçilikde ýüze çykýar. Altyndepede gurluşyk binalarynyň ählisi gönü- burçly birmeňzeş çig kerpiçden salnypdyr. Kerpiçlerde ony taýýarlan adam bellik edipdir. Bellikler hasabyň berk ýöredilmegi we her bir gurluşyk desgasyna näçeräk kerpijiň gerekdigini bilmek üçin goýlupdyr. Adamlar jaýlaryň diwaryny we düşegini suwapdyrlar.

Altyndepäniň düýpli binagärçilik sungaty uly ybadathana toplumy bilen bellidir. Bu ýerde beýikli- gi 12 metre ýeten dört basgançakly minara (zikku- rat) bina edilipdir, onuň diametri 28 metre barabar bolupdyr. Şäheriň binagärçilik gurluşygy bütin keşbi bilen Derýaaralygynyň (Mesopotamiýa) binagärçilik gurluşyna meňzeş bolupdyr. Onuň gapdalynda köp möçberde ammarlar, baş ruhanynyň öýi ýerleşipdir. Bu ybadathana toplumy durşuna Aý hudaýyna bagyş- lanypdyr we şäheriň möhüm düzüm böleginiň biri bolupdyr.

Altyndepäniň jemgyýetçilik we ýaşaýyş jaýlary azda-kände bellibir tertipde, gönüburçly çig kerpiçden salnypdyr. Şäherde, köplenç halatda, pyýada ýörär ýaly darajyk köçejikler, şeýle-de araba ýörär ýaly köçeler bolupdyr. Şäheriň baý adamlarynyň ýaşaýan bölegindä- ki köçeler olara görä giňräk we göni bolupdyr. Şäheriň goranyş diwary, derwezeleri bolupdyr. Derwezeleriň umumy giňligi 15 metre golaý bolupdyr.

**Heýkeller we dini ynançlar.** Altyndepe şäherinden tapylan ýüzden gowrak heýkeljikleriň eginle- rinde ýa-da döşüniň gapdallarynda birnäçe bellikler ýa- zylypdyr. Egninde agaç şahalaryny ýaýyp duran zenan şekili - ösümlik dünýäsiniň hudaýyny, köp şuglaly ýyldyz - asman hudaýyny, akar suwy alamatlandyrýan

egrem-bugram çyzygyň suw hudaýyny aňladýan bolmaklary mümkindir diýip, alymlar çaklaýarlar. Tapyndylaryň arasynda altyndan ýasalan örän enaýyja öküziň maňlaýynda ýarymaý şekilli pöwrize daşy goýlupdyr. 01 Aý hudaýyny aňladypdyr. Bu bolsa adamlaryň beýleki Aý hudaýyna has köp sežde edendiklerini Bubut edýär.



**Altyndan guýlan öküziň kellesi**

Täze gije-gündiziň başlanmagy säherden däl-de, ^s. manda, esasy hudaýyň peýda bolýan wagty - agşamdan hasap edilipdir. Aý hudaýy, köplenç, asman öki\zi görnüşinde şekillendirilip, onuň şahlary ýarymaýy ý^t- ladýar. Tapylan tapyndylaryň arasynda pil süňklerinden ýasalan üç sany taýajyk hem bar. Bu taýajyklar ybad^t- hana hyzmatçysynyň ulanan esbaby bolup, ýörite k^r- tilip nagyşlanypdyr. Toýundan ýasalan heýkeljikleriň arasynda itleriň we goýunlaryň şekilleri-de bar. Bu ýerde araba goşulýan öküzleriň, düýeleriň, möjek kelleleriniň şekiljikleri has köp bolup, olar örän täsin ýasalypdyr.

**Hat-ýazuwyň ilkinji alamatlary.** Tapyndylaryň arasynda Derýaaralygynyň ybadathanalaryna meňseş düýpli desgalar, Hindistandan getirilen pil süňklej-i, toýundan ýasalan elam (Pars aýlagynyň demirgazyk- -gündogarynda ýerleşýän halkyň ady) hatyny ýada salýan belgili aýal heýkeljikleri bar. Alymlaryň çakla. maklaryna görä, şol bellikler iň gadymy elipbiý - hat bolmaly.

Altyndepede Hindistandan getirilen iki belgiden ybarat möhür tapyldy, möhürdäki ýazgy «Beýik hudaý» diýen manyny aňladýar. Bu ýazgylar hem şol döwürde Günorta Türkmenistanda siwilizasiýanyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň çäginde b. e. öňki **II** müňýyllygyň ortalarynda ilatyň köpelmegi bilen, obalaryň we şäherleriň serhetleri giňäpdir. Emma Köpetdagdan çykýan çeşmeleriň tomus aýlarynda suwy azalyp, gurap başlapdyr. Şeýlelikde, Namazgadepe we Altynde^e ýaly iri ekerançylyk merkezleri suw ýetmezçiligi sebäpli taşlanypdyr. Bu ýerleriň ilaty kem-kemden Murgap derýasyna tarap süýşmäge mejbur bolupdyr.

**?!**

**1. Altyndepe şäher-döwleti nirede we haçan döräpdir? 2. Altyndepeden altyndan ýasalan nähili tapyndylar tapylypdyr? 3. Altyndepelileriň dini ynançlary barada aýdyp beriň. 4. Altyndepelileriň binagärçilik sungaty barada gürrüň beriň. 5. Altyndepäniň ilatynyň göçüp gitmegine näme sebäp bolupdyr?**

## § 11. Marguş döwleti

**Gadymy Marguş.** Häzirki Mary hem Baýramaly şäherleriniň demirgazygynda, Günorta-Gündogar Garagumuň ýarym çöllük zolagynda gadymy grek çeşmelerinde «Margiana», gadymy pars ýazgylarynda «Marguş» diýlip atlandyrylýan gadymy ýurt ýerleşipdir. Otparazla- mukaddes kitaby bolan



**Ýyladyjy ojak**

«Awestada» bu ýurt «Mouru» diýlip atlandyrylypdyr. Türkmen alymlary bu ýurdy gadymy Merw diýip at- landyrýarlar.

Bu ýerde dünýä belli alymlaryň biri W. I. Sarianidi 1972-nji ýyldan başlap gazuw-agtaryş işlerini yzygiderli geçirýär. Geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ta- pylan tapyndylaryň taryhy ähmiýetini kesgitlemek mak- sady bilen, 2006-njy ýylda Aşgabatda we Maryda «Gadymy Margiana dünýä siwilizasiýasynyň täze merkezidip> atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Bu maslahatda türkmen alymlary bilen birlikde dünýäniň köp ýurtlarynyň, şol san- da Günbatar ýurtlarynyň alymlary çykyş edip, Marguşy gadymy Derýaaralygy, Müsür, Hindistan we Çyn-Maçyn bilen bir hatarda Gündogaryň gadymy medeniýetiniň bä- şinji ojagy diýip ykrar etdiler.

Häzirki döwürde gadymy Marguşdan alnan bürünç asyrynyň tapyndylary Türkmenistanyň Milli mu- zeýinde saklanylýar.

Murgabyň mes toprakly ýerlerinde b. e. öňki III müňýyllykda ownuk oturymly obalar ýüze çykypdyr we tiz ilatlaşyp başlapdyr. Derýanyň demirgazyk çe- tinde, ýagny köp zähmeti talap etmeýän tarp ýerlerde ilat has hem artypdyr. Derýanyň joşan wagty bu meý- danlary suw basypdyr. Bu bolsa ekin ekmegi has hem aňsatlaşdyrypdyr. Günorta Türkmenistanyň dag etek zolagyndan: AltyndepedQ"

Namazgadepeden suw
mezçiligi sebäpli göçüp
den ilat Murgabyň gad?
akymynyň ugrunda otur
ly obalary esaslandyryp
Günorta

en,
ýet-
gi-
ymy
ym-
dyr.



**Piliň şekili çekilen möhür**

tapylan bürünç asyry döwrüne degişli tapyndylaryň meňzeşligi olaryň bu ýerlere göçüp gelendiklerine doly şaýatlyk edýär. Bu ýakynlyk diňe bir maddy, ruhy medeniýetde däl, eýsem olaryň dini garaýyşlarynda hem bolupdyr. Köpetdagyň eteginden tapylan Hasyl hudaýynyň bürünç asyryna degişli şekili bilen Gadymy Marguşdan tapylan toýundan ýasalan Zenan hudaýyň heýkeliniň meňzeş bolmagy olaryň arasynda baglanyşygyň bardygyny aňladýar.

Murgap derýasynyň suwunyň ýetmeý&n aşaky akymlarynda ýaşan ekerançylar öňki ýerlerini taşlap, täze ýerleri açypdyrlar. Çünki Murgap derýasy wagtyň geçmegi bilen öňki akymyndan onlarça kilometr günbatara süýşüp, häzirki akabasyna gelipdir. Şol sebäpli gadymy akabanyň ugrunda ýaşan ilat hem Murgabyň täze akabasynyň boýuna göçmeli bolupdyr.

Marguş sebitinde Yazdepe, Arwalydepe ýaly oazisleriň bolmagy bu ýerlerde Togalak, Ajyguýy, Tahyrbaý, Yazdepe we beýleki ekerançylyk obalarynyň emele gelmegine getiripdir. Oazisleriň her birinde onlarça obalar bolupdyr, oazisleriň käbirinde şäherçeler hem emele gelip başlapdyr. Şolaryň içinde Tahyrbaý gadymy Marguşyň iň günortadaky oazisi bolup, onuň çäginde 15 sany oba ýerleşipdir. XX asyryň 50-nji we 70-nji ýyllarynda geçirilen arheologiki barlaglaryň netijesinde, giçki bürünç we irki demir asyrlaryna degişli täze



**Iňňebagjyklar: altyn güberçek- li düýäniň, kümüşden ýasalan jereniň we ýolbarsyň kiçijik heýkeljikleri**

obalaryň birnäçesiniň, şolaryň içinde Tahyrbaý oturymly oba toplumynyň üsti açylýar. Olar Tahyrbaý 1, 2 we Çurnak obalary bolup, bu obalar hem Murgap derýasynyň boýunda döräp, bu derýanyň suwy bilen ol obalaryň ekin meýdanlary suwarylypdyr.

Arwalydepe oazisinde ýaşaýan ilat hem ekerançylyk bilen meşgul bolupdyr. Adamlar bu ýerde ekin meýdanlary üçin Gönüýap kanalyny çekipdirler. Bu kanalyň ini 5-6 m, çuňlugy bolsa 1,5-2 m bolupdyr, uzynlygy 55 kilometre ýetipdir.

**Yazdepe.** Geçirilen barlaglaryň netijesinde, Yazdepede daşy çig kerpiçden galdyrylyp berkidilen obanyň üsti açylýar. Onuň tutýan meýdany 16 gektara golaý uly gala bolupdyr. Onda meýdany 1 ga bolan içki gala salnypdyr, onuň beýikligi 8 metre çenli galdyrylypdyr. Emma ol biziň günlerimize çenli saklanmandyr. Alymlar bu obanyň günorta böleginde jemgyýetçilik jaýlarynyň salnandygynyň üstüni açdylar. Bu jaýlar alymlaryň çaklamalaryna görä, ybadathana ýa-da kiçiräk köşk bolmaly. Jaýlaryň demirgazyk tarapynda bolsa uly bolmadyk howly ýerleşipdir. Yazdepe we Arwalydepe obalary iki sany iri kanallar bilen suwarylypdyr. Yazdepe obasyndan geçýän kanal häzirki wagtda Gatakar diýlip atlandyrylýar. Onuň ininiň käbir ýerleri 5-8 m, çuňlugy bolsa 2-3 metre çenli ýetipdir, uzynlygy bolsa 35-36 kilometre ýetipdir. Şol kanallardan adamlar dürli taraplara suw geçirmek Üçin ululy-kiçili ýaplary çekipdirler.



**Keramiki gap-gaçlar (Goňurdepe)**

**Marguşda ekerançylygyň ösmegi.** Marguşda oba hojalyk işleriniň esasy görnüşi suwarymly ekerançylyk bolupdyr. Ekerançylar sürlen ýerlere derýa gollaryndan ýap çekip suwarypdyrlar. Agaç kündä goşulan öküz bilen ýer sürüpdirler, hasyly diş-diş orak bilen orupdyrlar. Olar, esasan, däneli ekinleri - arpa, bugdaý, nohut we kösükli ösümlikleri ekipdirler. Jaýlaryň töwereginde bolsa erik, garaly, üzüm ýaly miweli agaçlary ösdürip ýetişdinpdirler.

Adamlaryň zähmetsöýerligi, tebigy şertleriň gowy bolmagy ilatyň maddy, ruhy medeniýetiniň ý6kary göterilmegine getiripdir. Ekerançylyk üçin täze ýerleri özleşdiripdirler we täze oturymly obalar emele gelip- dir. Bu ýerlerde uly suwaryş desgalary gurulmasa-da, adamlar kiçiräk bentleri gurupdyrlar, ýaplary çekipdirler. Netijede, adamlar bugdaýyň, arpanyň we beýleki ekinleriň bol hasylyny almaklygy başarypdyrlar.

**1. Marguş Türkmenistanyň niresinde ýerleşýär? 2. Marguşa degişli ýadygärlikleri sanap beriň. 3. Tahyrbaý oazisinde näçeräk oba ýerleşipdir? 4. Türkmenistanyň haýsy ýerlerinde suwaryş desgalary gurlupdyr? 5. Yazdepedäki kanal barada aýdyp beriň.**

## § 12. Goňurdepe. Marguş döwletinde hojalygyň ösmegi

**Goňurdepe Marguşyň paýtagt şäheridir.** Mar- guşyň gadymy paýtagty Goňurdepedir. Günorta Türk- menistandan baran gadymy adamlar akymyň demir - gazyk bölegini özleşdirip, oturymlylyga geçipdirler. Netijede, Demirgazyk Goňurdepäniň ýerinde özboluşly oba döräpdir. Bu ýerde bina edilen Merkezi Aziýada ýe-

ke-täk ymarat hasaplanan hakyky köşk aýratyn tapawutlanypdyr. Gadymy Marguş binagärçiligiň özbaşdak mekdebi bolupdyr. Onuň binýadynda Derýaaralygynyň Ortaýer deňzine çenli aralykda ýerleşen merkezi şäherleriniň binalary bilen käbir meňzeşlikleri bolupdyr. Goňurdepedäki köşgüň görnüşiniň b. e. öňki II müňýyllykda şan-şöhraty dünýä dolan Mari (Siriýa) şäherinde gurlan köşk bilen meňzeşligi bardyr. Bu ösüş Goňurdepede matematika, geometriýa, astronomiýa ylymlarynyň gazananlaryny özleşdiren alymlaryň, binagärleriň bolandygyny görkezýär.



Ýolbarsyň şekili çekilen nepis surat

Goňurdepedäki köşkde patyşa oturypdyr, onda merkezi dolandýrýş häkimiýeti hem bolupdyr. Bu bolsa Marguşda döwlet dolandyryş ulgamynyň bolandygyny görkezýär.

Şeýlelik bilen, b. e. öňki II müňýyllygyň başynda Gadymy Marguş gülläp ösen baý ýurt bolup, ol ýerde köşkler, ybadathanalar bina edilipdir. Goňurdepäniň demirgazygynda ýerleşen köşk beýleki köşkleriň hemmesinden uly bolupdyr. Onuň içki galasynyň tutýan meýdany, takmynan, 120x150 m bolupdyr. Galanyň käbir ýerinde gözegçilik üçin diňler gurlupdyr.

Köşgüň gündogar tarapyndan otparazlaryň ybadathanasy birleşipdir. Hökümdar we onuň ýakyn adamlary köşkden çykman, ybadathana içki geçelge arkaly baryp bilipdirler.



Küre

# MARGUŞYŇ KARTASY



Goňurdepäniň 200-250 m günortasynda kiçeňräk ybadathanaly uly bir toplum bina edilip, onuň töwe- reginde ybadathanada hyzmat edýän adamlaryň jaýlary bolupdyr.

Goňurdepede 7 metrden hem uzyn bolan küýze- gärleriň küresi (küýze bişirilýän peç) gurlupdyr. Kü- releriň üýtgeşik tarapy olaryň iki sany ot ýakylýan ojagy bolupdyr. Bu ojaklar köp mukdarda odun salma- ga, beýleki kürelerden artyk önüm öndürmäge müm- kinçilik beripdir. Gadymy Goňurdepäniň küýzegärleriniň at-abraýlary Merkezi Aziýanyň dürli ýerlerine ýaýrapdyr. Küýze önümlerine köp nagyşlar salnypdyr. Olaryň gyralarynda egrem-bugram ýa-da tolkun şekilli ýönekeý nagyşlar hem çekilipdir.

**Şäherlileriň durmuşy.** Marguş döwletiniň oba ilatynyň durmuşynyň ösmegi täze şäherleriň döremegi- ne, öňki şäherleriň bolsa has kämilleşmegine getiripdir. Dänäniň hasyllylygynyň ýokarlanmagy bilen adamlar öz artykmaç gallasyny başga ýerlere satyp, olardan gelýän girdejini medeni desgalaryň gurluşygyna sarp edipdirler. Her obada ýüzlerçe jaýlar bolupdyr. Jaýlar saman garylan çig kerpiçden gurlupdyr. Çig kerpiçden diňe bir garamaýaklaryň kümeleri bina edilmän, eýsem baý adamlaryň jaýlary, hökümdarlaryň köşkleri, yba- dathanalar bina edilipdir.

Kerpiçden örülen diwaryň iki tarapy hem saman gaiylan palçyk bilen suwalypdyr. Saman bilen suwalan diwarlar aýna ýaly ýylmanypdyr. Marguşyň jaýlarynyň depesi gamyş bilen basyrylyp, laý bilen suwalypdyr, ýaşaýyş otaglarynda tüsse çykar ýaly edip ojaklar gurlupdyr. Ýaşaýyş otaglaryndan başga-da, aşhanalar, gündelik azyk önümlerini goýar ýaly kiçeňräk otaglar gurlupdyr. Howluda mal saklamak üçin ýa- taklar, ammar jaýlary hem bolupdyr.





**Altyndan ýasalan ýylan kelleli monjuk (Goňurdepe)**



**Daşdan ýasalan hasalar (Goňurdepe)**

Tutuş garyndaşlardan ybarat gurply hojalyklar gorag diňli, berk gurlan galada ýaşapdyrlar. Emma garyp hojalyklaryň jaýlarynyň howlusy-da, gorag berkitmeleri-de bolmandyr.

**Hünärmentçiligiň ösmegi we sungat.** Marguşyň gadymy hojalygyn^a hünärmentçilik ýokary derejede ösüpdir. Küýzegärçiligiň ösmegi bu ugur boýunça ussat adamlaryň bolandygyny görkezýär. Marguşly küýzegärler gap-gaçlardan başga-da guş, adam, haýwan görnüşli toýun heýkeljikleri ýaşapdyr - lar. Olar heýkellerde aýal hudaýlaryny şekillendiripdirler.

Gadymy marguşlylar metal önümçiliginde mis we bürünç ulanypdyrlar. B. e. öňki II müňýyllygyň ahyrlarynda demirden ýasalan ilkinji önümler peýda bolup başlaýar. Marguşly metal guýujy ussalar bürünçden palta, kätmen, isgene, päki, diş-diş tygly orak, biz, deşewaç, gap--gaç, gazan, pyçak, hanjar, naýzadyr peýkamlar, zähmet gurallaryny hem-de beýleki hojalyk üçin gerekli esbaplary ýaşapdyrlar. Ussalar çüwdesi horazyň guýrugy

görnüşdäki paltalary hem ýaşapdyrlar. Şeýle paltalary atly-abraýly, derejeli adamlar göteripdirler. Ussalar misden gelin-gyzlar üçin monjuk, iňňebagjyk, bilezik, ýüzük, gulakhalka ýaly şaý-sepleri ýaşapdyrlar.



Marguşdan tapylan bürünç- ^&J

**den ýasalan paltajyklar**

Goňurdepedäki zergärler altyn we kümüş şaý-sepleri hem ussatlyk bilen ýasapdyrlar. Olar altyndan ýüzükleri, bilezikleri, gulakhalkalary we egmeleri ýasamagy başarypdyrlar. Bu bolsa ýerli emeldarlaryň gelin-gyzlarynyň altyndan ýasalan şaý-sepleri dakynandyklaryny görkezýär.

Tapyndylaryň arasynda kümüş möhürler, gadymy şumerlilerim uly aýlawly lybasyna çolanyp, tagtda oturan zenan şekiline meňzeş ujy tommaýly ajaýyp iňňebagjyk hem bolupdyr. Munuň özi ýerli zergärçilik sungatynyň belent derejä ýetendigini görkezýär.

Daşyň ýüzüni haşamlamak we möhür ýasamak sungaty Gadymy Gündogarda möhüm orna eýe bolupdyr. Oňa Marguşdan tapylan möhürler, tumarlar hem şaýatlyk edýär. Daş känleriniň golaý-goltumda ýoklugyna garamazdan, Marguşda ýokary derejede ýasalan daş önümleri ýeterlik bolupdyr. Olar mermer daşlarynyň dürli görnüşlerini, ýonmasy aňsat bolan daşlary kerwen bilen Köpetdagdan (hä- *

J
M
Ш

, ^ **Mazardan tapvlan bürünçden ýasalan**

ripdirler. Olardan möhürleri, tumarlary ýaşapdyrlar. Olar ak mermere meňzeş daşdan uzynlygy 1 metrden geçýän, ýokarsy tommaýly naýza hem ýaşapdyr - lar. Tommaýly naýzanyň eýesi belent derejeli adam hasaplanypdyr.



^
**Germewli kumuş möhür**

Yerli daş ýonujylar mermer görnüşli daşdan mozaika bilen bezelen sütünleri hem ýasapdyrlar. 01 sütünleriň köpüsi ybadathanalarda we mazarlarda goýlupdyr. Olary dini däp-dessurlar berjaý edilende ulanypdyrlar. Has täsin gymmat bahaly daşlar - gök lazurit Owganystandan (Badahşan), ýaşyl pöwrize - goňşy Eýrandan (Nişapur), açyk gyzyl reňkli hakyk daşy bolsa Hindistandan getirilipdir.



**Goňurdepeden tapylan gap-gaçlar we gutujyk**

Daşdan tumarlar tegelek, gönüburçly ýa-da inedördül şekilde bolupdyr. Olaryň käbirleriniň ýüzüne hakyky ýa-dahyýaly guşlaryň, haýwanlaryň, adamlaryň, ýylanlaryň, içýanlaryň, ösümlikleriň suratlary çekilipdir. Marguşyň tumarlarynda aýratyn saklanyp galan şekilleriň biri hem aždarhalaryň şekilidir.

Agaç ussalary bürünçden paltalary, isgeneleri özleriniň gündelik işlerinde giňden ulanypdyrlar. Adamlar geýimlerini, köplenç, ýüň sapaklar bilen tikipdirler. Olaryň gaýyşdan tikilen köwüşleri häzirki çepeklere çalymdaş bo-



**Mozaikadan ýasalan önümlerden bölekler**

lupdyr. Gadymy Marguşda daş we süňk ýonujylar guşlaryň süňklerinden nagyşlanan iňňebagjyklary hem ýaşapdyrlar.

**1. Goňurdepe şäheri haýsy asyrlara degişli? 2. Marguşlylaryň ýaşaýyş jaýlary nämeden we nähili gurlupdyr? 3. Marguşlylar metaldan nähili önümleri ýasapdyrlar? 4. Goňurdepeden tapylan altyn-kümüşden ýasalan şaý-sepler barada aýdyp beriň. 5. Daş tumarlaryň ýüzünde nähili şekiller çekilipdir?**

## § 13. Marguşlylaryň dini ynançlary

**Dini ynançlar.** Marguşdaky ägirt uly ybadathanalar marguşlylaryň aň-düşünjeleriniň, garaýyşlarynyň hem ýokary derejede bolandygyna şaýatlyk edýär. Şolar ýaly ybadathanalaryň biri Goňurdepedäki köşge ýanaşyk salnan binadyr. Ybadathananyň merkezi bölegi içki howludan ybarat bolup, onuň bir böleginde dini däp-dessurlar berjaý edilýän jaý, beýleki böleginde bolsa hojalyk jaýlary bolupdyr. Ybadathanada ojaklar, kül dökülýän ýörite kerpiçden salnan gutular bolupdyr.

Marguşlylaryň adam jaýlaýyş däpleri bellibir kada eýe bolmandyr, olaryň birnäçe görnüşi bolupdyr. Köplenç halatda, merhumlary gapdallaýyn ýatyryp, elleri, aýaklary epilen, kelleleri demirgazyga goýlan gömüşinde jaýlapdyrlar. Baý adamlary üsti güberçekli kerpiçden salnan gönüburçly gazylan mazarda jaýlaýar ekenler.



**Goňurdepedäki ybadathana toplumy**



**Ybadathananyň günorta toplumynda gurban berilýän ýörite ýeriň sudury**

Çagalary hem adaty mazarlarda jaýlapdyrlar. Käbir çaga jesetleri uly gaplara sal-
ПУР jaýlanypdyr. Merhumy jaýlamagyň şeýle görnüşi Günorta Türkmenistanda has irki döwürlerden bäri bar eken.

Goňurdepeliler mazaryň düýbüniň günbatar tarapyndan merhumyň içki öýüni gazyp, merňumyň arkasyny girelgä tarap goýýar ekenler. Olaryň ýanynda gap-gaçlar, şahsy şaý-sepleri, iýer-içer ýaly azyk önümleri goýlupdyr. Goňurdepäniň gonamçylygynda merhumlaryň ýanynda kerpiçden örülen otagda haýwanlaryň käbir görnüşleri jaýlanypdyr. Olar merhumlaryň ýanynda guzyny jaýlapdyrlar.

Goňurdepe gonamçylygynyň günorta tarapynda alymlar täsin mazaryň üstünden barypdyrlar. Adamlaryň jaýlanan gadymy mazarlarynyň arasynda taýçanagyň mazary tapylýar. 01 edil häzirki adamlaryň jaýlanylyşy ýaly sag egnine ýatyrylyp, başujy demirgazyga tarap gönükdirilip jaýlanypdyr. Taýçanagyň gubry bütin Yakyn we Gündogar sebitlerde iň gadymy guburdyr. Bu bolsa häzirki arheologiýa ylmynda örän täsin açyşdyr. Otparazlaryň mukaddes «Awesta» kitaby hem patyşalara we gahrymanlara gurban edilýän mallaryň içinde atyň bardygy barada habar berýär. Goňurdepedäki guburlardan taýçanagyň skeletiniň tapylmagy Türk-



**Köşgüň ýanyndaky kiçijik ybadathana**

menistanyň çäginde aty eldekileşdirmegiň örän irki döwre de-Kişlidigini görkezýär. Ikinjiden, atyň jaýlanmagynyň özi hem beýleki mallara garanda ata bolan hormatyň has ýokary bolandygyny görkezýär.



**Goňurdepedäki patyşa gonamçylygyndan tapylan heýkeljikleriň sudurlary**

Goňurdepede «patyşa gonamçylygy» hem bolupdyr. Mazarlaryň biriniň üsti tegelek görnüşli bolupdyr. Tegelegiň edil ortasynda içi gara köýük bolan gönüburç görnüşdäki goşa ojak ýerleşipdir. Ru bolsa onuň içinde uzak wagtlap güýçli oduň ýakylan- dygyny görkezýär.

**Otparazçylyk. Zaratuştra. Awesta. Togalak-21.** B. e. öňki II müňýyllykda Marguş ýokary derejede ösen, başynda patyşa oturan döwlet bolupdyr. Ykdysadyýetiň ösmegi bilen bu ýurduň medeniýeti hem ösüpdir. Bu döwürde adamlar otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Ony esaslandyryjy Zaratuştra bolupdyr. Otparazçylyk dininiň keramatly kitaby «Awestadyr». «Awesta» kitabynda Parfiýa, Margiana, Horezm we Girkaniýa ýerleriniň agzalmagy, bu diniň Türkmenistanyň ýer- lerine ýaýrandygyny görkezýär.

Zaratuştra ýeke-täk bir hudaýyň — Ahuramazdanyň bardygyny, onuň zeminde we asmanda janly-jansyz ähli zatlary döredijidigini, adamlaryň şoňa tagzym etmelidiklerini wagyz edipdir. Otparazlarda oda çokunmak däp bolupdyr. Olaryň ýörite sežde edilýän ybadathanala- ry bolupdyr. «Awestada» Ahuramazda bilen bir hatar- da başga-da dürli hudaýlar - erkek adamlaryň hudaýy Mitra, asman suwlarynyň hudaýy, mallaryň we ha-


Zaratuştra

syllylygyň hudaýy Anahitanyň atlary tutulýar.

Arheologik gazuw işleri geçirilende 5 sany misden we bürünçden, 17 sany kümüşden, 2 sany altyndan ýasalan gap-gaçlar tapylýar. Olaryň içinde iki örküçli düýäniň üstünde oturan baktriýalylaryň A dabaraly ýörişini şekillendirýän ullakan kümüş bulgur aýratyn tapawutlanýar. Bulgur örän ussatlyk bilen bezelipdir. Alymlar ony gadymy döwrüň sungat mekdebiniň genji-hazynalarynyň biri hasaplaýarlar. Bu bulguryň we beýleki kümüş gap-gaçlaryň ählisinde kese duran iki örküçli düýäniň keşbi çekilipdir. «Awestanyň» ýazgylaryndan çen tutsaň, düýe maly irki otparazlar üçin iň oňat görülýän haýwanlaryň biri bolupdyr. Zaratuştra ady hem altyn düýäniň eýesi diýmegi aňladypdyr.

Goňurdepe we Togalak-21 ybadathanalarynyň gurluşygy birmeňzeş bolupdyr. Olaryň ikisiniň-de merkezi böleginde giň howly bolupdyr. Togalak-21-den tapylan adaty keramiki gaplaryň içinde dürli suwuk jisimleri guýmak üçin ulanylan käseler hem bolupdyr.


Togalak-2l-den tapylan dim mazmunly gap

Şeýlelik bilen, Gadymy Marguş medeniýeti bürünç asyrynyň tamamlanandygy-

na garamazdan, demir asyrynyň başlarynda hem ýaşamagyny dowam etdiripdir.

**1. Marguşlylaryň merhumy jaýlamak däp-dessurlary nähili bolupdyr? 2. Dini ybadathana bilen baglanyşykly tapyndylar haýsy ýadygärlikden tapylypdyr? 3. Goňurdepeliler ata nähili garapdyrlar? 4. Otparazçylyk dini haçan döräpdir, onuň mukaddes kitaby nähili atlandyrylýar? 5. Zaratuştra haýsy dini esaslandyrypdyr?**

## § 14. Türkmenistan demir asyry döwründe

**Demriň ýüze çykmagy we onuň ähmiýeti.** Takmynan, b. e. öňki II—I müňýyllyklaryň sepgidinde irki demir eýýamy başlanýar. Şol wagtdan adamlar demirden ýasalan zähmet gurallaryny we ýaraglary peýdalanyp ugrapdyrlar'; Bu döwürde ýerli ilat demri eredip almaklygy başarypdyr. Emma demir gurallary durmuşda haýal ýaýrapdyr. Ilkibaşlarda demri diňe bezeg üçin ulanypdyrlar. Soňra demirden hojalyk gurallaryny we ýaraglary ýasap başlapdyrlar. Demri almagyň we ony işläp bejermegiň tärlerini oýlap tapmak kyn bolupdyr. Demri eretmek üçin güýçli gyzgynlyk gerek bolupdyr. Şonuň üçin hem demri ýörite körükli kürelerde eredip dir ler. Küräniň diwarynyň galyňlygy 20 sm-e golaýlapdyr, beýikligi bolsa 1 m töweregi bolupdyr. Küräniň öň diwarynyň düýbünde deşijek goýlupdyr. Şol deşikden bolsa körüge odun salnyp ýakylypdyr. Gaýyşdan edilen üfleýji körügiň oýlanyp tapyl-



**Demir eredilýän küräniň görnüşi**

aňsat eretmäge uly itergi beripdir. Gaýyşdan edilen körükden howa üflenipdir. Körükler gyzgynlygy ýokarlandyrmak bilen metalyň hilini hem gowulandyrmaga mümkinçilik beripdir. Şeýle küreler daşdan ýasalyp, soňra palçyk bilen suwalypdyr. Küreler berk ýasalypdyr we köp gezek demir eretmeklige mümkinçilik beripdir.

Demriň dünýä siwilizasiýasynyň ösüşinde tutýan orny uludyr. Demriň tapylmagy we ulanylyp başlanmagy adamzat durmuşynda, hakykatdan-da, uly öwrülişik bolupdyr. Demirden ýasalan gurallar, ýaraglar«rän berk bolupdyr. Demirden hojalyk esbaplary, ýeri işläp bejer- mek üçin gurallary ýaşapdyrlar, bu bolsa önümçiligiň, esasan hem, ekerançylygyň giňemegine, ösmegine he- maýat edipdir.

**Gadymy Dehistanyň irki demir asyryna degişli arheologiki ýadygärlikleri.** Türkmenistanyň çäginde irki demir asyryna degişli arheologiki ýadygärlik- ler köpdür. Demir asyryna degişli Günorta-Günbatar Türkmenistanyň çäklerine taryhy edebiýatlarda gadymy Dehistan diýlip at berilýär. Bu at taryhda yz galdyran dah taýpalary bilen baglydyr. Dehistan medeniýetine degişli ýadygärlikler Maşat-Missirian düzlügindäki Madawdepe, Yzzatguly depelerde jemlenendir. Şeýle- -de, Günbatar Köpetdagyň eteklerinde hem kiçiräk oturymly ýerler bolan Parawyň, Bamynyň, Börmäniň ýa- nyndaky depeler hem şol medeniýete degişlidir.

Dehistan ýerleri gadymy alymlaryň işlerinde Gir- kaniýa diýlip atlandyrylypdyr. Girkaniýanyň düzümine häzirki Hazar deňziniň tutuş günorta-gündogar boýlary girýär. Taryhyň belli bir döwründe Hazary Girkan deňzi hem diýip atlandyrypdyrlar.

Gadymy Dehistanyň metal önümleriniň aglabasy bürünçden ýasalypdyr. Emma gadymy oturymly ýer-

lerden demriň bölekleriniň tapylmagy Dehistanda demriň b. e. öňki II müňýyllygyň ahyrynda ýüze çy- knndygyny subut edýär. Demir asyrynda gadymy Dehistan ilatyň köp ýaşan ýerleriniň biri bolupdyr. Demirden ýasalan gurallar ekerançylykda we hojalyklarda ulanylyp başlapdyr.

Dehistanyň bu döwre degişli iň iri ýadygärligi Madawdepe bolup, ol asyrlaryň dowamynda kem-kem- den giňelipdir. Alymlaryň hasaplamalaryna görä, Madawdepäniň umumy meýdanynyň 50 gektarynda ýaşaýyş bolupdyr. Galan meýdanyny hojalyk binalary, keramika we demir işlenilýän ussahanalar we ş. m. tu- tupdyr. Madawdepäniň medeniýeti b. e. öňki XIII asyr- dan b. e. öňki VII-VI asyrlara çenli dowam edipdir.

Dehistanyň gadymy medeniýetiniň esasy aýratyn- lygy, küýze önümleriniň görnüşleri we olardaky reňk- lerdir. Küýzeleriň arasynda üç aýakly ýalpak, köplenç halatlarda bolsa, üsti açyk jüründikli gaplar duş gel- ýär. Gap-gaçlar, esasan, garamtyl, çal, gyzyl we ýer reňkinde bolup, olaryň hemmesi-de çarhyň kömegi bilen ýasalypdyr. Arheologlar tarapyndan Dehistanyň Missirian düzlüginden peýkamlaryň bürünç uçlarynyň, kiçiräk gylyjyň, aýal şaý-sepleriniň, küýze gap-gaçlary bişirilýän küreleriň üsti açylýar. Häzirki Magtym- guly etrabynyň golaýynda ýerleşýän gonamçylykdan b. e. öňki XII—XI asyrlara degişli ikler, ikbaşlar, temen- ler, bürünçden ýasalan haly dokamak üçin keserler ýüze çykaryldy. Bu zähmet gurallary Dehistanda hünärmentçiligiň, dokmaçylyk pudagynyň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Irki demir asyrynda Türkmenistanyň ýerlerinde demirden edilen zähmet gurallarynyň köpelmegi ekerançylyk medeniýetiniň ösmegine ýol açypdyr. Bu döwürde

biziň ýurdumyzda şäher gurluşygy hem ösüpdir we şäher siwilizasiýasy kemala gelip başlapdyr. Şeýlelikde, ekerançylyk medeniýetiniň we şäher siwilizasiýasynyň ösmegi biziň ýurdumyzyň «Siwilizasiýalaryň çatrygy» adyna eýe bolmagyna getiripdir.

**1. Gadymy döwürde adamlar önümçilikde haýsy metallary peýdalanypdyrlar? 2. Türkmenlerde halyçylyk sungatynyň döreýşini Dehistanyň nähili tapyndylary bilen subut edip bolar? 3. Demir asyryna degişli toolan esasy oturymly ýerleri sanap beriň. 4. Gadymy Dehistanyň emeli suwaryş düzgüni barada aýdyp beriň.**

## § 15. Günorta Türkmenistan irki demir asyrynda

### Günorta Türkmenistan. Hojalygynyň ösüşi.

*A* *

**Yelkendepe, Yaşyldepe.** B. e. öňki **I** müňýyllygyň başlarynda Günorta Türkmenistanyň ýerlerini, şol sanda Köpetdag eteklerini özleşdirmeklik güýçli dowam etdirilipdir. Köpetdag eteklerindäki obalaryň esasy hojalygy suwarymly ekerançylyk bolup, bu ýerde bugdaý, arpa ekilipdir. Dag eteklerinde uly derýanyň bolmandygy sebäpli, ekerançylyk, esasan, Köpetdagdan akyp gel- ýän kiçeňräk derýajyklaryň we çeşmeleriň hasabyna alnyp barlypdyr. Suwuň gelýän ugrunda gaçy galdyrylyp, böwet basylypdyr. Bulardan başga-da, Köpetdag eteklerinde suwaryşyň käriz usuly hem ýüze çykypdyr. Käriz özboluşly ýerasty suw geçiriji bolup, ony gazanlarynda gumuny, takmynan, her 40-50 metrden gazylan guýy arkaly ýokaryk çykarypdyrlar. Kärizler, esasan, dag- dan çykýan az-owlak möçberdäki suwy ýitirmezlik üçin gazylypdyr. Şeýle kärizleriň biri häzirki Duşak demir

ýol menziliniň golaýyndaky Ulugdepäniň ýanynda gurlupdyr. Onuň 20 sany guýusy bolupdyr.

Irki demir asyry zamanasynda Köpetdagyň eteginde täze oturymly ýerler ýüze çykypdyr. Şu oturymly ýerleriň iň ulusy Gowşut demir ýol menziliniň günorta-gündogar tarapynda ýerleşýän Yelkendepedir. Onuň tutýan meýdany 14,5 gektara barabardyr. Yelkendepede gazuw-agtaryş işleri geçirilende mis we demir erginleri tapylýar. Emma demriň ýaýramagyna garamazdan, bu ýerlerde daşdan sokulary - däne owguçlary hem ulanypdyrlar.

Köpetdag eteginde bürünçden, misden ýasalan zähmet gurallary, ýaraglar, seýregräk hem bolsa, demir önümleri, küýze önümleriniň dürli görnüşleri ýasalypdyr.

Yelkendepe şäher görnüşli bolup, onuň iki gat halkalaýyn diwary bolupdyr. Demir asyrynda, esasan, gurluşykda palçyk, iri hem-de galyň çig kerpiç ulanylypdyr. Şeýle jaýlary gurmak arzan düşüpdir we olar tomusda salkyn, gyşda ýyly bolupdyr.
Jaýyň diwarlary saman garylan palçyk bilen, kähalatlarda bolsa gež (alebastr) bilen suwalypdyr.

**Yaşyldepe** oturymly ýeri häzirki Gäwers demir ýol menziliniň 4 km günortasynda ýerleşýär. Yaşyldepede geçirilen barlaglaryň netijesinde bu ýerden adam mazarlarynyň üsti açylýar. Bu guburlarda jaýlanan adamlaryň fizikl görnüşi Günor-



**uiugdepäniü daşdan ýasalan önümleri**

ta Türkmenistanyň mis we bürünç asyrlarynda ýaşan adamlaryna meňzeş bolupdyr. Guburlardan tapylan adam skeletleriniň kellesi süýri bolupdyr diýip alymlar kesgitlediler.

**Sarahs oazisi.** Sarahs oazisi häzirki Tejen etra- byndan 70-80 km günortada, Türkmenistanyň günorta serhedinde ýerleşýär. Onuň umumy tutýan ýeri demir - gazykdan günorta 70 km, günbatardan gündogara bolsa 20-25 kilometre ýetýär. Sarahs oazisiniň içinden geç- ýän ýeke-täk derýa Tejen derýasydyr. 01 bütin oazisiň oturymly obalaryny suw bilen üpjün edipdir.

B. e. öňki I asyryň ortalarynda bu ýerde Köne Sarahs şäherçesi bilen birlikde Bäşdepe, Möwlekdepe, Akjadepe obalary bolupdyr. Bu döwürde Sarahs şäherçesindäki daşy laýdan galdyrylan diwaryň 1,8 m beýikligi häzirki günlere çenli saklanyp galypdyr. Bäşdepe we Möwlekdepe oturymly obalar Tejen derýasyndan 20-25 km uzaklykda ýerleşipdirler. Ilat Möwlekdepede uzynlygy 20-30 km, ini 6 metre çenli bolan kanal gazyp, Tejen derýasyndan suw alypdyrlar. Bu bolsa olara ekerançylyk bilen meşgullanmaga şert döredipdir. Bathyz baýyr- lyklarynda ilat Kepele, Howdan, Arapçeşme ýaly ýerlerde ýaşap, maldarçylyk we küýzegärçilik bilen güzeran görüp- dirler.

Demir asyry zamanynda Sarahs oazisi, esasan, eke- rançylyk maksatlary üçin özleşdirilipdir. Bu ýerde hem gadymy Horezmdäki we Margianadaky ýaly suwaryş desgalary gurlupdyr.

Taryhyň «atasy» Gerodot (b. e. öňki 485-425 ý.) Sarahs sebitlerinde Akes derýasynyň boýunda suwaryş desgalary bar diýip gürrüň berýär. Gerodotyň gürrüň berýän Akes derýasy Tejen derýasy bolmaly, sebäbi bu etrapda Tejenden başga hiç hili derýa ýok.

**Murgap derýasynyň aşak akymlary. Yazdepe.**

Demir asyryna degişli ýadygärlikleriň bol ýerleriniň biri hem Merw oazisidir. Goňurdepe bilen birlikde, şol döwürde ikinji bir paýtagt Yazdepe şäheri ösüpdir. Yazdepäniň medeni ösüşi b. e. öňki 900-400-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Yazdepäniň ilatynyň esasy köpçüligi ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. Olar öz ekin meýdanlaryny ýörite suw toplamak üçin gazylan howuzlaryň suwy bilen suwarypdyrlar. Murgap derýasynyň aşak akymynda ýaşan ilat bolsa, ekerançylyk bilen bir hatarda hünärmentçilik bilen hem meşgul bolupdyr. Bu ýerde küýzegärçilik önümçiligi ösüpdir we kämilleşipdir.

Küýzegärçilikde çarhyň ulanylmagy diňe bir ýerli ilaty önüm bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, küýze önümlerini bazara çykarmaga, hilini gowulandyrmaga hem mümkinçilik beripdir. Alyş-çalşyň, söwdanyň ösmegi bolsa pul dolanyşygynyň ýüze çykmagyna şert döredipdir. Alymlaryň çaklamalaryna görä, Merkezi Aziýada, şol sanda Merwde hem b. e. öňki V-IV asyrlarda pul dolanyşygy kemala gelip, ol Baktriýa, Sogd ýerleri bilen özara gatnaşyklary saklap gelipdir.



Ýazdepeden tapylan küýzeler

Emma bu döwürde tebigy ýagdaýlar sebäpli Murgabyň aşak akymyndaky ýerler düýpli kynçylyklara sezewar bolýar. Suw ýetmezçiligi döreýär. Şonuň üçin hem derýanyň aýagynda ýaşaýan ilat oturymly ýerlerini taşlap gitmäge mejbur bolupdyr.

**1. Käriz suwaryş ulgamynyň nähili görnüşi bolýar, olur nirelerde gazylypdyr? 2. Köpetdagyň etegindäki demir asyryna degişli oturymly ýerleri sanap beriň. 3. Murgnp derýasynyň aşak akymynda demir asyryna degişli nälii-li ýadygärlikleri bilýärsiňiz? 4. Sarahs oazisiniň içindon haýsy derýa geçýär? 5. Yazdepäniň medeni taýdan önon döwrüni aýdyp beriň.**

## § 16. Amyderýanyň orta akymy, Demirgazyk Türkmenistan irki demir asyry döwründe

**Amyderýanyň orta akymlary. Beggala (Bek gala).** B. e. öňki II müňýyllygyň ahyrynda - I müň ýyllykda Amyderýanyň orta akymlarynda **ýaşan** ilat hemişelik oturymlylyga geçip, ekerançylyk bilen meşgullanyp başlapdyr. B. e. öňki III-II asyrlani degişli taryhy ýadygärlikleriň biri-de Mürzebek **ga-** ladyr. Bu şäherçäniň keramiki önümleri öndürýiin hünärmenleri ýasy hem ýalpak gaplary, humlary ýn sapdyrlar. Bu keramiki önümleriň görnüşleri boýunça gadymy Merwiň önümleri bilen meňzeşlikleri bolupdyr. Amyderýanyň orta akymlaryndaky ýadygärliklere **Gn** rabekewül etrabyndaky Akgala, Hojambazdaky Şordepe, Çopandepe ýaly oturymly ýerler degişlidir.

Geçirilen gözleg işleriniň netijesinde Atamyrat **şii-**herindäki Beggalanyň (Bek gala) iň irki medeni gatlaga, ýagny b. e. öňki I müňýyllygyň ortalaryna degişlidigi alymlar tarapyndan anyklanyldy. 01 bolsa Murgap oazisindäki demir asyryna degişli bolan Yazdepe oturymly obanyň medeni gatlaklarynyň ortaky we ahyrky döwürlerine gabat gelýär. Amyderýanyň orta akymlaryndaky Çölüdepeden, Odeýdepeden hem irki demir asyryna




**Amyderýanyň orta akymlaryndan tapylan toýundan heýkeller**

degişli küýze bölekleri tapyldy. Taryhy maglumatlar bu oturymly ýerleriň ekerançylarynyň ekin ekip, Amyderýanyň kenarlaryny oňat özleşdirendikleri barada liabar berýärler.

**Demirgazyk Türkmenistan. Ilatyň meşgul bolan kärleri.** Türkmenistanyň demirgazyk ýerleri taryhy edebiýatda «Horezm» diýlip atlandyrylýar. Horezm gadym wagtlardan bäri bol suwly, ösen ekerançylyk yurdy bolupdyr. Gadymy Oks derýasy (Amyderýa) Sarygamyş kölüne we Uzboýuň ugry bilen Hazar deňzine tarap akypdyr. Bu derýanyň ugrunda bolsa b. e. öňki I müňýyllygyň başlarynda köp sanly ekerançylyk obalary we çarwaçylyk mekanlary ýerleşipdir. Bu ýerde ýaşan ilatyň hojalygynda ekerançylyk bilen bir hatarda, maldarçylyk hem örän uly orun eýeläpdir. Olar ownuk mallar bilen birlikde iri şahly mallary-da köpeldipdirler. Ýük çekmek üçin düýeleri ulanypdyrlar.

Täzebagýap hem-de Suwýargan oturymly ýerlerde ilat ekerançylyk, awçylyk, balykçylyk bilen hem meşgul bolupdyr. Bu ýerdäki suwarymly ekerançylyk, soňra irki kanallaryň döremegine getiripdir. Täzebagýap me- deniýetine degişli adamlar diňe bir Amyderýanyň aşak akymlarynda däl, eýsem gadymy Uzboýuň ugrunda-da mekan tutupdyrlar.

B. e. öňki II müňýyllygyň ikinji ýarymynda -1 müň-ýyllygyň başynda Horezmde suwarymly ekerançylygyň ýönekeý görnüşi ösüp başlaýar. Netijede, öndüriji güýç- ler ep-esli ösýär, ykdysadyýet ýokary göterilip başlaýar. Amyderýanyň aşaky akymlarynda hem ekerançylyk oazisi döräp başlaýar. Şol oazisleriň döremegi bu ýerlerde kanallaryň çekilmegi bilen baglanyşykly bolupdyr.

**Guýsaý medeniýeti. B.** e. öňki **VIII** asyryň ahyr-larynda Horezmde Guýsaý medeniýeti ýüze çykýar. 01 medeniýetiň ýaýran ýerleri Amyderýanyň gollary, Daşoguz welaýatynyň çäkleri hasaplanýar. Guýsaý medeniýetine degişli gadymy obalarda geçirilen gazuw-agtaryş işleri wagtynda galla saklanylýan hum- lar, uly küýzeler hem-de daş owguçlar tapylypdyr. Guýsaýlylar maldarçylyk bilen hem meşgul bolupdyr- lar. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan süňkleriň arasynda gara mallaryň we gylýallaryň süňkleri agdyk- lyk edýär. Maldarçylyk bilen birlikde ilat metal işläp bejermek, küýze ýasamak, süňkleri we daşlary ýylma- mak, şol sanda gymmat bahaly daşlary işläp bejermek işlerini ýerine ýetiripdirler.

Horezmde Merkezi Aziýanyň günorta bölegine ga-ranyňda, şäherler gijräk gurlup başlapdyr. Horezmiň iň uly we irki şäheri Küýzeligyr ýadygärligi hasaplanyl-

ýar, ol häzirki Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň çäginde ýerleşýär.

Küýzeligyryň ilaty suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolupdyr. Galanyň töwereginde demir asyry za- manynda suwaryş desgalary gurlupdyr. Demir oragyň, daşdan edilen owguçlaryň tapylmagy Küýzeligyryň ilatynyň ekerançylyk bilen iş salşandyklaryna güwä geçýär.

Görnüşi ýaly, Türkmenistanda b. e. öňki II müňýyllygyň ahyryndan I müňýyllygyň ortalaryna çenli döwürde demriň ýüze çykmagy bilen öndüriji güýçler ep-esli ösüp, ykdysadyýet ýokary göterilipdir. Esasan hem, ekerançylykda uly özgerişler bolup geçipdir. Oturymly ýerleriň köpüsinde kanallar, suw howdanlary, ululy-kiçili ýaplar çekilipdir. Ekerançylyk üçin özleş- dirilen ýerler giňeldilip, bol hasyl alnypdyr.

Uly suwaryş desgalarynyň döredilmegi we olaryň abat saklanylmagy ep-esli ýerleriň bir häkimiýetiň go- lastyna birleşmegini hem-de çylşyrymly jemgyýetçilik işleriniň guralmagyny talap edipdir. Şol döwürde Mer- kezi Aziýanyň dürli-dürli böleklerinde: Parfiýada, Mar- gianada, Baktriýada ilkinji döwletler ýüze çykypdyr. Horezmde hem taýpa birleşmeleriniň döwri tamamla- nyp, döwlet dolandyryş ulgamy kemala gelipdir.

**1. Amyderýanyň orta hem aşak akymlaryndaky ilatyň esasy kärleri barada gürrüň beriň. 2. Haýsy oturymly ýerlerde ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar, atlaryny aýdyp beriň. 3. Beggala Türkmenistanyň niresinde ýerleşipdir, ol**

## § 17. Türkmenistan biziň eýýamymyzdan öňki VI-IV asyrlarda

**Ilatyň ýerleşişi.** Orta Aziýa halklary baradaky maglumatlara b. e. öňki VIII asyra degişli ýazuw çeşmelerinde gabat gelmek bolýar. Yazuw çeşmelerinde Hazar deňziniň gündogar sebitlerindäki sähra çöllerde hem-de Amy derýa (Oks) bilen Syrderýanyň (Yaksart) araly- gynda ýaşan çarwa halklardan massagetleriň ady köp tutulýar. B. e. öňki I müňýyllygyň ortalarynda t>u ýerler- de dahlar (daýlar) hem ýaşapdyrlar. Grek taryhçylary Gerodot (b. e. öňki 485-425 ý.) we Strabon (takmynan, b. e. öňki 65-nji ýylda doglan) Hazar deňziniň gündo- garynda ýaýylyp ýatan sähralyklarda skifleriň (saklar) ýaşandyklaryny ýazýarlar.

Grek taryhçylary taýpa birleşigine goşulan hem- me çarwalara skifler diýip düşünipdirler. Başga bir an- tik döwrüň taryhçysy şeýle taýpalaryň we halklaryň 20 töwereginiň bolandygyny belläpdir. Şolaryň arasynda massagetler, saklar, dahlar (daýlar), horezmliler, horasanlylar, girkanlar we başgalaryň atlary tutulýar. Taryhyň «atasy» Gerodot şol taýpalaryň arasynda mas- saget taýpalarynyň gowy urşujylardygyny we sanlary boýunça has köpdüklerini ýazypdyr. Massagetleriň ýaý- lary, naýzalary, söweş aýpaltalary bolupdyr. Olar at üstünde uruşmaga ökde bolupdyrlar. Atlarynyň göwsüni demir jul bilen örtüpdirler. Massagetlerde at esbaplaryna be- zeg hökmünde garapdyrlar. Atlaryň uýany, üzeňňileri, bil çekileriniň tokalary altyndan bolupdyr. Massagetler öz häsiýetleri boýunça gazaply, gyzgyn ganly we gaýduwsyz hem-de dogruçyl bolupdyrlar. Olar keseki adamlara gaty rehimdar eken. Massagetler Güne çokunypdyrlar we oňa sadaka beripdirler.

Grek syýahatçysy Dionisiniň ýazmagyna görä, saklar atan oklary boş geçmeýän mergen bolupdyrlar. Hatda sak aýallary hem at üstünde söweşipdirler, yza öwrülip ok atmaga gaty ussat ekenler. Saklarda Zarina atly harby ukyby bolan zenan patyşanyň bolandygy barada hem maglumatlar bar. Gerodotyň ýazmagyna görä, saklaryň özboluşly ýaýy, gysgajyk hanjary, aýpaltasy bolupdyr. Şeýlelikde, olaryň ýaraglary hem massagetleriňki ýaly eken. Saklaryň çüri telpekleri bolupdyr.



**Taryhyň «atasy» Gerodot**

Taryhçyfar horezmlileriň Merkezi Aziýada görnükli orun tutandyklaryny belläpdirler. Horezmiň gadymy ilaty Amyderýanyň aşak akymynda, esasan, ýerli ilatyň hasabyna kemala gelipdir. Horezmlileriň ata-babalarynyň gadymy massaget taýpasyndandygy hakynda hem aýdylýar.

Etrek derýasynyň aşak akymyndaky çöllüklerde ýerleşen Yzzatguly, Madawdepe we başga-da birnäçe gadymy obalar dahlaryň ýaşan obalary bolupdyr diýlip çaklanylýar. Dah-parn taýpalary Tejen derýasy sebitlerinde ýaşapdyrlar. Olar barada gadymy grek-rim taryhçylary hem öz işlerinde ýatlaýarlar.



**Skifleriň pyýada we atly esgerleri**

Biziň eýýamymyzyň I asyrynda Aral ýakasyndan Azow deňzine çenli aralykdaky giň sähralarda alan taý- palary ýaşapdyrlar. Käbir gadymy taryhçylar alanlary massagetler diýip hasap edýärler.

**Ilatyň meşgul bolan kärleri.** Massagetleriň esa- sy bölegi çarwaçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Olar ownuk mallar bilen birlikde gylýallary köpeldipdirler, balykçylyk bilen hem meşgullanypdyrlar, aw awlapdyr- lar. Massagetleriň geýimleri mallaryň derilerinden ti- kilen bolupdyr. Olar ownuk we iri şahly malfory, esasan hem, goýunlary köpeldipdirler. Käbir welaýatlarda düýedarçylyk hem giň gerime eýe bolupdyr. Çarwa- lar gara öýlerde ýaşapdyrlar, öýleri ýüň keçeler bilen, kähalatda teletin bilen hem örtüpdirler.

Çarwa ilatyň esasy iýmiti et we süýt önümleri bolupdyr. Olar süýtden gatyk, peýnir ýaşapdyrlar. Şeýle-de, goýun we balyk etini, ösümlik miwelerini iý- mit hökmünde peýdalanypdyrlar. Adamlar mallaryň bir bölegini ýüň üçin saklapdyrlar. Çarwalarda çörek hemişe ýetmezçilik edipdir, şonuň üçin olar öz mal- laryny oazislere, oturymly ilatyň ýaşaýan ýerlerine sürüp eltipdirler, şol ýerlerde hem mallaryny azyk önümleri bilen çalşypdyrlar.

Dahlar ýa-da dah-parn taýpalarynyň we massagetleriň ýaşaýyş durmuşlary, hojalyklary birmeňzeşräk bolupdyr. Olaryň esasy kärleri maldarçylyk, awçylyk bolupdyr, hünärmentçilik bilen hem meşgullanypdyrlar. Olar hojalyk gurallaryny, mal üçin gerekli esbaplary ýaşapdyrlar.

Bar bolan maglumatlara görä, b. e. öňki I müňýyllygyň ortalarynda Türkmenistanyň çäginde çarwa taý- palar we oturymly ilat ýurduň günorta böleginde, eke-

rançylyk hojalygynyň ösen sebitlerinde Parfiýa bilen Margiana ýerleşipdir. Parfiýanyň düzümine bütin Köpetdag etegindäki zolak we häzirki Eýranyň ýerleriniň demirgazyk-gündogar bölegi giripdir. Parfiýanyň gün- batar tarapynda, Hazar deňziniň günorta-gündogar ke- narynda bolsa Girkaniýa ýerleşipdir. Demirgazyk Parfiýanyň uly merkezi häzirki Kaka etrabynyň Gowşut obasynyň ýanyndaky Yelkendepe bolupdyr. Parfiýa gündogar tarapda Murgap jülgesini tutup oturan Margiana bilen hem serhetdeş bolupdyr. Şol oazisleriň mer- kezleri içki galaly uly oturym ýerleri Yazdepe, Arwaly- depe bolupdyr. Amyderýanyň orta akymyndaky (Kerki - häzirki Atamyrat) ýerler Baktriýanyň düzümine giripdir. Grek taryhçysy Gekateýiň maglumatlaryna görä, Amyderýanyň aşaky akymlaryndaky Horezm oazisi b. e. öňki V äsyrda oturymly ýurt bolupdyr. 01 şol ýer- lerde Horasmiýa diýen şäher bolandygyny ýazypdyr.

Türkmenistanyň ilatynyň hojalygy b. e. öňki I müň-ýyllygyň ortasynda ekerançylyk bilen meşgullanýan çarwa taýpalaryň ýaşaýan welaýatlaryndan ybarat bolupdyr. Şol welaýatlaryň arasynda alyş-çalyş bar- ha ösüpdir. Olaryň maldarçylyk hojalyklary bolup, mallaryň baş sany ep-esli köpelipdir. Bu bolsa ilatyň esasy bölegin iň maldarçylyk bilen meşgul bolmaklary- na getiripdir.

Oba hojalygy bilen birlikde senetçilik hem ösüpdir. Ussalar demirden hojalyklara gerek esbaplary ýaşapdyr- lar. Margianadaky Yazdepeden palta, teşe, Horezmiň Küýzeligyr diýen oturymly ýerinde gazuw-barlag işleri geçirilende orak tapylýar. Türkmenistanyň oturymly ýerlerinde keramika önümçiligi ösüpdir. Gap-çanaklar küýzegärçilik çarhynda ýasalyp, ýörite kürelerde

bişirilýän eken. Senetçiligiň ösmegi öňki obalaryň şäher görnüşli oturymly ýerlere öwrülmegine, haryt gatnaşyklarynyň ösmegine getiripdir.

Iri oturym ýerleriniň merkezi bolup durýan içki galalar han-begleriňki bolupdyr. Dolandyryş ulgamy bolan oba jemagatlary jemgyýetiň ösmeginde aýratyn orny eýeläpdir. Emma oba jemagatlarynyň içinde hem deňlik bolmandyr. 01 has garyp we has baý gatlaklara bölünip başlapdyr. Edil şonuň ýaly çarwa taýpalaryň arasynda hem emläk deňsizligi ýüze çykyp başlapdyr. Türkmenistanyň çäklerinde dörän taýpalaryň we taý- pa birleşmeleriniň başynda serdarlar durupdyrlar, bu serdarlara gadymy grek taryhçylary «patyşalar» diýip at beripdirler. Taýpalara kähalatlarda aýallaram ýol- başçylyk edipdirler (massagetlerde - Tomiris (Tumar- ly), saklarda - Zarina).

Taýpa serdary ölensoň, onuň mazarynyň üstünde uly depe gurupdyrlar. Bu depe bolsa örän köp zähmeti we taýpa agzalarynyň köp böleginiň gatnaşmagyny ta- lap edipdir. Mysal üçin, Zarinanyň mazarynyň üstüne galdyrylan depe iň uly depe bolupdyr. Serdaryň üstüne salnan şu hili depe Merkezi Aziýanyň köp ýerlerinde - Altaýda, Gazagystanyň ýerlerinde hem bar.

**Dini ynançlary.** Çarwa taýpalarynyňhojalyklary we däp-dessurlary barada gadymy çeşmelerde az beýan edilipdir. Muňa garamazdan, daglyk ýerleriniň taýpalary- nyň arasynda hem zoroastrizm dininiň ýaýrandygy subut edildi. Awestada Ahuramazda bilen bir hatarda başga hudaýlar - erkek adamlaryň hudaýy Mitra, asman suw- larynyň hudaýy, mallaryň we hasyllylygyň hudaýy Ana- hita bolupdyr. Massagetleriň arasynda Mitra hudaýyna ýakyn bolan hudaýlara hem çokunypdyrlar.

**1. Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan gadymy halklardan haýsylaryny bilýärsiňiz? 2. Massagetleriň dini ynançlary barada aýdyp beriň. 3. Sak-massaget taýpalary nirelerde ýaşapdyrlar? 4. Çarwa taýpalarynyň meşgul bolan kärleri barada gürrüň beriň. 5. Gadymy halklaryň haýsylary häzirki türkmen taýpalary bilen baglanyşykly bolupdyr?**

## § 18. Ahemeniler döwletiniň döremegi

### Ahemeniler döwleti. Kir II-niň (Kuros) hä- kimiýeti basyp almagy we onuň harby ýörişleri.

B. e. öňki VI asyryň ortalarynda Eýranyň çäklerinde Ahemeniler döwleti döräpdir. Ony esaslandyran Ahemeni diýen adam bolup, döwletiň ady hem onuň adyny alypdyr. Bu döwlet 200 ýyldan gowrak wagt ýaşapdyr. Ahemeniler > döwleti gadymy Gündogaryň güýçli döwletleriniň biri hasaplanypdyr. Döwleti döwlet dere- jesine ýetiren Kir II (b. e. öňki 558—530 ý.) bolupdyr.

Kir II Gerodotyň aýtmagyna görä, Midiýa patyşasy Astiýagyň gyzyndan bolupdyr. Rowaýata görä, Kir ulalandan soň, b. e. öňki 558-nji ýylda çarwa pars taýpalarynyň patyşasy bolýar we babasynyň garşysyna urşa başlaýar we ilkinji çaknyşyklarda ol Midiýa goşunlaryny derbi-da- gyn edýär. Kir II b. e. öňki 550-nji ýylda Midiýanyň paý- tagty Ekbatany eýeläp, patyşa Astiýagy - babasyny ýesir alýar. Midiýadan soň ol Wawilony, Derýaaralygyny we Alynky Aziýanyň ýerlerini özüne tabyn edýär. Şeýlelik bilen, Kir II-niň döwletiniň çäkleri Müsür döwletiniň serhetlerine baryp ýetýär. Emma Kir II Müsüre ýöriş etmezinden öň öz gündogar serhetlerini berkitmek mak- sady bilen, Merkezi Aziýanyň halklarynyň garşysyna basybalyjylykly ýörişe başlaýar.



Tomiris (Tumarly)

**Ýerli ilatyň ahemenilere garşy göreşi. Tomiris (Tumarly).** Ahemeni döwletiniň gündogar serhetlerini çarwa taýpalaryň çozuşlaryndan halas etmek üçin Kir II Amyderýa bilen Syrderýanyň aralygynda ýaşaýan massagetleri boýun egdirmegi maksat edinipdir. Taryhçy Gerodotyň ýazmagyna görä, Kir II olara garşy ýöriş edipdir. Massagetleriň şol wagtky patyşasy aradan çykansoň, onuň ýerine dul galan aýaly Tomiris patyşa bolupdyr. Kir II massagetleri aňsat boýun etmek üçin Tomirise öýlenmegi ýüregine düwüp, sawçy iberipdir. Sawçylar Tomiris razy bolsa, Kiriň ony özüne aýal edip aljakdygyny habar beripdir. Tomiris «Kire aýal däl-de, meniň ýurdum gerekdir» diýip, sawçylary kowupdyr. Pirimi başa barmadyk Kir urşa taýýarlyk görüp başlapdyr.

Tomiris: «Sen bu bet päliňden el çek! Ýörişiňi bes et-de, yzyňa gaýt. Eger-de ony etmejek bolsaň, onda biz goşunymyzy derýadan üç günlük yza çekeli welin, ar- kaýyn biziň ýurdumyza geç, söweşi şol ýerde başlarys. Eger-de ony islemeseň, sen üç günlük öz ýurduňa tarap yza çekil, biz seniň ýurduňda urşa girişeli» diýipdir.

Kir II öz goşunyny derýadan geçirip, şol ýerde goş basypdyr. Söweşe ukypsyz birnäçe adamy goşda galdy- ryp, goşunlary bilen ýene-de derýa tarap dolanypdyr. Massaget goşunlary Kir II-niň düşelgesine gelip, ol ýerdäki adamlary öldüripdirler. Ozleri bolsa Kir II-niň ýeňiş toýy üçin taýýarlap goýan çakyryny içip serhoş bolupdyrlar. Şondan soň Kir II bu ýerdäki massegetleriň

uly bolmadyk goşunynyň üstüni duýdansyz basyp, olaryň bir bölegini gyrgynçylyga berip, galanlaryny bolsa ýesir alypdyr.



Türkmen zenany söweş lybasynda

Yesir düşenleriň arasynda Tomirisiň ogly hem bar eken. Gerodot öz işinde massagetleriň patyşasy Tomirisiň çapar ýollap, Kire aýdan duýduryşyny şeýle suratlandyrýar: «Ganhor Kir! Sen bu namartja üstünligiňe guwanma. Siz bulanyk üzüm suwundan bolan içgi bilen, mert söweşde ýan bermedik oglumy ele saldyňyz. Indi meniň sözüme gulak goý: meniň jigerbendimi goýber we başyňyz bitinkä, ýurdumyzdan gidiň. Eger aýdanlarymy etmeseň, siziň hemmäňizi heläk etjekdigime massagetleriň keramatly howandary we hudaýy bolan mukaddes Günden ant içýärin!» diýipdir.

Kir II Tomirisiň ogluny ýesirlikden boşatmandyr. Şazada pursat tapyp, hanjaryň üstüne oklap, özüni öl- düripdir. Bu ajy habary eşiden massagetler gahar-ga- zaba münüp, duşman goşuny bilen söweşe başlapdyrlar. Köp wagtlyk söweşden soňra massaget goşunlary üstün çykypdyr. Pars goşunlarynyň köpüsi, şol sanda patyşa Kiriň özi hem heläk bolupdyr. Grek taryhçylarynyň ýazmaklaryna görä, Kir II bu söweşde 200 müň adam ýitiripdir. Bu söweş b. e. öňki 530-njy ýylda bolup geçip- dir.

**Biziň eýýamymyzdan öňki VI asyryň başlaryn- da halk gozgalaňlary.** Kir **II** ölenden soňra, onuň or- nuna uly ogly Kambis (b. e. öňki 530-522 ý.) geçipdir. Şol döwürde Kambis öz tagtyndan gorkup, öz kiçi dogany

Bardiýany ýaşyryn öldürdipdir. Soňra patyşa Kambis Müsüriň üstüne ýörişe giden wagtynda Midiýanyň Gaumata atly ruhanysy özüni Kir II-niň ogly Bardiýa diýip yglan edip, b. e. öňki 522-nji ýylda Eýranda häkimiýeti basyp alýar. Kambis Müsürden gyssagly yzyna gaýdýar. Emma ýolda näbelli ýagdaýda aradan çykýar.

Gaumata öz häkimligini saklamak üçin, halka birnäçe eglişikleri edipdir. 01 tabyn edilen ýurtlary salgytlardan boşadypdyr. Şol ýurtlaryň eýran goşunyna esger bermeklerini hem üç ýyllap ýatyrypdyr. Emma onuň garşysyna parslaryň welaýat begleriniň dildüwşügi gurnalypdyr. Dildüwşüjiler toparyna ahemenileriň neslinden bolan Dariý baştutanlyk edipdir. Netijede, b. e. öňki 522-nji ýylyň güýzünde Gaumata tagtdan agdarylyp, Ahemeniler döwletiniň başyna 28 ýaşly Dariý I (b. e. öňki 522—486 ý.) geçipdir.

Emma ýurduň ähli ýerinde halk gozgalaňlary başlanypdyr. Ahemenilere garşy gozgalaňlar Midiýada, Parfiýada, Girkaniýada turupdyr. Olaryň garşysyna iberilen goşuna Dariniň hut özi serkerdelik edipdir we söweşlerde üstün çykypdyr. B. e. öňki 521-nji ýylyň tomsunda häzirki Kaka etrabynyň çägindäki Gowşut demir ýol menziliniň golaýynda ýerleşen gadymy Patigrabana galasynyň ýanynda Dariý I parfiýalylary hem agyr ýeňlişe sezewar edipdir. Şondan soň Parfiýada ahemenileriň häki-



**Dariý I**

miýeti doly dikeldilipdir. Bisütün ýazgylarynyň berýän maglumatlaryna görä, Patigrabananyň ýanynda bolan söweşde parfiýalylaryň 6500-si öldürilipdir, 4200-si bolsa ýesir alnypdyr.

**Fradanyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň. Sy- rak baradaky rowaýat.** Ahemenilere garşy halk gozgalaňy ilki Margianada başlanyp, oňa Frada atly biri baştutanlyk edipdir. Gozgalaňçylary goňşy sak taýpalary hem goldapdyrlar. Gozgalaň turzanlaryň garşysyna Baktriýanyň satraby Dadarşiş ýöriş edipdir we olary b. e. öňki 522-nji ýylyň ahyrlarynda der- bi-dagyn edipdir. Gozgalaňçylardan 55 müňden gowrak adam öldürilipdir. Frada saklaryň arasyna gaçyp gelip- dir. Emma birnäçe wagtdan soňra ony ýesir alypdyrlar we jezalandyryp öldüripdirler.

Ahemenilere garşy çykyşlar Merkezi Aziýanyň çä- ginden çykyp, Parfiýa, Girkaniýa we Ermenistana çenli baryp ýetipdir. Dariý I-niň aýgytly hereketleri netijesinde b. e. öňki 521-nji ýylyň ahyrlarynda tolgunyşyklar basylyp ýatyrylypdyr.

B. e. öňki 517-nji ýylda Dariý Amyderýadan ge- çip, saklara garşy ýöriş edipdir. Şu ýörişde Dariniň goşunlaryny Syrak atly bir çopan uly kynçylyklara se- zewar edipdir. Syrak ýüz-gözüni persala edip, Dariniň ýanyna baryp, dahlardan ejir çekendigini, eger gerek bolsa olaryň goşunlarynyň nirede gizlenýändikleri- ni görkezip biljekdigini aýdypdyr. Dariý Syraga yna- nyp, onuň yzyna düşüpdir. Syrak pars goşunlaryny aldaw ýoly bilen çöl-beýewana alyp gidipdir. Olar ýedi gün ýol ýöränlerinden soňra, uly goşun suwsuz gyrlyp başlapdyr. Syrak heläk bolupdyr. Dariý goşunlarynyň bir bölegi bilen zordan Baktriýa dolanyp barypdyr.

## RESMINAMA

### Bisütün ýazgylaryndan

... Gepleýär patyşa Dariý: Parfiýa we Girkaniýa menden aýryldy- lar [we] Frawartişe birikdiler. Meniň kakam Wiştaspa (Gistasp) Parfiýada eken. Men Wiştaspa kömek üçin Ragdan [ýeriň ady] goşun iber- dim. 01 Parfiýada Patigraban şäheriniň golaýynda pitneçilere garşy söweş edipdir. Maňa Ahuramazda kömek etdi. Ahuramazdanyň emri bilen, Wiştaspa pitneçi goşuny derbi-dagyn edipdir. Söweşiň bolup ge- çen wagty garmapad aýynyň 1-nji günüdi (b. e. öňki 521-nji ýylyň iýul aýynyň 12-si). Şondan soň ýurt meniňki boldy. Ine, Parfiýada meniň eden işlerim. Gepleýär patyşa Dariý: Margiana diýilýän ýurt menden aýryl- dy. Olar margianaly Frada diýen bir adamy häkim diýip jai^edipdirler. Şonda men Baktriýadaky satraby (häkimi) tabynlygymdaky Dadarşişiň ýanyna iberdim [we] oňa: «Bar [we] meni ykrar etmeýän goşuny der- bi-dagyn et» diýdim. Dadarşiş goşun bilen ýöriş etdi we margianalyla- ra garşy söweşe girdi. Maňa Ahuramazda kömek etdi. Ahuramazdanyň emri bilen, meniň goşunym pitneçi goşuny çym-pytrak etdi ... Şondan soň ýurt meniňki boldy ...

**1. Ahemeni döwleti haçan we kim tarapyndan döredilip- dir? 2. Kir II-niň massagetlerden ýeňilmeginiň esasy se- bäbini aýdyp beriň. 3. Tomiris kim bolupdyr, ol barada gürrüň beriň. 4. Gadymy Margianadaky halk gozgalaňy haçan we nähili basylyp ýatyrylypdyr? 5. Dariý I näçenji ýylda patyşa tagtyna çykypdyr?**

## § 19. Ahemeniler döwletinde döwlet dolandyryş ulgamy

**Döwlet dolandyryş ulgamyndaky özgerişler. Salgytlar.** Ahemeniler tabyn edilen ýurtlary has netijeli edara etmek üçin täze dolandyryş ulgamyny girizipdir- ler. Dariý **I** b. e. öňki 518-nji ýylda tutuş döwleti 20 sany welaýatlara - satraplyklara bölüpdir. Emma satraplyk- lar öňküler ýaly ownujak welaýatlar bolman, eýsem boýun egdirilen döwletleriň ozalky çäklerinde döredilip- dir. Taryhy maglumatlara görä, parfiýalylar, horezmli- ler, sogdlar we ariýler bir satraplyga - 16-njy satraplyga

goşulypdyr. Satraplyklaryň başynda ahemenileriň nebe-relerinden bolan adamlar goýlup, olar özlerine ynanylan welaýatlarda ýolbaşçylyk edipdirler.



**Persepoldaky köşkdäki surat. Merkezi aziýaly paç töleýjiler**

Dariý I döwlet dolanyşygynda patyşadan soň iň ýokarky wezipe hazarpatu — müňbaşy bolupdyr. 01 ähli emeldarlaryň üstünden garaýan iň ýokarky gözegçi hasaplanypdyr, şeýle-de ol patyşanyň şahsy goragynyň serkerdesi wezipesini hem ýerine ýetiripdir.

Dariý I salgyt ulgamyny hem kämilleşdiripdir. Öň Ahemeniler döwletiniň düzümine giren ýerlerden ýöriş wagtynda alnan oljalar, sowgatlar bilen kaýyl bolan bolsalar, indi täze özgertmeleriň esasynda döredilen satraplyklar döwlete belli bir möçberde salgyt tölemeli bolupdyrlar. Gerodotyň berýän maglumatlaryna görä, Artakserks I-niň dolandyran döwrüne çenli patyşanyň / hazynasyna Yakyn Gündogaryň has ösen ýurdy bolan Wawilon 1000 talant (1 talant 30 kg töweregi kümüş) tölän bolsa, 16-njy satraplyk 300 talant töläpdir. Jemi 30 ýylyň dowamynda her satraplyk ýylda 250-360 talant salgyt töläpdir. Bir ýylyň dowamynda ýygnalan salgydyň umumy möçberi 7740 wawilon talantyna,

ýagny 232 tonna barabar kümüş bolupdyr. Mundan başga-da satraplyklar goşuna esger bermäge borçly edilipdir.

**Pul we harby özgertmeler.** Dariý I pul-haryt gatnaşyklarynyň ösmegi üçin pul özgertmesini geçiripdir. B. e. öňki 517-nji ýylda Dariý I ýeke-täk pul birligini girizipdir. Gyzyl pullary diňe merkezi hökümet zikge- län bolsa kümüş we mis pullary welaýat häkimlerine zikgelemäge ygtyýar berlipdir.

Dariý I döwründe Ahemeni döwletiniň esasy daýan- jy bolan goşunda hem özgertmeler geçirilipdir, goşunyň özenini parslar hem midiýalylar düzüpdir. Olar 20 ýaşdan başlap harby gulluga çekilipdirler. Goşun atly we pyýada goşundan ybarat bolupdyr. Ýokary serkerde wezipeleri diňe parslara tabşyrylypdyr. Basylyp alnan ýurtlarda gözegçilik üçin parslaryň goşun bölümleri ýerleşdirilipdir.

**Ykdysady gatnaşyklar. Oba hojalygy.** B. e. öňki I müňýyllygyň ortasynda Türkmenistanyň çäklerinde ykdysady taýdan ep-esli ösüş gazanylypdyr. Onuň aýratynlyklarynyň biri ilatyň oturymly we çarwa welaýatlara bölünmegi bolupdyr. Şol welaýatlaryň arasynda alyş-çalyş barha ösüpdir. Ekerançylyk ilaty- nyň ýaşan oazisleri ykdysadyýetde iň ähmiýetli hojaly- ga öwrülipdir. Ekin meýdanlary kanallaryň üsti bilen getirilen suw bilen suwarylýan ekeni. Şol kanallaryň galyndylary Horezmde we Margianada saklanyp galypdyr. 01 kanallardan kiçiräk ýanýaplar çekilip, şol ýaplar arkaly kanallaryň boýundaky ekin meýdanlary suwarylypdyr.

Margianada suwaryş ulgamy barha kämilleşipdir. Murgapda uly bentler gurlupdyr, olaryň gurluş aýra- tynlygy b. e. IX-X asyrlarynda bentler barada ýazan

alymlary geň galdyrypdyr, sebäbi şol bentleriň üsti bilen derýadan belentde durýan ýerleri suwaryp bolýar eken. Suwarylýan meýdanlarda bugdaý, jöwen, künji ekilipdir, alymlar gowaça hem ekilen bolmagy mümkin diýip çaklaýarlar.

**Söwdanyň ösmegi.** Bu döwürde söwda hem-de medeni gatnaşyklar ösüpdir. Dariý I-niň döwründe Horezm welaýatyny, Margianany, Köpetdag etegini Demirgazyk Eýran bilen birleşdirýän kerwen ýollary peýda bolupdyr. Söwda ýurduň içinde-de, goňşy welaýatlarda-da söwda merkezleriniň döremegine, olarda alyş-çalşyň ösmegine getiripdir. 01 merkezlere hojalyk gurallary, gap-gaçlar, mata önümleri çykarylypdyr. Bu bolsa sebitde haryt önümçiliginiň, pul dolanyşygynyň ösmegine, şäherleriň ulalmagyna, ilatyň köpelmegine oňaýly täsir edipdir.

Şäherlerde, hünärmentçilik ussahanalary köpelipdir. Ahemenileriň agalygy döwründe ýurduň merkezi we welaýat şäherlerinde söwda dolanyşygynda Dariý I-niň altyndan zikgelenen darikleri hem-de kümüş teňňeleri ulanylypdyr.

**Şäherler. Gadymy Merw (Erkgala).** Bisütün ýazgysynda Parfiýada iki şäheriň - Patigrabana we Wişpauzatiş şäherleriniň bolandygy agzalýar. Ahemeniler döwründe ilatly şäherleriň biri Sarahs bolupdyr. Bu şäheriň her tarapyny 300 metrden gowrak bolan gala diwarlary gurşapdyr. Galanyň içinde köp mukdarda ýaşaýyş jaýlary salnypdyr. Olaryň içinde ybadathanalar, şäheri dolandyryş edaralary bolupdyr.



ah^enüeriň
**altyn teňňesi**

Murgabyň orta akymlaryndaky derýa gollarynyň boýunda kiçeňräk oturymly obalar bolup, olarda içki gala (Erkgala) gurluşy boýunça aýratyn tapawutla- nypdyr. Erkgala ahemenileriň agalygynyň ilkinji ýyl- larynda uly berkitmä öwrülipdir. Onuň merkezinde beýikligi 15 m bolan belent gala gurlupdyr. Berkitmäniň içinde jemgyýetçilik ähmiýetli binalar salnypdyr we ol Orta Gündogarda uly şäherleriň birine öwrülipdir.

Ahemenileriň agalygy döwründe Demirgazyk Türk- menistanda uly şäherlerden Küýzeligyr, (Üalalygyr galalaryny görkezmek bolar. Şäherlerde ýaşan ilat küýzegärçilik, metal önümçiligi, dokmaçylyk bilen meş- gullanypdyr.

**Ahemeniler döwletiniň pese gaçmagy. B.** e.
öňki IV asyryň başlarynda Ahemeniler döwleti gowşap ugraýar. Döwlet günortada Müsürden başlap gündogarda Hindistana, demirgazykda bolsa Horezmden Pars aýlagyna çenli aralyklary öz içine alyp, köp sanly halklary özüne tabyn edipdir. Şol sebäpli bu döwle- te goşulan halklar öz garaşsyzlygy ugrunda göreşip gelipdirler. Ahemeni patyşasy Artakserksiň ýurdy do- landyran ýyllarynda (b. e. öňki 404-359 ý.) Horezm özbaşdak döwlete öwrülýär. B. e. öňki IV asyryň orta- laryndan başlap çarwa dah, sak we beýleki taýpalar hem ahemenileriň agalygyny ykrar etmän başlapdyrlar.

Ustesine-de, Ahemeni döwletinde tagt ugrunda göreş başlanyp, Ahemeniler döwletiniň merkezi häkimiýetini ymykly gowşadypdyr. Munuň özi satraplyklaryň dolan- dyryjy toparlarynyň içinde özbaşdaklyk meýilleriniň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr. B. e. öňki 330-njy ýylyň aýagynda Ahemeni döwleti syýasy we ykdysady

taýdan doly pese gaçýar we Aleksandr Makedonskiniň harby ýörişi netijesinde ýykylýar.

**Ahemeniler döwründe medeniýet.** Ahemeniler döwleti syýahatçylar we alymlar üçin açyk bolupdyr. Gadymy grek taryhçylary Gekateý, Gerodot, Demokrit we başgalar şu döwürde Gündogar ýurtlaryna syýahat edipdirler we grekleri Gündogar halklarynyň medeniýeti bilen tanyşdyrypdyrlar.

Ahemeniler döwletinde senenama girizilipdir. 01 1 ýyl -12 aýdan, her aý - 30 günden ybarat bolup, oňa ýene-de 5 gün goşulyp, 365 gün hasaplanypdyr. Merkezi Aziýa parfiýa, pars, sogd we horezm ýazuwlary ýaýrapdyr. Bu ýazuwlar Merkezi Aziýada we Eýranda arap hatynyň ornaşmagyna çenli saklanypdyr.

Merkezi Aziýanyň halklary bu döwrüň ajaýyp ýadygärlikleriniň, sungatynyň döremegine, onuň ösüşine öz goşantlarýn'y goşupdyrlar. Bisütün ýazgysynyň habar bermegine görä, Suzudaky köşgüň bezegi üçin gerek bolan altyn Merkezi Aziýadan - Baktriýadan, Sogddan, pöwrize daşy bolsa Horezmden getirilipdir.

Daglyk Altaýyň çarwa taýpalarynyň mazarlary gazylyp agtarylan mahalynda nepis halylar tapylypdyr. Onuň gölleri häzirki türkmen halylarynyň göllerine gabat gelýänligi bolsa, Merkezi Aziýada dokma we halyçylyk sungatynyň ýokary derejede ösendigine şaýatlyk edýär.
Bu döwrüň çeperçilik senediniň ösen derejesini «Amyderýanyň hazynasy» diýlip atlandyrylýan tapyndylar hem görkezýär. Bu hazynanyň düzü-



**«Amyderýanyň hazynasyndan» tapylan altyndan ýasalan araba**



Pazaryk halysy

minde altyndan, kümüşden, bürünçden ýasalan dürli şaý--sepleriň jemi 180 sanysy, altyn we kümüş teňňeleriň uly toplumy bar. Bu ýerde atlara tirkelen altyndan ýasalan arabajygy, adam heýkellerini, adamyň egin-eşikleriniň we ýaraglarynyň ähli aýratynlyklaryny özünde jemlöýän adamyň ýasy plastinkalara çekilen şekilini, ýylanyň ýa-da dag tekesiniň altyndan ýasalan kellejiklerini we ş. m. görmek bolýar.



Ahuramazda hudaýynyň şekili

**Bisütün ýazgylary. Dini ynançlar.** Türkmenistanyň gadymy taryhy boýunça esasy çeşmeleriniň biri-de - Bisütün ýazgylarydyr. Bisütün ýazgylary Dariý I-niň buýrugy boýunça şine şekilli hatyň dürli görnüşleri bilen gadymy pars (arameý), elam (mesopotamiýa) hem-de akkad (wawilon) dillerinde Midiýada gaýanyň ýüzüne oýulyp ýazylypdyr. Bisütün «Bagastana», ýagny «Hudaýyň ýeri» (Ahuramazda hudaýynyň ýeri) diýen manyny aňladypdyr. Soň-soňlar bu at şol töwerekde ýaşan ilat tarapyndan «bisütün» sözüne öwrülipdir. Bu gaýa ýazgylary Eýranyň



Bisütün ýazgylary

Hemedan şäherinden Siriýa tarap gidýän ýoluň bir gapdalynda ýerleşýär.

Yazgy şeýle sözler bilen başlanýar. «Men - Dariý, beýik patyşa, patyşalaryň patyşasy, Parsda, ýurtlarda patyşa, Wiştaspyň ogly, Arşamyň agtygy, Ahemenid». Yazgylarda Dariý I öz nesil daragtyny beýan edipdir. «Biziň urugymyzdan, menden ozal 8 patyşa bolup geçip- dir. Men olaryň dokuzynjysy» diýip ýazypdyr. Yazgylarda Dariniň haýsy ýurtlara ýöriş edendigi, nireleri basyp alandygy, nirelerde oňa garşy gozgalaňlar bolandygy, şol gozgalaňlary haçan we nähili basyp ýatyrandygy barada-da maglumat berilýär.

**1. Häzirki Türkmenistanyň ýerleri ahemenileriň düzü-
minde näçenji satraplyk (welaýat) hasaplanypdyr? 2. Da-
riý I nähili döwlet özgertmelerini geçiripdir, aýdyp beriň.
3. Ahemeniler döwründäki şäherleriň atlaryny aýdyp
beriň. 4. Ahemeni senenamasy barada näme bilýärsiňiz?**

## § 20. Aleksandr Makedonskiniň Orta Aziýa ýörişi



**Olimpiada. Aleksandr Makedonskiniň ejesi (altyndan guýlan şekil)**

**Harby ýörişleriň başlanmagy.** Aleksandr Makedoniýa ýurdundan bolandygy üçin ony Aleksandr Makedonskiý (makedoniýaly) diýip atlandyrypdyrlar. Aleksandr Makedonskiniň Gündogar ýurtlarynda ýörgünli ady Isgender Zülkarneýn bolupdyr.



**Filipp II. Aleksandr Makedonskiniň kakasy (altyndan guýlan şekil)**

Makedoniýa Gresiýanyň demirgazyk çetinde ýerleşen kiçiräk ýurt bolupdyr. Makedoniýanyň patyşasy Filipp II (b. e. öňki 359-336 ý.) Gresiýanyň ýerlerini özüne birikdiripdir. Filipp II patyşanyň oňat ýaraglandyrylan hem-de tälim berlen güýçli goşuny bolupdyr. 01 b. e. öňki 337-nji ýylda Gresiýadaky Korinf kongresinde Gresiýanyň iistünden Makedoniýanyň agalygyny hukuk taýdan kanunlaşdyrypdyr.

Şol wagtdan Filipp II ahemenilere garşy urşa taýýarlanyp başlapdyr. Emma Filipp öz goragçylarynyň biri tarapyndan öldürilipdir. Soňra goşun onuň 20 ýaşly ogly Aleksandry tagta geçiripdir. Aleksandr parslaryň Ahemeniler döwletine garşy urşa taýynlyk görüp başlapdyr. 01 goşunyň kämilleşmegine, ylaýta-da, atly goşuna uly üns beripdir.

Bu döwürde Ahemeni döwletinde tagt üstünde bolup geçýän agzalalyklar döwleti doly gowşadypdyr. Ustesine-de, ahemenileriň ýowuz sütemine garşy gozgalaňlar ýüze çykyp başlapdyr. Netijede, b. e. öňki 336-njy ýylda ahemenileriň iň soňky patyşasy Kodoman Dariý III ady bilen tagta (b. e. öňki 336—330 ý.) çykýar.



**Aleksandr bürünçden ýasalan heýkeli**

Ahemenileriň şu ýagdaýynda hem grek-pars urşy başlanypdyr. B. e. öňki 334-nji ýylyň ýazynda Granik deryasynyň kenarynda parslaryň J goşuny grek-makedon goşunlary tarapyndan ilkinji söweşde derbi-da-

gyn edilýär. Soňra Issa diýen ýerde bolan ikinji söweşde Dariniň goşuny ýene-de ýeňlişe sezewar bolýar. Bu söweşde Dariniň aýaly, 2 gyzy Aleksandra ýesir düşýär. Şondan soň Aleksandr Kiçi Aziýadan günorta tarap ugrapdyr. Siriýany, Palestinany basyp alýar. Tir şäherini basyp alyp, 30 müň adamy ýesir alýar. 01 söweşsiz Müsüri hem basyp alýar. Ozüni bolsa Müsüriň faraony diýip yglan edýär.

Soňra b. e. öňki 331-nji ýylyň ýazynda Aleksandr Derýaaralygyna tarap ugraýar. Taraplaryň ikisiniň hem goşunlary şol ýylyň oktýabr aýynda gadymy Ninewiýa şäheriniň ýakynynda, Gawgamel diýen obanyň eteginde aldym-berdimli söweşe girýär. Hüjüme geçen parslaryň atly goşunynyň köpüsi makedon atyjylary tarapyndan gyrylýar. Dariý III-niň günäsi bilen pars goşunlary ýene-de ýeňlişe sezewar bolýar. Dariý III söweş meýdanyny taşlap gaçyp gidýär. Aleksandr Wawilon, Suzy, Persepol şäherlerini hem basyp alýar. Bu şäherler grek-makedon goşunlary tarapyndan 7 günläp talanypdyr. Ýeňijileriň paýyna ahemeni patyşalarynyň ähli baýlygy - gaznasy düşüpdir. Aleksandr «Aziýanyň patyşasy» diýlip yglan edilipdir.

Pars goşunlary howlukmaçlyk bilen demirgazyk-gündogara tarap yza çekilipdir. Emma tiz wagtyň içinde Dariý III Baktriýanyň satraby (häkimi) Bess tarapyndan öldürilýär. Bess özüni patyşa diýip yglan edýär.

**Yerli ilatyň basybalyjylara garşy göreşi.** Aleksandr Orta Aziýa ýurtlaryny hem basyp almaga girişipdir. B. e. öňki 330-njy ýylyň ortalarynda Aleksandr Girka-



**Aleksandr Makedonskiý halypasy Aristotel bilen**



Issanyň etegindäki söweş.
B. e. öňki 333-nji ý.

niýany (Hazar deňziniň günorta-gündogar kenary) eýeleýär. Soňra ol Parfiýa tarap ýola düşüpdir. Parfiýa oňa hiç hili garşylyksyz boýun bolupdyr.

B. e. öňki 330-329-njy ýylyň gyşyny Aleksandr Parfiýada – Täze Nusaýda geçiripdir. Parfiýada bolan wagtynda ol ilkinji gezek başyna täç geýipdir we ýerli han-betgleri öz tarapyna çekmek üçin grek lybasy bilen gatyşyk Gündogar lybasyny geýipdir.

B. e. öňki 329-njy ýylda Aleksandr Makedonskiý Parfiýadan çykyp, Ariý satraplygyna ugrapdyr. Ariý sat- raby Satibarzan Aleksandra meýletin tabyn bolupdyr. Şonuň üçin Aleksandr Satibarzany Ariniň satraby we- zipesinde galdyrypdyr. Aleksandr gidenden soň Satibarzan Aride gozgalaň turuzýar we bu ýerde galdyrylan grek goşunyny ýok edýär. Bu habary eşiden Aleksandr 6 müň adamdan ybarat pyýada we 600 adamdan ybarat atly goşuny Ariý satraplygyna iberýär. Söweşde Satibarzan ýaralanyp wepat bolýar. Grek goşuny Ariniň paýtagty Artokoany weýran edipdir, adamlaryny bolsa gyrgyna beripdir. B. e. öňki 328-nji ýylyň ýazynda Aleksandryň goşuny Baktriýa aralaşypdyr. Muny eşiden Bess Amyderýadan geçip, demirgazyga tarap çekilipdir. Aleksandr Dariý III-niň aryny alýan adam hökmünde Baktriýa giripdir. Şol ýerde Bessiň öňki egindeşleri ony tussag edip, Aleksandra berýärler we Bess Aleksandr tarapyndan jezalandyrylyp öldürilýär.



Aleksandr Makedonskiniň şekili çekilen teňňeler

Öz goşunlaryny Amyderýadan geçirip, Aleksandr Marakanda (Samarkant) şäherine tarap hereket edipdir we ony eýeläpdir. Emma bu harby ýörişiň netijesinde taraplaryň ikisi hem köp ýitgi çekipdir. Şol ýörişiň netijesinde Aleksandr Yaksart (Syrderýa) derýasynyň kenaryna baryp ýetipdir.



Grek basybalyjylary bilen söweş pursady

**Spitameniň ýolbaşçylygyndaky gozgalaň.** Birnäçe wagt geçenden soň, grek-makedon agalygyna garşy Syrderýanyň (Yaksardyň) çep tarapyndaky şäherlerde gozgalaň turup başlaýar. Şeýle gozgalaňlar Baktriýada, Sog- duň başga ýerlerinde hem turup, basybalyjylara uly howp salyp başlaýar. Şeýlelik bilen, Merkezi Aziýa halklarynyň grek-makedon basybalyjylaryna garşy ählumumy göreşi başlanýar.

Başlanan halk gozgalaňyna Spitamen ýolbaşçy- lyk edipdir. Aleksandr Marakanda-da gozgalaňçylar tarapyndan gabalan goşun bölümine kömek üçin uly bolmadyk goşun iberýär. Bu goşun Marakanda go- laýlaberende, Spitamen gabawy aýryp, goşunlaryny yza çekipdir. Grek goşunlary yza çekilýänleri kowup başlapdyrlar. Amatly ýagdaý bolan badyna Spitamen garşylyklaýyn hüjüme geçip, grekleri çym-pytrak edipdir. Yerli ilatdan goldaw tapan Spitamen ikinji gezek Marakandy gabapdyr. Aleksandr esasy güýçleri bilen bu ýere gelende, Spitamen ýene-de çöle tarap çekilipdir.

B. e. öňki 328-nji ýylyň güýzünde Spitamen 3 müň atlysy bilen ýene-de Sogduň paýtagtyna tarap ugrap-


ALEKSANDR MAKEDONSKINIŇ IMPERIÝASY
B.e.öňki 336-njy ý. Makedoniýa patyşalygy
Makedoniýanyň golastyna geçen Grek şäher - döwletleri
Pars imperiýasy
B.e.öňki 334-325-nji ý. Aleksandr Makedonskiniň goşunlarynyň ýörişleri
Esasy söweşleriň bolan ýerleri
Aleksandr Makedonskiniň imperiýasyna giren ýerler
Aleksandr Makedonskiniň imperiýasynyň paýtagty
GARA DEŇIZ
ORTAÝER DEŇZI
GIRKAN (HAZAR) DEŇZI
Pella
Afiny
Sparta
Knt ad.
Kipr ad.
Tir
Issa
Memfis
MÜSÜR
Gawgamel
Ekbatany
MIDIÝA
Wawilon
PARFIÝA
Persepol
BAKTRIÝA
Marakanda
HINDISTAN
70°
333
332
331
330
324
325
326

dyr. Söweşde iki tarap hem uly ýitgiler çekenden soň, ol çöle tarap yza çekilýär, emma şol ýerde göçüp-go- nup ýören taýpalaryň serdarlary Spitameniň üstüne haýynlyk bilen çozup, onuň kellesini alypdyrlar we ony Aleksandra iberipdirler. Taýpa serdarlary şeýdip grek-makedon howpuny özlerinden sowmak isläpdir- ler.

Aleksandr Makedonskiý azatlyk söýüji sogdlaryň garşysyna ençeme gezek göreş alyp barmaly bolupdyr. Gazaply söweşleriň netijesinde şäherler we obalar ýumrulypdyr, ýerli ilatdan köp adamlar heläk bolupdyr. Taryhçylaryň ýazmaklaryna görä, Sogdda öldürilenleriň sany 120 müň adama ýetipdir. Aleksandr tarapyndan Merkezi Aziýa basylyp alnan döwründe Horezm öz garaşsyzlygyny saklap bilipdir.

Taryhçy '■ Arrianyň ýazmagyna görä, b. e. öňki 328-327-nji ýyllarda, Aleksandryň Baktriýada gyşlan döwründe Horezm şasy Farasman onuň ýanyna 1500 atlysy bilen gelip, eger Aleksandr Demirgazyk tarapa ýöriş etmekçi bolsa, horezmliler muňa azyk we ýola belet adamlary berip bilerler diýip aýdypdyr. Emma Aleksandr ýöriş etmekden ýüz öwrüpdir we olar bilen hem-de sak taýpalary bilen dostluk ylalaşygyny bagla- Şypdyr.

B. e. öňki 327-nji ýylyň tomsunda grek-makedon goşunlary Hindiguş daglaryndan geçip, Hindistanyň üstüne ýörişe ugrapdyrlar, emma Hindistana ýöriş Aleksandra üstünlik getirmändir. Şondan soňra Aleksandr Hindistanyň jümmüşine gaty aralaşman, Wawilona, öňki basyp alan ýerlerine tarap yzyna öwrülipdir.

Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi 10 ýyl (b. e. öňki 334-324 ý.) dowam edipdir.

**1. Aleksandryň parslar bilen ilkinji söweşi nirede bolup geçýär? 2. Gawgamel söweşi nirede we haçan bolupdyr? 3. Dariý Ill-iň Aleksandrdan ýeňilmeginiň sebäpleri barada gürrüň beriň. 4. Spitamen barada näme bilýärsiňiz, ol barada gürrüň beriň. 5. Häzirki Türkmenistanyň haýsy ýerleri Aleksandr tarapyndan basylyp alynmandyr?**

## § 21. Grek-makedon basybalyşlarynyň netijeleri

ч

**Grek-makedon basybalyşlarynyň netijeleri.** B.e. öňki 324-nji ýylda Aleksandr Wawilon şäherini öz imperiýasynyň paýtagty edip alýar. 01 täze basyp alan ýerlerinde öz häkimligini berkitmek üçin, ýerli han-beg- leri öz tarapyna çekmegiň zerurdygyna düşünipdir. Şonuň üçin ol öňki ýerli hökümdarlaryň, baýlaryň em- läklerini we mülklerini öz ellerinde saklamaga rugsat berip, olary öz tarapyna çekipdir.

Aleksandr boýun egdiren ýurtlarynda öz täsirini ni- ka gatnaşyklary arkaly berkitmäge-de çalşypdyr. Gadymy grek-rim taryhçylarynyň işlerinde berilýän maglu- matlara görä, Aleksandr Makedonskiý döwründe onuň ýokary mertebeli serkerdeleriniň 80-si ýerli begleriň gyzlaryna öýlenipdirler. Aleksandr Hindistandan ýö- rişden gaýdyp, Wawilona baranda onuň esgerleriniň 10 müňüsi hem ýerli gyzlar bilen patyşanyň hasabyna toý tutupdyrlar. Yerli ilatdan müňlerçe ýaş ýigitler grek-makedon goşunynda gulluk edipdirler. Merkezi Aziýada Aleksandr ýerli baýyň gyzy Roksana, onuň ser- kerdesi Selewk bolsa Spitameniň Apama diýen gyzyna öýlenýär. Şeýle ýollar bilen Aleksandr ýerli han-beg- leri öz tarapyna çekip, Günorta Türkmenistanda öz agalygyny pugtalandyrypdyr.

Aleksandr Makedonskiniň basybalyşlarynyň netijesinde, ahemenileriň agalygy grek-makedon agalygy bilen çalşypdyr. Aleksandryň yzyna eýelik eden selew- kileriň hökümdarlary ýurduň ykdysadyýetini dikeltmek bilen bolupdyrlar. Olar Gresiýadan, Makedoniýadan ellin ilatyny göçürip getiripdirler, şäherleri gurupdyr- lar. Sebitiň hojalyk aragatnaşyklary dikeldilip, söwda gatnaşyklary, pul dolanyşygy tertibe salnypdyr.

Aleksandr Sogdda, Baktriýada, Parfiýada, grek--makedon goşunlaryny ýerleşdiripdir. Emma Merkezi Aziýanyň çarwa taýpalary: dahlar, massagetler we saklar, şeýle-de horezmliler grek-makedon agalygyndan öz garaşsyzlygyny saklap bilipdirler.

**Grekleriň esaslandyran şäherleri. Margiana Aleksandriýasy.** Grek-makedon agalygyny berkitmek maksady bilçn, Aleksandr tarapyndan Merkezi Aziýada Aleksandriýa diýlip atlandyrylan birnäçe şäherler gurlupdyr. Olaryň arasynda Margiana Aleksandriýasy (häzirki Baýramaly etrabynyň töwereginde) salnypdyr. Bu şäherde 20 müň pyýada we 3 müňe golaý atly goşun ýerleşdirilipdir. Türkmenistanyň ýerlerinde Aleksandryň döwründe salnan gala-şäherleriň biri hem gadymy Merwdäki Gäwürgaladyr. Rim taryhçysy Kwint Kursiý grek-makedon goşunlarynyň Margiana gelen döwründe bu ýerde 6 sany gala-şäher salnandygy barada maglumat berýär. Gadymy Merwdäki meýdany 360 gektara barabar bolan Gäwürgala ýazuw çeş-melerinde Antiohiýa ady bilen ýatlanýan antik döwrüň şäheri bolupdyr. Antiohiýa - Margiana ykdysady taý- dan ösen şäherleriň biri bolup, Selewkileriň gündo- gardaky iň iri mülkleriniň birine öwrülipdir. Horez- me, Sogda we Eýrana gidýän esasy ýollar şu şäherden başlanypdyr. Şäheriň göni diwarlary, dört sany derwe- zesi we uly köçeleri bolupdyr.

## ALEKSANDR MAKEDONSKINIŇ GÜNDOGARA ÝÖRIŞI.
## ELLINISTIK DÖWLETLER (b. e. öňki 334-30-njy ý.)




MAKEDONIÝA — Döwletler
Halklar we taýpalar

(324) — B.e.öňki 324-nji ýyla çenli Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň çäkleri

WAWILON — Aleksandr Makedonskiniň jahan döwletiniň paýtagty

Türkmenistanyň ýerinde grek-makedon döwründä- ki şäherlerden we obalardan ellinistik häsiýetli ençe- me ýadygärlikleriň üsti açyldy. Aşgabadyň ýanyndaky Köne Nusaý galasyndan tapylan tapyndylaryň arasynda mermer daşyndan ýasalan aýal şekili we pil süňkünden ýasalan ritonlar - bulgurlar bar. Olaryň hemmesinde hem ellin medeniýetiniň täsiri mese-mälim duýulýar. Aleksandr Makedonskiniň Gündogara eden ýörişiniň, Türkmenistanyň antik döwrüniň medeniýetine we sun- gatyna täsiri juda uly bolupdyr.

**Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň darga- magy.** Aleksandryň ölümi baradaky habar Aziýanyň ýerli ilatynyň gozgalaň turuzmagyna getiripdir. B. e. öňki 323-nji ýylda Aleksandr ýogalan badyna häki- miýet onuň mirasdüşerleriniň eline geçipdir. Olaryň arasynda Alfeksandryň imperiýasyna eýe bolmak üçin özara göreş başlanypdyr, ýöne olaryň hiç birine-de ýokary häkimýeti eýelemek başartmandyr.

B. e. öňki 311-nji ýylda Aleksandryň serkerdeleri Selewkiň tarapdarlary bilen Ptolemeýiň tarapdarla- rynyň arasynda bolan uruşlaryň netijesinde, Aleksandryň oruntutary - ogly Aleksandr IV häkimlik ugrunda göreşýän toparlar tarapyndan öldürilýär. Netijede, Aleksandryň serkerdeleri Aleksandryň nesilşalygyny we onuň merkezleşdirilen döwletini saklamaklyk pi- kirinden el çekýärler. Aleksandryň imperiýasy onuň serkerdeleriniň arasynda paýlaşylýar. Netijede, bir- näçe özbaşdak döwletler emele gelýär. Olardan: Balkan ýarym adasynda Makedoniýa, Müsürde Ptolemeýleriň, Alynky Aziýadan başlap Eýranyň we Merkezi Aziýanyň esasy ýerlerini öz içine alan Selewkileriň döwleti, Kiçi Aziýada bolsa Pergam ýaly döwletler döräpdir.Taryh- da bu döwletler ellin döwletleri diýlip atlandyrylýar.


ELLINISTIK DÖWLETLER
(b. e. öňki III–II asyrlarda)
B.e.öňki 323-nji ý. Aleksandr Makedonskiniň imperiýasynyň çäkleri
Selewkileriň döwletine goşulan ýerler
Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň ýerinde dörän döwletleriň merkezleri
BOSPOR PATYŞALYGY
GARA DEŇIZ
FRAKIÝA
MAKEDONIÝA
Pella
Afiny
Sparta
ORTAÝER DEŇZI
Müsür
Aleksandriýasy
PTOLEMEÝLERIŇ PATYŞALYGY
Antiohiýa
Ierusalim
SELEWKILERIŇ PATYŞALYGY
MIDIÝA
Ekbatany
Persepol
GIRKAN DEŇZI
PARFIÝA PATYŞALYGY
BAKTRIÝA
Marakanda
Baktra
HINDISTAN
Aleksandr Makedonskiniň altyn teňňesi
Aleksandr Makedonskiniň


G?

Sebäbi grekler özlerini ellinler diýip atlandyrypdyrlar, ellinizm sözi hem şol atdan gelip çykypdyr. Sebäbi Aleksandryň basybalyjylykly uruşlarynyň netijesinde basylyp alnan ýurtlara köp sanly mekedon hem grek adamlary göçüp gelipdirler we kem-kemden ýerli halk- lar bilen garyşyp-goşulyp gidipdirler. Olar biri-biriniň däp-dessurlaryny, medeniýetini hem kabul edipdir- ler. Şonuň üçin, grek medeniýeti bilen ýerli halklaryň medeniýetiniň biri-birine eden täsiri netijesinde emele gelen medeniýete ellinistik medeniýet diýlipdir.

**Aleksandr Makedonskiniň taryhy keşbi.** Aleksandr Makedonskiý bary-ýogy 33 ýaşapdyr. On ýylyň içinde ol dünýäniň köp ýerlerini boýun egdiripdir. 01 parasatly Aristoteliň şägirdi bolupdyr. Onuň edermenligi baradaky gürrüňler uzaklara ýaýrap, rowaýata öwrülipdir. Onuň doglan gijesi Efes şäherinde, dünýäniň ýedi sany täsinligi- niň biri bolan Artemida ybadathanasy otlananmyşyn diýip habar berýärler. Şol rowaýata görä, Aristotel ýaş Aleksandra älemde Yer togalagy ýaly dünýäleriň köpdügini aýdypdyr. Aleksandr bu gürrüňi eşidip: «Men olaryň ýeke- jesine-de eýelik edemok» diýip tukatlananmyş.

Dariý III bilen bolan birinji söweşde Aleksandr ýeňipdir. Dariý Aleksandra ýaraşygy we öz baýlygynyň ýaryny teklip edipdir. Garry serkerde Parmenion: «Men Aleksandr bolsam razylaşardym» diýipdir. Aleksandr bolsa «Menem Parmenion bolan bolsam razylaşardym» diýip jogap beripdir. «Asmanda iki sany Gün bolup bil- mez, ýa boýun eg, ýa-da uruş» diýip, Aleksandr ahemeni patyşasyna hat ýollapdyr. Şöweşiň edil öň ýanynda Dariý Aleksandra ýene-de öz patyşalygynyň ýarysyny we ýene-de köp baýlyk teklip edipdir. Aleksandr oňa: «Sen eýýäm özüňe degişli däl zady maňa teklip edýärsiň» diýip aýdypdyr.

Taryhy maglumatlar, saklanyp galan rowaýat- lar Aleksandr Makedonskini edermen serkerde, şeýle hem pähimli hökümdar hökmünde häsiýetlendirýärler. Aleksandryň hindi akyldarlary bilen geçiren söhbetdeşliginden mysallar: Sorag: «Dünýäde ölüler köpmi ýa-da diriler?». Jogap: «Diriler, sebäbi ölüler indi ýok». Sorag: «Haýwanlaryň iň mekiri?». Jogap: «Entäk adama duş gelmedigi». Sorag: «Olüm güýçlümi ýa-da ýaşaýyş.» Jogap: «Ýaşaýyş, sebäbi onda hupbat kän.» Sorag: «Adama haçan ölmek gerek?» Jogap: «Olüm ýa^aýyşdan ýagşyrak bolan mahaly».

**1. Aleksandr haýsy ýyllarda ýaşap geçipdir, onuň ka-**
**kasyna kim diýýärler? 2. Aleksandr Makedonskiý Mer-**
**kezi Aziýada ýerli han-begleri öz tarapyna çekmek üçin nähili syýasat ýöredipdir? 3. Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişiniň taryhy netijelerini aýdyp beriň. 4. Kwint Kursiý kim bolupdyr? 5. Aleksandr Makedonskiniň guran döwleti haýsy döwletlere bölünipdir, sanap beriň.**

## § 22. Türkmenistan Selewkiler döwletiniň döwründe

**Selewkiler döwletiniň döremegi.** Aleksandr Makedonskiý aradan çykandan soň, onuň imperiýasy dar- gaýar. Onuň serkerdeleriniň biri Selewk Wawilonda pug- ta ornaşýar. Soňra onuň ýerleri Baktriýany hem öz içine alyp, Hindistana çenli baryp ýetipdir. Özara göreşleriň netijesinde selewkiler b. e. öňki 312-nji ýylda täze Selewkiler döwletiniň düýbüni tutýarlar. Selewk I (b. e. öňki 312-281 ý.) häkimlik eden döwrüniň ilkinji on ýylynda öz häkimiýetini günbatara hem-de gündogara tarap giňeldýär. Emma Merkezi Aziýada

Oňa Baktriýany, Parfiýany we Sogdy uly kynçylyklardan soň, özüne tabyn etmek başardýar.



Selewk I Nikator

Selewk I-niň Demirgazyk Hindistany basyp almak synanyşygy puja çykypdyr. Yöne onuň döwleti ägirt uly giňişlikleri öz içine alypdyr. Emma döwletiň gündogar serhetleri üns berilmegini talap edensoň, ol b. e. öňki 292-nji ýylda öz ogly Antiohy Gündogarda häkim edip goýmaga mejbur bolýar. Antioh Selewk I-niň Spitameniň Apama atly gyzyndan bolan ogludyr.

**Antioh I we onuň özgertmeleri.** Antioh I ýurdy dolandyran ýyllarynda (b. e. öňki 281-261 ý.) Margianada, Ariý welaýatynda gurluşyk işleri giňden ýaýbaňlandyrylypdyr. Gadymy grek geografy Strabonyň ýazmagyna görä, gadymy Merwiň mes topragynyň hasyllylygyna haýran galan Antioh I ol ýerde Antiohiýa şäheriniň düýbüni tutupdyr. Onuň harabaçylygy häzir Gäwürgala ady bilen Baýramaly şäheriniň 3-4 km demirgazygynda ýerleşýär.

Soňra tutuş oazisiň demirgazyk, gündogar hem-de günbatar taraplaryny berkitmek maksady bilen, ol uzynlygy 250 km bolan gorag diwaryny gurdurypdyr. Bu gorag diwarlaryny gurmak bilen Antioh I Merw oazisini çarwa taýpalaryň çozuşyndan we ekerançylyk ýerlerini ürgün çägäniň süýşmeginden gorap saklamagy maksat edinipdir. Antioh I-niň döwründe Murgap derýasynyň ýokary akymlarynda ýene



Selewk I we onuň ogly Antioh I-niň döwrüniň teňňesi



Antioh I-niň teňňesi

bir Antiohiýa şäheri gurlupdyr. 01 häzirki Tagtabazar etrabynyň Merwerut atly orta asyr şäheriniň töwereginde ýerleşipdir. Şol wagtlar arileriň paýtagty Artokoanada hem uly gurluşyk işleri alnyp barlypdyr.

Bu döwürde altyn we kümüş çaýylan pullar zikgelenipdir. Olaryň ýüzünde Aleksandr Makedonskiniň şekili ýerleşdirilipdir. Şonuň bilen birlikde Selewk I öz suraty çekilen pullary hem çykardypdyr.

Antiohyň zamanynda dolandyryş özgertmeleri geçiri- lip, uly welaýatlaryň ýerine ownuk dolandyryş birlikleri döredilipdir. Mysal üçin, ozalky Parfiýa welaýatynyň ýe- rinde täze Astawen, Parfiýan we Apawarktiken atly we- laýatlar döredilipdir. Bu özgertmäniň esasy maksady ba- sylyp alnan ýurtlarda dolandyryşy ýeňilleşdirmek, salgyt ýygnamagy guramak we uly welaýatlarda häkimleriň se- lewkilerden bölünip aýrylmak meýliniň öňüni almaklyga gönükdirilipdir.

**Hojalygyň ýagdaýy. Şäherleriň, hünärmentçi- ligiň we söwdanyň ösmegi.** Selewkiler döwründe Türkmenistanyň ýerinde oba hojalygy, senetçilik hem-de söwda ösüpdir. Goňşy ýurtlar bilen söwda gat- naşyklaryny alyp barypdyrlar. Ekerançylykda, maldar- çylykda, hünärmentçilikde ýokary hilli önümler öndü- rilipdir. Şäher önümçiligi ösüpdir, bazarlar bol harytly bolupdyr. Margiana, Parfiýa we Horezm öz önümleri bilen şöhratlanypdyr.

Gadymy Merwde şol wagtlar Margiana Antiohiýasy şäheri oazisiň dolandyryş merkezine öwrülipdir. Bu se- bitde b. e. öňki IV-III asyrlarda Murgap derýasynyň

boýunda uly suw howdany gurlupdyr, orta asyrlarda bu howdanyň ýerinde Soltanbent bendi gurlupdyr.

Horezmde hem suwaryş üçin örän köp kanallar çekilipdir. Bu ýerde Yanbaşgala we Bazargala ýaly uly gadymy şäherler gurlupdyr. Horezme degişli bolan Galalygyr diýen gadymy şäherden we Horezmiň sag tarapynda ýerleşen Goýungyrlan galadan b. e. öňki IV-III asyrlara degişli tapyndylar senetçiligiň ösendigini görkezýär. Merkezi Aziýada täze şertlerde ösen şäherlerde senetçiligiň we söwdanyň ösmegi haryt önümçiliginiň we dolanyşygynyň giňelmegi bilen bagly bolupdyr.

Senetçiligiň ösmegi bilen daşary we içeri söwdanyň ähmiýeti hem güýçlenipdir. Selewkiler onlarça ýyllaryň dowamynda şäherleri, gala berkitmelerini, söwdany, ekerançylygy ösdüripdirler. Olar bu welaýatlarda özleriniň häfkimiýetini pugtalandyrmaga, ilaty öz tarapyna çekmäge çalşypdyrlar. Bu döwürde Günorta Türkmenistanyň üstünden Hindistany we Baktriýany birikdirýän söwda ýollary geçipdir. Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň şäherlerini Alynky Aziýanyň şäherleri bilen birikdirýän uly halkara söwda ýollarynyň geçmegi sebitiň ykdysadyýetiniň ýokary göterilmegine getiripdir. Bu döwürde Sogdda we Baktriýada altyn we kümüş pullar çykarylyp, olar söwda dolanyşyklary üçin ulanylypdyr. Emma Parfiýanyň, Margiananyň we Baktriýanyň hojalygynyň ýokary göterilip başlamagy, olaryň syýasy özbaşdaklyga ymtylmaklaryna getiripdir.

**Selewkilere garşy göreşiň güýçlenmegi. Garaş- syz döwletleriň döremegi.** Selewki patyşalary gün- batarda, ýagny Müsürdäki Ptolemeýleriň döwleti bilen agyr hem uzak wagtlap dowam eden göreşe girişipdirler. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp, Merkezi Aziýanyň ýerli hökümdarlary merkezi häkimiýete barha garaşsyz



**Baktriýanyň satraby Diodot I-niň teňňesi**

bolup ugrapdyrlar. Patyşa Antioh II (b.e. öňki 261-247ý.) döwründe Baktriýanyň hökümdary Diodot b. e. öňki 256-njy ýylda, Parfiýa hökümdary Andragor Selewkiler döwletinden bölünip aýry- lyp, özlerini özbaşdak diýip yglan edýäfler we täze patyşalyklary esaslandyrýarlar. Şeýlelik bilen, selewkileriň gündogar sebitlerinde iki sany özbaşdak döwletler emele gelýär.

B. e. öňki 237-nji ýylda Selewk II elden gideren gündogar welaýatlaryny, şol sanda garaşsyzlygyny ýaňy alan Parfiýany eýelemek maksady bilen, öz goşunlaryny gündogara tarap sürüpdir. Emma parfiýalylar Selewk II-niň goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler.

B. e. öňki 209-njy ýylda selewkileriň şasy Antioh III hem özleriniň gündogardaky ýerlerinde agalygyny dikeltmeklige synanyşyk edipdir. Antioh III 100 müň pyýada, 20 müň atly goşun bilen parfiýalylara garşy ýörişe başlapdyr. Parfiýalylar mertlik bilen garşylyk görkezipdirler, emma duşmanyň agdyklyk edýän güýjü- ne hötde gelip bilmändirler. Olar öz ýerleriniň bir bölegini ýitiripdirler we selewkiler bilen ylalyşyk baglaşmaga mejbur bolupdyrlar, ýöne öz garaşsyzlyklaryny saklap galypdyrlar.



**Antioh III**

**1. Haçan we näme sebäpli Selewk I öz ogly Antiohy Gündogaryň hökümdary edip belläpdir? 2. Antiohyň Mer-**

**kezi Aziýa halklary bilen nähili baryndaşlygy bolupdyr? 3. Antioh I-niň şäher gurluşyk işlerini häsiýetlendiriň. 4. Antioh näme sebäplere görä satraplyklaryň çägini kiçeldipdir? 5. Yerli ilatyň öz garaşsyzlygy üçin selewkilere garşy göreşi we onuň netijeleri barada gürrüň beriň.**

## § 23. Parfiýa döwleti

**Parfiýanyň özbaşdaklygyny gazanmagy.** Günorta Türkmenistan gadymyýetiň kuwwatly döwletleri- niň biri bolan Parfiýa patyşalygynyň dörän ýeridir. B. e. öňki III asyryň ortalarynda Selewkiler döwleti gowşap başlaýar. Selewki patyşalygynyň Baktriýadaky dik- mesi Diodot, Parfiýadaky satraby Andragor bolupdyr. Bular bölünip aýrylyp, özlerini özbaşdak hökümdarlar diýip yglan edipdirler. Şeýlelikde, Baktriýa topragynda Diodotyň ýolbaşçylygynda, başynda sap grekler duran özboluşly Grek-Baktriýa patyşalygy emele gelipdir. Parfiýa hökümdary Andragoryň ýolbaşçylygynda bolsa Parfiýa patyşalygy emele gelýär. Emma Andragor hä- kimligi öz elinde uzak wagt saklap bilmändir.

B. e. öňki III asyryň birinji ýarymynda Garagumuň jümmüşthde göçüp-gonup ýören çarwalar (parnlar-par- lar, dahlar we beýlekiler) Günorta Türkmenistana tarap süýşüp başlaýarlar. Olar ilki häzirki Türkmenistanyň Bereket, Serdar, Baharly etraplaryna (Parfiýena) ara- laşýarlar. Gaýduwsyz çarwalar tiz wagtyň içinde oturymly parfiýalylar bilen gatyşyp-garyşypdyrlar. Emma göçüp-gonup ýören parn taýpalary gozgalaňa başlaýarlar. Parn taýpalarynyň serdary Arsak goňşy grek-baktriýa patyşasy Diodot II bilen ylalaşyk baglaşyp, selewkilere berk zarba urýar. Söweş tamamlanmanka, Siriýadan



Ärsak I Parfiýa halk lybasynda

köşk oňşuksyzlygy hakynda howsalaly habar gelensoň, Selewk II yzyna Siriýa gitmeli bolýar.

Ärsak emele gelen ýagdaýdan oňat peýdalanypdyr we b. e. öňki 247-nji ýylda selewkileriň elinden döwletiň gündogar bölegini basyp alýar we özbaşdak Parfiýa döwletini döredýär. Parfiýa döwleti b. e. öňki II—I asyrlarda Gündogaryň uly, ykdysady hem'medeni taýdan ösen döwletleriniň biri bolupdyr. Şol bir wagt- da hem Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň arasynda möhüm söwda merkezi bolup hyz- mat edipdir. Bu döwlet 471 ýyl ýaşapdyr.

**Arsak şa.** Taýpa serdary Ärsak patyşa diýlip yglan edilipdir. Parfiýa ýyl ýazgylarynda b. e. öňki 247-nji ýyldan başlap «Arsakylar asyry» başlanýar. Ärsakylar nesli Parfiýa döwletini ahyryna çenli dolandyrypdyrlar. Türkmen dilinde «ärsak» sözi hakyky mert, batyr, («ar, är») we goragçy, sakçy («sak», «sakla») sözlerinden ybarat bolupdyr. Türkmenlerde gujurly, batyr, edermen, mert adamlara serdar adyny beripdirler.

Grek geografy Isidor Harakskiniň (b. e. öňki II asyr) maglumatlarynda şeýle setirler bar: «Ärsak I Asaak şäherinde patyşa diýlip yglan edildi. Müdimilik oduň öňünde başyna şalyk täji geýdirildi, soňra Nusaýa baryp ornaşdy».

**Selewkiler bilen çaknyşyklar we döwletiň dö- redilmegi.** Parfiýa patyşalary eýýäm Ärsagyň döwründen başlap täze ýurtlary basyp almak ugrundaky göreşe girişipdirler.

B. e. öňki 239-njy ýylda Selewk II-niň Müsüri do- landyryjy Ptolemeýler bilen ýaraşyk baglaşmagy, onuň


TÜRKMENLERIŇ BEÝIK PARFIÝA DÖWLETI
Hazar deňzi
Gara deňiz
Aral deňzi
Pars aýlagy
SKIFIÝA
GEDROZIÝA
Hind
Kaşgar
Taksila
Demetriýa-Patala
Daşkent
Marakanda (Samarkant)
Buhara
Baktra
Katpiz (Begram)
Antiohiýa (Merw)
Aleksandriýa (Hyrat)
Fra (Fara)
Kuhe-Hoja
Dara
Nusaý
Aşak
Kerman
Garmoziýa
Gökatompil
Darabgut
Persepol
Şytar (Stahr)
Tangi-Sarwak
Simbar
Garbi
Kum
Hura
Bardi-Nişand
Sami
Haraks
Suzy
Nippur
Orhaý-Uruk
Wawilon
Laodikiýa (Nihawand)
Bisütün Konhobar (Kangawar)
Ekbatana (Hemedan)
Şiz (Stahtı-Süleýman)
Töwriz
Artaksata
Araks
Tegranokert
Hisibin
Sarypul
Ktesefon
Wologeziýa
Hatra
Dura Ýewropos
Edessa
Zewgma
Antiýohiýa
Pahura
Nimrud-Dag
Petra

Gündogara tarap ýöriş etmegine mümkinçilik berip- dir. Emma selewkileriň bu ýörişi ilkibaşlarda şowly bolan hem bolsa, Parfiýanyň ilaty soňky söweşlerde selewkilerden üstün çykypdyrlar. Parfiýa döwleti erne- le gelenden soň, onuň patyşalary b. e. öňki III asyryň ahyrlarynda Günbatar tarapa basybalyjylykly ýörişe başlapdyrlar. Şeýlelikde, Parfiýa kiçiräk döwlet bolan- lygyndan giňäp, uly döwlete öwrülip başlaýar. Selewki- ler döwleti bolsa pese gaçyp, has gowşaýar.

Parfiýa Tridat patyşanyň döwründe ilki <bilen öz goňşusy Girkaniýany (Hazaryň günorta-gündogar ke- nary) birikdirýär. Tridat Selewkiler we Grek-Batri- ýa döwletleri tarapyndan hüjüm edilmeginden howa- tyrlanypdyr. Şonuň üçin ol uly goşun döredipdir. Parfiýalylaryň bu hereketi selewkilere ýaramandyr. Sebäbi selewkiler öz döwletiniň öňki kuwwatyny dikelt- mek isläpdir, emma ol başa barmandyr. Şondan soň Selewkiler döwleti birnäçe ownujak döwletlere bölünipdir.

**Parfiýa döwletiniň kuwwatynyň artmagy we gülläp ösmegi. Mitridat I we Mitridat II.** Artaban I-niň (b. e. öňki 211-196 ý.) patyşalyk eden döwründe Parfiýa döwletiniň ýerleri giňäp has kuwwatlanypdyr, Midiýa basylyp alnypdyr. Emma b. e. öňki 209-njy ýylda Parfiýa selewkileriň güýçli garşylygyna duçar bolupdyr. Parfiýalylar uzak wagtyň dowamynda selewkileriň gar- şysyna uruş alyp barmaga m«jbur bolupdyrlar.

Mitridat I-niň (b. e. öňki 171-138 ý.) dolandyran ýyllarynda Parfiýa uly döwletleriň birine öwrülýär. Şu döwürde Grek-Baktriýa patyşalygynda häkimiýet ug- runda özara göreş gidipdir. Şol ýagdaýda Mitridat I-niň b. e. öňki II asyryň ortalarynda Grek-Baktriýa patyşalygynyň ýerlerinden iki sany welaýaty (satraplygy) basyp alýar. Mitridat I soňra selewkilere garşy ýörişe

başlaýar. Parfiýalylaryň hüjümini yza serpikdirmek selewkilere başartmandyr. Şeýlelikie, parfiýalylar selewkilerden iistün çykypdyr. Mitridat I-niň ýolbaşçylygynda Parfiýa döwletine Margiana we Baktriýadan uly bolmadyk 2 sany welaýat — satraplyk (Maşat bilen Hyradyň aralygy) birikdirilýär. Günbatarda bolsa Midiýanyň ýerleri eýelenýär. Mitridat I-niň häkimligi Derýaaralygynyn çaklerme hem ýetipdir. B. e. öňki 141-nji ýylda ol özüni Wawilonyň patyşasy diýip yglan edipdir. Mitridat I-ä «beýik» diýen dereje>berlipdir. Mitridat I döwleti has-da pugta- landyryp, Parfiýa döwletini arşa çykarmak maksady bilen, döwletiň paýtagtyny Gekatompilden Ekbatana ge- ;irýär. Şeýlelikde, Parfiýa Mitridat I döwründe Orta we Ýakyn Gündogaryň ägirt uly döwletine öwrülýär.



**Bürgüdiň altyn çaýylan heýkeljigi. Köne Nusaý, b. e. öňki II asyr**

B. e. öňki 130-129-njy ýyllarda Mitridatyň ogly Frat II (b. e. öňki 138-129/28 ý.) selewkilere garşy göreşde sak taýpalaryny kömege çagyrypdyr. Eger-de ýeňiş gazansa, harby oljadan berjekdigini aýdypdyr. Saklar birbada parfiýalylaryň çakylygyna gelmändirler. Emma parfiýalylar selewkilerden üstün çykandan soň, saklar olardan olja talap edipdirler. Frat patyşa olja bermekden boýun towlapdyr. Saklar gahar edip parfiýalylaryň şäherlerini talapdyrlar. Pitneçi saklara garşy göreşde patyşa Frat II heläk bolupdyr. Parfiýalylar sak taýpalaryna bir welaýaty bölüp bermäge mejbur bolupdyr. 01 welaýat taryhda «Sakystan (Seýistan)» ady bilen bellidir.

B. e. öňki 123-nji ýylda Parfiýa tagtyna Mitridat II geçip, ol ýurdy b. e. öňki 87-nji ýyla çenli dolandyryp, Parfiýa döwletini iň güýçli döwlete öwrüpdir. Mitridat II «Patyşalaryň patyşasy» adyny alypdyr. 01 Parfiýa goşunynda özgeriş geçiripdir, agyr ýaraglanan atly goşuny giňden ulanypdyr. Atlylaryň endamy şelpeli sowut bilen örtülipdir, kellelerine gupba şekilli tuwalga geýdirilipdir. Atlaryň göwresi hem şelpelerden örülen torlar bilen örtülipdir. Atlaryň demirden maňlaýlyklary bolupdyr. Hut şeýle esbaply bedewler bilen Mitridat II sak taýpalaryny boýun egdiripdir. Sakystan Parfiýa birikdirilýär. Mitridat II döwründe Parfiýa döwletine Ermenistanyň bir bölegi goşulýar. Mitridat II döwründe häzirki Eýranyň we Derýaaralygynyň ýerleri hem Parfiýa birikdirilýär. Netijede, Mitridat II döwründe parfiýalylar Rimiň gündogar serhetlerine baryp ýet- ýärler. Rim hökümdary Korneliý Sulla Parfiýa bilen
şertnama baglaşypdyr. Şertnama görä bu döwletleriň
/
serhedi Yewfrat derýasy diýlip ykrar edilipdir. Parfiýa Rim we Hytaý bilen hem diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar. Şeýlelikde, Mitridat II dünýä taryhynda gün- dogarda Hytaý bilen, günbatarda Rim bilen gatnaşyk eden ilkinji hökümdarlaryň biri bolupdyr.

**1. Parfiýa döwleti haýsy äöwlete garşy göreşip özbaşdak boldy? 2. Parfiýa döwletiniň düýbüni tutan kim bolupdyr?**
**3. Mitridat I Parfiýa döwletiniň günbatar çäklerini nirä ýetiripdir? 4. Mitridat Il-ä nähili at-dereje berlipdir?**
**5. Kartadan Parfiýa döwletiniň düzümine giren ýerleri görkeziň.**

## § 24. Parfiýa döwletiniň daşary syýasaty

**GADYMY PARFIYA DOWLETI**

**(b. e. öňki III – b. e. III asyrlary)**




**Parfiýanyň daşary syýasaty.** Parfiýa hökümdar- lary günbatarda Wawilony, Derýaaralygyny birikdirip, gündogarda bolsa Päkistanyň häzirki ýerlerine çenli baryp ýetipdirler. Emma döwletiň çäkleri mydama bir durşuna durman, üýtgäp durupdyr.

Parfiýa döwletiniň gülläp ösen döwri patyşa Orod I-niň (b. e. öňki 55-38/37 ý.) döwri bolupdyr. Onuň döwründe döwletiň paýtagty has aňryk Tigr derýasynyň çep kenaryndaky Ktesifon şäherine geçirilýär.

Günbatarda Parfiýanyň dürli döwürlerde üç sany paýtagt şäherleriniň (Gekatompil, Ekbatan, Ktesifon) bolmagy, döwletiň syýasy durmuşynyň günbatara ge- çendigini aňladýar. Parfiýa patyşalary esasy ünsi gün- batar serhetlerine berip, rimliler bilen serhedini ber-

kidipdirler. Şol sebäpli ärsakylaryň gelip çykan öz ýurtlary Parfiýa döwletiniň bir çeti bolup galypdyr. Bu ýagdaý Parfiýanyň ösüşini haýalladypdyr we kem-kemden onuň gündogar sebitleriniň peselmegine getiripdir.

**Parfiýa-rim uruşlary. Karry (Harran) söweşi.**

Parfiýa öz döwründe dünýäniň iň güýçli döwletleriniň — günbatarda Rim imperiýasynyň, gündogarda Kuşan döwletiniň gazaply bäsdeşi bolupdyr. B. e. öňki 65-nji ýylda Parfiýanyň Rim bilen ilkinji çaknyşygy bolup geçýär. Bu çaknyşyk uzaga çeken parfiýa-rim urşunyň başyny başlapdyr. Bu iki döwletiň güýçli goşunlarynyň barlygyna garamazdan, hiç biri-de gutarnykly ýeňiş gazanyp bilmändir. Netijede, Parfiýa bilen Rimiň serhedi Yewfrat derýasy bolup galypdyr.

Parfiýa patyşasy Orod I ýurdy dolandyran döwründe Parfiýa-Rim gatnaşyklary has ýitileşýär. B. e. öňki 53-nji ýylynda Karry şäheriniň golaýynda (häzir Türkiýäniň Harran şäheri) Rim serkerdesi Mark Krass bilen Parfiýa serkerdesi Süreniň arasynda uly söweş bolup geçýär. Oňa taryhda Karry söweşi diýlip at berlipdir. Bu söweş barada gadymy grek taryhçysy Plutarh (b. e. 46-120 ý.) öz ýazgylarynda jikme-jik beýan edipdir. Rim serkerdesi Mark Krassyň-goşuny 42000 adamdan ybarat bolupdyr. Parfiýa patyşasy Orod I Krassa dawany parahatçylykly ýol bilen çözmegi teklip edipdir. Krassyň serkerdeleriniň birnäçesi bu urşa garşy çykypdyrlar, emma Krass diňe öz diýenini tutupdyr. Ermenistanyň patyşasy



**Parfiýa esgeriniň kel- lä geýen tuwulgasy. Köne Nusaý**

Artabaz bolsa Krassy goldajakdygyny aýdypdyr we demirgazyk tarapdan Parfiýa çozmagy meýilleşdiripdir. Artabaz oňa goşun kömegini berjekdigini hem aýdypdyr.

Söweşe parfiýalylar hem ykjam taýýarlanypdyrlar. Parfiýalylar rimliler bilen ýüzbe-ýüz bolmakdan gaçyp, ilkibada surnukdyryjy gaça uruş alyp barypdyrlar. Parfiýa şasy Orod I öz goşunyny ikä bölüp, onuň bir böle- gini Ermenistana tarap ugradypdyr. Beýleki topary bolsa rim goşunynyň garşysyna çykarypdyr. Parfiýa serkerdesi Süren batyrlygy, edermenligi we zehinliligi bilen öz döwürdeşleriniň arasynda meşhur bolupdyr. Onuň goşunynyň esasy bölegi demir sowut geýnen atly goşundan ybarat bolupdyr. Demir tordan örülen sowut- lar söweş atlarynyň hem bedenini örtüpdir. Merwli ýa- rag ussalary tarapyndan ýasalan Parfiýa harby esbap- lary özleriniň ýokary hilliligi bilen rimlileri haýran galdyrypdyr. Rim ýazyjylary parfiýalylaryň ýyndam we çydamly atlaryny öz işlerinde wasp edipdirler.

Rim goşuny üç bölege bölünipdir. Merkezi bölegine Mark Krassyň özi ýolbaşçylyk edipdir. Söweş gazaply bolupdyr. Rimlileriň garşysyna parfiýalylar agyr ýa- raglanan atlylaryny çykarypdyrlar. Atlylaryň galan bölegi bolsa söweş nyzamyna düzülmezden, duşmanyň daşyna halkalaýyn aýlanypdyrlar. Dar ýere gabalan rimliler biri-biri bilen çakyşyp, duşman tarapyndan ur- lan zarba çydam edip bilmän heläk bolupdyrlar. Parfiýalylar uly ýeňiş gazanypdyrlar. Krassyň özi hem söweşde ölüpdir.

Karrynyň etegindäki söweşde rimlileriň goşuny derbi-dagyn edilipdir, olaryň 10 müňüsi ýesir alnypdyr we Margiana welaýatyna äkidilipdir. Yesirler şol ýerde onlarça ýylyň dowamynda dürli işlerde işledilipdir.

Bu ýeňişden soň imperiýanyň serhetleri günbatara tarap süýşüpdir. Emma soňra halkara ýagdaýy sebäp- li, parfiýalylar rimliler bilen kyrk ýyllyk (b. e. 122-162 ý.) «hoşniýetli» ýaraşyk hem baglaşypdyrlar.

**Parfiýanyň Kuşan, Hytaý bilen gatnaşyklary.** B. e. öňki 30-njy ýyllardan başlap Parfiýa gowşap baş- laýar. Parfiýanyň bir bölegi Kuşanlar döwletiniň eline geçýär. B. e. I—II asyrlarynda döwletiň gündogar çet- lerinde Merkezi Aziýa çarwalarynyň tolgunyşyklary ýüze çykypdyr. Köp ýerlerde gozgalaňlar tiirupdyr. 01 gozgalaňlary basyp ýatyrmak parfiýalylara ýeňil düşmändir. Şeýle hem Parfiýa günbatarda Rim im- periýasyna garşy birnäçe gezek urşa giripdir. Şol bir wagtyň özünde çarwa sak taýpalary hem Parfiýa garşy öz çozuşlaryny dowam etdiripdirler.

Bu döwürde Parfiýa döwletinde birnäçe netijeli dip- lomatik çäreler işlenilip düzülipdir. Parfiýa Hytaý bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga çalşypdyr. Şeýle gatnaşyga Hytaý hem, Parfiýa hem mätäç bolupdyr.

Hytaý çeşmelerinde Parfiýanyň ady Ansi diýlip at- landyrylypdyr. Şol çeşmelerde Ansi (Parfiýa) 100-den gowrak ululy-kiçili şäherli, örän uly ýerleri eýelän beýik döwlet hasaplanypdyr.

B. e. öňki 32-nji ýylda Hytaý syýahatçylary Parfiýa ýurduna gelipdirler. Emma Parfiýa-Hytaý diplomatik gatnaşyklary b. e. II asyryndan başlanypdyr. B. e. 107-nji ýylynda Hytaý ilçisi ilkinji gezek Parfiýa gelip- dir. Oňa belent mertebeli myhman hökmünde adaty bolmadyk hezzet-hormat edipdirler.

Ilçini Parfiýa döwletiniň serhedinde 20 müň go- şun bilen garşylapdyrlar we ony Parfiýanyň paýtagt şäheriniň biri bolan Gekatompil şäherine çenli ugra- dypdyrlar. Hytaý ilçisi öz ýurduna gaýdanda, ondan

Hytaý patyşasyna sowgat iberipdirler. Sowgatlaryň arasynda düýeguş ýumurtgasy-da bolupdyr. Hytaý il- çileri Parfiýa ýurdundan üzüm we ýorunja tohumyny äkidipdirler. Hytaýdan Parfiýa ýurduna ýüpek, polat ýaly birnäçe zatlar getirilipdir.

B. e. I asyrynyň ahyrlarynda II asyryň başlarynda imperiýa gowşap, onuň welaýatlary özbaşdaklyga ymtylypdyrlar. Ilki bilen Margiana özbaşdaklygyny yglan edýär. Imperiýanyň içinde emele gelen ýagdaýy düzet- mäge Parfiýanyň güýji ýetmändir. Merkezleşen döwlet pese düşýär. Tiz wagtda bolsa sasanylaryň neslinden bolan Ardaşir Pars welaýatynyň hökümdary bolýar, ol birnäçe ýerleri basyp almagy başarypdyr. Ardaşir Parfiýa garşy ýöriş edipdir. Söweşleriň iň soňkusy Midiýanyň çäklerinde 224-nji ýylda bolup geçýär. Söweşde Parfiýa- döwletiniň iň soňky patyşasy Artaban V heläk bolýar. Şeýlelikde, Parfiýa döwleti ýykylýar we döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

**Plutarhyň Karry söweşi baradaky beýanyndan bölekler**

***Parfiýalylar rimlileri şeýlegopgunlar bilen gorkuzanlaryndan soň, birden harby enjamlaryň örtgülerini sypyryp, duşmanyň alnyndan ok ýaly atylyp çykdylar, özleriniň eginlerinde, başlarynda gözüňi deşip gelýän margian poladyndan ýasalan sowut, tuwul- ga bardy, atlary misdir demirden taýýarlanylan sowutlydy ..., hemmelerden görmegeý Süren hanyň özi hem geldi. ... parfiýalylar yza çekildiler we aljyraňňylykda her kim bir ýana ýeňse beren kişi bolup rimlilere bildirmezden, dörtburç hatarly halka alýar- lar. Krass ýeňil ýaraglanan nökerlerine duşmanyň üstüne çozma- ga buýruk berdi, emma olar sanlyja ädim ätmänkäler bulut ýaly süýşüp ugran peýkamly oklar bilen garşylandylar. ... parfiýalylar bolsa ýaýraşyp, dumly-duşdan diýen ýaly peýkamly ok ýagdyryp başladylar, rimliler şeýlebir ýygjam, şeýlebir jebis durdular welin, nyşanadan bilgeşleýin sowa geçeýin diýseň-de, sowa geçer ýaly däldi, parfiýalylar özleriniň dartgynly uly ýaýlaryny gaty-gaty çekip***

*atýardylar ... Eýýäm şol wagt rimlileriň ýagdaýy meňki bolsun diýer ýaly däldi: olar hatarda galsalar-da, birsyhly ýaralanýardy- lar, hüjiime geçmäge synanyşanlarynda bolsa güýçleri deň däldi- ler, ejizgelýärdiler ...*

)

**1. Parfiýa-Rim uruşlary haçan başlanypdyr? 2. Karry söweşi haçan bolýar we kimiň ýeňşi bilen gutarýar? 3. Serkerde Süreniň söweş hereketleri barada gürrüň beriň. 4. Parfiýa döwletine ilkinji gezek Hytaý ilçisiniň gelşi barada gürrüň beriň. 5. Parfiýa döwleti haçan synýar, onuň sebäpleri nämeden durýar?**

*

## § 25. Parfiýa döwletiniň syýasy we ykdysady ösüşi

**Parfiýanyň syýasy gurluşy.** Parfiýa döwleti ägirt uly imperiýa öwrülipdir. Emma şeýle giň ýurt- lary dolandyrmagyň özi içki kynçylyklary döredip- dir. Parfiýanyň çäklerinde köp sanly grek şäherleri bolupdyr. 01 şäherleriň ilaty selewkiler döwründäki artykmaç hukuklaryny we ýeňilliklerini elden gider- mek islemändirler. Olar garşylyk görkezipdirler. En- çeme ýyla çeken göreşden soňra, diňe b. e. I asyrynyň ortalarynda ellinistik döwletleriň syýasy täsiri ýok edil- ýär. Parfiýa döwleti dolandyryş ulgamy taýdan birnäçe welaýatlara, olar hem öz nobatynda has kiçi böleklere - satraplyklara (etraplara) bölünipdir. Taryhçy Plininiň bellemegine görä, b. e. I asyrynyň ortalarynda Parfiýa jemi 18 welaýatdan ybarat bolupdyr. Olary ärsakylar nesilşalygynyň wekilleri dolandyrypdyr. Täze tabyn edilen ýerler, köplenç, häkimlik ediji nesilşalygynyň ýa-da beýleki taýpa wekilleriniň garamagyna berlipdir. Bu bolsa döwletiň syýasy bütewüligine zyýan ýetirip- dir. Munuň özi Parfiýanyň içki gowşaklygynyň esasy sebäpleriniň biri bolupdyr.

**Ekerançylyk, maldarçylyk we atçylyk.** Parfiýa patyşalygynyň ilatynyň hojalygy köp pudakly bolupdyr. Ilat ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik, söwda, awçylyk we hojalygyň beýleki pudaklary bilen meşgullanypdyr.

Parfiýaly ekerançylar bugdaý, arpa, jöwen we süle ýaly däneli ekinleri, künji we pagta ýaly tehniki ekinle- ri ekipdirler. B. e. öňki II asyryň ahyrlaryndaky hytaý ýazuw çeşmelerinde bellenişine görä, parfiýalylar şaly ekýän eken. Gök-bakja önümleri bilen bir hatarda miweli baglary-da ýetişdiripdirler. Uzüm parfiýalylaryň iň köp ekýän miweli agaçlarynyň biri bolupdyr. Ony Parfiýa- da, Margianada, şeýle hem Sumbar jülgesinde ösdürip ýetişdiripdirler. Parfiýa patyşalygy döwründe Günorta- -Gündogar we Günbatar Türkmenistanda ekerançylygy ösdürmäge şert döredýän uly kanallar, suw desgalary gurlupdyr. Olar, esasan hem, Maşat-Missirian düzlügin- de, Etrek derýasynyň boýlarynda gurlupdyr.

Parfiýa döwrüniň ilaty maldarçylykda iri şahly we gara mallary idetmäge uly üns beripdirler. 01 mallar ilatyň ete, süýde, gök önümlere bolan esasy islegini ka- nagatlandyrypdyr. Parfiýalylar düýedarçylyk we gyl- ýalçylyk bilen-de meşgullanypdyrlar. Köpetdagyň etek- leri dünýä belli ahalteke atlarynyň dörän ýerleriniň biri hasaplanýar. Düýeler, gylýallar, atlar şol döwrüň adamlarynyň esasy ulag serişdeleri bolupdyr.

**Şäherler. Nusaýyň we Merwiň gülläp ösmegi.** B. e. öňki II—I asyrlarda Parfiýa döwleti ykdysady taý- dan ýokary derejede bolupdyr. Bu ýagdaý şäherleriň san taýdan köpelmegine itergi beripdir. Köne şäherleriň ilaty köpelip, täze şäherler peýda bolýar. Bu döwür- de şäherleriň daşyna diwar çekilipdir, diňler gurlupdyr. Şäherleriň söwda ýollarynyň ugrunda bolmagy söwdanyň ösmeginde uly ähmiýeti bolupdyr.

Parfiýa döwletiniň ilkinji paýtagty Aşgabadyň günbatarynda, Bagyr obasynda ýerleşýän Nusaý galasy bolupdyr. Bu ýerde bir-birinden uzakda bolmadyk iki sany Köne Nusaý we Täze Nusaý diýlip atlandyrylýan galalar bar. Hakykatda bolsa, Täze Nusaý galasy Köne Nusaý galasynyň düýbi tutulmazdan müň ýyldan hem gowrak öň oturymly ekerançylyk obasy bolupdyr.

Köne Nusaý galasynda ärsakylaryň köşk galasy bolup, onda döwlet diwany, ybadathana, hazyna, paty- şalaryň maşgalalarynyň, şeýle hem köşge ýakyn adam- laryň ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir. Täze Nusaý, esasan, şäher ilatynyň ýaşan ýeri bolup, onda ýaşaýyş jaýlary bilen birlikde jemgyýetçilik ymaratlary hem bolupdyr.

Şol döwürde 15 gektar meýdany tutýan Köne Nusaýyň 43 sany diňli galyň gala diwary bolupdyr. Ga- lada toý-dabara geçirer ýaly uly otagly, ybadathanaly, köp sanly gulluk otaglary bolan uly köşk bolupdyr. Köne Nusaýyň gurluşygy Mitridat I-niň patyşalyk eden döwründe amala aşyrylypdyr. Gazuw-agtaryş işleri wagtynda resminamalaryň birinden galanyň gadymy ady bolan Mitridatokert (Mitridatkirt) «Mitridat şäheri» diýlip ýazylan ýazgy tapyldy. Bu bolsa Mitridat I döwründe galanyň düýbi tutulypdyr diýmäge esas berýär.

Parfiýa döwrüniň iri şäherleriniň biri gadymy Merwdir. Bu döwürde Erkgalada, Gäwürgalada uly gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Gäwürgalanyň tutýan meýdany 350 gektar bolupdyr, onuň diwarlarynyň galyňlygy 6,6 metre, beýikligi 7,4 metre ýetipdir. Di- warda 100-den gowrak gönüburçly diňler hem sal- nypdyr. Bu harby inženerçilik çäreleri şäheriň howp- suzlygyny üpjün etmäge ýardam beripdir. Şäherde bürünç we demir işläp bejerilýän ussahanalar işläpdir.

Merwde dünýä meşhur merw poladyndan dürli ýarag-lar ýasalypdyr, esgerler üçin metaldan örülen eşikler taýýarlanypdyr. Şol döwürde Erkgala içki gala wezipesini ýerine ýetirip, onuň köşgünde ok-ýarag saklanýan ammar bolupdyr. 01 ýerde süňkleri işläp bejerýän, ýaýlary we bezegleri ýasaýan ussahanalar hem bolupdyr. Şeýlelikde, b. e. öňki I we b. e. I asyrlarynda ägirt uly şähere öwrülen Gäwürgala Merw sebitiniň merkezi şäherine öwrülýär.

Gäwürgaladaky arheologiki tapyndylaryň arasynda gara reňk bilen küýze bölekleriniň ýüzüne ýazylan parfiýan hatlary hem bar. Olar ilatyň arasynda sowatly adamlaryň bolandygyna güwä geçýär. 01 döwrüň uly galalaryndan biri Çilburç galasydyr. Çilburç «Kyrk diňli gala» diýen manyny aňladýar. Gala b. e. I—II asyrlarynda bina ödilipdir.

Gadymy Merwiň Parfiýa döwrüne degişli obalarynyň biri hem Durnaly galadyr. Durnaly galasynda atyşhanalaryň 500 töweregi bolupdyr. Munuň özi galany goramaklyga köp adamyň gatnaşandygyny, hatda eli ýaý tutan ähli erkek adamlaryň söweşe gatnaşandyklaryny görkezýär. Umuman, Parfiýa patyşalary b. e. I—III asyrlarynda köp sanly täze galalary gurupdyrlar.

**Hünärmentçilik we söwda.** Parfiýalylaryň hojalygynda hünärmentçilige we söwda uly orun berlipdir. Günorta Türkmenistanyň gadymy oturymly ýerlerinde, şol sanda Köne Nusaýda we Täze Nusaýda, Margiana Antiohiýasynda gazUW-agtaryş işleri geçirilende ak daşdan ýasalan



**Parfiýanyň satraby Andragoryň teňňesi**

Müsür gap-gaçlary, pil süňkünden ýasalan önümler, Siriýada, Rimde öndürilen aýnalar, dürli ýurtlarda zikgelenen teňňeler tapyldy. Parfiýanyň günorta sebitleriniň şäherleri halkara söwda ýollarynda ýerleşipdir. Şonuň üçin bu ýerlerde hünärmentçiligiň ösmegi üçin doly mümkinçilik döräpdir.

Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde küýzegärçilik, toýundan gap-çanak, nepis sungat önümlerini ýasamak dowam edipdir. Peýdaly metallary ^azyp almak parfiýalylaryň döwründe has giň gerime eýe bolupdyr. Olar Horasan mermerini, Nişapur pöwrizesini, dag hrustalyny we beýleki gymmat bahaly daşlary gazyp alypdyrlar. Margianada ýasalan demir önümlerine Rimde-de ýokary baha berlipdir.

Parfiýa täjirleri hem gymmat bahaly metallardan, pil süňkünden, reňkli daşlardan öz ýasan köp görnüşli çeperçilik önümlerini daşary ýurtlara çykarypdyrlar. Yazuw çeşmelerindäki maglumatlara görä, parfiýalylarda haly dokamak we deri eýlemek hem giňden ýaýrapdyr. Parfiýa halylary Rimde hem belli eken.



**Gadymy Parfiýa döwrüniň zähmet gurallary**

Günorta Türkmenistanyň ýerleriniň üstünden «Beýik Ýüpek ýoly» adyna eýe bolan uly gatnawly söwda ýollary geçensoň, ol halkara ähmiýetine eýe bolupdyr. 01 ýollaryň Hytaýyň, Hindistanyň, Yewropanyň arasynda söwda kerwenleriniň gatnawlaryny amala aşyrmakda möhüm ähmiýeti bolupdyr.

## BEYIK YUPEK YOLY



**1. I asyryň ortalarynda Parfiýa näçe welaýatdan yba- rat bolupdyr? 2. Haýsy şäheriň ady belli Parfiýa patyşasynyň hormatyna atlandyrylypdyr? 3. Täze Nusaý galasynda ýaşaýyş haýsy asyrlara çenli dowam edipdir?**
**4. Parfiýa döwleti döwründe Merw şäheriniň ähmiýe- ti barada gürrüň beriň. 5. Parfiýa döwründe Günorta Türkmenistanyň haýsy şäherlerinde hünärmentçilik ösüpdir?**

## § 26. Parfiýa döwletiniň medeniýeti

**Parfiýanyň sungaty (Binagärçilik, şekillendiriş, heýkeltaraşlyk, ritonlar).** Günorta Türkmenistanyň ýerleri öz döwründe dünýä medeniýetiniň taryhynda, Parfiýa siwilizasiýasynyň ýüze çykmagynda we ösmeginde örän uly ähmiýeti bolupdyr.

Parfiýa b. e. öňki III asyryň ahyrlaryndan b. e. Ill asyrynyň başlaryna çenli Gündogaryň medeni taýdan ösen döwletleriniň biri bolupdyr. Nusaý şäheri Parfiýa döwletiniň paýtagty bolup, öz döwrüniň medeniýet ojagyna öwrülipdir. Onda onlarça döwlet edaralary, dini ymaratlar, harby-hojalyk jaýlary, patyşa köşgi ýerleşipdir.



**Nusaýdan tapylan bulgur (riton)**

01 özüniň medeniýetini gadymy grek we rim sungatynyň esasynda sazlaşykly ösdüripdir.

Aşgabadyň eteginde ýerleşýän Nusaý galasynyň Parfiýa döwrüne degişli ýadygärlikleriniň 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulmagy Nusaýyň umumadamzat gymmatlyklarynyň hazynasydygyny görkezdi.

Öz döwründe 15 gektar meýdany tutýan Köne Nusaý galasynyň diwarynyň düýbüniň galyňlygy 3 metre golaý, uzynlygy bolsa 7 kilometre ýetipdir. Onda toý-dabara, gulluk otaglary, ybadathanalary bolan uly köşk bolupdyr. Köne Nusaýyň gurluşygy Mitridat I patyşalyk eden döwründe amala aşyrylypdyr. Şonuň üçin hem onuň hormatyna Mitridat şäheri diýlip at berlipdir. Şäheriň daşky aýlawy berkidilipdir. Nusaý köşgüniň diwarlary çig kerpiçden galyň salnypdyr, onuň myhman kabul edýän uly otagy bolupdyr. Otagda tekjeler ýasalyp, olarda palçykdan ýasalyp reňklenen heý-keljikler goýlupdyr. Nusaýda diň şekilli ybadathana hem salnypdyr. Ybadathanada mukaddes ot ýakylypdyr.

Parfiýa döwletiniň Günorta-Gündogar Türkmenis- tanda ýerleşýän iri şäherleriniň biri Margiana bolupdyr. Parfiýa döwründe bu ýerde şäheriň daşyna uly gala salnypdyr. Margiana iki bölek edilip gurlupdyr we ösdürilipdir. Erkgala onuň esasy özeni bolupdyr.

Selewkileriň patyşasy Antioh I tarapyndan harby inženerçilik gurluşy esasynda gurdurylan Gäwürgala şäheriň howpsuzlygyny üpjün etmäge ýardam beripdir.

Gäwürgalanyň demirgazyk-gündogar çetinde bü- rünç we demir işläp bejerýän ussahanalar işläpdir. Bu ýerde dünýä meşhur merw poladyndan ýaraglar ýa- salypdyr, eşikler taýýarlanypdyr. Şeýlelikde, b. e. öňki I we b. e. I asyrlarynda Merw oazisiniň merkezi bolan Gäwürgala ägirt uly şähere öwrülipdir.

Täze Nusaý galasynda hem Parfiýa döwrüniň ýaşaýşy- ny hem durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme binalaryň we beýleki maddy ýadygärlikleriň üsti açyldy. Bu ýerden tapy-lan, Parfiýa döwrüne degişli ybadathana birnäçe otagdan ybarat bolupdyr. Ybadathananyň sütünleri agaçdan bolup

teňňeler, ösen nakgaş... saý medeniýetiniň örä... Ritonlaryň käbirleri k... has uly 1,5-2,5 litr ölç... çenli dünýäniň dürli k... arasynda öz görnüşini... boýunça Köne Nusaý r... ajaýyp nusgalarynyň b...



Inedördülybadathana. Köne Nusaý

...ni häzirki zaman ýaýla ýerlerinde ýaýlary jaýlara ...alyp ...dan tapylan 30-dan Nusaýdan ...düne ammary, ýüzi hatly küý- ...y. Olardan Hysrowgalany, Yel- ...ze döwükleri, parfiýa pullary, ...abynda), Garrykäriz (Gökdepe ...ryna başga-da birnäçe zatlar tapyl- ...ny we başgalary belläp bolar. ...dy-

...azuwy. Parfiýa döwletiniň ...n innä Nusaýdan tapylan şirma- ýadygärlikleriniň biri hem ...ýydan haşamlanyp ýasa- ...agydyr. Muňa gadymy hytaý ýyl ...lan bulgurlar - ritonlar, ýazgylary hem şaýatlyk edýär. Parfiýa patyşalarynyň ýörite heýkeller, parfiýa ş^larynyň hat-ýazuw işleri bilen meşgullanýan adamlary - mürzeleri şekilleri zikgelenen altyn bolupdyr. Parfiýa döwletiniň haty-elipbiýi do- lulygyna bize gelip ýetmändir. Onuň nusgalary ilkinji gezek 1948-nji ýylda Nusaýyň hökümdarynyň köşgüniň diwarynyň aşagyndan tapyldy. B. e. öňki II—I asyrlara




**Parfiýa patyşalarynyň teňňeleri**

degişli tapylan bu resminamalara taryhy edebiýatlar- da «Nusaý arhiwi» ýa-da «Nusaý hazynalary» diýilýär. Gazuw-barlag işleri Köne Nusaý galasyndan ýüzi hatly küýze bölekleriniň 2700-den gowragynyň üstüni açdy. Hatlaryň mazmuny salgyt häsiýetli bolupdyr.

**Dini ynançlar.** Parfiýa döwletinde köp taýpalar we halklar ýaşapdyrlar, olaryň dini düşünjeleri birmeňzeş bolmandyr. Irki döwürlerde ilatyň durmuşynda atyň we Günüň keramaty güýçli saýylypdyr. Aýal hudaýlarynyň arasynda beýik Ene hudaýy aýratyn hormatlanypdyr. Parfiýa döwletinde ýerli ilat öz hudaýlaryny grek hu- daýlaryna meňzedipdirler. Mysal üçin, Zews hudaýy Ahuramazda bilen, Apollon Mitra hudaýyna meňzedi- lipdir hem olara çokunypdyrlar.

Dini ynançlara görä, ata-babalaryň ruhuna uýmak güýçli bolupdyr. Serkerdeleriň gubrunyň üstüne jaý gurmak däbi durmuşa ornaşypdyr. Dini ybadatlary ber- jaý etmek üçin dürli jaýlar, ybadathanalar salnypdyr. Soňra kem-kemden otparazlyk (zoroastrizm) dini esasy dine öwrülipdir.

**Ellinizmiň Merkezi Aziýa halklarynyň medeniýetine eden täsiri.** Gadymy grek medeniýeti ylymda «Ellin medeniýeti» diýlip atlandyrylýar. Sebäbi grekler özüne ellinler diýipdirler. Şonuň üçin XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Yewropa alymlary bu dörän täze medeniýete ellinizm medeniýeti diýip at beripdirler.

Grek-makedon goşunlarynyň Merkezi Aziýany eýelemeginiň netijesinde bu çäklere aralaşan grekler Gün- dogar halklarynyň medeniýetine bellibir derejede öz täsirini ýetiripdirler. Tiz wagtdan bu ýerlere grek we makedon söwdagärleri, hünärmentçileri-senetçileri hem göçüp gelipdirler. Yerli ilat grekleriň dilini, däp-dessur- laryny, adatlaryny kabul edipdirler. Şonuň ýaly-da grekler hem ýerli halklaryň medeniýetini, däp-dessurlaryny kabul edipdirler. Grekleriň binagärçilik, heýkeltaraşlyk, şekillendiriş sungatyna täsiri uly bolupdyr. Zikge- lenýän pullar ilkibaşlarda grek hudaýlary we hatlary bilen şekillendirilipdir. Diňe b. e. II asyrynyň orta- laryndan başlap pullaryň bir bölegi harpy boýunça-da, dili boýunça-da Parfiýa sözjeri bilen çalşyrylýar. Hat ýazmak üçin küýze bölejiklerinden başga-da ýukajyk tagtajyklar hem ulanylyp başlapdyr. Möhüm resmi hat- lar, mukaddes işler ýazylan mahalynda deriden ýasalan gymmatbaha pergamentler (eýlenen mal derisi) ulany- lypdyr. Onuň şeýle bolandygyny Köne Nusaý galasynda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesi subut edýär.

Şeýle-de XX asyryň birinji ýarymynda Nusaýda geçirilen gazuw-barlag işleri patyşa köşgüni bezemek üçin grek adamlarynyň heýkelleriniň goýlandygyny subut etdi. Bu açyşlar hem grek medeniýetiniň ýerli halkyň medeniýeti bilen goşulyp-garyşandygyndan habar berýär.

Parfiýa medeniýeti ellin medeniýetiniň we sungatynyň iň oňat däplerini özüne siňdirip gülläp ösüpdir.

**1. Köne Nusaý galasyndaky ymaratlaryň gurluşy barada gürrüň beriň. 2. Günorta Türkmenistanyň ýerlerindäki Parfiýa döwrüniň şäherlerini aýdyp beriň.**
**3. Nusaý bulgurlary — ritonlary barada name bilýärsiňiz?**
**4. Parfiýanyň hat-ýazuwy bolupmy? 5. Ellinizm medeniýeti diýip nämä düşünýärsiňiz?**

## § 27. Demirgazyk Turkmenistan b. e. öňki IV— b. e. I asyryna çenli. Horezm döwletiniň emele gelmegi

**Horezm döwletiniň emele gelmegi.** Türkmenistanyň çäklerinde medeniýetiň ösen ýerleriniň biri hem Horezm topragydyr. Taryhy çeşmeleriň berýän maglu- matlaryna görä, Parfiýa we Grek-Baktriýa patyşalyklary bilen bir döwürde gadymy Horezm döwleti döräpdir. Bu döwlet b. e. öňki IV asyryň ahyrlaryndan b. e. öňki I asyrynda Amyderýanyň aşak akymlarynda giň ýerleri öz içine alan uly döwlet birleşmesine öwrülipdir.

B. e. öňki VI-V asyrlaryň sepgidinde gadymy grek syýahatçysy Gekateý Miletskiý özüniň eserlerinde horezmliler we «Horasmi şäheri» barada ilkinji maglu- matlary berýär. 01 şu döwre degişli gadymy Küýze- ligyr şäheri barada hem aýdyp geçipdir. Şol döwrüň

ÇGADYMY *V,

Ateksandrifa Eshata
Kura
Ürgenç
MarakandaV®^
Buhara (Samarkand)
Oürgm
Gandzak
Nusэy
parі
Ekbatan




Galalygyr I, Goýungyrlan gala we başgalar ýaly köp sanly oturymly ýerleri Horezmiň durmuş-ykdysady gurluşy hakynda düşünje berýär. Horezm b. e. öňki

I asyrdan b. e. I asyryna çenli Kaňly döwletiniň düzü- minde bolan hem bolsa, Owganystanyň ýerinde emele gelen Kuşanlar döwleti b. e. I asyrynda Horezm ýer- lerini hem basyp alypdyr. Kuşan döwletiniň ýaşan döwri Horezm taryhynda onuň ösüşiniň iň belli zamany bolupdyr. Kuşanlaryň agalygy döwründe Horezmiň ýerleri ep-esli giňelipdir. Şol zamanlarda bu ýerde ençeme täze oturymly ýerler: Yzmykşir, Kunsaýgala, Döwkesen ýaly ýerler peýda bolýar.

Beýik Kuşan döwletiniň medeniýetiniň Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri üçin uly ähmiýeti bolupdyr. Şunuň bilen ýerli medeniýetde hindi medeniýetiniň, soňra grek medeniýetiniň alamatlary görnüp başlaýar.

Horezm diňe b. e. Ill asyrynda özbaşdaklygyny ga- zanyp, täzeden ýokary göterilýär. Bu döwürde jemagat (obşina) gatnaşyklary gutarnykly dargap, merkezleşen döwlet dolandyryş ulgamy emele gelýär. Bu ýerde üsti

içylan patyşa köşgüniň binagärçilik gurluşygy merkez- eşen döwletiň dörändiginden habar berýär.

Gadymy Horezmiň ilaty taryhy çeşmelerde «horezm- iler» diýlip atlandyrylypdyr. Gadymy grek alymy Stra- >on horezmlileri (horesmiler) massaget tire birleşme- siniň bir bölegi hasaplapdyr. Başga maglumatlara jörä, olary daşky keşbi boýunça hindilere meňzeş ha- iaplapdyrlar.

**Ekerançylygyň, maldarçylygyň ösmegi.** Ho- ezmli ekerançylar bugdaý, arpa, dary we bakja ekinle- ■ini ekipdirler. Horezmliler, esasan, ekerançylyk bilen neşgullanypdyrlar. Olar miweli baglardan erik, şetdaly, çaraly, üzüm ýetişdiripdirler. Köne ýurt ýerlerinden ta- )ylan demir oraklar, daş degirmenler, samandyr galla läneleri horezmlileriň ekerançylyga uly üns berendik- erine şaýatlyk.edýär.

Şu döwrüň kanallarynyň gurluşy öňkülere garanda dar gurlupdyr, ýagny 10-15 metrden giň bolmandyr, emma çuň jazylypdyr. Onuň şeýle gazylmagy suwy tygşytly ulanyl- ak bolnan bolmagy mümkin. Alymlaryň çaklamalaryna jörä, b. e. öňki **I** we b. e. **I** asyrlarynda Amyderýanyň aşak ikymlarynda 1,3 mln gektar suwarymly ýerler bar eken. jadymy horezmliler şol ýerlerden doly peýdalanypdyrlar. lorezmli daýhanlar belli bir derejede maldarçylyga-da ins beripdirler. Olar goýundyr geçi bilen bir hatarda düýe, ygyr, doňuz we eşek idedipdirler.

**Şäherleriň ösmegi.** Horezmdäki Yanbaşgala, Ba- ;argala şäherleri b. e. öňki IV-I asyrlara degişlidir. 3u döwürde ýaşaýyş jaýlarynyň daşyna . gala sal- lypdyr, emma bu şäherleriň içki galalary bolmandyr. Amyderýanyň çep kenaryndaky Könehowuz galasy, gadymy Çermenýapdan geçýän akabanyň aýagujun- la Galalygyr iri merkezler hasaplanylypdyr. Bu gala-

lar Horezmiň medeni merkezleriniň biri bolupdyr. Şol galalardan tapylan tapyndylar bu ýerlerde ep-esli de- rejede senetçiligiň ösendigini subut edýär. Bu döwürde häzirki Daşoguzdan 65 km günbatarda Köne Was şäheri ýüze çykýar. Çermenýap kanalynyň gündogar şahasynyň boýunda bolsa Şasenem şäheri ýüze çykýar. Amyderýanyň çep kenarynda bolsa Maňňyrgala, Top- rakgala, Akjagelin ýaly şäherler emele gelipdir.

**Hünärmentçiligiň ösmegi. Suwaryş des- galarynyň gurulmagy.** Horezmiň gadymj* ilatynyň hojalygynda hünärmentçilik uly orun tutupdyr. B. e. öňki III—II asyrlara çenli horezmliler daýhançylygam, ussaçylygam edipdirler. Ýöne olara hojalygyň belli ugurlary boýunça ýöriteleşmäge, hünärlerini ýokar- landyrmaga mümkinçilik bolmandyr. Diňe b. e. öňki
II asyrdan başlap bu ýerlerde ýörite ussahanalar döräp- dir. Horezmli ussalar dürli görnüşli küýze önümlerini, her dürli gap-gaçlary ýasapdyrlar, olary gyzyl hem goňur reňkler bilen nagyşlapdyrlar. Horezm zergärleri gelin-gyzlar üçin her dürli bezeg şaýlaryny: ýüzük, bi- lezik, monjuk ýasapdyrlar. Olar çüýşeden hem mon- juklary ýasapdyrlar. Demirçi ussalar bolsa demirden orak, pyçak ýaly zähmet gurallaryny ýasapdyrlar. Gadymy Horezmiň ilaty goýun we düýe ýüňünden mata dokapdyrlar. Şeýlelikde, hünärmentçilik ýokary derejä ýetipdir we oba hojalygyň dan bölünip aýrylypdyr.

Jemagatyň (obşinanyň) agzalary emeli suwaryşa esaslanýan ekerançylyk işlerini alyp barypdyrlar. Suwaryş ulgamy öňküsinden ep-esli ösýär. Çermenýap we Köne Was kanallarynyň suwy ilat tarapyndan öňküsi ýaly ulanylypdyr. Olardan başga-da Horezm oazisinde uly suw desgalary gurlup başlanypdyr. Adamlar ka- nallary, ýaplary gazypdyrlar. Çermenýap ýaly has uly

Dowdan kanaly çekilipdir. Netijede, ekerançylyk meýdanlary giňelipdir. Ekin meýdanlary üçin ýaplar ene kanalyň has ýokarsyndan alnypdyr. Şu amatly şertler ekerançylyk hojalygynyň ösmegine getiripdir.

**Horezmiň goňşy döwletler bilen gatnaşygy.** B. e. öňki II—I asyrlarda Horezm bilen araçäk ýerlerde Aral deňziniň ýakalarynda, Hazar deňziniň Gün- dogar kenarynda ýuweýji, gun, eftaly, alan we beýleki taýpalar ýaşapdyrlar. Horezmiň ilaty olar bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr. Horezmde ýasalan antik küýze önümlerine meňzeş önümler, bir tarapdan, Syrderýa bilen Amyderýanyň aralygynda, ýurdumyzyň Murgap jülgesinde, Köpetdag eteklerinde, Etrek ýaýlalarynda gabat gelýär. Horezmiň gadymy galalaryndan tapylan hünärmentçilik önümleriniň Ýakyn Gündogarda we Gara deňziň kenarynda ýasalan hünärmentçilik önümlerinirP'nusgalary bilen meňzeşligi bu ýurtlaryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň bolandygyna güwä geçýär.

Hytaý çeşmelerinde, has dogrusy, «Taryhy ýazgy- lar» atly eseriň beýanyna görä, Amyderýanyň boýunda ýaşan Parfiýa täjirleri şol ýerde derýa ulaglaryny (gä- mileri) ulanýar ekenler. Bu ýagdaý Gadymy Horezmiň şol ýerler bilen ýakyndan söwda gatnaşyklaryny alyp barandygyny subut edýär. Söwda gatnaşyklarynda Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýeti has hem uly bolupdyr. Şol ýoluň bir şahasy Gadymy Horezmiň üstünden, Uzak Gündogardan Günbatar ýurtlaryna geçipdir. Horezmliler halkara söwdasyndan uly peýda görüp- dirler we ilaty gerekli harytlar bilen üpjün edipdirler. B. e. öňki I asyrda Horezmiň hut öz pulunyň çykary- lyp başlanmagy bolsa bu ýurtda söwdanyň ösendigini, şonuň bilen medeniýetiň hem ösendigini görkezýär.

**1. Horezm döwleti haýsy asyrlarda döräpdir? 2. Horezmiň ýokary galmagyna nämeler sebäp bolupdyr? 3. Horezmiň şäherlerini sanap beriň. 4. Hünärmentçiligiň haýsy görnüşlerini bilýärsiňiz? 5. Horezmde haýsy taýpalar ýaşapdyrlar?**

## § 28. Gadymy Horezmiň ýadygärlikleri

**Gadymy Küýzeligyr, Galalygyr, Köne Was, Toprakgala we başgalar.** Gadymy Horezm oazisini ikä bölýän Amyderýanyň iki kenarynda-da şäherler, galalar gurlupdyr. Olar taryhy edebiýatlarda Galalygyr, Küýzeligyr, Toprakgala, Akjagelin, Şasenem, Köne Was we beýleki atlar bilen mälimdir. Şol galalar Horezm döwletiniň syýasy, medeni, hojalyk merkezleri bolupdyr. Olaryň köpüsi orta asyrlar döwründe-de saklanyp galypdyr.

Galalygyr galasynyň gurluşynyň taraplary 1000-720 m bolan gönüburçluk görnüşli bolupdyr. 01 b. e. öňki V-IV asyrlara degişlidir. «Ýaşaýyş jaý diwarly gala» diýlip atlandyrylýan bu galanyň dört tarapy öwrümli diwarlar bilen gurşalypdyr. Otaglaryň daşky hatarynyň diwarlary gorag diwarlary bilen gurşalypdyr. Galanyň diwarlarynyň ugrunda gönüburçly diňler ýerleşdirilipdir, her diwarda ötlem-ötlem jaý görnüşli girilýän derwezeler gurlupdyr. Küýzeligyr galasynyň uzynlygy hem 1000 m, ininiň uzynlygy 400 m bolup, ol belentlige utgaşyp gider ýaly salnypdyr. Bu gala hem b. e. öňki VI—IV asyrlara degişKdir



**Küýzeligyr galasynyň diwary**

Bu ýerde salnan Toprakgala giçki Kuşan şäheriniň nusgasy hasaplanýar. 01 12 gektara golaý meýdany tutýar. Onuň demirgazyk-günbatar burçunda içki gala bolup, onda hökümdaryň üç diňden ybarat köşgi ýerleşipdir. Bu galada ot ybadathanasy ýerleşipdir. Şäheriň ortarasyndan esasy köçe geçip, ol şäheriň ýe- ke-täk derwezesine barýan geçelge bolupdyr. Şäheriň ýaşalýan bölegi ikä bölünipdir. Olaryň her tarapynda ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir.

Gadymy Horezm galalary palçykdan-pagsadan, çig kerpiçden salnypdyr. Olaryň möçberi-de, görnüşi-de dürli-dürli bolupdyr. Galalar köp adam ýaşaýan mer- kezlere öwrülipdir. Onda adamlar birnäçe jemagaty döredipdirler. Jemagatlar dürli hojalyk-harby bäh- bitler üçin birleşipdirler. Olar bilelikde mal bakyp, hünärmentçilik bilen-de, hojalygyň beýleki ugurlary bi- len-de meşgullanypdyrlar. Halk tarapyndan saýlanan tire aksakgallary jemagata baş bolupdyrlar.

**Sungat.** Gadymy Horezm şäher-galalarynda ýöri- te ussahänalar döräpdir. Hünärmenleriň ussahananyň ýanynda ýaşandyklary sebäpli, galanyň içinde özboluşly kiçi syrgynlar (kwartallar) emele gelipdir. Horezmli ussalar dürli görnüşli küýze önümlerini, owadan nagyşly gap-gaçlary ýasapdyrlar. Ondüren gaplaryny gyzyl hem goňur reňkler bilen bezäpdirler.

B. e. öňki IV we b. e. I asyrlarynda jaýyň diwarlary- na dürli reňkli suratlary çekipdirler. Goýungyrlan ga- ladan tapylan şeýle suratly diwarlaryň birinde eli ýaýly adamyň şekili bar. Alymlar bu suratlary Horezmde diwara çekilen suratyň iň gadymy nusgalarynyň biri hasaplaýarlar. Suratlar humlaryň ýüzüne-de çekilip- dir. Bu tapyndylar b. e. öňki V-IV asyrlarda çeperçilik sungatynyň bolandygyna güwä geçýär.

Toprakgaladan tapylan heýkelleriň kelleleriniň gel- şikli ýasalmagy, ellinistik döwürde ýasalan heýkelleriň nusgasyndan pes bolmandyr. Horezm şasy Waza- maryň aýalynyň heýkeliniň kellesiniň owadan şekili, Wazamaryň täjindäki guşuň suraty Gadymy Horezmiň özboluşly sungatynyň bolandygyny görkezýär. Gadymy horezmlileriň şekillendiriş sungatynyň ýene bir özboluşlylygy Horezm patyşalarynyň pullarynyň ýüzü- ne çekilen suratlarydyr. Olar aýratyn ussatlyk bilen ne- pis edilip çekilipdir. ч

Gadymy Horezm ussalarynyň ýaýyň ujuna geýdir- mek üçin ýasan peýkamlary Gündogar Yewropa düz- lüklerinde ýaşan skifleriň peýkamlaryna örän meňzeş bolupdyr. Zergärler aýal-gyzlar üçin bezeg şaýlaryny, bilezik, ýüzük, monjuk ýasapdyrlar. Monjuklaryň arasynda çüýşeden ýasalanlary-da bolupdyr.

**Jaý gurluşygy.** Horezmde gurluşyk sungaty hem ösüpdir. Horezmiň ymaratçylary uly çig kerpiçlerden we pagsadan diňe bir köp otagly ýaşaýyş jaýlaryny gurmak bilen çäklenmän, eýsem berkitme diwarlary hem-de mähnet inedördül minaralary, äpet köşkleri, ybadathanalary gurupdyrlar. Muňa mysal edip b. e. Ill asyrlaryna degişli Toprakgaladaky (Garagalpagystan- da) köşgi görkezmek bolar. Olaryň otaglarynyň diwar- larynda owadan nagyşlar çekilipdir.

Horezmlileriň jaýlary bezemek sungaty öz gözbaşyny b. e. öňki V-IV asyrlardan alyp gaýdýar. Şol döwre degişli Galalygyrda salnan jaýlarda gež (alebastr) ergini ulany- lypdyr. Ondan hyýaly guşuň (grifon) şekilini ýasamak üçin ýörite galyplary taýýarlapdyrlar. Hyýaly guşlaryň keramikadan ýasalan güberçek şekilleri ymaratlaryň diwarlaryny bezäpdir. Ussalar keramika önümlerine

guşuň şekilini çekipdirler, guşlary ritonlarda-da ýasapdyrlar. Gežden dürli heýkeljikleri, şol sanda erkek hem aýal adamlaryň şekillerini ýasapdyrlar.

**1. Diwara çekilen suratlar haýsy galadan tapylýar, ol barada gürrüň beriň. 2. Gadymy Horezmde heýkeltaraşlyk bolupmy? 3. Haýsy galada salnan jaýlarda gež ergini ulanylypdyr? 4. Horezmde haýsy önümlerde nämeleriň suraty çekilipdir, olar haýsy asyrlara degişli?**

## § 29. Demirgazyk Turkmenistan Kaňly--arabaçylar döwletiniň düzüminde

**Kaňly-arabaçylar döwletiniň döremegi.** B. e. öňki **III** asyrda Syrderýanyň orta akymlarynda selewkilere garşy göre’şiň netijesinde ýarym oturymly kaňlylaryň döwleti emele gelýär. Bu döwlet b. e. V asyrynyň or- talaryna çenli ýaşap, Merkezi Aziýanyň, şol sanda türkmenleriň taryhynda uly orna eýe bolupdyr. Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri b. e. öňki **I** asyrdan tä b. e. **I** asyryna çenli aralykda kaňlylaryň-arabaçylaryň döwletiniň çetki serhetýaka ýerleri hökmünde onuň düzümine giripdir.

Oguz türkmenleriniň bu gadymy döwletiniň ady bilen bagly getirilýän «Kangýuý» sözi gadymy hytaý diline degişli bolup, türkmen diline terjime edilende, ol «arabaly» ýa-da «arabaçy» diýen manyny berýär. Şol gadymy döwürlerde arabaçylar oguz türkmenleriniň aýratyn uly bir taýpasyny düzüpdirler. Häzirki wagt- da arabaçylar Türkmenistanyň Daşoguz welaýatynda ýaşaýarlar. Arabaçylar döwleti oguz türkmenleriniň arabaçy taýpasynyň döreden syýasy birikmesi bolupdyr.

Türki dilde gepleýän halklarda şeýle taýpa birikmeleri- ne il ýa-da il-ulus diýlipdir.

Arabaçylar döwletinde ýaşulylardan ybarat ýokary geňeş döredilipdir. Döwlet geňeşinde taýpa we harby serkerdeler möhüm meseleleri çözüpdirler. Patyşa häki- miýeti aksakgallar geňeşi bilen iş ýöredipdir. Welaýatlar ýerli häkimler tarapyndan dolandyrylypdyr, olar merkezi häkimiýete salgyt töläpdirler. Arabaçylar döwletinde tire-taýpa ylalaşygyna görä, her maşgala ykjam ýaragla- nan, söweş tälimi berlen bir atly nökeri döwletiň ýaragly güýçleriniň hataryna goşmaga borçly edilipdir. Harby ýagdaý dörän halatlarynda, arabaçylar döwleti birkem- siz ýaraglanan, örän ezber söweş tälimi berlen 120 müň atlyny jeň meýdanyna çykarmagyň hötdesinden gelip- dirler. Şol döwürde şeýle möçberdäki goşun örän uly güýç bolupdyr, arabaçylar öz harby güýjüne daýanyp, Merkezi Aziýanyň ähli demirgazyk-günbatar bölegini özüne doly garaşly edipdirler.

Arabaçylaryň goşuny wagtal-wagtal Hazaryň gün- dogar kenarlary bilen Ural, Don derýalarynyň aralygyn- da peýda bolupdyr. Olar Günortada Derbent dag geçel- gesinden aşyp, Zakawkazýäniň çäklerine aralaşypdyr.

**Ilatyň meşgul bolan kärleri. Ekerançylyk. Maldarçylyk. Hünärmentçilik.** Arabaçylar Amyderýanyň aşak akymynyň iki kenarynda hem çylşyrymly suwaryş desgalary - bentleri, gaçylary galdyrypdyrlar, ululy-kiçili kanallary, ýaplary çekipdirler. Derýanyň suwuny rejeli peýdalanypdyrlar. Şeýlelikde, bu ýerlerde suwarymly ekerançylyk giň gerime eýe bolupdyr. Welaýatyň ilaty arpa hem-de mekgejöwen, şaly ýaly tehniki ekinleri ekipdir, üzüm, bakja ekinleriniň meý- danyny giňeldipdirler.



f

Arabaçylar döwletiniň agalygy döwründe Demirga- zyk Türkmenistanyň ýerleriniň ykdysady durmuşynda maldarçylyga uly üns berlipdir. Dowarlary, gara mal- lary köpeltmek bilen ilat gylýalçylygy, düýedarçylygy ösdürmäge hem uly üns beripdir.

Arabaçylar metaly işläp bejermegi başarypdyrlar. Ussalar mis, bürünç, demir ýaly metallary eredip guýmagyň, gyzdyryp ýençmek arkaly taplamagyň höt- desinden gelipdirler. Metaly işläp bejeriji ussalar ekerançylyk üçin bürünçden ýa-da demirden edilen zähmet gurallaryny ýasapdyrlar. Olar arabaçy esgerlerini mis- den, bürünçden ýasalan sowutlar, galkanlar, demirden öndürilen sagdaklar, gylyçlar, aýpaltalar, naýza we peýkam uçlary ýaly ýaraglar bilen üpjün edipdirler.

Kaňly döwletinde toýun palçykdan gap-çanaklary ýasapdyrlar. Arabaçy zergärler bürünçden, köplenç ha- latlarda, ýüzüne altyn çaýylan kümüş we mis bölekle- rinden örän täsin şaý-sepleri ýasapdyrlar.

Arabaçylar araba ýasamaklyga aýratyn ezber bo- lupdyrlar, azaldyr malalary ýasamaga olar ýaşlykdan endik edipdirler. Ekerançylyga zerur pil, kätmendir orak ýaly zähmet gurallarynyň saplaryny ýasamak agaç ussalarynyň käri bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde agaç ussalary gapy, penjire, tekje, sandyk ýaly önümle- ri ýasapdyrlar.

Dokmaçylyk arabaçylarda, esasan, aýallaryň el hünäri bolupdyr. Arabaçylaryň ussat dokmaçylary jemgyýetiň ýokary gatlagynyň wekilleri bolan patyşanyň, han- -begleriň maşgala agzalary üçin zynatly, nepis lybas- lary taýýarlamakda, ownuk mallaryň ýüňünden, şeýle-de düýe ýüňünden örän syk dokalan, her dürli reňk siňdirilen owadan matalary öndüripdirler. Arabaçylaryň aýal-gyzlary arassa ýüňden ýüzüne dür-

li nagyşlar salnan keçeleri basyp bişirmeklige aýratyn üns beripdirler.

Arabaçylar döwletinde adamlar ownuk mallaryň derisini eýläp bejermek arkaly, teletin hem-de iri şahly mallaryň hamyndan gönleri öndüripdirler. Teletindir gön ýonaçylyk, ädikçilik we harby geýimleri öndürmek kärleriniň çig mal esasy bolupdyr.


Goýungyrlan gala

**Şäher-galalar.** Demirgazyk Türkmenistanyň ýerlerinde Arabaçylar 'döwletiniň döwrüniň maddy medeniýetini häsiýetlendirýän ýadygärlikler bar. Amyderýanyň aşak akymlarynda oturymly obalar köp bolupdyr. Gaňňagala atly uly gala şu döwre degişli bolupdyr. Çermenýap kanalynyň boýunda Şasenem şäheri, Galaly I we Galaly II diýlip atlandyrylýan galalar döräpdir. Bu döwletiň Goýungyrlan we Yanbaş galalaryndan tapylan tapyndylar bu ýerde medeniýetiň ösendiginden habar berýär. Bu galalar — şäherler b. e. öňki IV asyrdan b. e. IV asyryna çenli ýaşan şäherlerdir. Şäher berk we beýik diwarlar bilen gurşalyp salnypdyr. Şäheriň daşky gurluşy duşmana berk gaýtawul bermäge niýetlenipdir.

Goýungyrlan galanyň^ ortasynda tegelek ymarat salnyp, onuň diametri 42 m, daşky diametri 87,5 metre barabar bolupdyr. Şäheriň diwarlarynyň burçlarynda bolsa goranmak üçin diň salnypdyr.

Bu döwürde köp sanly ilatyň ekerançylyga geçmegi sebäpli, ilat san taýdan ep-esli artypdyr. Obalar ulalyp, şäherler giňelipdir. Çarwa ilat bilen oturymlylaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar şäherlerde senet-

çiligiň, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegine amat- ly şertleri döredipdir.

**Hat-ýazuwy. Dini ynançlary.** Demirgazyk Türkmenistanyň gadymy ilatynyň öz haty-ýazuwy bolupdyr. Bu ýerlerden b. e. öňki III—II asyrlara degişli ýazgylar tapyldy, bu ýazgylara «Arabaçylaryň haty» diýlip at berlipdir. 01 hat ýazylyşy boýunça kese bolup, dik ýa- zylýan Hytaý hatyndan tapawutlanýan elipbiýde ýazyl- ýan eken. Bu hata «Arabaçylaryň haty» diýilmeginiň sebäbi onuň arabaçylar döwrüne degişli galadan ta- pylandygy üçindir. Şol döwre degişli Toprakgala köşgünden özboluşly köşk arhiwi-de tapyldy. Eýlenen mal derisine (pergament) we agajyň gabygyna ýazylan bu hat arameý hatyna ýakyn bolupdyr.

Goýungyrlan şäheriniň içinden tapylan gežden - alebastrdan ýasalan köp sanly hudaý heýkelleriniň käbirleri adam boýy bilen barabar bolupdyr. Bu galada arabaçylaryň sežde edýän hudaýlarynyň butlarynyň, heýkelleriniň köp sanlysy bolupdyr. Şeýle-de, bu galada onlarça adamlaryň süňki, merhumyň nikaplary saklanýan otaglar hem bar eken. Olar ýörite ýasalan daş gutularda saklanypdyr. Alymlaryň pikirine görä, arabaçylarda merhum adamyň meýidini ýakmak däbi bolupdyr, şol sebäpli hem galanyň merkezinde adam jaýlanýan ýörite jaý salypdyrlar.

Arabaçylar döwletiniň ilatynyň dini düşünjelerine görä, asman baş hudaý hasaplanypdyr. Adamlar Güne, Aýa hem-de ýyldyzlara sežde edipdirler. Arabaçylar tüm- lügi ýa-da garaňkylygy howply, eýmendiriji hadysa hasap- lap, Gün şöhlesiniň jahany ýagtyltmagyna çakdanaşa be- genip, ýaňy dogup gelýän Güne sežde edipdirler.

Arabaçylar Aýa sežde edip, ondan durmuşyň oňat bolmagyny dilemek arkaly delalat isläpdirler. Arabaçy-

lar ýyldyzlaryň keramatyna-da bil baglap, olara sežde edipdirler. Olar käbir ýyldyzlara janly häsiýet hem beripdirler. Yedigen ýyldyzy arabaçylaryň düşünjesine görä, haýyr-sogap işiniň dörän mekany hasaplanypdyr. Ülker ýyldyzy bolsa adamzadyň ilki dörän mekany hökmünde arabaçy ilatynyň uludan-kiçisiniň aňyna siňipdir.

Arabaçylar döwletinde wagtyň geçmegi bilen köp hudaýlylyk dini garaýyşlar kem-kemden ýitipdir we b. e. öňki VI asyrda otparazçylyk dini agalyk ediji dine öwrülipdir.

**1. Döwlet näme sebäbe görä «Arabaçylar» diýlip atlandyrylypdyr? 2. Arabaçylar döwleti haýsy ýerleri öz içine alypdyr? 01 ýerleri kartadan görkeziň. 3. Arabaçylar döwletiniň ilatynyň esasy kärleri näme bolupdyr?**
**4. Arabaçylaryň goşunynyň möçberi näçeräk bolupdyr?**
**5. Ilatyň dini ynançlary we hat-ýazuwy barada gürrüň beriň.**

## § 30. Kuşan döwletiniň döremegi we Günorta-Gündogar Türkmenistana aralaşmagy

Kuşan döwleti häzirki Owganystanyň ýerinde b. e. I- IV asyrlarynda döräpdir. Kuşan patyşalygy Baktriýany, Hindistanyň demirgazyk etraplaryny, Merkezi Aziýanyň köp bölegini, şol sanda Horezmi we Türkmenistanyň häzirki Lebap welaýatynyň ýerlerini öz içine alypdyr. Onuň merkezi ilki Kabul sebitlerinde bolupdyr, soňra bolsa Demirgazyk Hindistanyň (häzirki Pakistan) Peşewar şäherine geçirilipdir. Kuşan döwletiniň dili baktriýa dili, dini bolsa budda bolupdyr. Kuşan döwleti öz gülläp ösen döwründe (b. e. I asyrynyň ahyry - III asyrynyň başy) Merkezi Aziýanyň köp ýerini, Owganystanyň, Pakistanyň, Demirgazyk Hindistanyň ýerlerini öz içine alypdyr.

Kuşan döwletiniň ilkinji patyşasy Kudzula Kadfiz (Kudfiz I) bolupdyr. 01 Kuşan patyşalygyny esaslandyrypdyr we 85 ýaşynda aradan çykypdyr. Kadfiz I aradan çykandan soňra onuň ogly Wima Kadfiz II patyşa bolýar. 01 30 ýyl töweregi döwleti dolandyrypdyr. Kadfiz II döwründe Kuşan döwletiniň ýerleri has giňäp, Hindistanyň jümmüşine aralaşypdyr. Kadfiz II döwründe döwletde welaýat dolandyryş ulgamy girizilipdir. Şeýle-de, ol pul özgertmesini geçiripdir. Onuň döwründe Kuşan döwletiniň öz puly zikge edilipdir. Pullaryň ýüzüne hindi-grek, hindi-sak we hindi-parfiýa hatlary ýazylypdyr. Yerli häkimlere öz pullaryny zikgelemäge hukuk berlipdir.

Kuşan döwletiniň gülläp ösen döwri patyş^ Kanişkanyň dolandyran (b. e. 78-123 ý.) ýyllary bolupdyr. Kanişka döwründe Kuşan imperiýasynyň ýerleri Hindistandan Aral deňzine çenli giňelipdir. 01 «şalaryň şasy» diýen belent ada eýe bolupdyr. Häzir dünýäniň muzeýlerinde Kanişkanyň adyndan zikge edilen altyn pullaryň 200 töweregi bar.


Kuşan esgerleri

Patyşa Kanişka döwründe Türkmenistanyň günorta-gündogar etraplary, Amyderýanyň ýokary we or- ta akymlary Kuşan döwletiniň düzüminde bolupdyr. Atamyrat (Kerki) - Türkmenabat aralygyndaky arheologiki ýadygärliklerde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Kuşan döwrüne degişli keramika önümleriniň, heýkelleriň we pullaryň ençemesi tapyldy.



Şäherleriň we söwdanyň ösmegi. Amul. Kuşanlaryň agalyk eden döwründe Amyderýanyň orta akymlaryndaky Kerki, Beşir, Mür-

**Sasany-Kuşan hazynasy.** zebeg we Köýten ekerançy-

**II- IV asyrlar jyk** oazisleri özleşdirilipdir.

Beşir we Esenmeňli galalary Kuşan döwrüniň şäher görnüşli obalary bolupdyrlar. Amyderýanyň boýun- da Gandymgala, Toprakgala, Köne Was, M^ňňyrgala, Gaňňagyrgala ýaly gadymy şäherler döräpdir.

Amyderýanyň kenar ýakasyndaky gadymy şäher- lerden we obalardan Kuşan patyşalarynyň mis pulla- rynyň birnäçesi tapyldy. Beýik Kuşan döwletiniň iň uly şäherleriniň biri hem Termez şäheri bolupdyr. 01 häzirki Ozbegistan bilen Türkmenistanyň günorta serhediniň birleşýän ýerinde ýerleşýär. Şäherde budda buthanasy, köp sanly hünärmentçilik ussahanalary bolupdyr.

XX asyryň ortalarynda Horezm ekspedisiýasynyň geçiren barlaglary netijesinde Horezmiň Türkmenistanyň dürli welaýatlary bilen söwda gatnaşyklaryny alyp ba- randygy hakynda köp sanly maglumatlar tapylýar. Şol maglumatlara görä, Kuşan döwründe Horezmi Murgabyň aşaky akymlary, Merkezi Köpetdagyň dag etek zolagy we Demirgazyk Etrek sährasy bilen baglanyşdyrýan Garagum kerwen ýollary bolupdyr. Horezmiň gadymy keramika önümleriniň galyndylarynyň bu ýerlerden ta- pylmagy welaýatlaryň arasynda söwda gatnaşyklarynyň ösendigini görkezýär.

Arheologiki maglumatlara görä, biziň täze eýýamymyzyň başlarynda Amul şäheriniň (häzirki Türkme-

nabat) düýbi tutulypdyr. Amul şäheriniň adynyň gelip çykyşy barada hiç hili maglumat ýok. Kuşan döwründe Amuldan Hindistana, Horezme we Gündogar Yewropa ýurtlaryna söwda ýollary gidýän eken. Amulyň Kuşan imperiýasynyň düzüminde bolan döwründe, ýagny b. e. I-IV asyrlarynda daşky Şähristan bilen birlik- de 150-175 gektar meýdany bolupdyr. Onuň daşynda bolsa köp sanly gurlan jaýlar, bagly-bakjaly mülkler ýaýylyp ýatypdyr. Amulda hünärmentçilik giň gerime eýe bolupdyr. Amul Beýik Ýüpek ýolunda ýerleşip, onuň ilaty halkara söwdasyna gatnaşypdyr. Amul diňe bir Hytaýdan gelýän söwdagärleriň harytlaryny ýerleşdirýän şäher bolman, eýsem Hytaý söwdagärleri ýerli hünärmenleriň öndürýän önümlerini hem satyn alyp, başga.^ ýurtlara äkidipdirler. Şeýlelikde, söwda gatnaşyklaryň ösmegi Amul şäheriniň ykdysady taý- dan ösmegine getiripdir.

Biziň eýýamymyzyň başynda Rim imperiýasynyň söwdasy Parfiýanyň, kuşanlylaryň üstünden geçipdir. Bulara esasy söwda ýoly bolup Beýik Ýüpek ýoly hyz- mat edipdir. Emma Parfiýa imperiýasynyň üstünden geçýänligi sebäpli, olar parfiýalylara salgyt töläpdirler. Şonuň üçin hem Müsür bilen Hindistanyň arasynda birnäçe deňiz ýollary özleşdirilipdir. Bu ýolda her ýyl- da söwda gämileriniň 120-si gatnapdyr. Hindistana ke- nepden dokalan matalar, tikilen geýimler, ýakymly ysly atyrlar, çüýşe, çyra önümleri äkidilipdir. Kuşanlylar Hytaý bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar. Bu bolsa kuşanlylaryň dünýä söwdasyna goşulmaklaryna we has baýlaşmaklaryna getiripdir. Hytaýdan Merkezi Aziýa ýüpekden başga-da ýüz görülýän aýnalar, lak önümleri getirilipdir.

**Suwaryş desgalary. Amyderýanyň orta akymyndaky Kuşan döwrüniň ýadygärlikleri.** Günorta-Gündogar Türkmenistanyň ilaty b. e. başlarynda, esa- san, suwarymly ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. Olar arpa, bugdaý ösdürip ýetişdiripdirler. Ilatyň durmuşynda üzümçiligiň hem ähmiýeti uly bolupdyr. Bu ýerlerde ýaşaýan ilat ekerançylyk işleri üçin kanal gazypdyr. Kanallar onçakly uly bolmandyr, olaryň her biri 1—2 obany suw bilen üpjün edipdir, şeýlelik bilen suwarylýan ýerleriň meýdany hem ep-esli giüäpdir.

Demirgazyk-Gündogar Türkmenistanyň Kuşan imperiýasynyň düzüminde bolan döwründen başlap, ol ýerleriň ilatynyň ykdysady we medeni durmuşynda uly öne- gidişlikler bolupdyr. Oňa amatly ýerleriň köp mukdarda özleşdirilmegi, ekerançylygyň ösmegine şert döredipdir. B. e. II asyrlarynda ilat, esasan, Beşir, Kerki, Mürzebeg we Köýtendag oazislerinde ýaşapdyr. Beşir oazisiniň ýerlerinde 7 sany ilatly galalar ýerleşipdir. Şolaryň iki- sinde häzirki Esenmeňli we Beşir galalarynyň ýerleşen ýerlerinde uly şäher görnüşli gala bolupdyr.

Kerki (Atamyrat) oazisinde jemi 5 sany ilatly ýerler bolupdyr. Olaryň üçüsi Kerki geçelgesiniň golaýynda ýerleşipdir. Mürzebeg oazisi Kuşan döwründe-de uly hem-de gür ilatly ýer bolupdyr. Bu döwürde onda 17 sany oba ýerleşipdir. Köýtendag oazisinde 5 sany ilatly oba bolupdyr.

**B. e. I-IV asyrlarynda binagärçilik. Şekillendi- riş sungaty.** Beýik Kuşanlaryň döwleti medeni jähtden Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri üçin uly ähmiýeti bolupdyr. Horezmde şol wagtlar köp sanly şäherler we oturymly obalar bolupdyr. Olardan has içgin öwreni- leni Toprakgala şäheridir. Şäheriň daşy çig kerpiçden galdyrylyp berkidilipdir. Onuň köp ýerinde duşmandan

goranmak üçin diňler salnypdyr, ýaý atmak üçin ýörite deşikler goýlupdyr. Galanyň içinde uly iki gatdan ybarat horezm şalarynyň köşgi ýerleşipdir. Köşkde tomaşa-meýlis geçirilýän «patyşalaryň uly otagy» ýerleşipdir. Onuň diwarlarynyň eteginde patyşalaryň, olaryň aýallarynyň, begzadalaryň heýkelleriniň toplumy ýerleşdirilipdir. Diwaryň ýüzüne bütin boýy bilen köp sanly suratlar çekilipdir. Bu köşkde ýarag ýasalýan us- sahana we ýarag saklanylýan ýörite otaglar bolupdyr.

Amyderýanyň orta akymlarynda ýaşan ilat dokma- çylyk bilen meşgul bolupdyr. Adamlar uly ymaratlary guranda bişen kerpiçleri peýdalanypdyrlar. Küýzegär- çilik senedi ösüpdir. Küýzegärler dürli görnüşli küýze önümlerini: bulgurlary, golçalary, humlary, käseleri, okaralary, zenan hudaýlaryň hem-de erkek adamlaryň heýkeljiklerini ýasapdyrlar. Küýze önümlerini ýörite peçlerde bişiripdirler. Adamlar b. e. I—II asyrlarynda däne üwemek üçin daşdan ýasalan owguçlary peýdala- nan bolsalar, eýýäm III-IV asyrlarda dänäni degirmen daşlary bilen üwäp başlapdyrlar.

Günorta-Gündogar Türkmenistanyň Kuşan döwrü- ne degişli ýadygärliklerinden tapylan heýkeljikler- de ýewropa pisint zenanlaryň keşbi şekillendirilipdir. Heýkeljikleriň köpüsi şol döwürdäki ýerli zenan hudaýlaryň şekilini aňladypdyr. Diýmek, ýerli zenanla- ra kelleýalaňaç gezmek heniz gädagan edilmändir. Aýallaryň saçlary ýeňsesine timar berlip daralypdyr, kähalatda saçlar ortasyndan açylyp, iki tarapa örülip- dir. Aýallar ökjesini ýapyp duran uzyn köýnek geýip- dirler. Olar gymmat bahaly metallardan, daşlardan hem-de süňklerden ýasalan şaý-sepleri dakynypdyrlar.

©

**1. Kuşan döwleti haçan, nirede we kim tarapyndan döredilipdir? 2. Türkmenistanyň nireleri Kuşan döwletiniň düzümine giripdir, kartadan görkeziň. 3. Amul şäheriniň düýbi haçan tutulypdyr? 4. Kuşanlar döwründe Gündogar Türkmenistanda söwdanyň ösüşi barada aýdyp beriň. 5. Kuşan döwletiniň gülläp ösen döwri haýsy patyşanyň döwründe bolupdyr?**

## § 31. Demirgazyk Türkmenistan kuşanlylaryň döwründe '

**Ilatyň syýasy-ykdysady, medeni durmuşy.** Türkmenistanyň demirgazyk etraplary, ýagny Horezm ýerleri kuşanlylaryň golastyndan diňe III asyrda çykyp, özbaşdaklygyny gazanyp bilipdir.

Kuşanlar döwründe gadymy horezmlileriň durmuşynda uly özgerişlikler bolup geçýär. Horezmde öňki uly 10-15 otagdan ybarat urug jemgyýeti dargap, oba-goňşuçylyk jemagatyna ösüp geçip başlapdyr. Oňa taryhda«oba (goňşuçylyk) jemagaty» diýilýär. Kuşanlar döwründe öňki wagtlardan tapawutlylykda kiçi galalar, howly görnüşli jaýlar peýda bolýar.

Kuşan şalygynyň döwründe özboluşly şäher medeniýeti özüniň gülläp ösüşiniň ýokary derejesine ýetip- dir. Döwletiň çäkleri giňelenden soň, täze berkidilen galalar peýda bolýar. Çermenýabyň we Könehowzuň suwarymly ýerleriniň meýdanlary giňelýär, maldarçylyk ösýär, bular bilen birlikde söwda hem giň gerim alýar, oňa hünärmentçiligiň ýöriteleşmegi (küýzegärçi- lik, zergärçilik) itergi beripdir.

B. e. I—III asyryna degişli Toprakgaladan tapylan arheologiki tapyndylar gadymy Horezmiň durmuş- -ykdysady, medeni taýdan ösendigine güwä geçýärler.

Mysal üçin, Horezmiň Kuşanlar döwrüniň gadymy ilatynyň öz haty bolupdyr. Gazuw-barlag işleriniň netijesinde gadymy Goýungyrlan galanyň harabaçylygyndan alymlar horezm hatynyň üstüni açýarlar. 01 Merkezi Aziýada Kuşan döwrüne degişli tapylan hatlaryň ilkinjisi hasaplanylýar. Eýlenen mal derisine (pergament) we agajyň gabygyna ýazylan bu hat arameý hatyna ýakyn bolupdyr. Horezm ýerlerinden tapylan gadymy hat-ýazuw ýadygärlikleri Kuşan döwrüniň ýadygärlikleri bolup, bu ýerde siwilizasiýanyň ýokary derejede ösendigini görkezýär.

**Merhumy jaýlamak bilen baglanyşykly däpler.** Gadymy horezmliler hem otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Bu ynanja görä, gadymy horezmliler şäher-galanyň içinde merhumy jaýlar ýaly ýörite jaý gurupdyrlar. Olarda jaýlamak däbi häzirki günlerimizdäki däpden bütinleý tapawutlanypdyr. B. e. öňki IV - b. e. I asyrlarynda horezmliler merhumyň jesedini däl-de, diňe onuň süňklerini jaýlapdyrlar. Onuň üçin jeset gaby ýasalypdyr. Jeset gaplary her hili görnüşde daşdan-da, alebastr bilen suwalan adaty palçykdan-da taýýarlanylypdyr.

Jeset gaplary erkek adam şekilinde-de, aýal adam şekilinde-de edilipdir. Sungat önümi bolan bu jeset gaplary hakyky heýkel görnüşde bolupdyr.

Erkek adam şekilindäki heýkelleriň käbirindäki ýasalan sakgallar öz görnüşi boýunça häzirki adamlaryň sakgallaryna meňzeş bolupdyr. Gadymy horezmlilerde



**Gadymy Horezm. Merhum üçin niýetlenen jeset gaplary**

jesedi ýakmak däbi-de bolupdyr. Arheologlaryň Goýungyrlan galadan tapan keramiki nikaplary, heýkel gaplary, şol ýerlerdäki ot yzlary merhumyň jesedini ýa- kandyklaryny, soňam onuň külüni ýörite gaba salan- dyklaryny aýtmaga esas berýär.

Gadymy şäher-galalar da merhumlary iň soňky ýo- luna ugradylýan ýörite ybadathana hem bolupdyr. Demirgazyk Türkmenistanyň Kuşan döwletiniň düzümine girmegi netijesinde öňki däp-dessurlar kem-kemden üýt- gäpdir. Bu ýagdaý Kuşanlar döwründe täze dmiň ýaýra- magy netijesinde ýüze çykypdyr. Olar buddalara sežde etmeklik bilen bagly bolupdyr. Budda dininiň gelmegi bilen ýerli halkyň durmuş ýoly hem üýtgäpdir.

IV asyrda Demirgazyk Türkmenistana, Horezmiň çäklerine çarwa alan we hun taýpalarynyň hüjümi baş- lanypdyr. Olar kem-kemden bu ýerlerde ornaşypdyrlar we ýerli halklar bilen garyşypdyrlar. Şonuň üçin bu çarwa taýpalaryň ýerli halka medeni täsirinden daşary et-
niki we syýasy täsiri-de uly bolupdyr.

Yurtda bolup geçen durmuşy ýagdaýlar ýerli ilatyň syýasy taýdan birleşmegine, häkimiýet başyna ýerli afrigiler taýpasynyň gelmegine şert döredipdir. Afri- giler döwletiniň agalyk süren döwründe Demirgazyk Türkmenistanyň ilatynyň sosial-ykdysady durmuşynda uly öňegidişlikler bolup, ykdysady ösüşler me- se-mälim duýlupdyr. Emrňa hünärmentçilikde, esasan hem, küýzegärçilikde durgunlyk ýüze çykypdyr. Öňki hünärmentleriň köpüsiniň ekerançylyga geçmegine getiripdir. Şonuň üçin küýzegärçilik önümçiligi belli bir derejede pese gaçypdyr.

**Buddizmiň Merkezi Aziýa ýaýramagy.** Kuşan şalygy döwründen başlap buddizm Türkmenistanyň

günorta-gündogar etraplarynda ýeterlik derejede yz galdyrypdyr. Kuşan teňňeleriniň käbiriniň ýüzünde Buddanyň şekili hem ýerleşdirilipdir.

Buddizm b. e. öňki I asyryň içinde we b. e. I asyrynda Merwde hem ýaýrapdyr. B. e. 148-nji ýylynda asly parfiýaly An-şi-gao diýen adam Loýan şäherine gelip, budda kitabyny pars dilinden hytaý diline terji- me edipdir. Hytaýyň ilaty şondan soň buddizmiň tagly- matlary bilen tanşypdyrlar we bu dini kabul edipdirler. Gazuw-barlag işleriniň netijesinde gadymy Gäwürgala- dan alymlar b. e. I—II asyrlaryna degişli budda ybadat- hanasyny we Budda hudaýynyň ägirt uly (beýikligi 0,75 metre ýetýän) kelle heýkelini tapdylar. Ybadathana köp asyrlaryň geçmegi bilen weýran bolupdyr. Onda diňe iki sany sütün we buddanyň duran ýerindäki belentlige çykmak üçirt'salnan basgançaklar saklanyp galypdyr. Kuşanlar döwründe ylym, aýratyn hem, astronomiýa, şekillendiriş sungaty ösüpdir.

**1. Horezm ýerleri haýsy wagtda Kuşan döwletiniň düzü- mine giripdir? 2. Horezmlileriň merhumy jaýlamak däpleri barada gürrüň beriň. 3. Horezm ýerleri näçenji asyrda özbaşdaklygyny alypdyr? 4. Horezmiň ilatynyň hatyna degişli arheologiki maglumatlar nireden tapyl- ýar? 5. Buddizm dininiň taglymatlaryny Hytaý diline kim terjime edipdir?**

## § 32. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti

**Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň döremegi we Duman Beýigiň döwletiň çäklerini giňeltmegi.** Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti gadymy ata-babalarymyzyň döreden jahanşalyklarynyň

biridir. Taryhy maglumatlara görä, Hun döwleti b. e. öňki III asyryň ahyrky çärýeginden b. e. I asyrynyň bi- rinji çärýegine çenli has-da kuwwatlanypdyr. Duman Beýigiň hökümdarlyk eden döwründe hunlaryň ýerleri goňşy taýpalaryň hasabyna ep-esli giňäpdir.

Duman Beýigiň iki ogly bolupdyr. Onuň hökümdarlyk eden döwründe uly ogly Mete han goňşuçylykda ýaşaýan Yuweýjileriň döwletiniň köşgünde ýaşapdyr. Şazadalaryň we ýokary emeldarlaryň çagalarynyň kese- ki döwletleriň köşgünde saklanmagy şol döwletiň belli bir derejede beýleki döwlete tabynlygyny aňladypdyr. Şeýle-de, geçmişde dünýä tejribesinde köp ulanylan bu syýasat şazadalaryň berlen ýurdunyň garşysyna uruş hereketleriniň alnyp barylmazlygy üçin edilipdir.

Şazada Metäniň ýuweýjileriň köşgünde bolýan wagty iki goňşy döwletiň arasynda oňşuksyzlyk ýüze çykyp, Duman Beýik Yuweýjileriň döwletiniň üstü- ne ýöriş edipdir. Bu waka Mete şazadanyň janyna uly howp salypdyr. Ýöne oňa ýuweýjilerden gaçmaklyk başardypdyr. Duman Beýik oglunyň edermenligine guwanyp, oňa bir tümeni, ýagny 10 müň öýli ilaty do- landyrmaga beripdir. Şondan soň Mete han öz nöker- lerine harby tälim berip başlapdyr. Mete han «şuwlap» ses çykarýan oklary ýasadypdyr. Kakasy Duman Beýik ölenden soň Mete han b. e. öňki 209-njy ýylda tagta çykyp, özüni «Şanýuý» - «Beýikleriň beýigi» diýip yglan edipdir.

**Mete hanyň dolandyran döwründe (b. e. öňki 209-174** ý.) **döwletiň gülläp ösmegi.** Mete hanyň döwründe Hun döwleti güýçlenip, düzümine ownukly-irili 26 döwlet girizilipdir. Mete han merkezleşdirilen döwleti döretmek, merkezi häkimiýeti berkitmek maksady bilen, döwletiň dolandyryş ulgamynda özgerişleri geçirip- dir. Mete han bütin ýurdy 84 welaýata bölüpdir. Olaryň

başynda öz diýen adamlaryny goýup, ägirt uly döwleti bir merkezden dolandyrypdyr. Bu döwletiň bir tarapy Hazar- dan tä Hindi ummanyna, beýleki tarapy bolsa Gimalaý daglaryndan Sibire çenli aralygy öz içine alypdyr.

Hun döwletiniň kuwwatlanýan döwri Hytaýda ra- ýatlyk urşy, ýagny özara uruşlar bolupdyr. B. e. öňki 202-nji ýylda raýatlyk urşunda ýeňiş gazanan Lýu Ban Hytaýda Han imperiýasyny we nesilşalygyny esaslan- dyryp, imperator bolupdyr.

Han imperatory Gaoszunyň döwründe Hun döwleti bilen oňşuksyzlyk ýüze çykyp, bu uruş hereketleriniň başlanmagyna getiripdir. B. e. öňki 200-nji ýylyň gyşynda Mete han öz atly goşunyny dört topara bölüpdir we hytaý goşunlarynyň daşyny gabapdyr. Diňe imperatoryň haýyşyndan soň, Mete han hytaý goşunlarynyň. daşyndan gabawy aýrypdyr. Netije- de, Hun döwleti bilen Han imperiýasynyň arasynda ýaraşyk barada ylalaşyk gazanylypdyr.

**Hunlarda döwletiň dolandyrylyşy we olaryň jemgyýetçilik gurluşy.** Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň kuwwatly uly döwlete öwrülmeginde Mete hanyň ägirt uly hyzmaty bardyr. Mete han tarapyndan döredilen döwlet dolandyryş ulgamy urug gatnaşyklaryny berkidipdir. Urug begzadalary ähli häkimiýeti öz ellerine almak bilen halk maslahatyny urug serdarlarynyň ýygnagy bilen çalşyrypdyrlar. Hun döwletinde urug serdarlarynyň we begzadalarynyň ýygnagy ýylda iki gezek yzygiderli geçirilipdir. Bu bolsa döwletde tertip-düzgüniň berjaý edilmegini üpjün edipdir. Şu düzgüne garşy gidýänlere bolsa berk çäre görlüpdir.

Hun döwletinde ähli wezipeler nesilden-nesle ge- çipdir. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletinde



Siýanbiller
Demirgazyk Hun döwleti
Mongollar
Gyrgyzlar
BEÝIK TÜRKMENLERIŇ OGUZ HUN DÖWLETI
Günorta Hun döwleti
Ötügen
Beýik Ýüpek ýoly
Başbalyk
Sary ýrmyk
Çang-an
Hytaý
Baktriýa
Parfiýalylar
Merw
Nusaý
Aral deňzi
Hazar deňzi
Atal (Wolga)
Ýaýyk
Yrtyş
Ýeniseý

hökümdar we kazylykdan başga wezipeleriň ählisini diýen ýaly hökümdaryň neslinden bolan şazadalar eýe- läpdirler. Ähli begzadalaryň özleriniň şahsy nökerleri bolupdyr. Uly begzadalarda 10 müň nöker, kiçiräklerin- de bolsa birnäçe müňe çenli nöker bolupdyr. Hunlaryň döwletinde begzadalaryň 3 görnüşi: şazadalar, gullukçy we tire-taýpa begzadalary bolupdyr.

Hunlar öz ýurdunda hiç haçan gulçulyga sezewar edilmändir. Gullar, esasan, ýesir düşen kese ýerlilerden bolupdyr. Olary hojalyk işlerinde ulanypdyrlar. Olaryň gulçulyk ýagdaýy beýleki ýurtlardaky gullardan ýeňil bolupdyr. Hun döwletiniň bütin taryhynda gul söwdasy hem bolmandyr.

**Dini ynançlary. Adat we döwlet kanunlary.** Oguz- larda bütewi döwletiň dörändigine taryhy çeşmeler şa- ýatlyk edýär. Oguzlar bir taňra uýupdyrlar, olaryň ynanjy gök (asman) bolupdyr, taňry diýip bolsa göge düşünipdirler. Emma şol döwürlerde ösen döwletler- de, ýagny gadymy Müsürde, Wawilonda, Assiriýada, Hytaýda, Hindistanda ýaşan halklar köp hudaýlylyga uýupdyrlar.

Hunlaryň döwründe oguz türkmenleriniň özboluşly kanunlary bolupdyr. Hytaýly taryhçylaryň ýazmagyna görä, «Olaryň kanunlary ýeňil we ulanmak üçin amat- ly» bolupdyr. Agyr jenaýatlar edilende ölüm jezasy ber- lipdir. Oguz türkmenlerinde ogurlyk iň bir ýigrenilýän jenaýat hasaplanypdyr. Şonuň üçin ogry diňe bir öz emläginden däl, eýsem maşgalasyndan hem jyda dü- şürilipdir. Mete hanyň döwründe hunlarda döwlet kanunlary hem işläpdir. Harby düzgün-nyzamy bozanla- ra, gulluk etmekden boýun gaçyrýanlara ölüm jezasy berlipdir. Bu kanunlar Mete hanyň döwründe güýçli

goşunyň döremegine we Hun döwletiniň Aziýada iň kuwwatly döwlete öwrülmegine getiripdir.

Mete hanyň döwleti dolandyran döwründe halk döwlete salgyt tölemändir. Sebäbi erkin adam sal- gyt tölemeklige öz erkinligine şikes ýetirýän hadysa hökmünde garapdyr. Hun döwletinde salgytlar diňe tabyn edilen taýpalardan we halklardan ýygnalypdyr.

**Döwletiň harby ýagdaýy.** Mete hanyň geçiren öz- gertmeleri Hun döwletiniň kemala gelmegine, berkeme- gine ýardam edipdir. Yönekeý hun söweşijifeiniň esger bolmagy ony ähli kynçylyklardan halas edipdir, erkin adam bolup galmagyny kepillendiripdir. Parahatçylyk döwri ýönekeý esger öz mallaryny bakypdyr. Hytaýly taryhçylar hunlarda esgerler «şadyýan ýaşaýarlar» diýip belläpdirler. Şol sebäpden hem araçäkde gul- luk edýän hytaýlylar häli-şindi erkinlikde ýaşaýan hunlaryň arasyna gaçyp gidipdirler.

Mete hanyň goşunynyň umumy sany hytaý taryh- çysy Syma Sýanyň (b. e. öňki 145-90 ý.) ýazmagyna görä, 300 müňe ýetipdir. Bu bolsa hunlaryň şol döwür- däki umumy sanynyň 1,5 mln töweregi bolandygyna güwä geçýär. Hunlaryň goşunynyň esasyny atlylar düzüpdir. Esasy ýaraglary bolsa ýaý bolupdyr. Hun goşunynyň esasy söweş tilsimi garşydaşyny tapdan düşürmek bolupdyr. Gabawdan, açlykdan halys tapdan düşürilen duşman esgerleri ýaraglaryny taşlap, boýun bolmaga mejbur bolupdyrlar.

Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň taryhyny ýazan alymlar «Hunlary kowmak ýeňil, ýeňmek kyn, der- bi-dagyn etmek bolsa asla mümkin däl» diýip ýazypdyrlar.

**Döwletiň goňşy halklar bilen gatnaşyklary.** Mete han edenli hökümdar, başarjaň serkerde bolsa- -da goňşy döwletler, esasan hem, Hytaý döwleti bilen

parahatçylykly gatnaşyklary alyp barmaga çalşypdyr. Şeýle syýasatyň netijesinde halklaryň arasynda söwda we medeni gatnaşyklar ösüpdir. Gündogar bilen Günbataryň arasynda «Beýik Yüpek ýoly» diýlip atlan- dyrylan uly söwda ýoly açylypdyr. Şu ýoluň açylmagynda we soňra gülläp ösmeginde Mete hanyň hyzmaty uludyr. Sebäbi Hytaý bilen Günbatar ýurtlarynyň arasynda Mete han tarapyndan döredilen merkezleşdirilen asuda türkmen döwleti gülläp ösüpdir.

Mete han b. e. öňki 174-nji ýylda aradan çykypdyr. Döwlet dolandyryş ulgamynda, kanunlaryň berjaý edil- meginde onuň nesillerinden hiç kim Mete hanyň dere- jesine ýetip bilmändir.

**1. Mete han Beýik Hun döwletini näçenji ýylda döre- dipdiff?' 2. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwletiniň düzümine haýsy ýerler giripdir? 3. Beýik Hun döwletiniň nähili adat we döwlet kanunlary bolupdyr? 4. Oguzlaryň Beýik Hun döwletiniň jemgyýetçilik gurluşy barada aýdyp beriň. 5. Oguzlaryň Beýik Hun döwletiniň harby ýagdaýy barada gürrüň beriň.**

## § 33. Beýik Hun döwletiniň ikä bölünmegi we hunlaryň günbatara süýşmekleri

**Hunlaryň günorta we demirgazyk bölekle- re bölünmegi.** B. e. 48-nji ýylynda hunlar günorta we demirgazyk toparlara bölünipdirler. Şol iki topar özara bäsleşip, olaryň her haýsy Hytaýdan goldaw al- makçy bolupdyrlar. Hunlaryň iki topara bölünmekleri diňe bir olaryň öz aralarynda däl, eýsem Hytaý bilen gatnaşyklarynda hem kynçylyklary döredipdir. Her toparyň başynda duran häkim ozalkylar ýaly hököm- dar diýlip atlandyrylsa-da, olaryň b. e. öňki II—I asyr-

lardaky ýaly syýasy güýçleri bolmandyr. Emma günor- tadaky topar demirgazyk hunlardan syýasy tarapdan güýçli bolupdyr. Sebäbi günortadaky hunlar serhetdeş sebitleriň sekiz welaýatyny Hytaýa beripdirler, şonuň üçin Hytaýyň baý gatlaklary olary goldapdyrlar. Bu ýagdaý Demirgazyk Hun toparyny biynjalyk edipdir. B. e. 55-nji we 62-nji ýyllarynda Demirgazyk Hun döwleti Hytaýa garşy uruş yglan edipdir. Şol ýörişlerden soň Hytaý imperatory Demirgazyk Hun döwletine eglişik edip, ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolupdyr. *

**Hunlaryň günbatara süýşmekleri.** B. e. başlarynda hunlar Merkezi Aziýadan günbatara süýşen dö- würlerinde Hazar we Aral sebitlerinde köp wagtlap oturypdyrlar. Hunlar günbatara süýşdükleriçe, olaryň düzümine täze taýpalar barha köp goşulypdyr. Taryhy ýazgylarda olaryň içinde bulgarlaryň, slawýanlaryň kä- bir taýpalarynyň, sarmatlaryň atlary tutulýar. Ýewro- palylar hunlara «gunlar» diýipdirler. Günbatara köp- çülikleýin ýörişe ugran hunlar 360-370-nji ýyllarda Aral köli bilen Don derýalarynyň arasynda ýaşap ýören alanlary ýeňlişe sezewar edip, özlerine birikdiripdirler. Soňra hunlar Balamber hanyň serkerdeliginde hereket edip, Dnepr derýasynyň boýundaky germanlaryň got taýpalarynyň döwletini ýykypdyrlar. Şol ýyllarda hunlar häzirki Ermenistanyň üsti bilen Gündogar Rim (Wi- zantiýa) imperiýasyna degişli Derýaaralygyna (häzirki Yrak) çenli baryp ýetipdirler.

Hunlar günbatarda täze ýerleri basyp alypdyrlar. Emma Frakiýanyň hökümdary Feodosiý olara berk zarba urupdyr. Olardan köp adam gula öwrülipdir. Hunlaryň uly bölegi Gara deňziň demirgazyk sebitlerinde Wizan- tiýa döwletiniň dürli welaýatlarynda mekan tutupdyr- lar. Emma V asyryň birinji ýarymynda hun taýpalary


Hazar deňzi
GÜNBATAR HUN DÖWLETI
Gara deňiz
Wizantiýa imperiýasy
Konstantinopol
Afiny
Krit adasy
Ortaýer deňzi
Baltika deňzi
Etselburg
Wenesiýa
Milan
Genuýa
Rim
Sisiliýa
Marsel
Pariž
Katrasa
Atlantik ummany

Atyllanyň (433-453 ý.) ýolbaşçylygynda syýasy sahnada täzeden peýda bolup, güýçli döwleti döredipdirler.

**Atylla.** Atyllanyň ady çeşmelerde Atylla - Atail görnüşlerinde duş gelýär. Onuň ady ata we illi (öz ili, il eýesi) sözleriniň özara goşulyşmagy netijesinde emele gelip, «iliň atasy» diýen manyny aňladýar.

Rowaýatlara görä, Atylla ene-atasyndan ir jyda düşýär. Şol döwürlerde hökümdarlar şertnama baglaşyp, şertnamanyň şertleriniň doly we dogry ýerine ýetirilmegi üçin biri-biri bilen guda-garyndaş $olar ekenler ýa-da biri beýlekisiniň çagasyny öz ýanynda saklar eken. Şol adata eýerilip, hökümdaryň ogly Atylla ýaşlykda Rimde ýaşamaly bolupdyr. 01 ýerde bolan wagty Atylla rimlileriň döwlet dolandyryşyny, harby tilsimlerini öwrenipdir. Rim serkerdesiniň ogly Aesiý hem hunlaryňkyda bolmaly bolupdyr. Atylla bilen Aesiý oňat gatnaşykda bolupdyrlar. Atylla latyn, Aesiý bolsa hun dilini öwrenipdir.


Atylla

430-njy ýyllaryň başlarynda hun hökümdary aradan çykandan soň, onuň ogullary Bleda we Atylla ýurtda häkimlik etmäge başlaýarlar. Baş hökümdar Bleda saýylsa-da, ähli döwlet işlerine, şol sanda goşuna-da Atylla ýolbaşçylyk edipdir. Olaryň bilelikdäki hökümdarlygy Bleda aradan çykýança, 444-nji ýyla çenli dowam edipdir. Atyllanyň şahsy batyrlygy, salyhatlylygy we adyl bolmagy onuň abraýyny has-da ýokary galdyrypdyr.

Hunlar häzirki Wengriýanyň ýerini özlerine mekan edinipdirler. Hun hökümdary Atyllanyň başy täçli (jy- galy) bolupdyr. Hunlaryň ýüzünde bürgüdiň şekili bo- lan baýdagy bolupdyr. Atylla gysga wagtyň içinde Yew- ropa döwletlerine degişli 70-den gowrak şäheri özüne tabyn etmegi başarypdyr. 01 Sofiýa we beýleki şäherleri eýeläp, häzirki Bolgariýanyň ýerlerini özüne birikdir- ýär. Günorta-Günbatar Russiýa hem onuň häkimligini ykrar edipdir. Atylla özüne boýun bolan ýurtlarda gul- lary azatlyga çykaryp, halklaryň deňhukuklydygyny jar edipdir. Şol sebäpli oňa tabyn bolan halklaryň we taýpalaryň sany barha köpelipdir. German taýpa- lary, ilkinji nobatda hem, gündogar gotlar Atyllany öz hökümdary hasaplapdyrlar. Tanymal got serkerdeleri onuň köşgüniň öňünde sakçylyk edipdirler.

**Hunlaryň Gündogar we Günbatar Rim imperi- ýasy bilen gatnaşyklary. Döwletiň synmagy.** V asy- ryň ortalarynda Yewropada iki sany imperiýa döräpdir. Olar Rim we täze dörän Hun imperiýasydyr. Emma b. e. 395-nji ýylynda Rim ikä bölünip, Gündogar Rim (Wizantiýa) (paýtagty Konstantinopol - häzirki Stam- bul şäheri) we Günbatar Rim (merkezi Rim şäheri) döwletleri emele gelýär. Muňa garamazdan, bu döwlet- ler hunlara garşy bilelikde göreşipdirler.

Wizantiýa döwleti Konstantinopolyň alkymyna gelen hunlardan goranmak üçin Atylla 350 altyn liwr möçberinde paç tölemeli bolupdyr. 442-nji ýylda Atylla öz goşunlary bilen Konstantinopolyň diwarlarynyň ýa- nyna barýar. Imperator Feodosiý II Atylla her ýyl uly möçberde, ýagny 2 müň altyn liwr tölemeklige boýun bolup, Dunaýyň günorta kenaryndan hunlara ýer bölüp bermäge mejbur bolýar. Şertnama garamazdan, Feo-

dosiý II ähtiýalanlyk edip, Atyllany para berip öldürt- mäge synanyşýar. Emma imperatoryň bu pirimi başa barmandyr. 450-nji ýylda täze imperator tagta çykan- dan soň, Atylla Wizantiýa bolan talaplaryny has-da artdyrýar.

Atylla Günbatar Rim imperatory Walentiniň uýa- syna öýlenmek bahanasy bilen, 452-nji ýylda uly goşun bilen Rim şäheriniň alkymyna gelýär. Imperator Rim papasyny (hristiançylyk dininiň ýolbaşçysy) iki sany ilçi bilen Atyllanyň ýanyna töwella ugradyp, Atyllany razy edipdir. Emma Atyllanyň gümürtik ýagdaýda tarpa- -taýyn aradan çykmagy bilen, hunlaryň döwleti gowşap başlaýar we tiz wagtdan ýykylýar. Şondan soň hunlar beýleki halklara goşulyşyp-garyşyp gidipdirler.

**1. Hunlaryň demirgazyk we günorta toparlara bölünişi barada aýdyp beriň. 2. Hunlar Ýewropada nirelerde mekan tutupdyrlar? 3. Hunlar Wizantiýa döwletinden näçeräk salgyt alypdyrlar? 4. Atylla Yewropanyň näçeräk şäherlerini basyp alýar, aýdyp beriň. 5. Atyllanyň bitiren işleri barada gürrüň beriň.**

## § 34. Günorta Türkmenistan Sasanylar döwleti döwründe

**Köpetdagyň demirgazyk etekleriniň, Merwiň, Dehistanyň Sasanylar döwletiniň düzümine gir- megi.** B. e. Ill asyrynyň başlarynda gadymy Par- fiýa döwletinde içki we daşky gapma-garşylyklar has ýitileşýär. Döwletiň düzümindäki welaýatlaryň köpüsi merkezi hökümetiň tabynlygyndan çykyp başlaýarlar. Parfiýa döwletiniň düzümindäki seýle ýerleriň biri-de

Pars welaýatydy. Ill asyryň başlarynda Pars welaýa- tyny parfiýalylaryň dikmesi Goçihr dolandyrýardy. Emma Sasan atly ýerli begzada ony agdaryp, Pars welaýatyndaky häkimiýeti öz eline alýar. Sasan Par- fiýa patyşalarynyň tabynlygyndan çykmaga çalşypdyr. Onuň bu syýasatyny ogly Papak, ondan soň bolsa agtygy Ardaşir dowam etdirýär. Ardaşiriň özbaşdaklygy Par- fiýa patyşasy Artaban V-ä ýaramandyr we hökümdar bilen dikmäniň arasynda uruş hereketleri başlanýar. Bu uruş 224-nji ýylda Artaban V-niň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Bu waka türkmenleriň Beýik Parfiýa döwletiniň gutarnykly synmagyna getirýär.

Täze döränn döwletiň ady Sasany serdaryň ady bilen Sasanylar döwleti diýlip atlandyrylýar. Sasanylar döwleti Ardaşiriň döwründe güýçlenipdir. 01 Pars we- laýatyny we oňuň bilen sebitdeş ähli ýerleri birleşdirýär. Ardaşir 226-njy ýylda tagta çykyp, özüni «Şalar-şasy» diýip yglan edýär.

Täze dörän Sasanylar döwleti gysga wagtyň dowa- mynda Margianany, Köpetdagyň demirgazyk etek- lerini, Dehistany, hatda Amyderýanyň çep kenaryndaky ýerleri hem özüne birikdirýär. Emma Horezm ýerle- rini we Beýik Kuşanlar döwletini basyp almak olara başartmandyr.

Günorta Türkmenistanyň ýerleriniň sasanylar ta- rapyndan basylyp alynmagy bu ýerlerde ykdysadyýetiň juda pese gaçmagy bilen baglanyşykly bolupdyr. Parfiýanyň esasy welaýatlary bilen birlikde Nusaý şäheriniň sasanylaryň golastyna düşmegi Nusaýyň öňki ähmiýetini ýitirmegine getiripdir. Köpetdagyň eteklerindäki oturymly obalar hem azalypdyr.

Ykdysady taýdan pese gaçyş Günbatar Türkme- nistanyň ýerlerini - Dehistany hem öz içine alypdyr. Sasanylar döwletiniň gündogar sebitleri bolan Merwiň - Gäwürgalanyň ýerlerinde III asyrda uly bir ykdysady üýtgeşiklikler bolmadyk hem bolsa, IV asyryň içinde bu ýerlerde senetçilik we söwda juda pese düşüpdir. Şäher kiçelipdir, obalarda ilat azalyp, ekin meýdanlary hem kemelipdir.

**Sasanylaryň Amyderýanyň çep kenaryndaky ýerleri özüne birikdirmegi.** Kuşan döwleti dargan- dan soň, sasanylar Amyderýanyň sebitlerini birikdir- mek üçin göreşip başlapdyrlar. Harby ýörişleriň netije- sinde Amyderýanyň çep kenaryndaky giň welaýatlar sasanylara birikdirilipdir. Emma IV asyryň ortasynda Orta Aziýanyň halklarynyň sasanylara garşy erjel göreşmekleri netijesinde, olar Amyderýa boýlaryndan gysylyp çykarylypdyr. Sasanylaryň döwletiniň de- mirgazygynda täze Eftalylar döwleti emele gelipdir, Türkmenistanyň ýerleri tutuşlygyna diýen ýaly onuň düzümine birikdirilipdir.

Bu syýasy özgerişleriň bolup geçmeginiň esasy sebäbi, b. e. III-IV asyrlarynda gul eýeçilik gurluşy kem-kem- den feodal gatnaşyklaryna geçip başlaýar. Yurtda iri ýer eýeleri ýüze çykýar, daýhanlar bolsa ýere berkidilip ýer eýelerine tabyn edilýär. Şeýlelik bilen, sasanylaryň Günorta Türkmenistanyň ýerlerinde agalyk eden asyrlarynda gul-eýeçilik gurluşy täze feodalçylyk gurluş bilen çalşyrylýar.

**Döwlet dolandyrylyş ulgamy.** Sasanylar döw- letiniňbaşynda patyşa oturypdyr, onuň çäklendirilmedik häkimiýeti bolupdyr. Hemme meseleler patyşanyň erk-islegine görä çözülipdir. Sasanylar döwletinde we- zir ýurduň ýerine ýetiriji hökümdary bolupdyr, emma

vezirde doly ygtyýarlylyk bolmandyr. Sasanylarda ma-iýe-dolandyryş işine uly üns berlipdir. Döwletde baş salgytçynyň wezipesi döredilipdir. Baş salgytçy döw- etiň girdejileri we çykdajylary barada patyşa hasabat Deripdir. Döwlet resminamalaryny düzgünleşdirmek üçin iiwan (kanselýariýa), arhiw hem-de köp sanly möhür- er bölümi döredilipdir.

Patyşanyň dilden görkezmeleri mürzeler tara- ayndan ýörite depdere ýazylypdyr. Şeýle-de patyşanyň lut öz kätibi (hadym) tarapyndan «buýruklar depderi» döredilipdir. Resminamalar jikme-jik doldurylyp, möhür Dilen kepillendirilipdir.

Patyşanyň we döwletiň dürli möhürleri bolup, ә1aryп her haýsysynyň öz ulanylmaly ýeri bolupdyr. Mysal üçin, gündelik hatlara basylýan möhürler bilen şizlin ýa-da diplomatik hatlara basylýan möhürler bi- ri-birinden tapawutly bolupdyr. Döwleti esaslandyran

A. rdaşiriň dört möhüri bolup, olaryň ýüzünde ula-nylýan ugurlaryna laýyklykda ýazgylary bar eken. Harby buýruklar üçin bolan möhüriň ýüzünde «dur- nuklylyk», salgyt, maliýe we gurluşyk üçin buýruklar möhürinde «tassyklanan», poçta üçin «howlukmaç», kazyýet işleri üçin bolan möhürde «adalatlylyk» diýen ýazgylar bolupdyr.

**Harby özgertmeler.** Sasanylar döwletinde birnä- çe harby özgertmeler hem geçirilipdir. Olarda erkin adamlardan ybarat bolan atly goşun döredilipdir. Patyşa Hysrow I Anuşirwan öz döwründe goşuny gös-göni özüne tabyn edipdir. Orta gürpdäki ýer eýelerini bol- sa at, ýarag bilen üpjün edipdir. Yurtda ýeke-täk we baş harby serkerde wezipesi ýatyrylyp, onuň ýerine dört sany harby bölüm döredilipdir. Şol harby bölümler döwlete doly gözegçilik etmeli bolupdyr. 01 goşunlaryň

başynda durýanlara spahbed diýlipdir, onuň «emir» diýen manysy bolupdyr. Demirgazykdaky spahbed Mi- diýa we Häzirbegjanyň (Azerbaýjan) ýerlerine, günba- tarky spahbed Yrak, günortadaky Pars we Huzystan welaýatyna, gündogarky spahbed (emir) Horasan ýerlerine ýolbaşçylyk etmeli bolupdyrlar.

**Ekerançylyk medeniýeti. Suwaryş desgalary.** Sasanylaryň agalyk edip başlan döwründe häzirki türk- men ýerleriniň durmuş-ykdysady we medeni ösüş de- rejesi pese gaçypdyr. Yzygiderli uruşlar, kftseki ýurtly basybalyjylaryň eden weýrançylygy şäherleriň ýykylma- gyna, obalaryň tozmagyna getiripdir. Ikinjiden, Köpet- dagdan inýän çeşme suwlary hem azalypdyr. Nusaý ýaly şäherler taşlanyp, Garagumuň etegindäki ekerançylyk meýdanlary hem çöllüge öwrülipdir. Netijede bolsa, öňki ekerançylar ýene-de çarwaçylyga ýüz urupdyrlar.

Wagtyň geçmegi bilen Köpetdagyň eteklerinde taş- lanan köne ekerançylyk ýerleri VI asyryň başlarynda täzeden ekilip başlanypdyr. Oň ýumrulan Nusaý şäheri hem dikeldilipdir. Bu ýerde puluň zikgelenmegi şäheriň şol wagt söwda we senetçilik merkezine öwrülendigine şaýatlyk edýär.

Şeýle-de, Merw oazisinde suwdan peýdalanmak boýunça birnäçe çäreler durmuşa geçirilipdir. Murgap derýasynda bent gurup, suwy geregiçe bölüpdirler. Suwaryş desgalary döwfetiň garamagynda bolupdyr. Derýanyň bendine we suwaryş ýaplaryň gatlalaryna eýeçilik edýän ýörite wezipeli adam bellenip, onuň yg- tyýarynda 400 töweregi adam işläpdir. Olar suwaryş desgalaryna gözegçilik edipdirler, gurluşyk materialla- ryny taýýarlapdyrlar.

Irki orta asyrlarda (IV-VIII) Etrek derýasynyň aşak akymlary - Maşat-Missirian düzlügi, Köpetdag etekleri,

Sarahs we Merw oazisi Demirgazyk Horasanyň ýerle- ri ýurduň esasy ekerançylyk welaýatlary bolupdyr. Bu ýerlerde arpa, bugdaý, jöwen, şaly, noýba ýaly däneli ekinler bilen birlikde pagta we künji ýaly ekinler-de köpçülikleýin ýaýran ekinler bolupdyr. Maşat-Missirian oazisinde gawun, garpyz, käşir, şeýle hem üzüm, alma, armyt, şetdaly ýaly dürli miweli agaçlar ösdürilip ýetişdirilipdir.

Merw oazisi Horasanyň esasy pagtaçylyk welaýaty bolupdyr. Bu ýerde Murgap derýasynyň suwuny peýdalanmak üçin ondan ululy-kiçili kanallar, eneýaplar, gapdalýaplar çekilipdir. Ekerançylyk ýerleri giňeldilipdir. Pagta çig mal görnüşinde-de, işlenilip taýýarlanan mata görnüşinde-de başga ýurtlara çykarylypdyr we söwda- da möhüm orun eýeläpdir. Merwde we Maşat-Missirian oazisinde ptteçilik we ýüpek mata dokamaklyk hem bolupdyr. Şeýlelikde, Türkmenistanyň günorta we günbatar welaýatlary dürli görnüşli däneli we beýleki ekinleriň, miweli agaçlaryň ösdürilip ýetişdirilýän ýer- lerine öwrülipdir.

**1. Türkmenistanyň haýsy ýerleri Sasanylar döwletiniň düzümine giripdir? 2. Sasanylaryň döwlet dolandyryş ulgamy barada gürrüň beriň. 3. Sasanylarda weziriň hukuklary barada aýdyp beriň. 4. Döwletde geçirilen harby özgertmeler barada gürrüň beriň. 5. Ekerançylyk Türkmenistanyň nirelerinde ösdürilipdir?**

## § 35. Günorta Türkmenistan Sasanylar döwleti döwründe (dowamy)

**Sasany-abdal (eftaly) gatnaşyklary.** Türkmenistanyň ýerlerinde gadymdan bäri ýaşan taýpalaryň

/

biri abdallar (eftalylar) taýpasydyr. Yazuw çeşmelerinde beýan edilişine görä, abdallaryň Türkmenistanyň ýer- lerine aralaşmagy iki eýýamyň çatrygyna gabat gelýär. Olar b. e. öňki I asyrda Aziýadan Yewropa tarap göçüp giden hunlaryň taýpa birleşmesinden bölünip, Hazar deňziniň günorta kenarlarynda ornaşyp galypdyrlar.

IV asyryň başlarynda Türkmenistanyň ýerinde ab- dallaryň täsiri güýçlenip başlapdyr. Olara asyryň ortalary- na çenli bolan döwürde goňşy sasanylar bilen ylalaşykda we hyzmatdaşlykda ýaşamak başardypdyr. Hktda abdallar sasanylaryň agalygyny ykrar edip, olaryň goşunynyň düzüminde Rime garşy urşa hem gatnaşypdyrlar. Sa- sany patyşasy Bahram Guruň (421-438 ý.) döwründe häzirki Baýramaly şäheriniň 30 km demirgazyk tarapyn- da ýerleşýän Küşmeýhanyň golaýynda sasanylar bilen abdallaryň arasynda gazaply söweş bolupdyr. 01 Bahram Guruň ýeňşi bilen gutarypdyr. Şondan soň sasanylaryň serhedi Amyderýanyň kenarlaryna çenli baryp ýetipdir. Emma bu üstünlik uzak dowam etmändir. Çünki ikinji gezek 484-nji ýylda sasanylar bilen bolan uruş abdallaryň peýdasyna tamamlanypdyr. Bu söweşde sasanylaryň patyşasy Perozyň özi-de wepat bolýar. Şondan soň tag- ta geçen sasany şasy Kawad iki ýyllap abdallara salgyt tölemäge mejbur bolýar. Şeýlelik bilen, abdallaryň öz- başdak döwleti döreýär.

V asyryň ikinji ýarymýnda Merkezi Aziýada güýç- li döwlete öwrülen abdallar Hazar deňziniň gündo- gar ýakalaryndan tä Amyderýa çenli, Murgap we Tejen deryalarynyň ýokary akymlaryny (demirgazyk Ow- ganystan), Garagum çöllügini öz düzümine birleşdiripdir. Şeýlelikde, häzirki Türkmenistanyň ýerleri tutuşlygyna diýen ýaly Abdallar döwletiniň düzümine goşulypdyr. Abdallar şeýle hem Gündogar Eýrany, Gündogar

Türküstany, Hindistanyň demirgazyk bölegini özlerine birleşdiripdirler. Emma abdallaryň döwleti içki gapma--garşylyklaryň, şeýle-de goňşy döwletleriň çozuşlary netijesinde gowşapdyr. Muňa garamazdan, abdallaryň Hindistandaky ýerleri 530-njy ýylda, Merkezi Aziýadaky we Owganystandaky ýerleri 560-njy ýylda özbaşdaklygyny dikeldipdirler, emma uzak ýaşamandyrlar. Abdallaryň döwleti VI asyryň ahyrynda göktürkmenleriň zor salmagynyň netijesinde ýaşamagyny bes edýär.

**VI asyryň ahyrlarynda halkara ýagdaýynyň çylşyrymlaşmagy.** VI asyr Merkezi Aziýa üçin ykdysady we medeni taýdan ösüşleriň döwri bolupdyr. Şä- herler ulalyp, ekerançylyk, senetçilik we söwda ösüpdir. Şol döwürde Abdallar döwletiniň düzüminde bolan Sogd (häzirki Täjigistanyň günorta ýerleri, Owganystanyň demirgazyk>gündogar bölegi) ýerlerinde işewür söw- dagärler köp bolupdyr. Olar Hytaý bilen Ortaýer deňziniň aralygynda gyzgalaňly söwda işlerini alyp barypdyrlar.

VI asyryň ahyrlarynda Merkezi Aziýada bolup geç- ýän syýasy üýtgeşmeler, ýagny sasanylaryň eftalylar, göktürkmenler bilen alyp baran uruşlary sebitiň syýasy ýagdaýyny has çylşyrymlaşdyrypdyr. 01 uruşlar, esa- san, gadymy söwda ýollaryna eýelik etmek üçin alnyp barlypdyr. Emma söwda işlerine Merkezi Aziýanyň gündogar sebitlerinde ýaşaýan, öň göktürkmenleri özlerine tabyn eden žužanlar taýpasynyň, soňra bol- на abdallaryň talaňçylykly çozuşlary uly päsgelçilik döredipdir. Göktürkmenleriň hanlary Bumyn hanyň žužanlary, Istemi hanyň hem abdallary derbi-dagyn et- mekleri bu ýerleriň işewür adarnlaryna söwda işlerini alyp barmaga, söwdanyň güýçli derejede ösmegine ýol açypdyr. Bu ýeňişler bütin Merkezi Aziýa halklarynyň

Göktürkmenler döwletiniň aýrylmaz raýatlaryna öw- rülmegine getiripdir.

Demirgazyk Hytaýdaky hanlyklary, Merkezi Azi- ýany eýelemek bilen Göktürkmenler döwleti diňe bir harby-syýasy taýdan däl, eýsem ykdysady babatda-da kuwwatly imperiýa öwrülipdir. Olar Göktürkmen döwletiniň üstünden geçýän Beýik Ýüpek ýoluny doly öz ellerine alypdyrlar.

**Sasanylaryň halkara söwda gatnaşyklary bara- daky syýasaty.** Beýik Ýüpek ýolunyň esasy hafydy Hy- taýdan yzygyderli gelip duran çig ýüpek we ýüpek mata- lar bolupdyr. Alyslardan gelýän bu haryda Wizantiýada hem isleg örän ýokary bolupdyr. Emma Wizantiýa gel- ýän Beýik Ýüpek ýoly Eýranyň üstünden geçipdir. Wi- zantiýany özüniň esasy bäsdeşi we garşydaşy hasap- laýan sasany hökümdarlary ony harby taýdan hemem ykdysady taýdan güýçden gaçyrmak isleýärdiler.

Merkezi Aziýadan Eýrana, ondan aňryk Wizantiýa alnyp gidilip satylýan ýüpekden başga-da göktürkmenleriň hökümdary Istemi hanyň özünde we göktürkmen begzadalarynda bu harydyň ummasyz köp mukdary jemlenipdir. Sebäbi hytaý tarapy her ýylda göktürkmen- lere müňlerçe top ýüpek matasyny we ýüpegiň özüni salgyt hökmünde töläpdirler. Sogdlar Istemi handan bu baýlyklary şatyp bermägejözlerine rugsat bermegini sorapdyrlar. Istemi han muňa göwünjeňlik bilen rugsat beripdir. Gysga wagtyň içinde Eýrany ýüpekden dol- duran sogd söwdagärleri täze bazarlary gözläpdirler. Şeýlelikde, olar ýüpegi Eýranyň üsti bilen Wizantiýa satmagy meýilleşdiripdirler.

Istemi hanyň sasanylara ugradan ilçileri bu meselä- ni çözüp bilmändirler. Ustesine-de, ikinji gezek iberilen

ilçiler yzyna gaýdyp gelmändirler. Maglumatlara görä, olar zäherlenip öldürilipdir. Sasanylaryň bu hereke- ti iki dostlukly döwletiň arasyny bozupdyr. Istemi han urşa taýýarlanyp başlapdyr. Şol bir wagtda Istemi han Wizantiýanyň imperatory Yustin II bilen gatnaşykla- ry ýola goýupdyr. Netijede, 568-nji ýylda Göktürkmen döwletiniň we Wizantiýanyň arasynda hoşniýetli goň- şuçylyk we harby ýaranlyk hakynda şertnama bagla- şylypdyr. Şondan soň Istemi han sasanylara garşy ýö- rişe başlapdyr. Anuşirwan Adylyň göktürkmenler bilen urşasy gelmändir. 01 Istemi hanyň güýç-kuwwatyndan we halkara abraýyndan çekinipdir.

Sasanylar bilen göktürkmenleriň arasynda uruş he- reketleri başlanýar. Urşuň başlanmagyna salgyt mese- lesi sebäp bolupdyr. Istemi han sasanylardan göktürk- inenlere salgyt berilmegini talap edipdir. Anuşirwan Adyl salgyt tölemekden boýun gaçyrandan soň, 569-njy ýylda Istemi hanyň goşunlary Etrek derýasyndan tfeçip, Gürgene giripdir. Emma taraplar çaknyşyga tfirişmezden ylalaşyk gazanypdyrlar. Soňra, 571-nji ýylda olaryň arasynda parahatçylyk barada şertnama baglaşylypdyr.

**Sasanylar döwletiniň synmagy.** Anuşirwan Adylyň 579-njy ýylda aradan çykmagy bilen Sasany döwleti gowşap başlapdyr. Onuň ýerine ogly, Istemi hanyň bolsa agtygy (gyzynyň ogly) Hormuzd IV Eýran- da şa tagtyna çykarylypdyr. Nusgawy şahyr Ferdöwsi I lormuzdyň döwleti dolandyrmakda kakasy Anuşirwan Adyldanam adalatly patyşa bolandygyny ýazypdyr.

Hormuzd IV din meselesinde-de adalatlylyk ýol-ýö- relgelerine eýeripdir. 01 Sasanylar döwletiniň ilatynyň op-esli bölegini tutýan hristianlara, ýahudylara we

butparazlara garaşyk edipdir. Eýranyň resmi dini bolan otparazçylygyň wekilleri tarapyndan olaryň yzar- lanmagyna ýol bermändir. Üstesine-de, halka uly egli- şikleri edýänligi, başyna giden begzadalara dözümli daraýanlygy üçin, köşk adamlarynyň bir bölegi ony ýig- renipdir.

590-njy ýylda Hormuzdyň garşysyna dildüwşük gur- nalýar we ony tagtdan agdarýarlar. Hormuzdyň gözü- ni oýup, zyndana taşlapdyrlar we ol ejir çekip ölüpdir. Tagt üstünde başlanan göreş bilen birlikcle, VII asyryň 30-njy ýyllarynda Eýranyň köp welaýatlary mer- keziň tabynlygyndan çykypdyrlar. Sasanylaryň iň soň- ky patyşasy Ýezdigert III (632-651 ý.) ýurdy täzeden birleşdirmäge çalşypdyr. Yöne ýurtda iri ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň ösmegi merkezi häkimligi gowşadyp- dyr. Yurt ýene-de dagynyk ýagdaýda galypdyr. Arap- laryň çozuşy bolsa Sasanylar döwletiniň ykbalyny gu- tarnykly çözüpdir. Sasany patyşasy Ýezdigert III arap çozuşlarynyň öňünde durup bilmändir we Merwe gaçyp gidipdir. 01 şol ýerde hem öldürilýär. Onuň ölmegi bilen Sasanylar döwleti hem ýykylýar.

©

**1. Näçenji ýylda Abdallar döwleti döräpdir? 2. Abdallar döwletiniň düzümine nireler birikdirilipdir? 3. Sa- sanylaryň halkara söwda gatnaşyklary babatda ýöre- den syýasaty hakynda aýdyp beriň. 4. Göktürkmenleriň Beýik Ýüpek ýoly ugrunda alyp baran syýasaty nähili bolupdyr? 5. Anuşirwanyň oruntutarlarynyň döwründe Eýranyň ýagdaýy nähili bolupdyr?**

## § 36. Sasanylar döwründe Günorta Türkmenistanyň medeniýeti

**Maddy medeniýet. Şäher-galalar. Merw.** Sa-Hanylar döwründe Türkmenistanyň ýerlerinde medeniýetde ep-esli derejede öňegidişlik bolupdyr. Şol döwürde gurlan köşk-galalaryň harabaçylyklarynyň onlarçasy Türkmenistanyň häzirki Baharly we Kaka ütraplarynda saklanyp galypdyr.

Murgap oazisinde Merw şäheri sasanylar döwründe hem uly şäher bolupdyr. 01 Horasanyň dolandyryş mer-it ezi we welaýat häkiminiň (marzbanyň) paýtagt şäheri bolupdyr. Şäheriň tutýan meýdany ep-esli giňelipdir. Murgap oazisinde şäher görnüşli täze obalar: Topdepe, Torgaýdepe, Garadepe we beýlekiler ýüze çykypdyr. Täze şäherter senetçiligiň merkezlerine öwrülipdir. Olarda metal önümlerini ýasamak bilen meşgullanýan Henetçileriň aýry-aýry syrgynlary bolupdyr. Şeýlelikde, Türkmenistanyň ýerlerinde öndüriji güýçleriň ösmegi bilen, onuň ykdysadyýeti ýokary göterilipdir.

Bu döwre degişli ýadygärlikleriň arasynda VI-VII MHyrlara degişli Uly Gyzgala Soltangalanyň günbatar tarapynda emeli galdyrylan beýik depäniň üstünd(! gurlupdyr. Onuň ägirt uly diwarlary sütünler bilen bezelipdir. Galanyň ýykylan ýagdaýyndaky beýikli-Ki hem 15 metre barabardyr. Bu köşk iki gatdan, köp otagdan ybarat bolupdyr. Köşgüň ikinji gatyna asma Imsgançaklaryň kömegi bilen daş ýüzünden girilipdir. Diwarda penjire bolmandyr, ok atyjylar üçin kä ýerlerinde' ýörite deşikler goýlupdyr.


**Gyzgala**

Merwde Uly Gyzgalanyň golaýynda Kiçi Gyzgala ýa-da Yigitgala hem salnypdyr, emma bu gala ondan kän kiçi eken. Olçegi boýunça taraplary 11-12,5 m sütiin bolupdyr. Köşkleriň ikisi hem bir nesilşalygyň häkimlerine degişli bolupdyr. Bu köşgüň saklanyp ga- lan diwarynyň beýikligi 8-10 metre barabar eken.

**Ruhy medeniýet. Barbut.** Bu döwürde türkmen halkynyň ösen saz sungaty bolupdyr. VI-VII asyrlarda ýaşan, meşhur sazandalaryň biri Barbut Merwezi bolupdyr. Meşhur sazanda Barbut Nusaýda doglup, Merwde ýaşapdyr. Sazandanyň Merwde ýaşandygyny onuň Merwezi diýen lakamy hem tassyklaýar.

Sazandanyň çagalyk we ýetginjeklik ýyllary Merwde geçipdir. 01 ýaşlygyndan saz çalmagy öwrenipdir, aýdymçy hem sazanda hökmünde kämillige ýetişipdir. Barbut 590-njy ýyldan 627-nji ýyla çenli şalyk süren Hysrow II Perweziň köşgünde 618-nji ýyldan başlap sazanda hasaplanypdyr. 01 saz çalmagyň ussatlyk mek- debiniň düýbüni tutup, bütin Gündogarda meşhurlyk gazanypdyr.

Barbut hakyndaky rowaýatlaryň köpüsi orta asyr- lara degişli edebiýatlarda berlipdir. Olarda hepdedäki, aýdaky we ýyldaky günleriň sanyna laýyklykda ýedi sany «şa aýdymlaryny» öz içine alýan eserler toplumy barada gürrüň berilýär.--Bu eserde Barbudyň 30 sany sazy we 360 sany aýdymy döredenligi barada taryhy maglumatlar saklanyp galypdyr.

Sasany döwletinde köp sanly kitaphanalar işläpdir. Kitaphanalaryň döredilmegi üçin, olarda ylmyň-bilimiň ähli ugurlary boýunça köp sanly kitaplary jemlemekde sasany şalary ellerinden gelen hemaýatlaryny edipdir - ler. Olaryň köpüsi ylma, medeniýete howandarlyk edip-

dirler. Ilkinji nobatda, bu meselede Sasany döwletini äsaslandyran Ardaşir I (224-241 ý.) tapawutlanypdyr. Sasanylaryň döreden kitaphanalarynda Ardaşir I-niň Hindistan, Hytaý, Gresiýa ýaly ýurtlara ýörite iberen adamlarynyň ylmyň dürli pudaklaryna degişli getiren kitaplary saklanypdyr.

Ardaşir I-niň ogly Şapur I (241-272 ý.) hem ylma, bilime, medeniýete howandarlyk etmekde atasyndan kem durmandyr. 01 golýazmalary tertipleşdirmek, gö- çürmek boýunça atasynyň başlan işini dowam etdirip- dir. Iň soňky sasany patyşasy Yezdigert III (632-651 ý.) hökümdarlyk eden döwründe hem köşk kitaphana- synyň işländigi barada maglumatlar bar. Yezdigert III araplaryň yzarlamalaryndan gaçyp, 651-nji ýylda Merwe gelipdir. Şonda ol bu şähere pehlewi (ortapars) dilinde ýazylan golýazmalaryň tutuş kitaphanasyny öz ýany bilen getiripdir. Soňra bu kitaplar Merwdäki kitaphanalar- da saklanypdyr.

**Dini ynançlary.** Sasanylar döwründe Türkmenistanyň ilatynyň dini ynançlary köp görnüşli bolupdyr. Bu döwürde otparazçylyk döwlet dini diýlip yglan edi- lipdir.

Yazuw çeşmeleriniň berýän maglumatlaryna görä, Merw Horasanda otparazçylygyň merkezi şäheri hasap- lanypdyr. Sasanylar döwründe Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ilatyň köpüsi otparazçylyk dinine uýup- dyrlar. Muny, birinjiden, Artyk obasynyň golaýyndaky Akdepeden, Babadurmazyň ýanynda dag eteginden ta- pylan ot ybadathanalarynyň galyndylary tassyklaýar. I kinjiden, otdan bökmek we beýleki ot bilen baglanyşykly dürli ynançlaryň häli-häzire çenli türkmenleriň arasynda saklanyp galmagy hem subut edýä

B. e. Ill asyrynyň ortalarynda Eýranda Mani atly bir dini wagyzçy ýüze çykypdyr. Onuň taglymatlary şäheriň garyp düşen ilatynyň arasynda giňden ýaýrapdyr. Ma- niheýler dünýäde bolup geçýän her bir zadyň esasynda iki başlangyjyň - garaňkylygyň we ýagtylygyň, haýryň we şeriň göreşi bar diýip düşündiripdirler. Olar haýyr işleriň ýeňjekdigine ynanypdyrlar. Maniheýler diňe bir adamlaryň däl, eýsem haýwanlaryň ganyny dökmegi hem gadagan etmegi wagyz edipdirler. Şeýle x^agyzlary üçin Manini we onuň ýaranlaryny 276-njy ýylda jeza- landyrypdyrlar. Emma onuň taglymaty soňky asyrlar- da hem diňe bir Eýranda däl, eýsem Merkezi Aziýanyň köp şäherlerinde wagyz edilipdir.

Maniheýçilik garaýyşlar V asyryň ahyrynda adam- lary şeriň ähli görnüşiniň garşysyna işeňňir göreşmäge çagyran mazdakçylyk (Mazdak - gozgalaňa ýolbaşçy bolan adam) hereketiniň ýüze çykmagyna getiripdir. Yöne Türkmenistanyň çäklerinde mazdakçylyk hereketiniň bolandygy baradaky maglumata henize çenli duş gelne- nok.

Sasanylaryň agalygynyň başlarynda hristiançy- lyk dini hem ýaýrap başlapdyr. IV asyryň başlarynda Merwde hristian dinine uýýan adamlar hem bolupdyr. 420-nji ýylda Merwde mitropolit (hristian dininde ýo- kary derejeli wezipeleriň biri) işläpdir. VI asyrda merw- li hristianlaryň täsiri netijesinde Abiwerdde (Kaka etrabynda) hem hristiançylyk ybadathanasy gurlupdyr.

Sasanylaryň agalygy döwründe Günorta Türkmenistanyň çäklerine buddaçylyk dini-de ýaýrapdyr. Merw Merkezi Aziýadaky budda medeniýetiniň hem uly mer- kezleriniň biri hasaplanypdyr.

**1. Sasanylar döwründe Günorta Türkmenistanyň ýerle-**
**rinde gurlan gala-şäherler barada gürrüň beriň. 2. Bar-**
**but Merwezi kim bolupdyr? 3. Sasanylar döwrüniň kitap-hanalary barada aýdyň. 4. Maniheýçilik näme, ol barada aýdyp beriň. 5. Sasanylar döwründe Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan ilatyň dini ynançlary barada näme bilýärsiňiz?**

## § 37. Demirgazyk Türkmenistan IV-VII asyrlarda. Afrigiler döwleti

**Afrigiler döwletiniň ýadygärlikleri: Gabatgala, Pilgala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr.** Demirgazyk Türkmenistanda çarwa taýpalaryň gozgalaňlary sebäpli, I asyrdan başlap ýagdaý çylşyrymlaşypdyr. IV asyrda bolsa, taryhda «Halklaryň beýik göçüşi» ady bilen belli bolan çarwa taýpalaryň (hunlaryň) köpçülikleýin göçi başlapdyr. Hunlaryň çozup gelmegi şol zamanlarda Hytaýdan we Mongoliýadan başlap Merkezi Aziýa çenli bolan ägirt giň ýere ýaýrapdyr. Çarwa taýpalar (alanlar, hunlar) Amyderýanyň aşak akymlaryndaky oturymly, ekerançylyk bilen meşgullanan ilatyň ýaşaýyş durmuşyna uly täsir edipdirler.

Bu ýagdaý Amyderýanyň aşak akymlaryndaky oturymly horezmlileriň çarwa taýpalaryň hereketine garşy syýasy taýdan birleşmegine getirýär. Netijede, b. e. 304-nji ýylynda bu ýerde Afrig diýen patyşanyň tagta geçmegi bilen täze Afrigiler nesilşalygy döreýär. Bu döwletiň başynda afrigiler neberesinden bolan Ho- rezmşa durupdyr. Afrigiler döwletiniň paýtagty ilkibaş- da Toprakgala, soňra bolsa Kät şäheri bolupdyr. Afrigiler döwletinde köşk-galalaryň 13‘si bolupdyr.

Horezmde Afrigiler nesilşalygy arap basybalyjylary gelýänçä, tä 712-nji ýyla çenli döwleti dolandyrypdyr.

gileriň agalygy döwründe öňki uly galalar berkidilip, täze geçirilen suwaryş ulgamlarynyň - kanallaryň ugurlarynda onlarça kiçi galalar hem gurlupdyr. Bu bolsa ilatyň oturym- ly durmuşa geçip, ekerançylyga aýratyn ähmiýet bermegi- ne getiripdir. Ekerançylygyň giňemegi senetçiligiň ösmegi- ne oňaýly täsir edipdir, çünki bu sebitde senetçilik bilen meşgullanýan adamlar hem ýeterlik bolupdyr.

Gündogaryň belli alymy Abu Reýhan al-Biruny (XI asyr) «Horezmliler ýyl hasabyny Afrigden we onuň ne- sillerinden başlap ýöredipdirler» diýip ýazýai* 01 şeýle hem Afrigiler döwletinde hökümdarlyk eden şalaryň 22-siniň atlaryny agzap geçipdir. Bu maglumatlar Afrigiler döwletiniň Merkezi Aziýada köp asyrlaryň do- wamynda ýaşandyklaryny görkezýär.

Gadymy Horezm oazisini ikä bölýän Amyderýanyň iki kenarynda-da şäherler-galalar gurlupdyr. Şol eý- ýamyň has gadymy ýadygärliklerinden Gabatgala, Pil- gala, Köne Was, Maňňyrgala, Galalygyr ýaly galalary ýatlap bolar. Şol galalar Horezm döwletiniň syýasy, me- deni, hojalyk merkezleri bolupdyr. Olaryň köpüsi orta asyrlarda-da saklanyp galypdyr.

Gabatgala, Pilgala bolsa töweregi birnäçe diwar çe- kilen, ýokarsy diňli uly galalar bolupdyrlar. Galalygyr galanyň diwarlarynda ötlem-ötlem jaý görnüşli girilýän derwezeler bolupdyr.

Bu ýerde salnan Toprakgala giçki Kuşan şäheriniň nusgasy hasaplanýar. 01 12 gektara golaý meýdany tutýar. Galanyň bir burçunda içki gala bolup, onda hö- kümdaryň köşgi ýerleşipdir. Bu galada ot ybadatha- nasy bolupdyr. Şäheriň ortarasyndan uly köçe geçip, onuň iki tarapynda hem ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir.

Afrigileriň galalary palçykdan hem çig kerpiçden salnyp, olar hakyky merkezlere öwrülipdir, olarda adam-

lar birnäçe jemagaty döredipdirler. Jemagaty halk tarapyndan saýlanýan tire ýaşululary dolandyrypdyrlar.

Afrigiler zamanynda gul eýeçilik düzgüni pese düşüpdir we feodalçylyk gatnaşyklarynyň ilkinji ala- matlary ýüze çykypdyr.

Ill—IV asyrlarda Horezmde çarwa taýpalarynyň zor Halmagy netijesinde ekerançylyk meýdanlary azalypdyr, käbir ýerlerde ýaşaýyş kesilip, şäherler weýran bo- lupdyr. Kerwen ýollary gözegçilikden galypdyr, şol se- bäpli ykdysady we söwda gatnaşyklary bozulypdyr.

VI asyrdan başlap Amyderýanyň sag kenaryndaky Toprakgala, Dumangala, Köne Was, Maňňyrgala, Ga- lalygyr ýaly şäherler we galalar çarwa taýpalaryň ço- zuşlary netijesinde boşap galypdyr.

**Hojalygy.** Afrigiler döwletinde köşk emeldarlary artykmaç hukuklardan peýdalanypdyrlar. Köşk emeldarlary ýere-suwa eýelik etmäge hem gözegçilik edip- dirler. Şeýlelik bilen, Afrigiler döwletinde jemgyýetiň täze gatlaklary bolan iri ýer eýeleri emele gelipdir.

V-VI asyrlarda Köne Was, Maňňyrgala, Gaňňa- gyrgala ýaly ençeme şäherleriň boşap galmagyna, ekerançylyk meýdanlarynyň ep-esli kemelmegine gara- mazdan, VII-VIII asyrlarda ýene-de ekerançylyk ösüp başlapdyr. Suwaryş desgalary kämilleşipdir. Eneýaplar (kanallar) öňki döwre garanyňda has dar, emma çuň Kazylypdyr. Suwaryş desgalary birnäçe şahalara bölü- nipdir. Geçirilen bu çäreler suwy tygşytlamaga şert döredipdir. Däneli ekinlerden arpa, bugdaý, gabykly ekinlerden mäş we noýba, bakja ekinlerinden gawun, **Karpyz,** käşir, hyýar ýaly ekinler ekilipdir. Şeýlelik bilen, bu döwürde ilatyň esasy köpçüligi ekerançylyk bilen meşgullanýan orta asyr şäherleri emele gelipdir.

Afrigilerde küýzegärçilik, gap-gaçlary ýasamak işi hem giň gerim alypdyr we täze hünärmenler gatlagynyňn 

ýüze çykmagyna getiripdir. Bu ýerlerde geçirilen gazuw-agtaryş işleri afrigiler döwrüne degişli köp sanly el degirmenlerini ýüze çykardy. Bu bolsa afrigileriň hojalygynda ekerançylygyň esasy orny eýeländigine güwä geçýär. Maldarçylyk hem ilatyň hojalygynda esasy orny tutupdyr. Afrigiler düýeleri, gylýallary, eşekleri ulag serişdesi hökmünde peýdalanypdyrlar.

**Hünärmentçilik we çeper sungat.** Afrigiler döwletinde oba hojalygy bilen birlikde senetçilik we hünärmentçilik hem ösüpdir. Ýöne III-IV4 asyrlarda gap-gaçlaryň öndürilişi has pes bolupdyr. Gaplaryň görnüşleri, olara çekilýän nagyşlar ýönekeý bolupdyr.

Bu ýerlerdäki ýaşaýyş jaýlaryndan dokmaçylygy häsiýetlendirýän ýüň galyndylary - sapak, ikbaş, mata, geýim we palas bölekleri ýaly zatlaryň tapylmagy hü- närmentçiligiň dürli görnüşleriniň bolandygyna güwä geçýär.

III- IV asyrlarda Horezm patyşalygynyň oturan ýeri Toprakgalada we gadymy Goýungyrlan galada gazuw--agtaryş işleri geçirilen mahaly deriniň we agajyň ýüzü- ne ýazylan hatlaryň tapylmagy afrigilerde hat-ýazuwyň ýüze çykandygyny görkezýär. Tapylan tapyndylaryň arasynda zenan hudaýlaryň palçykdan ýasalan heýkel- jikleri bilen birlikde irki antik döwre degişli küýzeler hem bar. Bu küýze gaplaryň ýüzünde rowaýatlardaky gahrymanlaryň görkezen edermenliklerini beýan edýän parçalar ýerleşdirilipdir.

Olaryň içinde atyň şekili çekilen küýzeden riton (bulgur) ajaýyp sungat eseri bolupdyr. Toprakgaladan tapylan heýkellerde Horezmde hiç wagt bolmadyk, diňe hindilere mahsus bolan pilleriň, şahburunlaryň, maýmynlaryň şekilleri hem bar. Bu tapyndylar Horezmiň çeper sungatyna goňşy halklaryň sungatynyň, ilki bilen hem hindi halkynyň täsiriniň ýetendigini görkezýär.

Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri VII asyryň ahyrlarynda VIII asyryň başlarynda içki gapma--garşylyklaryň ýitileşen ojagyna öwrülipdir. Yurtda salgytlaryň agyrlygyndan ejir çekýän şäherli garyp--pukaralaryň gozgalaňlary güýçlenipdir. Horezmdäki çylşyrymly hem dartgynly ýagdaýdan howatyr eden horezmşasy araplara kömek sorap ýüz tutupdyr. Mun- dan peýdalanan araplaryň Horasandaky serkerdesi ibn Kuteýba uly goşun bilen 712-nji ýylda Horezme gelip gozgalaňlary basyp ýatyryp, bu ýerde araplaryň agalygyny berkarar edipdir.

**1. Afrigiler döwleti haçan we nirede döräpdir, gürrüň beriň.**
**2. Şäherleriň boşap galmaklaryna näme sebäp bolupdyr?**
**3. Afrigiler döwletiniň ýadygärlikleri barada gürrüň be-riň.-4. Ajfrigilerde hünärmentçilik we çeper sungat nähili ösüpdir? 5. Iri ýer eýeçiliginiň ýüze çykmagy jemgyýetde nähili gatlagy emele getiripdir?**

## § 38. Eftalylar döwleti

**Hionitler bilen eftalylaryň birleşmegi we olaryň ýaşan ýerleri.** Merkezi Aziýanyň çäklerinde Kuşan imperiýasy ýykylandan soň, taryhda hionitler we abdallar (eftalylar) ady bilen belli bolan taýpalar peýda bolýar. Olar täze taýpa bileleşigini emele getirip, IV asyrda Sasany döwletiniň garşysyna göreşi güýçlen- diripdirler. Bu täze emele gelen taýpa birleşigine soňra kidarlylar hem giripdirler. Gadymy Rim we Wizantiýa çi'şmelerinde olar «ak hunlar», «hionitler», «kidarlylar», «eftalylar», kähalatlarda bolsa «abdallar» diýlip atlandyrylypdyr. «Abdallar» türkmenleriň çowdur we нарук taýpalarynda häzirki günlere çenli saklanyp

galypdyr. Taryhy çeşmelerde eftalylar diýen at patyşa Eftalynyň adyndan galypdyr diýlip berilýär.

IV asyrda hionitleriň we abdallaryň taýpa birleşi- gi bolup geçenden soň, olarda içki gapma-garşylyklar ýitileşýär. Şonuň üçin olarda berk döwlet häkimiýe- tiniň zerurlygy ýüze çykypdyr we eftalylarda mer- kezleşen döwlet döräp başlapdyr. Bu döwlete häzirki Türkmenistanyň ýerleriniň Hazar deňzinden başlap Amyderýa çenli, Amyderýanyň boýundaky birnäçe welaýatlary, Murgap hem Tejen derýalarynyň ýSkary akym- lary, häzirki Owganystanyň birnäçe ýerleri giripdir. Şeýle-de, Gündogar Eýranyň welaýatlary, Hindistanyň demirgazyk bölegi giripdir. Taryhy maglumatlara görä, eftalylar döwletiniň paýtagty Peýkent şäheri (Buhara bilen Amyderýanyň aralygynda), başga bir maglumatlara görä, Balh şäheri bolupdyr hem diýilýär.

Eftalylar döwleti, bir tarapdan Wizantiýa we Eýranyň, beýleki tarapdan Hytaý we Hindistanyň arasynda amatly ýagdaýda ýerleşipdir. Hytaý bilen Alynky

Aziýanyň arasyndaky Beýik Ýüpek ýolunyň bir bölegi olaryň elinde eken. Eftalylaryň oturymly ilaty Hytaý bilen Wizantiýanyň arasyndaky bolýan söwda işlerine hem goşulypdyrlar. Alyp-satylýan zatlaryň arasynda ýüpekden başga-da aýna, gymmat bahaly daşlar, mata, hususan-da, Merwde dokalýan matalar bolupdyr.

Eftalylar döwletinde söwdanyň ösmegi bilen pul dolanyşygy giňäpdir. Olaryň söwda dolanyşygynda Eýranda ulanylan pehlewi hatly sasany manatlary bolupdyr. Eftalylarda Sasany şasynyň ady görkezilen ýaz- gylardan başga-da, goşmaça abdal ýazgylary hem bolupdyr. Emma bu çeşmeleriň esasynda taýpanyň ýa-da halkyň diliniň nähili bolandygyny takyk kesgitlemek

kyn. Hytaý çeşmelerinde eftalylaryň dili türki dilden üýtgeşik dil diýlip berilýär. Soňraky barlaglar eftaly ýazgylarynyň tohar hatlaryndan gelip çykandygyny tassyklaýarlar.

**Däp-dessurlary.** Taryhy çeşmelerde hionitleriň we abdallaryň V-VI asyrlardaky durmuşlary, däp-des- Hurlary baradaky maglumatlar saklanyp galypdyr. Ola- ryň esasy bölegi oturymly ilat bolup, ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Çeşmelerde abdallarda iň ownujak zatlaryň ogurlygy üçin hem ölüm jezasy berilýändigi barada maglumatlar saklanypdyr.

IV— VI asyrlarda dürli halklardan dörän Eftalylar döwletinde köp sanly dini garaýyşlar bolupdyr. Zoroas- trizm dini bilen birlikde maniheýçilik dini hem Merkezi Aziýa, şol sanda eftalylara-da ýaýrapdyr.

Dünýä dmleriniň biri bolan buddizm dini hem eftalylaryň arasyna ýaýrapdyr. Eftaly hökümdarynyň köşgünde gyzyl bilen bezelen budda buthanasy hem bolupdyr. Emma eftalylar, esasan, göge we oda çokunyp- dyrlar. Olar her gün irden Güne sežde edip, soňra nail ar edinipdirler. Eftalylaryň içinde hristiançylyk dini hem ýaýrapdyr.

IV asyrda Kuşan döwleti dargansoň, Amyderýanyň çep kenaryndaky birnäçe ýerler Sasany döwletine birikdirilipdir. Emma IV asyryň ortalarynda Merkezi Aziýa halklary sasanylara garşy göreşip, olary Amyderýa se- hitlerinden kowup çykarýarlar. Ustesine-de, şol wagt- larda Sasany döwletiniň demirgazyk serhetlerine abdallar, hionitler aralaşyp, olara uly howp salypdyrlar.

**Eftalylar döwrüniň ýadygärlikleri.** Eftalylaryň hükimiýeti astynda birleşen taýpalaryň IV-VI asyrlara degişli arheologiki ýadygärlikleri Günbatar Türkmenis- I anda Dehistanyň ýerlerinde ýerleşipdir. Hazar ýakasyn-

daky sähralarda abdallaryň ýaşan galalarynyň üstüniň açylmagy, olarda dürli gatlaklaryň dörändigini görkezýär. Şol ýerde söwda we senetçilik merkezleri bolan Gökjük, Şawdyz, Hanlydepe ýaly şäherler ýerleşipdir.

Hionitler we eftalylar birleşiginiň düzümine giren taýpalaryň taryhy ýadygärlikleri Daşoguz welaýatynyň çäklerinden hem tapyldy. Köne Was we Gaňňagala ýaly gadymy şäherleriň ýokarky gatlaklary şol ýadygärlikle- re degişlidir.

**Etrek-Gürgeniň goranyş desgalary.** Y—VI asyrlarda Sasanylar döwletiniň demirgazyk serhedinde ef- talylara garşy yzygiderli uruşlar alyp barypdyrlar. Şol sebäpli sasanylar Etregiň boýunda, Köpetdagyň etek- lerinde we Murgap jülgesinde ençeme galalary, gorag desgalaryny gurmaga mejbur bolupdyrlar.

Eftalylaryň çozuşlaryndan goranmak üçin sasany hökümdary Peroz Gürgen derýasyndan demirgazyk ta- rapda 300 kilometre golaý uzynlykda diwar saldyrypdyr. Şeýle hem Sasanylar döwletiniň demirgazyk-gündogar serhetlerini goramak üçin Mary sebitinde berkitmeler döredilipdir.

Eftalylar bilen sasanylaryň arasynda halkara söwda ýollaryny eýelemek ugrunda yzygiderli göreş dowam edipdir. Hazar deňziniň kenaryny öz elinde saklamak
//
üçin Yezdigert **II** şol ýerde «Yezdigerdiň Şähristany» galasyny gurdurypdyr. ^

**Horasany eýelemek ugrunda eftaly-sasany bäsdeşligi.** V asyrda eftaly-sasany bäsdeşligi dowam edipdir. Sasany patyşasy Bahram Guruň (421—438 ý.) go- şunlary häzirki Baýramaly şäheriniň golaýyndaky Kuş-
/
meýhanyň ýanyndaky söweşde, soňra Yezdigert II-niň (438-457 ý.) goşunlary Balkan sebitinde eftalylary ýe- ňipdirler.

f

¥ezdigerdiň ogly Perozyň (459-484 ý.) döwründe msanylar bilen eftalylaryň arasyndaky göreş has-da jüýçlenipdir. Perozyň alyp baran urşy ilkibaşda oňa üs- ünlik getiren hem bolsa, onuň ýesir düşmegi bilen uruş •ftalylaryň peýdasyna üýtgäpdir. Peroz 30 gatyr ýükle- nen teňňe berip ýesirlikden boşapdyr, ogluny bolsa ef- talylarda girew goýupdyr. Emma Peroz täzeden 484-nji ýylda Gorgo şäheriniň (Murgap bilen Amyderýanyň ara- lygynda) ýanynda ýene-de eftalylar bilen urşa başlaýar. Hu gezek Peroz öz goşunlarynyň köp bölegi bilen heläk bolýar. Şondan soň Sasany döwleti uzak wagtlap eftaly- lara paç tölemäge mejbur bolupdyr.

Perozyň ogly Kawadyň döwründe (488-531 ý.) hem Hasanylar eftalylara salgyt töläpdirler. Emma VI asyryň ortalarynda Eftalylar döwleti gowşapdyr, mundan peý- dalanan sasajqy patyşasy Hysrow I Anuşirwan (531-579 ý.) olara paç bermegini bes edipdir. Üstesine-de, eftalylar basym göktürkmenleriň döwleti bilen çaknyşmaly bolupdyr.

Sasanylar Göktürkmenler döwleti bilen bile here- ket edip, eftalylara aýgytly zarba urupdyrlar. Netije- de, 563—567-nji ýyllar aralygynda eftalylar döwleti doly nyndyrylypdyr. Şa Hysrow I Gündogarda Amyderýa çenli iigirt uly ýerleri basyp alypdyr. Emma Hazar ýakasyndaky taýpalar sasanylaryň golastyndan çykan hem bolsalar, belli bir derejede göktürkmenlere tabyn edilipdir.

**1. Hionitleriň we abdallaryň ýaşan ýerleri, däp-dessur- lary barada aýdyp beriň. 2. Eftalylar döwleti haçan dö- räpdir we haýsy ýerleri öz içine alypdyr? 3. Eftalylar döwletiniň ýadygärliklerini sanap beriň. 4. Etrek-Gürgen sebitlerinde goranyş desgalary name üçin gurlupdyr? 5. Eftalylaryň döwleti kimler tarapyndan we näçenji ýyl- da ýykylypdyr?**

### § 39. Beýik Yüpek ýoly

**Beýik Yüpek ýoly we halkara söwda gatnaşyklarynyň ösmegi.** Beýik Yüpek ýoly Hytaýy Alynky Aziýa we Yewropa bilen baglanyşdyrýan söwda kerwen ýoludyr. Hytaýyň daşary ýurtlara çykarýan harytlary diňe bir ýüpek mata bolmandyr. Olar daşary ýurtlara çaý, farfor, bezeg üçin boýag, kagyz önümlerini hem çykarypdyrlar. Bu harytlar Yewropanyň bazarlarynda geçginli eken. Yöne Hytaýyň esasy harytlarynyfi ýüpek- digini nazara alyp, bu söwda ýoluna «Beýik Yüpek ýoly» diýip at beripdirler. Hytaý harytlary ýüzlerçe ýyllaryň dowamynda Parfiýa döwletiniň üstünden geçýän söwda ýollary arkaly grek-rim dünýäsine äkidilipdir.

Bu söwda ýolunyň başlangyjy Hytaý täjiri, syýa- hatçysy Sžan Szýanyň ady bilen baglanyşykly bolupdyr. B. e. öňki II asyrda ol Merkezi Aziýa syýahat edipdir. Hytaý söwdagärleri Merkezi Aziýadan owadan, ýyndam atlary, ýorunja, üzüm we pagta tohumlaryny alyp gidip- dirler. Şol döwürde ýüpek matanyň taýýarlanyşynyň syry ýewropalylara belli bolmandyr. Hytaýlylar bolsa ony örän gizlin saklapdyrlar.

Hytaýlylar 5 müň ýyl mundan ozal ýüpek gurçu- gyndan ýüpek almagyň usulyny tapypdyrlar. Rowaýata görä, ilkinji ýüpegiň alnyşy imperator aýal Si Ling Çi bilen baglydyr. 01 çaý içip otyrka, käsesine agaçdan ýüpek gurçugynyň pilesi gaçypdyr. Haçan-da, ol käseden çykarjak bolup piläni çekende, ýüpek sapagy çözülip başlapdyr we ilkinji gezek ýüpegiň alnyş usulynyň üsti açylypdyr.

Hytaý täjirleri öz harytlaryny Merkezi Aziýanyň bazarly şäherleri bolan Buharada, Amulda, Horezmde,

Merwde we beýleki şäherlerde ýerleşdiripdirler. Yerli 196

täjirler bolsa harytlary Siriýa, Müsüre, Wizantiýa ýetiripdirler.

Hytaýlylar ýüpegi öndürmekligiň usulyny köp asyrlap gizlin saklan bolsalar-da, Merkezi Aziýa we Ortaýer deňziniň kenarýaka ýurtlaryna ýüpekçilik dürli ýollar bilen ýaýrapdyr. B. e. VI asyrynyň 50-nji ýyllarynda Wizantiýanyň imperatory Yustinian I-niň dolandyran ýyllarynda Wizantiýa syýahatçylary Hytaý- dan öz hasalarynyň içini köwüp, ýüpek gurçuklarynyň tohumyny gizlinlikde alyp gaýdypdyrlar. Şondan soň Wizantiýada hem ýüpek öndürilipdir.

Beýik Yüpek ýolunyň birnäçe şahalary bolup, olar dünýäniň dürli künjegine uzapdyr. Olaryň biri Owganystanyň üsti bilen Hindistana giden bolsa, beýle- kisi Wolga derýasynyň üsti bilen Gündogar Yewro- pa ýurtlaryna -gidipdir. Bu Yüpek ýoly bilen Hytaýyň, I lindistanyň, şol sanda Merkezi Aziýanyň harytlary hem gadymy rus şäherlerine Kiýewe, Nowgoroda, Moskwa eltilipdir. Beýik Yüpek ýoly halkara söwda Katnaşyklarynyň ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolup başlapdyr.

**Türkmenistanyň şäherleri Beýik Yüpek ýolunyň ugrunda. Halklaryň ýakynlaşmagynda Yüpek ýolunyň ähmiýeti.** Beýik Yüpek ýoly ýurtlaryň we halklaryň özara gatnaşygynyň ösmegine hem ýar- dam edipdir. B. e. öňki II—I asyrlarda Yüpek ýolunyň ugrunda uly we kuwwatly Parfiýa döwleti ýerleşipdir. Söwda ýolunyň Parfiýanyň üstünden geçmegi Rim bilen Hytaýyň aralygynda kerwen ýollarynyň üstünden aga- lyk etmegine mümkinçilik beripdir.

Parfiýa täjirleri diňe bir Hytaý harytlaryny satyn nlinak ýa-da ony Günbatar ýurtlaryna äkitmek bilen meşgul bolman, eýsem öz harytlaryny hem satypdyrlar.

Parfiýa täjirleri öz harytlaryny siriýaly, gresiýaly, rim- li we beýleki ýewropaly täjirlere satýan ekenler. Parfiýa kerwenleri Günbatarda Siriýa, Ermenistana, Pa- lestina we Müsüre çenli baryp ýetipdirler. Bu döwürde Türkmenistanyň ýerlerindäki şäherler hem söwda ýol- larynda ýerleşip, uly ähmiýete eýe bolupdyrlar.

Amyderýanyň kenarynda ýerleşen Amul (Türkme- nabat) şäheri söwda merkezleriniň birine öwrülipdir. Bu ýerden bir ýol Owganystana we Hindistana, beýle- kisi Horezme, ýene bir ýol bolsa Merwe geçipdir. Merw şäheri şu döwürde hem ýüpek matalary, ýüpek halylary bilen dünýäde meşhurlyk gazanypdyr. Merwden kerwen ýollary Hyrada (Owganystana), Köneürgenje, Nişapura uzapdyr. Merwden günorta gaýdýan kerwen ýoly Sarah- sa, Abiwerde (Kaka etraby) gelipdir. Şol ýerden ýol ýe- ne-de ikä bölünip, birisi Nişapura, beýlekisi Etrek-Gürgen sebitlerine aralaşyp, Dehistanyň we Gürgeniň üsti bilen Hazar deňziniň günorta-gündogar kenarlary bilen arap ýurtlaryna aralaşypdyr. Dehistan Günorta-Günbatar Türkmenistanyň uly ykdysady, söwda, hünärmentçilik we medeni merkezleriniň biri bolupdyr.

Bu döwürde Abiwerd Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Demirgazyk Horasanyň uly şäherleriniň biri bolupdyr. Bu ýere Horezmden, Margianadan, Dehistan- dan, Hindistandan ýükli kerwenler gelip, söwda-satyk işlerini geçiripdirler. Sarahgr'hem Nişapur bilen Merwiň arasyndaky iri şäherleriň biri bolupdyr. Merwden çykan kerwenler Sarahsa, soňra Nişapura, Abiwerde, Nusaýa, Parawa we aňyrlygyna Dehistana gidipdirler.

Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky iň uly şäherleriň biri-de Urgenç - häzirki Köneürgenjiň ýerinde ýerleşen gadymy şäherdir. Urgenç diňe bir Orta Gündogar ýurt- lary bilen däl, eýsem Yewropanyň birnäçe şäherleri

## TURKMENISTAN BEYIK YUPEK YOLUNDA



bilen söwda, medeni gatnaşykda bolupdyr. Arheologlar Köneürgençde ýasalan gap-gaçlary Russiýanyň Now- gorod şäherinden tapypdyrlar. Şeýlelikde, Beýik Ýüpek ýolunyň ep-esli bölegi Türkmenistanyň gadymy topragynyň üstünden geçipdir.

IV— VII asyrlardan başlap bu halkara ýüpek söwdasy ýurtlaryň arasynda syýasy-ykdysady gatnaşyklaryň ös- meginde, dünýäniň halklaryny biri-birine ýakynlaşdyr- makda, halklaryň, ýurtlaryň baýlaşmagyna, olaryň medeni taýdan ýokary göterilmegine uly täsir eäipdir.

Beýik Yüpek ýolunyň şeýle uly taryhy ähmiýetini nazara alyp, ÝUNESKO-nyň karary bilen «Beýik Ýüpek ýoly — gepleşikler ýoly, düşünişmek ýoly» diýen at bilen döredilen Halkara ylmy-gözleg topary Türkme- nistanda 1989-1991-nji ýyllarda işlediler. Olar diňe bir gadymy medeniýeti öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem, bu ýoly täzeden dikeltmegiň meselelerini hem maslahatlaşdylar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkme- nistanda Gündogar bilen Günbataryň, Demirgazyk bilen Günortanyň aralygynda syýasy, ykdysady, medeni
gatnaşyklary ösdürmek üçin demir we gara ýollar gur-
lup, Beýik Yüpek ýoly täzeden dikeldilýär.

*Gk*

***f*** **1. Beýik Yüpek ýolunyň döreýşi barada aýdyp beriň.**

**2. Yüpekçiligiň Merkezi Aziýa we Ortaýer deňziniň ke- narýaka ýurtlaryna ýaýraýşy barada gürrüň beriň.**

**3. Türkmenistanyň haýsy gadymy şäherleri Beýik Yüpek ýolunyň ugrunda ýerleşipdir? 4. Halkara söwda, medeni gatnaşyklaryň ösmeginde Beýik Yüpek ýolunyň nähili ähmiýeti bolupdyr? 5. Ürgençde ýasalan harytlar Russiýanyň haýsy şäherinden tapylypdyr?**

## § 40. Türkmenistanyň medeniýeti (b. e. öňki III — b. e. VII asyrlary)

**Gadymy Merwde, Nusaýda binagärçiligiň we şekillendiriş sungatynyň ösmegi.** Günorta Türkmenistanyň ýerleri öz döwründe dünýä medeniýetiniň taryhynda aýratyn orny eýelän Parfiýa medeniýetiniň ýüze çykmagynda we ösmeginde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Parfiýada ýerli medeniýet b. e. öňki **III** asyr- dan başlap ellin (grek-rim) medeniýeti bilen utgaşyp, biri-biriniň ösmegine täsir edipdir. Onuň şeýledigine ^azuw-agtaryş işleri döwründe tapylan binagärçilik we Hungat ýadygärlikleri şaýatlyk edýär.

Parfiýa döwletinde Günorta Türkmenistanyň bina-tfürçilik sungaty ýokary ösüşe ýetipdir. Esasy gurluşyk materiallarý^bolup eýlenen palçyk we çig kerpiç hyzmat edipdir. Agaç, bişen kerpiç, daş, gips hem ulanylypdyr. Nusaýda parfiýaly ymaratçy ussalaryň salan kaşaň jaý-larynyň galyndylary saklanypdyr. Köne Nusaýdaky önüm saklanýan inedördül jaýyň eýwany sütünlenip, daşyna howly salnypdyr. Bu howlynyň her tarapyndan Hütünli edilip salnan üç sany otag ýerleşdirilipdir.

Köne Nusaýyň günorta böleginde köşk-ybadathana jaýlarynyň ägirt uly toplumy bolupdyr. Şol ýerde 400 ine-dördül metr meýdany tutýan uly maslahat geçirilýän jaý gurlupdyr. Bu jaý iki gat edilip salnypdyr, jaýyň ikinji gatynda palçykdan ýasalan heýkeller goýlupdyr. Jaýyň toplumy ýaşaýyş jaýlarynyň we hojalyk jaýlarynyň bir toparyny, sütünli içki howlujyklary, kaşaň ybadathana diňini, şol diňiň töwereginde uzynlygy 17 m bolan yba- dathanany öz içine alýar. Bu ybadathanada bolsa grek hudaýlarynyň şekili goýlupdyr.

Parfiýanyň heýkeltaraşlyk sungatyndan häzirki döwre çenli saklanyp galanlary, dürli nusgalarda we dürli usullarda ýasalypdyr. Olar: daşdan ýonulyp, metal- dan guýlup we keramikadan - gyzyl palçykdan ýasalan heýkellerden ybaratdyr. Köşkleriň we ybadathanalaryň içini bezemek üçin adam boýundan hem has uly görnüşde palçyk-toýundan heýkeller ýasalypdyr. Margianada hem hudaýlaryň, adamlaryň we haýwanlaryň şekilleri gyzyl palçykdan örän çeperçilik bilen, kiçijik görnüşde ýasalyp, ýokary kämillige ýetipdir.

*

Parfiýalylar daşy ýonup, ownujak zatlary ýasap bezeg, doga, şahsy möhür edip ulanýar ekenler. Köne Nusaýdan şular ýaly möhürleriň birnäçesi tapyldy. Olaryň ýüzünde bolsa patyşanyň täç geýip oturan su- ratlary, olaryň awa çykyşlary, dürli-dürli hudaýlaryň, haýwanlaryň suratlary bar. Patyşalaryň şekillerini nakgaşlar Parfiýa döwletiniň teňňelerinde hem goýupdyrlar. Bu şekilleri Parfiýa nakgaşlary çekipdirler.

Arheologlar Köne we Täze Nusaýdan, Margianadan milli türkmen medeniýetimiziň gözbaşyna degişli on- larça sungat önümlerini topladylar. Şolaryň arasynda parfiýaly aýallaryň we erkekleriň eşiklerine dakylýan dürli görnüşdäki altyn hem-de kümüş tumarlar bar.

Täze Nusaý galasyndan hem Parfiýa döwrüniň ýaşaý-şyny we durmuşyny häsiýetlendirýän ençeme binagärçilik desgalary tapyldy. Olaryň içinde birnäçe otagdan ybarat ybadathana hem bar eken. Ybadathananyň sütünleri agaç-dan bolup, häzirki zaman eýwanly jaýlara çalymdaş bolupdyr. Eýwanyň diwarlary dürli reňkler bilen bezelipdir. Bu üsti açylan ýadygärlikler Türkmenistanyň ýerlerinde binagärçilik we şekillendiriş sungatynyň ýokary derejede bolandygyny görkezýär.

**Parfiýada hat-ýazuw.** Parfiýa döwletinde medeni- ýetiň şeýle ýokary derejede ösmegi hat-ýazuwyň ösüşi bilen baglanyşykly bolupdyr. Bu döwürde Eýranda we oňa tabyn ýerlerde döwlet dili parfiýa dili bolupdyr. Emma parfiýa haty bilen birlikde grek haty hem ula- nylypdyr. Bular döwletiň günbatar bölegindäki (Wa-
wilon şäherlerinde) tabyn edilen ellinistik şäherleriň
/
we obalaryň diwan-ýazuw işlerinde ulanylypdyr. Ya- zuw ýadygärlikleriň uly toplumy Köne Nusaýdan ta- pylypdyr. Köne Nusaýdan ýüzi hatly küýze bölekleriň 2700-den gowragy tapylýar. Şol hatlar gadymy parfiýa dilinde ýazylypdyr. Nusaý ýazgylarynda resminama- lary düzüji mürzeleriň - Aritabarzan, Mihrebat, Wahu- inan, Roştan ýaly adamlaryň atlary getirilýär.

Umumy döwlet puly — zikgesi Aleksandr Makedon- Hkiniň Ahemeniler döwletini basyp alanyndan soň, b. e. öňki III asyrdan tä b. e. I asyrynyň ortalaryna çenli grek elipbiýinde çykarylypdyr. Diňe I asyryň ortalaryndan başlap parfiýa elipbiýiniň aýry-aýry harplary pul galyp- larynda peýda bolupdyr. II asyryň ortalaryndan başlap pullaryň bir bölegi harpy boýunça-da, dili boýunça-da parfiýa ýazgylary bilen çykarylypdyr. Hat-ýazuw diňe bir küýze bölekleriniň ýüzüne däl, eýsem ikiden, üçden batda ondan hem köpräk sapaklar arkaly çatylan ki- lapça görnüşli agaç tagtajyklaryna hem ýazylypdyr.

Parfiýa jemgyýetinde sowatly adamlar az bolupdyr. Hat ýazmaklyk diňe hanlaryň, begleriň, ruhanylaryň Elinde bolupdyr. Emma jemgyýetiň ösmegi köp sanly has ökde mürzeleriň bolmagyny talap edipdir. Olar diňe bir parfiýa hatyny bilmek bilen çäklenmän, eýsem GREK hatyny, resmi ýuridik hatlaryň ýazylyş usulyny başarnykly ýazyp bilenler hem az bolmandyr.

Has möhüm resminamalar, mukaddes ýazgylar, uly eserler ýazylan mahalynda eýlenen derilere, ýagny deriden ýasalan gymmat bahaly pergamentlere ýazylypdyr.

®

**1. Parfiýa döwletinde binagärçilik, senetçilik, şekillendiriş sungaty nähili ösüpdir? 2. Parfiýa hatyndaky pullary haýsy asyrdan zikgeläp başlapdyrlar? 3. Gadymy Nusaýyň şekillendiriş sungatynyň aýratynlygy nähili bolupdyr? 4. Nusaý heýkeltaraşlarynyň işleri barada gürrüň beriň. 5. Nusaý haty barada aýdyp beriň.**

## § 41. Türkmenistanyň medeniýeti (b. e. öňki III — b. e. VII asyrlary. Dowamy)

**Ellinizmiň medeniýete täsiri.** Parfiýa medeniýeti öwrenilende, ýerli medeniýete ellin (grekler özle- rini ellinler diýipdirler) medeniýetiniň täsir edendigi görünýär. Parfiýada şäher gurluşygy we binagärçilik ýeterlik derejede ösüpdir. Şäher binagärçiliginde ozal- dan dowam edip gelýän ýerli mirasa esaslanyp, ägirt uly galalar, dini ymaratlar, ýaşaýyş jaýlary gurlupdyr.

Parfiýa döwleti basylyp alnan ýurtlaryň iň oňat binagärçilik nusgalaryny döredijilikli peýdalanypdyr. Bu ýagdaýy Köne Nusaýdaky «inedördül» uly otagyň gurluşy bilen Wawilonyň binagärçilik sungatyndaky meňzeşliklerde hem görmek.' bolýar. Günorta Türkmenistanyň Parfiýa döwrüne degişli şäherleriň biri hem Margiana bolupdyr. Marginanyň obalary Köpetdag etegindäki şol zamanyň obalaryndan tapawutlanyp, şäher gurluşly tertipde bolupdyr. Munuň özi ellinizm medeniýetiniň täsiriniň ýetendigini görkezýär.

Alymlar grek ýurtlaryndan getirilen mermerden ýasalan şekilleri Nusaýdan we Merwden tapdylar. Bular

bolsa Parfiýanyň baý adamlarynyň we hökümdarlary- nyň ellinizm sungatyny kabul edendiklerini görkezýär. Parfiýanyň köşk işgärleri, parfiýa begleri doly diýen ýaly ellinleşipdirler. Onuň şeýle bolandygyny, esasan hem, alymlarymyz tarapyndan oňat öwrenilen Aşgabadyň etegindäki patyşalaryň köşgi hasaplanylýan Nusaýyň mysalynda görmek bolýar.

Parfiýa ussalary süňk ýonup surat çekmek, şekil ýasamak hünärine örän ökde bolupdyrlar. Bu hünäriň owadan nusgalary Nusaýdan tapylan şah görnüşli ritonlardyr. Köne Nusaý galasyndan tapylan bulgurlar - ritonlar Parfiýa sungatynyň örän ýokary derejede bolandygyna güwä geçýärler. Olarda iki medeniýetiň yz- lary aýdyňlygy bilen görünýär. Pil süňkünden ýasalan Nusaý bulgurlary dürli hyýaly jandarlary: ganatly adam - öküziň, ganatly adam - atyň, ganatly guşuň şekilleri bilen bezelipdir. Olara grekleriň olimpiýa hudaýlarynyň on ikisiniň: Zewsiň, Afinynyň, Apollonyň, Poseýdonyň we beýlekileriň suratlary çekilipdir.

Ritonlaryň käbiri altyn çaýylan bürünçden, sap altyndan we bürünçden taýýarlanypdyr. Şol ritonlaryň käbirleriniň göwrümi 1,5 - 2,5 litre ýetipdir. Olar ýer- li we grek hudaýlarynyň hatyrasyna dabaraly çäreler geçirilende şerbetli içgiler içmek üçin niýetlenipdir.

Parfiýa ritonlary b. e. öňki **II** asyra degişli hasaplanyl- ýar. Parfiýanyň sungat eserlerinde Horezmdäki Top- rakgaladan tapylan ýadygärliklerde hem umumy meň- zeşlikler bolupdyr.

**Parfiýalylaryň dini ynançlary.** Parfiýa döwletinde köp sanly halklaryň, taýpalaryň ýaşandygy se- bäpli, olaryň dini düşünjeleri birmeňzeş bolmandyr.

Irki döwürlerde ilatyň durmuşynda atyň we Günüň

keramaty güýçli saýylypdyr. Zenan hudaýlaryň tä- siri halkyň durmuşynda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Ellinizm döwrüniň dolandyryjy toparlary grek hudaýlaryna-da uýupdyrlar. Dini ybadatlary berjaý etmek üçin dürli jaýlary, ybadathanalary salypdyr- lar. Serkerdeleriň gubrunyň üstüne jaý gurmak däbi durmuşa ornaşypdyr.

Umuman, Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ilat yslam dininden ozal bu ýerlere ýaýran we Sasanylar döwleti tarapyndan goldanan zoroastrizfn dininiň we döwlet tarapyndan yzarlanmadyk, känbir azar be- rilmedik buddizm dininiň taglymatlaryna ynanyp, öz däp-dessurlaryny ýerine ýetirip oda, buddalara çoku- nypdyrlar. Käbir ýerlerde bolsa hristiançylygyň tagly- matlaryny hem wagyz edipdirler.

B. e. II—III asyrlarynda buddanyň wagyzçylary Merkezi Aziýa, esasan hem, Gündogar Türkmenistana köp- çülikleýin aralaşypdyrlar. Olar şol ýerlerde ýaşan ilatyň arasynda Buddany wagyz-nesihat edipdirler. Kuşan döwründen başlap buddizm Türkmenistanyň günor- ta-gündogar etraplaryna ýaýrapdyr. Gadymy Mer- wiň Gäwürgalasyndan budda ybadathanasy we Budda hudaýyň şekiliniň tapylmagy bu diniň täsiriniň uly bo- landygyna şaýatlyk edýär. Bu döwürde hristiançylyk dini hem bu ýerlere aralaşyp baglapdyr. Sasanylar döwründe bolsa hristiançylygyň merkezleriniň biri Merw bolup, bu şäherde az wagtlyk hristian mitropoliti hem oturypdyr.

Gadymy Türkmenistanyň çäklerinde şunuň ýaly dürli dinlere uýmaklaryna garamazdan, ilatyň esasy bölegi zoroastrizm — otparazçylyk dinine uýupdyr. Esasy dini däp-dessurlar şuňa laýyklykda alnyp bar- lypdyr.

Otparazçylyk dini Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanda ýaşan gadymy halklaryň arasynda-da giňden ýaýrapdyr. Bu dine uýmaklyk tä araplaryň Türkmenistana aralaşmagyna çenli dowam edipdir. Bu diniň ady onuň pygamberi Zaratuştranyň ady bilen baglunyşyklydyr. Otparazçylyk dininiň dini taglymaty keramatly «Awesta» kitabynda beýan edilipdir. «Awestuda» ähli zatlar biri-birine gapma-garşylykly iki topara: oňat we erbet zatlara bölünipdir. Otparazçylyk dini hakykat bilen ýalanyň, haýyr bilen şeriň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasynda üznüksiz göreş gidýär diýen düşünjäni wagyz edipdir.

Otparazçylyk dininiň ilkinji dörän ýeri Margiana haHnplanýar. Zaratuştranyň wagyzçylary adamlary oda çokunmaga çagyrypdyrlar. Wagyzçylar otdan çyra ýasap, o dünýä baryp bolýar diýip düşündirýär ekenler.

XX asyryň ikinji ýarymynda geçirilen gazuw-barlag işleriniň netijesinde, köne Murgabyň aşaky akymyndan otparazçylyk dininiň dörän ýeriniň Margianadygyny **Hubut** edýän tapyndylar tapyldy. Otparazçylykda Hudaýdan soň ot, suw, ýer, howa iň «keramatly» zatlar hamiplanypdyr. Bu dini garaýyşda oda keramat hökmünde garalmagy adamzat jemgyýetiniň ýaşaýşynda oduň uly ähmiýete eýe bolandygyny görkezýär.

©

**1. Parfiýa döwründen sasanylaryň agalyk eden ýyllarynyň ahyrlaryna çenli Türkmenistanyň çäginde haýsy dinler wagyz edilipdir? 2. Ellin medeniýeti barada aýdyp beriň. 3. Otparazçylyk dininiň ilkinji dörän ýeri nire bolupdyr? 4. Nusaý ritonlary barada gürrüň beriň.**

**5. «Awesta» kitaby haýsy diniň mukaddes kitaby hasaplanýar?**

# III Türkmenistan VII-IX asyrlarda

## § 42. Göktürkmenleriň döwletiniň döremegi

**Döwleti esaslandyryjylar we döwletiň çäkleri.** Aziýanyň we Yewropanyň ägirt uly giňişliklerinde - gündogarda Koreýa aýlagyndan başlap, günbatarda Ha- zar deňzine çenli, günortada Garagumdan ©emirgazyk deňzine çenli aralykda emele gelen oguzlaryň Göktürkmenler döwleti türkmen taryhynda uly yz galdyrypdyr. Göktürkmenler döwleti özüniň etnik düzümi, medeni we ýaşaýyş durmuşlary boýunça dürli-dürli taýpalaryň harby-syýasy birleşmesi bolupdyr. Bu birleşmäniň ba- şyny Altaýyň käbir goňşy taýpalary bilen birlikde çykyş eden türki taýpalar başlapdyrlar.

Göktürkmenler VI asyryň ortalaryna çenli Orhon, Yeniseý derýalarynyň jülgelerinde ýaşapdyrlar. Ilki-ilki- ler göktürkmenler kiçiräk beglik bolup, onuň hökümdary Bumyn han bolupdyr. Emma ol zamanda göktürkmenler öz gündogar tarapynda ýerleşýän güýçli Zužanlar döw- letine bakna, garaşly bolupdyrlar. Erksiz göktürkmenler žužanlaryň agyr sütemini çekip, salgytlaryny töläp, olara demir eredip, ýarag ýasap bermeli bolupdyrlar.

Göktürkmenler ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Suwarymly ýerlerde ilat oba hoja- lyk ekinlerini, öri meýdanlarynda bolsa dowarlary, ga- ra mallary, atlary, düýeleri ösdürip ýetişdiripdirler. Se- netçilik ösüp, ýokary derejä ýetipdir.

545-nji ýylda göktürkmenlere goňşulary bolan Weý döwletinden ilçi gelipdir. Hytaý ilçisi hoşniýetli, dost-

lukly gatnaşyklary ýola goýmak üçin türkmen hany Bumyn han bilen duşuşýar. Bu şatlykly waka göktürk- menlerde uly ruhy galkynyşy döredýär. Hytaýyň Tan nesilşalygy döwrüniň belli taryhçysy Weý Çžen özüniň «Suý nesilşalygynyň taryhy» atly işinde: «Biziň ýurdu- myza beýik döwletden ilçi geldi. Basym biziň döwletimiz hem beýik döwlete öwrüler diýip, hemmeler biri-birini tfutlap başlapdyrlar» diýip ýazypdyr.

Güýçli goňşy döwlet bilen ýaran bolmak Bumyn ha- na-da örän zerur bolupdyr we ol patyşa Wyndiniň teklip- lerini kabul edipdir. Bumyn han haýdan-haý işe girişip, özüniň ýakyn adamlaryny Günbatar Weý döwletine Howgat-serpaý bilen ugradypdyr. Ilçiler göktürkmen- ler bilen Günbatar Weý döwletiniň arasynda umumy duşmana garşy ýaranlyk hakynda şertnama baglaşyp- dyrlar. Şundan soň Bumyn han žužanlaryň tabyn- lygyndan çykmak üçin gozgalaň turzan 50 müň öýli teles taýpasyny öz raýatlygyna goşýar. Netijede, gök- t-ürkmenler tiz wagtyň içinde uly güýje öwrülýär.

Ozüne göwni ýeten Bumyn han žužanlara garşy uruş etmek üçin delil, bahana gözleýär. Bumyn han Zužan hanyň gyzynyň özüne berilmegini sorap sawçy iberýär. Žužanlaryň hany Anahuan muny juda gaty görüpdir. 01: «Sen meniň demir eredijim (göktürkmenler žužanlar üçin demirden gap-gaç, ýarag ýasapdyrlar). Neneň sen tnaňa şeýle teklip bilen ýüz tutup bildiň?» diýip, derga- zap bolupdyr. Bumyn hana geregi-de şoldy. 01 mundan peýdalanyp žužanlara garşy uruş yglan edýär. Uruşda I iumyn han üstün çykýar we Zužan döwletini basyp ulýar, özüni han diýip yglan edýär. Şonuň netijesinde

552- nji ýylda Oguz han neberesinden bolan Bumyn han (Jöktürkmen döwletini esaslandyrýar.

Garaşsyzlygyň alynmagy, täze güýçli döwletiň emele gelmegi göktürkmenlere halkara meýdanyna çyk- maga, özbaşdak, garaşsyz içerki we daşarky syýasaty alyp barmaga doly mümkinçilik döredýär. Bumyn hana syýasatda, harby babatda, halkyň durmuş, hal-ýag- daýyny gowulandyrmakda bitiren hyzmatlary üçin «II han» derejesi berilýär. Ilhanlyga göterilen Bumyn hany egindeşleri üsti ak keçeli ata mündürip, Günüň aý- lanyşy ýaly dokuz gezek aýlapdyrlar we her aýlawda onuň öňünde baş egip tagzym edipdirler. [4]

Özbaşdak türkmen döwletini döretmek işinde Bumyn hana onuň inisi Istemi han ýakyndan kömek be- ripdir. Emma Bumyn han 552-nji ýylyň ahyrlarynda tarpa-taýyn aradan çykýar. Onuň ýerine ogly tagta çykyp, özüne Gara Yssyk han derejesini kabul edýär. Yöne bu han hem 553-nji ýylda aradan çykýar. Şol ýyl- dan başlap, tä 572-nji ýyla çenli Bumyn hanyň kiçi ogly Kuşu han «Muhan han» lakamy bilen Göktürkmen döwletini dolandyrýar.

Muhan han örän akylly, edermen hem batyr bolupdyr. Syýasy, diplomatik tarapdan sowatly adam bolup, döwletiň syýasaty bilen baglanyşykly derwaýys çäreleri işläp düzüpdir. Onuň akylly-başly döwleti edara edişi Göktürkmenler döwletiniň bütin Aziýada iň kuwwatly we uly döwlete öwrülmegine getiripdir. Muhan hanyň
553- 560-njy ýyllarda geŞiren ýörişleriniň netijesinde Sary deňiz bilen Wolga derýasynyň aralygynda ýaşan ähli çarwa taýpalar Göktürkmen döwletine birikdirilip- dir.

**Döwlet dolanyşygy, jemgyýetçilik-ykdysady gatnaşyklary.** Göktürkmenlerde ýokary häkimiýet ýaşulular maslahaty tarapyndan saýlanýan hanyň elinde bolupdyr. Bumyn han uly we kiçi wezipeli jemi 20 adam-

dan ybarat döwlet edarasyny döredipdir. Göktürkmenler döwletiniň baýdagynda möjegiň kellesiniň altyndan edilen şekili ýerleşdirilipdir. Bumyn hanyň girizen kanunlaryna görä, jenaýatyň iň ýamany dönüklik etmek, adam öldürmek, kesekiniň atyny ogurlamak, topalaň etmeklik bolup, şol jenaýatkärlere ölüm jezasy berlipdir. Göktürk- men döwletinde zähmetkeş halk «gara budun» diýlip atlandyrylýan bolsa, ýokary gatlakdan bolan adamlar «beg» diýlip atlandyrylýan eken.

Göktürkmenleriň taryhynda häkimleriň tutýan orunlary barada Külteginiň mazarynyň üstündäki daş ýadygärligiň ýüzüne oýulyp ýazylan hatlarda şeýle beýan edilýär: «Yokarda gök asman, aşakda boz ýer dörän mahalynda, adam oglunyň başynda meniň öten garyn- daşlarym Bumyn han, Istemi han bolupdyrlar. Olar türk halklarynyň birleşigini we kanunlaryny döredipdirler we dolandyrypdyrlar». Bilge han goşun çekip töweregindäki halklary özüne tabyn edipdir, men diýen taýpa serdarlary oňa tabyn bolupdyrlar. Bilge han gök-
I ürkmenleriň bütewüligini berkitmekde ýurduň içinde halkyň agzybirligini, parahat, asuda ýaşamagyny üpjün etmekde arman-ýadaman işlän han bolupdyr.

Göktürkmen döwletiniň Kültegin, Bilge han, Ton ýukuk ýaly sowatly, akylly-başly hanlary, edermen serkerdeleri, ukyply diplomatlary bolupdyr. Olar döwleti kum-kemden güýçlendirip, ýurduň içindäki agzalalygy ýoňip, goňşy döwletleriň köpüsini boýun egdirip kuw- watly döwlete öwrüpdirler.

Orhon ýazgylarynda Bilge hanyň daşa ýazdyranýaz .gysynda «Türkmen-oguz begleri, halk, eşidiň! Ustünden asman basmasa, aşakda ýer dilinmese, türkmen halky, iliňi-ýurduňy, töräni (kanuny) kim bozup

biler? ... Inim Kültegin bilen halkymyzyň ady-sory ýok bolmasyn diýip, türkmen halky üçin gije uklamadym, gündiz oturmadym ... Ölüp barýan halky direldip idet- dim.Yalaňaç halky donly, ýoksul halky baý kyldym, az halky köp oldum. Güýçli il-ýurdy, güýçli hanlyklardan hem ýokary etdim» diýip, ol kuwwatly döwletiň dörän- digini belläpdir.

**1. Göktürkmenleriň döwleti nirede we haçan döräpdir?**
**2. Bu döwleti kim esaslandyrypdyr, ol barada aýdyp beriň. 3. Göktürkmen döwletiniň gülläp ösen döwri barada gürrüň beriň. 4. Bilge han kim, ol nähili işleri geçiripdir? 5. Orhon ýazgylarynda Bilge han oguz beglerine näme diýip ýüzlenýär?**

## § 43. Göktürkmenleriň daşary syýasaty we goňşy ýurtlar bilen gatnaşyklary

### Göktürkmenleriň içeri we daşary syýasaty.

Göktürkmenler ençeme döwletler bilen syýasy, ykdysady, medeni gatnaşyklarda bolupdyrlar. Bu gatna- şyklar diňe bir göktürkmenleriň medeniýetini, ykdysadyýetini baýlaşdyrman, eýsem, gatnaşykda bolan beýleki halklaryň hem syýasy-ykdysady we medeni taýdan ösmeklerine täsirini ýetiripdir.

Muhan hanyň (553-572 ý.) hanlyk eden döwründe Göktürkmen döwleti özüniň gülläp ösen derejesine ýet- ýär. 01 Eýran, Hytaý, Wižäntiýa ýaly güýçli döwletleriň hatarynda bolup, olar bilen hemmetaraplaýyn güýç sy- nanyşyp we bäsleşip biljek döwlete öwrülýär. Muhan hanyň Göktürkmen döwletiniň dolandyryş ulgamynyň kämilleşmeginde we berkemeginde orny juda uly bolupdyr. Muhan hanyň iň uly hyzmatlarynyň biri-de Göktürkmen döwletiniň dolandyryş ulgamy baradaky kada-kanunlary işläp düzenligidir. Şol kanunlaryň biri

hanlyk wezipesiniň nesilden-nesle geçirilmegidir. Ikinji bir zerur kanunlaryň biri, ol hem ýerli häkimleriň merkezi häkimlige garaşly edilmegidir. Muhan han Göktürkmen döwletini dört welaýata bölüpdir.

Göktürkmen döwletiniň hökümdarlary özleriniň içerki syýasatynda ata-babalarynyň döreden döwletini, onuň ýerlerini gorap saklamaga, içki agzalalyklary, oňşuksyzlyklary, döwlete garşy gurnalýan gozgalaňlary basyp ýatyrmakdan, ýurtda berk düzgün-nyzamy ýola Koýmakdan, ilaty parahat, asuda ýaşamaga ugrukdyr-inakdan ybarat bolupdyr.

Göktürkmen döwleti ykdysady taýdan ösen döwletiň biri bolupdyr. Halkara gatnaşyklaryny amala aşyrmak boýunça alnyp barlan daşary syýasat Göktürkmen döwletiniň beýleki ýurtlar we halklar bilen özara gat-nnşyklaryny-kadalaşdyrmaklyga gönükdirilipdir. Göktürkmenleriň hökümdarlary Wizantiýa, Hytaý, Eýran, Ef'taly we ençeme beýleki döwletler bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barypdyrlar. Göktürkmenleriň Hytaý we Wizantiýa döwletleri bilen alyp baran syýasy tfepleşikleri, eftalylar bilen bolan uruşlarda sasanylar bilen bilelikdäki hereketi, Wizantiýa bilen ylalaşyk buglaşyp, olar bilen bilelikde sasanylara garşy göreşi (Jöktürkmen hökümdarlarynyň halkara syýasatyndan, diplomatiýadan ezberlik bilen baş çykarandyklaryny görkezýär.

Göktürkmenler goňşy döwletler bilen söwda gat-nuşyklaryny hem güýçli derejede alyp barypdyrlar. Olar Beýik Ýüpek ýoly üçin goňşy döwletler bilen barlyşyksyz göreşipdirler. Netijede bolsa, göktürkmenler Sasany döwletiniň Wizantiýa bilen Hytaýyň arasyndaky söwdasynda araçyl bolup, söwdadan ägirt uly girdeji alypdyrlar. Bu söwda gatnaşyklary göktürkmenleriň iki

asyryň dowamynda diňe bir Aziýa sebitiniň däl, eýsem Yewropa ýurtlarynyň hem ykdysadyýetiniň güýçli de- rejede ösmegine hemaýat edipdir.

**Göktürkmen döwletiniň ikä bölünmegi.** Muhan handan soňky hanlaryň döwründe Göktürkmen döwleti kem-kemden pese düşüpdir. Içki agzalalyklar, döwletiň düzümine giren taýpalar özbaşdaklyga ymtylyp, ýurduň dürli ýerlerinde gozgalaň turzupdyrlar. Üstesine-de, bu döwletiň içinde dürli syýasy toparlaryň arasynda häkimiýet ugrunda ýiti bäsleşikler, oňşuksyzlyklar do- wam edipdir. Bu ýagdaýdan peýdalanan goňşy döwlet- ler dyngysyz çozuşlary gurnap durupdyrlar. Netijede, göktürkmenleriň döwleti bütinleý gowşaýar we 604-nji ýylda Gündogar we Günbatar Göktürkmen döwletle- rine bölünýär. Göktürkmenleriň günbatar bölegine Istemi han ýolbaşçylyk edipdir.

Göktürkmen döwletiniň ikä bölünmegi netijesinde bolsa, Gündogar Göktürkmen döwleti 630-njy ýylda Hytaýda häkimiýet başyna gelen Tan nesilşalygynyň golastyna düşýär. Şeýlelikde, gündogar göktürkmen- leri 50 ýyllap baknalykda bolmaly bolupdyrlar. Olar öz garaşsyz döwletini dikeltmek üçin birnäçe gezek gozgalaň turzupdyrlar, emma olaryň hemmesi diýen ýaly şowsuz gutarypdyr.

Gahar-gazaba münen, göktürkmenler 682-nji ýylda uly güýç bilen täzeden gozgalaň turuzýarlar. Goz- galaňyň başynda Bilge hanyň kakasy Ilteriş Gutlug durýar. Ilteriş, Tonýukuk serkerdeleriň bilelikde ýolbaşçylyk eden göktürkmenleriň birleşen goşuny olaryň baknalykdan çykmagyna, Ilterişiň «Beýik han» diýlip yglan edilmegine getirýär. Ilteriş han Göktürkmen döwletiniň ozalky şan-şöhratyny ýaňadan dikeld-

GOKTURKMEN DOWLETI



ýär, ýurdy tertip-düzgüne salyp, 693-nji ýylda bolsa dünýeden ötýär. Onuň yzynda iki sany ýaşajyk ogullary
- Mogilýan we Kültegin galýar. Oglanlar ýaş bolandyk- lary sebäpli, olaryň kakasynyň inisi Gapagan patyşa bolýar (dyzmaçlygy üçin oňa Gapagan han diýipdirler).

Gapagan han 703-nji ýyla çenli döwleti berkidipdir. Hytaý bilen parahatçylykly şertnama baglaşypdyr. Bu şertnamanyň netijesinde göktürkmenler bilen ga- ryndaş uýgurlar, türgeşler, gyrgyzlar döwletden bö- lünip Hytaýyň raýatlaryna öwrülipdir. Muňa gahar eden Gapagan han 706-njy ýylda Huanhe derýasynyň boýunda hytaýlylar bilen söweşip, ýeňiş gazanypdyr. Gapagan han döwletiň içindäki taýpalaryň agzyny birikdirmekde hem uly işleri amala aşyrypdyr. Gapagan 716-njy ýylda dünýeden ötensoň, Ilterişiň uly ogly Mogilýan - Bilge («Bilge» - «akylly, bilim- П» diýmekdir) lakamy bilen 33 ýaşynda Göktürkmen döwletiniň beýik hany bolýar. Bilge han Hytaý bilen ýaraşyk baglaşmak üçin öz ilçilerini iberipdir, emma Hytaý patyşasy şertnama baglaşmaga derek göktürkmenleriň üstüne 300 müňlük goşun iberýär. Emma bu ýöriş hytaýlylar üçin şowsuz gutarýar. 725-nji ýylda Hytaý hökümdary göktürkmenleriňkä ilçi ýollapdyr. Ilçileriň kabul edilmegi bilen Hytaý göktürkmenler bilen parahatçylykly gatnaşygy dikeld- ýär. Bilge han hem Hytaý bilen oňat gatnaşyklary saklamaga çalşypdyr. Şeýlelikde, bu iki halkyň ara- synda serhet ýakalarynda dostlukly gatnaşyklar bo- lup, gyzgalaňly söwda alnyp barlypdyr.

Göktürkmenler döwletiniň gülläp ösen döwri Bilge hanyň döwrüdir. Bilge han 683-nji ýylda eneden bo- lup, 51 ýaşynda dünýeden ötýär. Bilge hanyň dolan-

ilyran döwründe onuň kiçi dogany Kültegin döwletiň Koşunynyň baş serkerdesi wezipesini alyp barypdyr. Kültegin 731-nji, Bilge han bolsa 734-nji ýylda ara-dan çykypdyr. Göktürkmen döwletiniň iň soňky hany Ozmyş han bolupdyr. Onuň patyşalyk eden wagtynda döwlet has hem gowşaýar we 745-nji ýylda garlyk hem uýgur taýpalary tarapyndan basylyp alynýar.

©

**1. Muhan han nähili kanunlary işläp düzüpdir?**
**2. Göktürkmen hökümdarlary nähili daşary syýasaty ýöredipdirler? 3. Ilteriş hanyň bitiren işleri barada gürrüň beriň. 4. Göktürkmen döwleti näçenji ýylda we nähili sebäplere görä ikä bölünýär, gürrüň beriň. 5. Bilge han haýsy ýyllarda döwleti dolandyrypdyr?**

## § 44. Türkmenistan yslam dininiň Merkezi Aziýa ýaýramagynyň öňüsyrasynda

### Türkmenistan Sasanylar döwletiniň düzümin- de. Döwlet dolandyryş ulgamynyň döredilmegi.

Ardaşir I-niň (224-241 ý.) patyşalyk eden ýyllarynda Merkezi Aziýanyň günorta-günbatar bölegi, Owganystanyň, Derýaaralygynyň bir bölegi, Kawkazyň gün- dogary Sasanylar döwletine birleşdirilýär. Şondan soň Musanylar Türkmenistanyň ýerlerini - Margiananyň, Köpetdagyň demirgazyk eteklerini, Etrek derýasynyň uşak akymlaryny, Amyderýanyň orta akymynyň çep kenarlaryny basyp alýarlar. Sasanylar döwleti çägi boýunça-da, ilat sany boýunça-da uly döwlet bolupdyr.

Basybalyjylykly uruşlaryň netijesinde ekerançylyk we öri meýdanlaryny, magdan känlerini, salgytlardan

alynýan girdejileri we arzan işçi güýji bolan gullary edinipdirler. Şu çylşyrymly ýagdaý döwletiň dolandyryş işiniň kämilleşdirilmegini talap edipdir. Sasanylaryň döwlet dolandyryş ulgamyna ýerli han-begleriň käbir- leri goşulyp, basylyp alnan ýurtlaryň ilatyny edara edipdirler. Döwletiň başynda patyşa durup, onuň çäk- lendirilmedik häkimligi bolupdyr.

Patyşadan soňky wezipe ýurdy edara etmeklik patyşanyň geňeşdary bolan wezire degişli edilipdir. Salgyt işleri bilen salgyt edarasynyň emeldary meşgullanyp- dyr. Diwan diýilýän edara döwlet resminamalaryny taýýarlapdyr. Arhiw işleri bilen meşgullanýan edaralar hem bolupdyr. «Yazgylar baştutany» diýen wezipe- li adam patyşanyň dilden aýdanlaryny ýörite tutulan depdere ýazypdyr.

**Ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýy.** Sasanylar Türkmenistanyň Horasana degişli ýerlerine, esasan hem, Merwe aýratyn üns beripdirler. Çünki Merwiň mes toprakly suwarymly ekin meýdanlary Sasanylar döwletiniň baýamagyna, ykdysadyýetiniň ösmegine, daşary söwdasynyň artmagyna ýardam beripdir. Suwy tygşytlamak üçin gaçylar galdyrylypdyr, ululy-kiçili ýaplar çekilipdir, bentler, gatlalar gurlupdyr, suwuň kadaly goýberilişine, ýaplaryň ýagdaýyna ýörite gö- zegçilik edýän miraplar hellenipdir.

Suwarymly ýerlerde Maşat-Missirian, Merw, Sarahs düzlüklerinde, Köpetdag eteklerinde däneli we kösükli ekinler ösdürilip ýetişdirilipdir. Merw, esasan, pagtaçylyk üçin iň amatly ýurt bolupdyr. Pagtadan her dürli matalar dokalyp, beýleki ýurtlara satuwa çykarylypdyr. Merwde, Maşat-Missirianda pileden ýüpek matalar dokalypdyr.

Sasanylar döwründe Türkmenistanyň ilatynyň durmuş-ykdysady ýagdaýy agyrlaşypdyr. Dyngy syz uruşlar, gurakçylyk ilatyň hal-ýagdaýyny has pese gaçyrypdyr. Kärendeçiligiň ýaýramagy bilen ilat bergidarçylyga sezewar edilipdir. Adamlary zorluk bilen goranyş desgalaryny, berkitmeleri, harby galalary gurmaga sürüp- dirler. Bu bolsa ekerançylyk meýdanlarynyň boşap galmagyna alyp barypdyr. Bu ýagdaýlar Etrek we Merw Hebitlerinden adamlaryň göçüp gitmeklerine, obalaryň boşap galmagyna getiripdir.

Yagdaý has-da VII asyryň 30-njy ýyllarynda agyr- laşýar. Içerki dawa-jenjeller, daşary güýçleriň zor sal- magy medeniýetiň ojaklary bolan şäherleriň, uly obalaryň taşlanyp, boşap galmaklaryna getiripdir.

Çydamsyz ýagdaýa döz gelip bilmedik ilat häki- miýete, iri ýer eýelerine garşy gozgalaň turzupdyr. Ilaty garşylyk görkezmäge iteren zadyň biri hem mail iheýleriň dini akymynyň «Baknalyga garşy göreşmek her bir adamyň borjudyr» diýen şygary bolupdyr. Goz- Kalaňçylar maniheýleriň wagyzlaryny goldap, iri ýer rýeleriniň emläklerini, ýerlerini alyp, öz aralarynda paýlaşyp başlapdyrlar. Sasany döwletiniň iň soňky pa- tyşasy Ýezdigert III (632-651 ý.) döwleti dikeltmäge sy- minyşýar. Emma onuň bu synanyşygy başa barmandyr. Sebäbi bu döwürde araplar agyr goşun bilen Eýrany liasyp alyp, Türkmenistana aralaşýar.

**Dini ynançlar.** Sasanylar döwründe Türkmenistanda ýaşan ilat köp dinlere uýupdyr. Şolaryň içinde zoroastrizm dini döwlet dini bolupdyr. 01 gadymy Margianada döräp, Merkezi Aziýa, Eýrana, Azerbaýjana ýaýrapdyr.

Zoroastrizm dini gadymy Margiananyň oturymlv we çarwa ilatynyň arasynda giňden ýaýrapdyr. Ya-

ňy-ýakynlara çenli zoroastrizm dininiň nireden çykan- lygy anyk bolman gelýärdi. Alymlaryň bir topary onuň gadymy Eýrana, beýleki bir topary gadymy Midiýa degişlidigini teswirleýärler. Emma XXI asyryň baş- laryndan gadymy Marguşda (Goňurdepede) geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan maglumat- lar, zoroastrizm dininiň we onuň keramatly kitaby «Awestanyň» gelip çykan ýeriniň Margiana ýurdudygy- ny subut etdi.

VI— VII asyrlarda zoroastrizm dini ençeftie beýleki dinleriň, esasan-da, hristiançylygyň dürli akymlary- nyň bäsleşigine sezewar bolýar. Sasanylar döwründe Merwde, Abiwerdde hristiançylyk ýepiskoplygy işläp- dir. VI asyrda merwli ruhany Feodr hristiançylyk dini barada ençeme kitaplary ýazyp, ilat arasyna ýaýra- dypdyr.

Sasanylar döwründe Günorta Türkmenistana budda dini hem aralaşyp başlaýar. Taryhçylar Merwiň Merkezi Aziýanyň iri budda merkezleriniň biri bolandygyny belleýärler. Merwdäki Gäwürgaladan tapylan iki sany budda ybadathanasy, buddanyň äpet kelle heýkeliniň tapylmagy bu ýerlerde buddaçylygyň ýaýrandygyna güwä geçýär.

Maniheýçilik dini b. e. Ill asyrynda döräp, Aziýanyň we Yewropanyň ençeme ýurtlaryna ýaýrapdyr. Bu din Mani diýen adam tarapyndan döredilipdir. Maniheýçilik dininiň tassyklamagyna görä, dünýäde şer, ýamanlyk, garaňkylyk höküm sürýär. Munuň öňüni almak üçin terkidünýälige ýüz urmaly diýip wagyz edilipdir. Şonuň üçin bu din et iýmezligi, serhoş edýän içgileri içmezligi, maddy we ruhy eşretlerden el çekmekligi öňe sürýär. Umuman, maniheýçilik dini feodalçylyk süte-

mine, deňsizlige, adalatsyzlyga garşy gönükdirilipdir.

Şonuň üçin bu din giň köpçülik tarapyndan nypdyr. Yokary gatlagyň dolandyryjy topary Manim tutup jezalandyrypdyrlar.

**1. Sasanylar döwleti haçan we kim tarapyndan esaslandyrylypdyr? 2. Sasany hökümdarlary Merwde ekerançylykda nähili işleri amal edipdirler? 3. Sasanylar döwründe haýsy dini ynançlar ýüze çykypdyr? 4. Zoroastrizm dini barada gürrüň beriň. 5. Budda dini haýsy wagtlarda Türkmenistana ýaýrap başlapdyr?**

## § 45. Yslam dini. Muhammet pygamber

**Arabystanyň syýasy-ykdysady ýagdaýy, ilatynyň dini garaýyşlary.** Geografiki tarapdan Arabystan Aziýanyň we Afrikanyň güýçli döwletleriniň arasynda ýerleşipdir. Onuň goňşulary bolan Wizantiýa we Eýran ýaly döwletler Arabystana garşy göreşi gitdigiçe güýçlendiripdirler. Sebäbi VI asyryň içinde Mekge şäheri Gyzyl deňziň üsti bilen Afrika ýurtlary bilen söwda aragatnaşygyny saklapdyr. Ortaýer deňziniň kenaryndaky ýurtlardan Hindistana we Hytaýa gatnaýan söwda kerwenleri hem Hijaz welaýatynyň içinden geçip gider ekeni. Bu harytlar Hijaz täjirlerini we söwdagärlerini baýadypdyr, ýurduň, halkyň hojalyk we hal-ýagdaýyny gowulandyrypdyr. Emma goňşy döwletleriň her Itiri kerwen ýollarynyň Arabystanyň üsti bilen däl-de, öz ýurdunyň içi bilen geçmegini isläpdirler.

Yurdy goňşy ýurtlaryň çozuşyndan gorap saklamak üçin dagynyk arap taýpalaryny birleşdirip, bitewi arap

döwletini döretmeklik gerekdi. Agzala, dagynyk ýaşap ýören arap taýpalarynyň bitewi bir dini hem ýokdy. Her tiräniň we taýpanyň öz çokunýan hudaýy bolup, köp hu- daýlylyk höküm sürüpdir. Şu ýagdaý arap taýpalarynyň birleşmesini, basybalyjylara bilelikde garşylyk görkez- meklerini kynlaşdyrypdyr. Şonuň üçin köp hudaýlylyga bolan ynamy bes etmek, ýeke-täk bir hudaýa uýmaklyk esasy mesele bolup durýardy.

**Yslam dininiň döremegi.** Arabystanda yslam dinini esaslandyran Muhammet pygambbr bolupdyr. Hezreti Muhammet 570-nji ýylda Arabystanyň Mek- ge şäherinde araplaryň kureýiş taýpasynyň haşym urugynda ýönekeý maşgalada dünýä inýär. 01 ir ýe- tim galýar. Muhammet entek dünýä inmänkä kakasy Abdylla, alty ýaşyna ýetende bolsa ejesi Emine aradan çykýar. Mundan soň Muhammedi atasy Abdyl Muttalip öz ýanyna alýar. Emma ol hem köp ýaşaman, iki ýyl- dan soň ýogalýar. Indi Muhammede onuň kakasynyň
dogany Abu Talyp hossarlyk etmeli bolýar.

Yaşajyk Muhammet agasynyň çekenesini bakypdyr. Yetginjek ýaşlarynda Mekge şäheriniň baý täjirleriniň biri bolan Hatyjanyň söwda işlerini alyp barypdyr. Goňşy ýurtlara gidip Hatyjanyň söwda-satyk işlerini berjaý edipdir. 01 Hatyjanyň tabşyran işlerini ak ýürek bilen ýerine ýetirip, päk zähmet çekipdir. Onuň oňat hä- siýeti, başarjaňlygy Hatyja ýarapdyr. Hatyjanyň özüni sylap-hormatlaýşyna, özüni alyp barşyna Muhammediň hem syny oturypdyr. Bu duýgular Muhammediň Hatyja öýlenmegine getiripdir. Muhammet pygamberiň dört gyzy - Zeýnep, Rukyýa, Ummü Gülsüm, Patma we üç ogly - Kasym, Ybraýym we Abdylla bolupdyr.

Muhammet 40 ýaşynda, öz önüp-ösen ýeri bolan Mekgede 609-610-njy ýyllarda ähli zady ýaradan bir Hudaýa - Alla ynanmagy öňe sürüp, wagyz-nesihat et- mäge başlapdyr. Emma Mekgäniň ilatynyň aglabasy Muhammediň ündeýän täze yslam dinini goldamandyr- lar. Yagdaý barha ýitileşipdir. Muhammet pygamberiň tarapdarlarynyň üstünden gülüpdirler, köçelere çykanlarynda kesekläpdirler, täze dinden dänmeseler, heläk etjekdiklerini duýduryp, olaryň kastyna hem çykypdyrlar.

Muhammet pygamber azar beriljegini bilip, özüni goldaýan kiçiräk topar bilen 622-nji ýylda Mekgeden Medinä göçýär. Şol ýyldan başlap musulmanlaryň ýyl hasaby - hijri ýyl hasaby ýöredilip başlanypdyr.

MedinäE^iň halky täze dini goldapdyr we ony ýaýratmaga kömek edipdir. Muhammet Medinede täze dini jemagaty döredipdir. Pygamberiň esasy wezipesi Mekgäniň, ähli Arabystanyň we beýleki ýurtlaryň ilat- laryny yslam dinine çagyrmak bolupdyr. Medine bilen Mekgäniň arasynda sekiz ýyllap dyngysyz uruş gidipdir. Netijede, 630-njy ýylda Mekge boýun egipdir. Şundan iki ýyl geçensoň, 632-nji ýylda Muhammet pygamber Medinede dünýäden ötýär. 01 şol ýerde-de jaýlanýar. Pygamber ýogalandan soň, Mekgede häkimiýet onuň I'^indeşlerine - halyflara geçýär.

**Muhammet pygamberiň egindeşleri - ilkinji halyflar.** Muhammet pygamber dünýäden ötenden soň, halyflyga onuň iň ýakyn egindeşleri geçýärler. Halyf arapça mirasdüşer, orunbasar diýmekdir. Ilkinji halyflar Ebu-Bekir, Omar, Osman we Aly bolupdyrlar. Tiirkmenler olara «Dört çaryýarlar» diýýärler. Halyflar

birnäçe ýyllap arap halyfatyny (döwletini) edara edip- dirler.

Muhammet pygamberiň iň ýakyn egindeşi, ýakyn maslahatçysy hem gaýynatasy Ebu-Bekir (632-634 ý.) birinji halyf bolupdyr. Ebu-Bekir Muhammet pygamberiň duşmanlary tarapyndan yzarlanan wagtlaram, Mek- geden Medinä göçüp giden wagty hem, onuň ýanyndan aýrylmandyr. 01 Muhammet pygamberiň aýaly Äşäniň kakasydyr. ^

Ebu-Bekir iki ýyl halyf bolýar. Emma şol iki ýylyň içinde yslam dinini Arabystanyň öz içinde ymykly ornaşdyrýar we 634-nji ýylda 66 ýaşynyň içinde aradan çykýar.

Ebu-Bekirden soň, Omar (634-644 ý.) halyf bolup geçýär. 01 görnükli döwlet işgäri, yslama ak ýürekden hyzmat eden, garyp-gasarlaryň tarapdary, zalymla- ra garşy duran, adyl hökümdar bolupdyr. 01 yslamy ornaşdyrmakda netijeli işleri bitiripdir. Omar 644-nji ýylda bir gul tarapyndan öldürilýär.

Uçünji halyf Muhammet pygamberiň giýewisi Osmandyr (644 - 656 ý.). Osman halyflyga 70 ýaşlarynda saýlanyp, 12 ýyl häkimlik edipdir. Onuň döwründe arap halyfaty has giňelýär we uly döwlete öwrülýär. Ebu Be- kir Muhammet pygambere iberilen Kuran sürelerini we aýatlaryny ýygnadyp büsýere jemläpdir. Hezreti Osman olary doly gözden geçirip, VII asyryň 40-njy ýyllarynyň ahyrlarynda bitewi bir Kuran kitabyny çykarýar we hal- ka ýaýradýar. Emma hezreti Osman hem 656-njy ýylda dildüwşüjileriň elinden heläk bolýar.

Dördünji halyf Muhammet pygamberiň doganog- lany we gyzy Patmanyň adamsy hezreti Aly bolupdyr. 01 (656-661 ý.) 6 ýyl halyflyk wezipesini ýerine ýeti-

ripdir. Alynyň halyflygy döwründäki täzelikleriň biri paýtagtyň Medineden Yrakdaky Kufe şäherine geçi- rilmegi bolupdyr. Alynyň halyflyk eden döwründe hä- kimlik ugrunda özara göreşler bolupdyr. Hezreti Aly 661-nji ýylda Kuf şäherindäki metjitleriň birine girip barýarka haryjylaryň biri ony agyr ýaralaýar. Şol ýara- dan hem Aly aradan çykýar. Alynyň at-abraýy ölenden нoп has hem ýokary göterilipdir. 01 baradaky gürrüňler rowaýata öwrülipdir.

Aly aradan çykandan soň, musulmanlar şaýylar we Hünnüler diýen iki uly topara bölünýär.

Aly musulmanlaryň arasynda batyr, gahryman adam Imsaplanylýar. Şuňa görä ol «şahymerdan» - «mertleriň patyşasy», «esedulla» - «Allanyň şiri» lakamlaryny göte- ripdir.

Alynyň ýkyny onuň ogullary Hasan bilen Hüseýin ýöredipdirler. Emma Alynyň ogullarynyň garşysyna omeýýatlaryň neberesi häkimlik ugrunda göreşip, halyflygy olaryň elinden basyp alýarlar. Omeýýatlar
VII asyryň 60-njy ýyllaryndan başlap, tä VIII asyryň ГЮ-nji ýylyna çenli halyfaty dolandyrýarlar. Abbasy- lardan bolan halyflar bolsa 1258-nji ýyla çenli, ýagny mongollaryň basybalyşlaryna çenli halyflygy do- Inndyrýarlar.

Φ

**1. Yslam dini nirede döräpdir? 2. Muhammet pygamberiň Mekgeden Medinä göçmeginiň sebäbini aýdyp beriň.**
**3. Muhammet pygamber aradan çykandan soň kim onuň ýerine geçipdir? 4. Musulman ýyl hasabynyň ýüze çykmagynyň sebäbini gürrüň beriň. 5. Mukaddes Kuran haýsy halyf tarapyndan kitap edilip çykarylypdyr?**

If>. Sargyt № 1719

§ 46. Kurany Kerim

Kuranyň gelip çykyşy. Yslam dini VII asyryň başlarynda Günbatar Arabystanyň Hijaz welaýatynyň Mekge şäherinde döreýär. Hijazyň iň uly şäheri bolan - Mekge araplaryň söwda merkezi bolupdyr. Bu şäher Si- riýa, Palestina, Yraga, Müsüre gidýän gadymy söwda- -kerwen ýollarynyň çatrygynda ýerleşipdir.

Mekge araplaryň dini merkezi bolupdyr. Mekgede Käbe ybadathanasy we onuň golaýynda keAmatly ha- saplanan Zemzem çeşmesi ýerleşipdir. Mekgede ençeme arap tire-taýpalarynyň butlary (agaçdan ýa-da daşdan ýasalan hudaýlaryň heýkelleri) oturdylypdyr. Käbe ybadathanasyna, Zemzem çeşmesine Arabystanyň çar tarapyndan zyýaratçylar gelip, sadaka beripdirler. Yslam dini beýleki dinlere garanda has soň dörän dünýä dinidir.

Türkmenler Kurany Kerimi «Gurhan» diýip atlandyrýarlar. «Kuran» sözi arapçadan türkmençä geçiri- lende «okamak» diýmegi aňladýar. Din alymlarynyň aýtmagyna görä, Alla Muhammet pygambere Jebraýyl perişdäniň üsti bilen öz wahyýlaryny - habarlaryny iberip durupdyr. Muhammet pygamber şol habarlary egindeşlerine aýdyp beripdir.

Kuran jemi 114 sürä we 6666 aýada bölünipdir. Süreler öz içinde aýry-aýry aýatlara bölünýär. Süreleriň döreýiş wagtyna görä olar ikä - irkilere we giçkilere bölünýär. Olaryň 90 süresine Mekge süreleri, 24 süre- sine bolsa Medine süreleri diýilýär. Mukaddes Kuran kitaby «Fatyha» süresi bilen açylyp, «Nas» süresi bilen tamamlanýar.

Mukaddes kitapda dünýäniň emele gelşi, onuň gurluşy, Allatagalanyň asmany-zemini alty günüň

içinde ýaradanlygy barada aýatlar bar. Allatagalanyň udamy ruhdan, toprakdan döredendigi barada aýdyl- ýar.

Kuranda diline, milletine, jynsyna garamazdan, iihli ynsanlaryň bir doganlygy barada nesihat berilýär.

Kuranda ýagşylyk-ýamanlyk, haýyr-şer, utanç-ha- ýa, adalatlylyk-adalatsyzlyk, borç, jogapkärçilik ýaly düşünjelere uly üns berilýär. Din adamlardan ýag- şylygy, adalatlylygy, sahylygy, päkligi, garyp-gasarla- ra kömek bermegi, maşgalada agzybirligi saklamagy ündeýär.

Kuranda ene-ata hormat goýmak barada aýatlar köpdür: «Епе-atalaryňyza ýagşylyk ediň. Olar garra- Halar, sizden ýadadym diýmäň, olara igençli gürrüň rtmäň, olar bilen mylakatly gürleşiň». Mukaddes kitap- da garyndaşlara, ýoksullara kömek etmegiň zerurdygy barada nygtalýar.

Yslam dininde perzendi ulaldyp ýetişdirmek, oňa ýagşy terbiýe bermek, hünär öwretmek ata-enäniň borjy hasaplanylýar. Kuranyň mukaddes sahypalarynda, pygamberiň hadyslarynda ylma-bilime aýratyn üns berilýär. Olarda her bir musulmanyň ylymly-bilimli bolmagy, şeýle hem sowat, bilim öwredýänlere, alym- lara aýratyn hormat goýmak ündelýär. Muhammet pygamberiň hadyslarynda ylym barada şeýle diýilýär: «Eger ylym gözleginde bolsaňyz, Hytaýda bolsa-da gidiň. Çünki ylym öwrenmek her bir musulmanyň bor- judyr».

Orta asyrlarda musulman ýurtlarynda ylmyň ähli ugurlary boýunça uly açyşlar bolupdyr. Esasan hem, Merkezi Aziýanyň şäherlerinde, şol sanda Türkmenistanyň şäherlerinde: Merwde, Nusaýda, Ür-

gençde we beýleki şäherlerde dini eserler bilen birlikde, dünýewi eserler hem ýazylypdyr.

**1. Kuran kitaby näçe sürä we aýada bölünýär? 2. Kuranyň irki we giçki süreleri näçe sany hasaplanylýar? 3. Kuran kitabynda ata-eneler, garyp-gasarlar, ýetimler barada näme diýlipdir? 4. Yslam dini ylma nähili garaýar?**

## § 47. Yslam dininiň dünýä ýaýramagy

Yslamyň Arabystana we goňşy ýurtlara ýaýramagy. Yslamy ýaýratmaklyk Muhammet pygamberiň döwründen başlanypdyr. 01 araplara köphudaýlylyk- dan birhudaýlylyga - yslam dinine geçmegi ündäpdir. Emma Muhammet pygamberiň heniz bar wagtynda, araplaryň özlerini hem yslama uýdurmak juda uly kynçylyklary döredipdir. Yslam dinine ozaly bilen Mu- hammediň hut öz kureýiş taýpasynyň han-begleri, hat- da garyndaşlary-da garşy çykypdyrlar. Ony ilki-ilkiler iň ýakynlaryndan diňe aýaly Hatyja, dört çaryýarlar- dan Ebu-Bekir, Osman, doganoglany Aly, kakasynyň dogany Abu Talyp dagy goldapdyrlar. Olar oňa maddy we ruhy kömek beripdirler. Täze diniň duşmany bolan öz kureýiş taýpasynyň han-begleri Muhammet pygamberden ýüz öwrüpdirler, ony yzarlapdyrlar, hatda öldürmek üçin onuň kastyna-da çykypdyrlar. Ahyry Muhammet Mekgäni taşlap, Medinä göçüp gitmäge mejbur bolupdyr. Şol ýerde-de onuň birhudaýlylyk di- nini adamlar goldapdyrlar we ony wagyz etmekde he- maýat edipdirler.

Muhammet pygamberiň Medinede bolan ýyllarynda medinelileriň esasy bölegi yslamy kabul edipdirler. Şol

vagtdan hem başlap Medinede yslam dini ornaşyp, >erkäp başlapdyr. Emma Mekge bilen Medinäniň irasynda birnäçe ýyllap göreş bolupdyr. Mekgeliler Vtuhammedi boýun egdirmek üçin harby ýöriş hem ge- ;iripdirler, emma ol ýörişler mekgeliler üçin şowsuz gu- ;arypdyr. Netijede, mekgeliler yslam dinini kabul edip, Vluhammedi pygamber diýip ykrar edipdirler. Şondan зоп bütin Arabystanda yslam dini doly ornaşypdyr. Araplar yslamy ýaýratmak maksady bilen goňşy ýurt- lara ýörişler geçiripdirler. Köp ýerlerde yslam dini meýletin kabul edilipdir.

Omaryň (634-644 ý.) halyflyk eden 10 ýylynyň için- de yslam Yraga, Siriýa, Müsüre, Liwiýa we Eýranyň ýer- lerine ýaýrapdyr. Soňra VII asyryň ikinji ýarymyndan başlap Merkezi Aziýa ýurtlaryna hem ýaýrap başlapdyr. Horasanyň ýerleTiniň eýelenmegi bilen, Günorta Turkmenistan, VIII asyryň başlarynda bolsa, Horezm ýerleri hem araplaryň tabynlygyna geçýär.

Türkmenistanyň ýerleri araplaryň tabynlygyna gi- renden soň, olar kem-kemden öz düzgünlerini, dinini, dilini girizmäge çalşypdyrlar. Netijede, ilat yslam dinini ýuwaş-ýuwaşdan kabul edýär.

Yslamdan öň Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan ilat dürli dinlere uýupdyrlar. Bu ýerlerde otparazçylyk, hristiançylyk, buddizm, maniheýçilik ýaly dinler bolupdyr. Sasanylaryň döwlet dini otparazçylyk bolansoň, Türkmenistanyň günorta sebitleriniň ilaty otparazçylyk dinine uýupdyrlar. Araplar tabynlygyndaky ýerlerde ilki bilen metjitleri gurupdyrlar, medreseleri we mek- depleri açypdyrlar. Metjitlerde Kuran okalypdyr, wa- gyz-nesihat işlerini güýçlendiripdirler;. Medreselerde we mekdeplerde bolsa ýaşlary okadyp, yslamyň kada-ka- nunlaryny öwredipdirler.

Türkmenistanyň ýerlerinde yslam dininiň has-da berkemeginde we täsiriniň artmagynda araplaryň ýerli dini ynançlara, däp-dessurlara eglişik etmekleri, öňki ynançlaryň, däpleriň, dessurlaryň bähbitli taraplaryny kabul etmekleri, ýerli ilatyň olara ynamyny artdyrýar. Yslam dinini ornaşdyrmakda arap wagyzçylarynyň we häkimleriniň alyp baran işleri şowly bolupdyr. Şeýlelik bilen, Türkmenistanda yslam dini ýuwaş-ýuwaşdan or- naşýar. ^

Araplar Türkmenistanyň günorta welaýatlaryna ornaşanlaryndan soň, onuň demirgazyk welaýatlary, şeýle hem, bütin Merkezi Aziýanyň halklary yslam dinini kabul edýärler.

**1. Kuran haýsy halyfyň döwründe kitap bolup çykypdyr?**
**2. Yslamdan öň Türkmenistanyň ilaty haýsy dinlere uýupdyr? 3. Araplar Türkmenistanda öňki däp-dessurlaryň dowam etdirilmegine näme üçin eglişik edipdirler?**
**4. Yslam dininiň ornaşmagynda kimleriň hyzmaty uly bolupdyr?**

## § 48. Täze diniň Türkmenistana ýaýramagy. Yslam dininiň ýerli ilatyň durmuşyna we döwlet dolanyşygyna ornaşmagy

**Araplaryň Türkmenistanyň ýerlerine aralaşmaklary.** Täze dörän arap halyflygynyň daşary syýasaty yslam dinini ýaýratmak bilen baglanyşykly bolupdyr. Sasanylar döwleti ýykylandan soň, arap goşunlary Günorta Türkmenistana girip, bütin Horasany eýeleýär- /
ler. Yerli ilatyň köpüsi bolsa yslamy meýletin kabul edipdir.

Nusaý we Abiwerd şäherleri hem hiç hili garşylyk görkezmän, araplara tabyn bolupdyr. Şäherleriň ilaty yslamy meýletin kabul edipdirler. Emma 709-njy ýylda Sarahsyň ilaty Nyzak Tarhanyň ýolbaşçylygynda araplara garşylyk görkezipdir. Muňa garamazdan, arap go- şunlary şäheri zabt edip alypdyrlar.

Araplar Merwi eýelänlerinden soň, Murgap der- ýasynyň boýy bilen ýokaryk hereket edip baryşlaryna, ýarym garaşsyz çarwa taýpalaryň, ýagny türki we eftaly taýpalaryň garşylyklaryna duçar bolupdyrlar. Araplar Murgabyň boýundaky Merwerut şäherini we onuň töwe- regindäki galalary eýeläpdirler.

Muňa garamazdan, Türkmenistanyň käbir ýerlerinde birnäçe ýyllap araplara garşy söweşilipdir. 716-njy ýylda araplar 100 müň goşun bilen Dehistanyň üstü- ne ýöriş edipdir. Araplaryň garşysyna asly türkülerden (türgeşler taýpasyndan) bolan Dehistanyň patyşasy Sul Merkezi Aziýanyň günbatar sebitini araplara gö- reşsiz bermek islemändir we olara garşy göreşýän adamlary hemme tarapdan goldapdyr. Araplar alty aýlap galany gabawda saklapdyr. Gabawa düşen ilat berk garşylyk görkezipdir. Emma suw ýetmezçiligi Su- luň araplar bilen ýaraşyk baglaşmagyna getiripdir. Şondan soň Dehistanyň ähli ilaty araplara tabyn bolupdyr. Şeýlelik bilen, araplar 716-njy ýyla çenli häzirki Türkmenistanyň günorta böleginde, Hazar deňzinden Amyderýanyň kenarlaryna çenli aralyklarda öz agaly- gyny dikeldipdirler.

Horezm VIII asyryň başyna çenli özbaşdaklygyny saklapdyr we arap halyfatyna garaşsyz bolupdyr. Emma araplar Türkmenistanyň demirgazyk ýerlerini eýeleme- gi, ilatyny yslamlaşdyrmagy hem meýilleşdiripdirler. Horezm döwletiniň başynda şol wagtlar afrigilerden bo-

Ian Horezmşa durupdyr. Edil şol wagtlarda Horezmde han-begleriň eden-etdilikleri, ýagny erkin daýhanlary özlerine tabyn etjek bolmaklary halk gozgalaňynyň turmagyna sebäp bolýar. Üstesine-de, Horezmde VIII asyryň başynda tagt üstünde hem göreş ýitileşýär. Horezmşanyň garşysyna onuň öz kiçi dogany Hurzat gozgalaň turzup, patyşanyň tarapdarlaryndan gazap- ly öç alýar, olaryň emläklerini, mallaryny ellerinden alýar. Horezmşa kömek sorap Horasanyň hökümdary Kuteýba ibn Muslime ýüz tutýar. Kuteýba bu ýagdaý- dan peýdalanyp, Merkezi Aziýany gutarnykly eýelemek üçin 712-nji ýylda uly goşun bilen Marydan çykyp, Horezme gelýär. Gozgalaň araplar tarapyndan basy- lyp ýatyrylýar. Hurzat jezalandyrylýar. Şeýlelik bilen, araplar Türkmenistanyň demirgazyk ýerlerinde hem öz agalygyny dikeldýärler.

Arap goşunlary Horezmden gidenden soň, halk ýe- ne-de gozgalaň turzup, Horezmşany jezalandyrýarlar. Arap hökümdary Kuteýba ýene-de goşun çekip Horezme gelýär. 01 gozgalaňy basyp ýatyryp, Horezmşanyň ogluny tagta çykarýar we oňa kömekçi edip öz dogany Abdyllany goýýar. Şol günden arap hökümdarynyň paýtagty Urgenç- de (häziiki Köneürgenç), horezmşalaryň paýtagty bolsa Amyderýanyň sag kenaryndaky Kät şäherinde bolýar. Araplar soňraky ýyllarda Amyderýanyň aňyrsyndaky ýerleri hem eýeleýärler. Olar bp. welaýatlary «Maweran- nahp> - «derýanyň aňyrsy» diýip atlandyrypdyrlar.

**Yslam dininiň döwlet dolanyşygyna ornaş- magy.** Arap halyflarynyň esasy maksady tabynlygyn- daky ýerlerde dini ornaşdyrmak bolupdyr. Şonuň üçin araplaryň ýerli häkimleri yslam dinini ornaşdyrmak maksady bilen, ilata köp babatda eglişik edipdirler. Olar yslam dinine giren adamlary salgytdan boşadypdyrlar.

Türkmenistanyň ýerleriniň araplar tarapyndan eýelenmegi we yslam dininiň ornaşdyrylmagy bu ýerlerde feodal gatnaşyklarynyň kemala gelmegine getir- ýär. Täze feodal gatnaşyklarynyň emele gelmegi bolsa, täze diniň ilatyň durmuşyna we döwlet dolanyşygyna tiz ornaşmagyna getiripdir.

Arap hökümdarlary söwdany, täjirçiligi hemme tarapdan goldapdyrlar. Sebäbi araplaram, türkmenlerem halkara söwdasyna goşulmagyň tarapdary bolupdyrlar. Şonuň üçin täjirler, senetçiler, şäherliler yslam dinini kabul edipdirler.

Jemgyýetiň esasy bölegi bolan köp sanly ownuk ýer eýeleriniň hem ýagdaýy üýtgäpdir. Araplaryň özlerini ençeme salgytlardan we töleglerden boşadýandyklary- na gözleri ýetip, daýhanlar köpçüligi hem yslamyň ähli kada-kanunlar-yny kabul edipdirler. Şeýlelik bilen, yslam dininiň ýaýradylýan ilkinji ýyllarynda adamlar meýletin diýen ýaly musulmançylygy kabul edipdirler.

**1. Araplar Türkmenistanyň haýsy ýerlerinde garşylyk-lara duçar bolupdyrlar? 2. Türkmenistanyň haýsy ýer-leri araplara meýletin tabyn bolupdyr? 3. Araplar tarapyndan Demirgazyk Türkmenistanyň ýerleri näçenji ýyllarda eýelenýär? 4. Dehistanda araplara garşy göreşe kim ýolbaşçylyk edipdir? 5.Yslam dinini kabul etmekde ilata nähili eglişikler edilipdir?**

## § 49. Döwlet dolandyryş düzgüniniň üýtgemegi

**Döwlet dolandyryş düzgüni we yslamy wagyz edijiler.** Merkezi Aziýanyň, şol sanda Türkmenistanyň araplaryň agalygy netijesinde, halyf tarapyndan başyn-

da häkim goýlan merkezleşdirilen döwlet döredilipdir. Bu ýurtlarda ykdysady, syýasy, ruhy durmuşyň üýtge- megi sebäpli, döwletiň dolandyryş düzgünleri-de üýt- gäpdir.

Araplar ilkibaşda ýerli han-begleri ýurdy dolandyr- mak hukugyndan kesipdirler we olary çetleşdiripdirler. Merkezi we ýerli häkimlik wezipeleri bolsa araplar tara- pyndan bellenilipdir. Yöne garşylyk görkezmedik ilata olar ilkibaşdan eglişik edipdirler. Emma beýleki ýerler- de hem araplar kem-kemden raýat dolandyryş ulgamy- na we harby işlere ýerli han-begleri çekmeli bolupdyr - lar. Mysal üçin, halyf Aly Merw häkimi Mahyýe «Merw welaýatynyň häkimi» diýen kepillik - ynanç hatyny be- ripdir. Halyf Mamun bolsa Horasanyň hökümdary we- zipesine Tahyr ibn Huseýni belläpdir. Ynanç hatlaryny alan ýerli ilatdan bolan häkimler, salgyt ýygnaýjylar, kazylar we beýleki emeldarlar yslamy wagyz etmekde aýratyn tapawutlanypdyrlar.

Merkezi Aziýanyň ýerleri araplary has hem gyzyk- landyrypdyr, sebäbi bu ýerleriň jemgyýetçilik gurluşy, medeni ösüşi araplardan kän ýokary bolupdyr. Esasan hem, Merw oazisi ykdysady taýdan has ösen ýurt bolupdyr. Şol sebäpli bu şäher birnäçe wagtlap bütin halyflygyň merkezi şäherleriniň birine öwrülipdir. 813-819-njy ýyllarda, halyf Mamunyň döwründe Merw arap halyfatynyň merkezi şäherine öwrülipdir.

**Adamlary yslam dinine girizmek üçin döwlet sy- ýasaty.** Araplar ilaty yslam dinine girizmek üçin ýörite döwlet syýasatyny işläp düzüpdirler. Bu syýasat ykdysady syýasat bilen utgaşdyrylyp alnyp barlypdyr. Yslam dinini kabul edenlere dürli görnüşdäki ykdysady ýeňillikler berlipdir. Olar töleglerden we salgytlar- dan boşadylypdyr. Şeýle syýasatyň ýöredilmegi yslam

dininiň ýerli ilat tarapyndan kabul edilmegine ýardam edipdir.

Araplaryň Türkmenistanda yslam dinini ornaşdyr- mak baradaky döwlet syýasatyny alyp baryjylar türk- men jemgyýetiniň dürli durmuşy gatlaklarynyň nähili ýagdaýda yslamy kabul edip biljekdiklerine, nähili iş geçirilende olary öz taraplaryna çekip boljakdygyna oňat düşünipdirler. Şonuň üçin, araplar ozaly bilen ýerli han-begleriň göwnünden turmaga çalşypdyrlar.

Araplar ozalky han-begleriň ykdysady durmuşyna deg-

/

mändirler, tersine, olara uly eglişikler edipdirler. Yerli beglerden, emeldarlardan döwlet dolandyryş işlerine çe-kipdirler, olaryň baýamaklary üçin uly mümkinçilikler döredilipdir. Şonuň üçin ýerli han-begler emele gelen bu amatly ýagdaýa düşünip, yslamy ilkinjiler bolup kabul edipdirler we^täze diniň işjeň wagyzçylary bolupdyrlar. Şeýlelik bilen, olar yslamyň ähli kada-kanunlaryny öz durmuşlaryna ornaşdyrypdyrlar.

Araplaryň bu syýasaty şäherliler, senetçiler, söw-dagärler üçin hem amatly bolupdyr. Yslam dini söwdany, täjirçilik işini goldapdyr, hususy eýeçiligi gorapdyr. Hut şu syýasat üçin söwda işleri bilen meşgullanýan adamlar hem täze dini höwes bilen kabul edipdirler.

Yslam dininde ähli musulmanlaryň dogandygy, yslam dininiň hemme musulmany deň derejede tut- ýandygy, diniň gulçulygy ýazgarýandygy baradaky wagyzlar ilatyň sada, garyp gatlagynyň musulmançy- lygy meýletin kabul etmegine getiripdir. Şeýlelik bilen, ilatyň arasynda yslam dinini jebir-jepadan halas etjek din hökmünde kabul edipdirler. »

Ilatyň yslam dinini kabul etmeginde ýöredilýän döwlet syýasatynda ikta ýer eýeçiliginiň girizilme-

gi hem adamlara täsir edipdir. Ikta düzgüni boýunça (döwlet işinde işleýän adama berilýän ýer) döwlet tarapyndan atly-abraýly adamlara — han-beglere, serkerdele- re, döwlet emeldarlaryna belli bir ýerden ýer berlipdir. Olar şol ýerlerden öndürilýän önümlere hem doly eýelik edipdirler. Ozal iktanyň eýeleri berlen ýerleri satma- ga ýa-da mirasa geçirmäge hukuklary bolmadyk bolsa, X asyrdan başlap olara iktany satmaga, satyn almaga we nesilden-nesle geçirmäge hem ygtyýar berlipdir.

Merkezi Aziýada araplaryň merkezleşdirilen döwleti döretmekleri ilaty ozalky döwletleriň, çarwa taýpalaryň çozuşlaryndan, talaňçylyklaryndan, hemişe howp astynda ýaşamaklykdan halas edipdir. Bular bolsa yslam dininiň ilat tarapyndan köpçülikleýin kabul edil- megine hemaýat beripdir.

Yslam dininiň Türkmenistanyň ýerlerinde ornaş- dyrylmagy, ilat tarapyndan kabul edilmegi adamlar üçin örän bähbitli bolupdyr. Ilki bilen hem adamlaryň milletine garamazdan, islendik adam yslam dinine kabul edilipdir. Adamlaryň bir Hudaýa uýmaklary bolsa döwlet üçinem, halkyň agzybirligi üçinem amat- ly bolupdyr. Yslam dininiň ornaşdyrylmagy geljekde Türkmenistanyň medeni taýdan gülläp ösmegine uly ýol açypdyr.

/•

**1. Yslam dini ýerli ilatyň durmuşyna we döwlet dola-
nyşygyna nähili ýol bilen ornaşdyrylypdyr? 2. Araplar ilaty yslamlaşdyrmakda haýsy döwlet syýasatyny alyp barypdyrlar? 3. Türkmenistanda yslam dininiň wagyzçy- lary kimlerden bolupdyr, aýdyp beriň. 4. Yslamyň ilat tarapyndan kabul edilmegi halky nähili howplardan go- rapdyr? 5. Yslamyň kabul edilmeginiň taryhy ähmiýetini aýdyp beriň.**

### § 50. Omeýýatlaryň agalyk eden döwründe halkyň hal-ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy. Abu Muslimiň gozgalaňy

**Araplaryň döwründe salgytlaryň ýygnalmagy, halkyň hal-ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy.** Omeýýatlaryň agalyk eden döwürlerinde (VII asyryň 60-njy ýyllarynyň başyndan 750-nji ýyla çenli) Türkmenis- tanda halkyň hal-ýagdaýy juda ýaramazlaşypdyr. Yer- li halka berlen ýeňillikler indi berilmändir. Ilat ozalky ýaly bir wagtlyk paç, jan başyna salgyt, ýer salgydy ýaly agyr salgytlary tölemeli bolupdyr. Bu ýagdaý omeýýatlara garşy göreşe galmaga ilaty mejbur edipdir. Munuň üstesine-de arap halyfatynyň öz içinde hem tagt ugrund^ göreş başlanypdyr. Bu göreş halyfaty do- landyrýan omeýýatlara garşy häkimiýeti ele almak is- leýän abbasylaryň arasynda bolupdyr.

Dolandyryş düzgünine görä, ýerli ilat ýer salgydyny - hyrajy tölemeli bolupdyr, ýagny yslam dinini kabul et- medik ilat ýygnalýan hasylyň 1/3 bölegini, şeýle-de jan salgydyny tölemeli bolupdyr. Täze dine geçen adamlar jan salgydyndan boşadylmaly eken. Emma iş ýüzünde bu kada köp halatlarda berjaý edilmändir. Häkimiýetiň ýerli wekilleriniň öte geçmeleri netijesinde yslam dinini kabul eden musulmanlar hem jan salgydyny tölemeli edilipdir. Döwlet mundan başga-da halkyň boýnuna birtopar borçlary atypdyr. Şeýle borçlaryň biri hökmün- de ilat arap goşunlaryny jaý bilen üpjün etmeli edilipdir. Üstesine-de, ýerli halkyň boýnuna araplaryň mal- laryny ot-iým bilen üpjün etmekligi hem ýükläpdirler. Ilatyň üstüne gazuw işlerini, ýol çekmekligi, gala sal- maklygy hem ýükläpdirler. Halkdan salgytlaryň dürli görnüşlerini ýygnapdyrlar. Salgyt tölemeli adamlaryň

boýunlaryndan aýratyn möhürli bellikleri asyp, olary diňe salgyt tölänlerinden soň aýyrýar ekenler. Bu al- nyp barlan syýasat adamlaryň gahar-gazabyny döre- dipdir, olar araplara garşy baş göterip başlapdyrlar, diňe şondan soň araplar şol möhürli bellikleri aýyrma- ga mejbur bolupdyrlar.

**Halyflyk ugrunda arap hanedanlarynyň öza- ra göreşleri.** VIII asyryň birinji ýarymynda halyfatyň içinde häkimlik ugrunda göreş ýaýbaňlanypdyr. VII asyryň 60-njy ýyllarynyň başyndan halyflygy clolandy- ryp gelýän Omeýýatlar nesilşalygy araplaryň arasynda goldaw tapmandyr. Hezreti Alynyň nesilleriniň ha- lyflykda ýokary häkimlige eýe bolmaga hukugy bo- lansoň, olar häkimiýet ugrunda göreşipdirler. Emma pygamberiň agasy Abbasyň nesilleri häkimiýeti öz el- lerine aljak bolup dawa turzupdyrlar we halyfatda giňden wagyz-nesihat işlerini alyp barypdyrlar. Bu döwürde Türkmenistanyň käbir ýerlerinde araplaryň ýerli hökümdarlaryna garşy gozgalaňlar turup, olary häki- miýetden agdarmaga çalşypdyrlar.

Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmenistanyň ýerlerinde omeýýatlara garşy gönükdirilen birnäçe gozgalaňlar bolup geçýär. Onuň esasy sebäbi hem ýerli ilat omeýýatlaryň alyp barýan syýasatyndan närazy bolupdyr. Emma bu gozgalaňlary guraýjylaryň maksady araplaryň agalygyny agdarmak däl-de, diňe häkimlik edip gelýän omeýýatlaryň nesilşalygyny çal- şyrmakdan ybarat bolupdyr. Türkmenistanyň ilaty hem bu gozgalaňlara işeňňir gatnaşypdyr. Gozgalaňlara gatnaşan adamlaryň käbirleri häkimiýetiň çalyşmagy netijesinde özleriniň ýagdaýlary gowulanar diýip umyt edipdirler.

VIII asyryň 30-njy ýyllarynda Horasanda Haris ibn Sureýj ýerli häkimiýete garşy gozgalaň turzupdyr. Bu gozgalaňa Merwiň we beýleki welaýatlaryň iri ýer eýeleri öz harby goşunlary bilen goşulypdyr. Emma bu gozgalaň basylyp ýatyrylypdyr.

**Abu Muslimiň gozgalaňy.** Abu Muslimiň gozgala- ňy Merkezi Aziýada araplara garşy turan gozgalaňlaryň iň ulusy bolupdyr. 01 daýhan maşgalasyndan bolupdyr, käbir maglumatlara görä, ol gul bolupdyr hem diýil- ýär. Abu Muslim 747-nji ýylda gara baýdagy galdyryp, omeýýatlara garşy açyk göreş etmäge halky çagyrypdyr. Gozgalaňyň esasy maksady Omeýýatlar nesilşalygyny agdaryp, Abbasylaryň häkimiýetini berkarar etmek- den ybarat bolupdyr. Olar ilaty öz tarapyna çekjek bo- lup wada baryny beripdirler. Salgytlary we borçlary azaltmagy, ýu^dy dolandyrmak işine ýerli han-begleri çekmegi wada beripdirler. Abu Muslimiň gozgalaňyna ýerli ilat has giňden gatnaşypdyr. Taryhy çeşmelerde bu gozgalaňa goşulan daýhanlaryň sany ýürlerçe bo- lup, olar pyýada goşunda söweşipdirler. Gozgalaňa senetçilerem, söwdagärlerem, ýerli han-beglerem gat- naşypdyrlar. Abu Muslim öz esgerlerine belli bir muk- darda aýlyk hem beripdir. 01 gullary hem goşuna alypdyr, ýöne gullardan düzülen goşun umumy goşuna goşulmandyr we aýratyn hereket edipdir.

Abu Muslim Merwiň günbatar çetinde birnäçe ber- kitmeleri gurupdyr. Onuň esasy daýanç ýeri Mahuwan obasy eken, bu ýerde ol birnäçe aýlap gozgalaňa taýýar- lanypdyr. Mahuwan obasynda Abu Muslim özüniň hem- me esgerlerine ýolbaşçylyk etmek üçin merkez döre- dipdir. Bu gozgalaňa hemme şäherlerden: Merwden, Sarahsdan, Abiwerdden, Nusaýdan, Hyratdan, Tal-

hatandan, Balhdan we beýleki şäherlerden adamlar ge- lip, gozgalaňa jemi 100 müňe çenli adam gatnaşypdyr.

Abu Muslim 748-nji ýylda Merwi basyp alýar. Horasanyň hökümdary Nasr ibn Saýýar Merwi taşlap, Nişapura çekilmeli bolýar. Abu Muslim soňra Eýrana, Yra- ga ýöriş edýär. Yrakda halyf Merwan II-niň goşuny derbi- -dagyn edilýär. Yrakda Kute şäherinde Abul Abbas halyf saýlanylýar. Bu 749-njy ýylda omeýatlaryň hökümetiniň ýykylyp, abbasylar döwrüniň başlanandygyny aňladýar. Soňra omeýýatlaryň tarapdarlary birnäçe gezök söweş- lerde ýeňilýärler. 750-nji ýylda bolsa halyf Merwan II Müsürde tutulyp öldürilýär. Abbasylar omeýýatlaryň iň iri merkezi bolan Damask şäherini hem basyp alýarlar. Şeýlelik bilen, Muhammet pygamberiň agasy Abbasyň nebereleri halyflygy eýeleýärler. Abbasylar öz häkimligi- ni berkitmek üçin, halyflygyň merkezini Damask şähe- rinden gündogara — Tigr derýasynyň kenaryndaky Bagdat şäherine geçirýärler. Bagdat omeýýatlardan goranmak üçin amatly bolupdyr, galyberse-de, bu ýerde abbasylaryň tarapdarlary köp bolupdyr.

Şondan soň, arap halyflygynda Abu Muslim Horasanyň hökümdary wezipesine bellenilýär. Netijede, abbasylar Abu Muslimiň arkasyndan tagty eýeleýärler. Emma olar Abu Muslimiň abraýyndan juda çekinip- dirler, sebäbi Abu Muslim halyflygyň hemme ýerlerinde ykrar edilen beýik serkerde hökmünde görlüpdir. Şonuň üçin halyf Abu Japar al-Mansur (754-775 ý.) ony aldaw ýoly bilen Bagdada, köşge çagyryp, 755-nji ýylda ähtiýalanlyk bilen öldürýär.

Abbasylar halyflygy eýelänlerinden soň, käbir han- lary-begleri döwlet işlerine çekipdirler, emma ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin hiç hili iş geçir-

mändirler. Şonuň üçin halk köpçüligi abbasylara garşy ýene-de ýaragly göreşe başlapdyr.

**1. Araplar ilatdan alynýan hasylyň näçe bölegini salgyt alypdyrlar? 2. VIII asyryň 30-njy ýyllarynda bolan gozgalaňa kim ýolbaşçylyk edipdir? 3. Abu Muslimiň gozgalaňy barada gürrüň beriň. 4. Abu Muslimiň gozgalaňy netijesinde halyflyga haýsy nesilşalyk geçipdir?**

## § 51. Mukannanyň gozgalaňy

**Araplara garşy gozgalaňyň dowam etdiril- megi.** Merkezi Aziýada ilatyň syýasy, ykdysady ýag- daýynyň ýaramazlaşmagyny ilat agalyk edip gelýän arap hökümdarlaryndan we ýerli häkimlerden görüp- dir. Sebäbi abbasylaryň döwründe halk köpçüliginiň ýagdaýy has hem agyrlaşypdyr. Galyberse-de, olar halk- dan düme ekiniň hasylynyň 50 göterimini, suwarym- ly ekiniň 1/3 bölegini salgyt görnüşinde ýygnapdyrlar. Kä ýyllarda bolsa salgyt iki gezek hem ýygnalypdyr. Şonuň üçin, abbasylaryň agalygyna garşy täzeden halk gozgalaňlary başlanypdyr.

Şeýle gozgalaňlaryň biri 776-njy ýylda Mukannanyň ýolbaşçylygynda Merwde başlanypdyr. 01 Merkezi Aziýanyň ençeme ýerlerini öz içine alypdyr. Bu gozgalaň 7ýyllap dowam edipdir. Mukannanyň çyn ady Haşym ibn Hekim bolupdyr. «Mukanna» - «ýüzi perdeli adam» diýmegi aňladýar. «Mukanna» diýlip at ber- len gozgalaňçylar jemgyýetde deňsizligi ýok etmekligi hem-de arap agalygyndan azat bolmaklygy maksat edi- nipdirler. Merwde doglan Mukannanyň ata-enesi garyp gatlakdan bolupdyr. 01 ýaşlygyndan gazanç edip, kir ýuwmak işi bilen meşgullanypdyr. Yetginjeklik ýylla-

rynda bolsa, arap agalygynyň soňuna çykmagy maksat edinipdir. Şondan soň ol ýurtda başlanan gozgalaňa goşulyp, soňra oňa baş bolupdyr.

**«Ak geýimliler» bilen araplaryň arasyndaky söweş.** Mukannanyň gozgalaňyna gatnaşanlar ak eşik- li bolany sebäpli, olara «Ak geýimleriň» gozgalaňy di- ýipdirler. Gozgalaňa, esasan hem, daýhanlar we şäher senetçileriniň bir bölegi gatnaşypdyr. Bu gozgalaň syn- py häsiýetde bolupdyr, şonuň üçin Mukannanyň gozgalaňy Horasanda VIII asyryň birinji ýarymyhda bolan gozgalaňlardan üzül-kesil tapawutlanypdyr. Abbasylar özlerine garşy gönükdirilen halk gozgalaňyndan gor- kup, onuň öňüni almaga çalşypdyrlar.

Türkmenistanyň ýerlerinde araplara garşy başlanan gozgalaň şowsuz gutarypdyr. Emma ugurta- pyjy Mukanna ilat arasynda wagyz-nesihat işlerini geçirýär, öz adamlaryny Merkezi Aziýanyň dürli ýer- lerine ugradýar. Abbasylar özlerine garşy gönükdirilen halk gozgalaňyndan gorkup, Mukannany ele sal- magy meýilleşdirýärler. Emma 776-njy ýylda Merwiň ýanynda başlanan bu halk hereketi basym möwjäp, Amyderýanyň aňyrsyna - Mawerannahra geçýär we bu ýerlerde has giň gerim alýar. Mukannanyň gozgalaňyna Merkezi Aziýanyň oturymly ilatynyň araplara garşy göreşine çarwa türk taýpalary hem gatnaşypdyr.

Halyf barha güýjäp barýan gozgalaňlardan howatyr edip, gozgalaňçylaryň üstüne goşun ýollaýar. Muňa-da kaýyl bolman, agyr goşuna baş bolup, gozgalaňy basyp ýatyrmaga halyfyň özi gelýär. Buharanyň golaýynda aldym-berdimli söweş bolup, ol umumy ýaraşyk bilen gutarýar. Emma ýaraşyk şertlerine görä, gozgalaň et- mezligi wada beren Mukanna VIII asyryň 80-nji ýylla-

rynda Buharada, Samarkantda, Kaşgar derýada ýene-de gozgalaň turuzýar. Arap hökümdarlary Mawerannahrda ýerli han-beglerden goldaw tapyp, Merkezi Aziýanyň hemme ýerlerinde diýen ýaly arkaýyn hereket etmäge mümkinçilik tapypdyrlar. Şol sebäpli arap hökümdarlary Mukannanyň garşysyna uly güýçleri iberipdirler. Olar agyr söweşlerden soň, gozgalaňy basyp ýatyrypdyr- lar. Mukanna özüniň ýakyn tarapdarlary bilen galada giz- lenipdir. Emma başga goldaw bolmansoň, araplar galany güýç bilen basyp alypdyrlar. Mukanna olaryň eline ýesir düşmejek bolup, özüni heläkläpdir. Gozgalaňçylardan 700-si jezalandyrylypdyr. Gozgalaň uzaga çekipdir, Mukannanyň tarapdarlary hemme ýerlerde yzarlanypdyr.

**Gozgalaňyň netijeleri we taryhy ähmiýeti.** Türkmenistanda arap hökümdarlaryna garşy gönükdiri- len halk gozgalaňlary şowsuz gutarypdyr. Munuň esasy sebäpleriniň biri arap goşunlarynyň san taýdan hem, ýarag taýdan hem gozgalaňçylardan ep-esli derejede ag- dyklyk etmegidir. Ikinjiden bolsa, ýerli han-begleriň, iri ýer eýeleriniň gozgalaňçylara dönüklik edip, arap ba- sybalyjylarynyň tarapyna geçmekleri bolupdyr. Gozga- laňyň şowsuz bolmagyna garamazdan, bu gozgalaň arap agalygyna garşy göreşde halk köpçüligini birleşdiripdir, olaryň syýasy düşünjelerini artdyrypdyr.

Şeýlelik bilen, araplar Merkezi Aziýada ýene-de öz agalygyny dikeldipdirler. Merkezi Aziýada bolup geçen halk gozgalaňlarynyň taryhy ähmiýeti uly bolupdyr. Ýurduň garaşsyzlygy we azatlygy ugrundaky halk köpçüliginiň göreşi IX asyryň başlarynda hem dowam edipdir. Ýerli hökümdarlar bu gozgalaňlardan peýdalanypdyrlar. Horasanda häkimiýet başynda duran iri ýer eýeleri bolan han-begleriň wekilleri halyflykdan bölünip, garaşsyzlygy- ny almaga ymtylypdyrlar. Bu olara başardypdyr. Horasa-

nyň hökümdary Tahyr ibn Hüseýin we onuň nesilleri welaýaty özbaşdak dolandyryp başlapdyrlar. Häkimiýet Tahyrylaryň nesilşalygynyň eline geçipdir.

**1. Abbasylaryň agalygy döwründe halkyň hal-ýagdaýy-nyň ýaramazlaşmagynyň sebäpleri nämelerden durýar?**
**2. Mukannanyň gozgalaňy ilki nirede başlanýar, onuň sebäbi, maksady barada aýdyp beriň. 3. Mukannanyň gozgalaňy soňra nirelerde dowam etdirilipdir? 4. Goz- galaňyň ýeňilmeginiň sebäpleri nämelerden* durýar?**
**5. Gozgalaňyň taryhy ähmiýetini aýdyp beriň.**

## § 52. Türkmenistan tahyrylar döwründe

**Arap halyflygynyň gowşap başlamagy.** IX asyr- dan başlap Horasanda we Merkezi Aziýanyň basylyp alnan ýerlerinde araplaryň tabynlygyndan çykmak, özbaşdak döwlet bolmak üçin başlanan hereket güýjäp başlapdyr. Araplaryň agalyk eden ýerlerinde olara garşy ýygy-ýygydan çykyşlar ýüze çykypdyr. Araplaryň öz aralarynda, şeýle hem dolandyryjy toparlar bilen ga- ramaýak ilatyň arasynda hem häli-şindi çaknyşyklar bolup durupdyr. Şoňa görä-de IX asyryň başlarynda Bagdat halyfatynyň kuwwaty pese düşüp başlaýar.

Bagdat halyfy bu ýagdaýýň öňüni almak üçin, birnäçe çäreler geçiripdir. Basylyp alnan ýerlerde raýat we döwlet dolandyryş edaralaryna, şeýle-de harby işlere ýerli han-begler giňden çekilipdir. Bagdat halyfy isle- se-islemese ýerli han-beglere eglişik etmäge mejbur bolupdyr. Emma bu hereket halyfatyň agalygynyň synma- gyna we ençeme özbaşdak döwletleriň emele gelmegine getiripdir.

**Tahyrylar döwletiniň döremegi (821-873 ý.).** Halyfatyň düzüminden bölünip aýrylan, täze özbaşdak döwletleriň ilkinjisi Tahyr ibn Hüseýin tarapyndan döredilen Tahyrylar döwletidir.

Tahyr ibn Hüseýin 811-nji ýylda iki doganyň, ýagny halyf Mamun bilen Eminiň arasynda tagt üstünde bolan göreşde Mamunyň goşunyna serkerdelik edipdir. 813-nji ýylda ol Bagdady basyp alyp, Mamunyň tag- ta çykmagyna hemaýat edipdir. Tahyr ibn Hüseýin birnäçe ýylyň dowamynda halyflygyň ähli goşunynyň baş serkerdesi bolup, 821-nji ýylda bolsa Horasanyň hökümdary bolýar. Şondan soň Tahyr Horasanyň ýe- ke-täk hökümdary bolup Bagdadyň görkezmeleridir permanlaryna gulak asman başlaýar we köp wagt geç- mänkä 822-nji ýylyň ahyrynda halyf Mamunyň adam- lary tarapyndan zäherlenip öldürilýär.

Tahyr ibn Hüseýinden soň, onuň ogly Abdylla ibn Tahyr hökümdar bolýar. 01 tahyrylar neberesiniň iň görnükli hökümdarlarynyň biri bolupdyr. Abdylla ibn Tahyryň hökümdarlyk eden döwründe döwletiň ykdysady ýagdaýy oňatlaşypdyr. Abdylla döwleti berkitmek üçin birnäçe çäreleri geçiripdir. 01 döwlet girdejileriniň ep-esli artmagyny gazanypdyr. Hökümdar, esasan, söwda üns beripdir. Onuň ýadawsyz aladasy esasynda halkara söwda kerwen ýollary abadanlaşdyrylýar. Etrekdä- ki Dehistan, Gyzylarbatdaky (häzirki Serdar şäheri) Parow, Kakadaky Küfen, Dänewdäki (Galkynyş etraby) Daýahatyn ýaly kerwensaraýlar şol döwürde bina edil- ýär.

Abdylla ibn Tahyryň döwründe ýurtda asudalyk bolupdyr. Emma onuň ömrüniň ahyrlarynda döwletiň çet gyralary bolan Seýistanda halk hereketi başlanypdyr. 01 gazylaryň - serhet esgerleriniň çykyşlary bilen bagly bo-

lupdyr. Gazylaryň arasyndan Saffarylaryň nesilşalygyny esaslandyran Yakup ibn Leýs saýlanyp çykypdyr. 861-nji ýylda ol Seýistany basyp alypdyr, 863-nji ýylda bolsa tahyrylar bilen urşup, Hyrady eýeläpdir. 873-nji ýylda paýtagt şäher bolan Nişapura girip, hökümdary tagtdan düşürip, Horasana hökümdar bolupdyr.

**Tahyrylaryň dini berkitmekde, ylmy ösdür- mekde alyp baran işleri.** Tahyrylar dini meselede yslamy berkitmek, goramak we ýaýratmak işini iş-

jeň alyp barypdyrlar. Olar yslam dinini Horasanda, Mawerannahrda we beýleki ýerlerde ymykly ornaş-dyrypdyrlar. Tahyrylar hem yslam dinini kabul eden adamlara ençeme ýeňillikler beripdirler, olary döwlet we harby dolandyryş işlerine çekipdirler.

Tahyrylaryň hökümdarlary ylma-bilime hem uly üns beripdirler we alymlaryň işlemekleri üçin uly müm-kinçilikleri döredipdirler.

Tahyrylar bilim ulgamynyň ösmegi barada ala- da edip, şäherlerde metjitler, mekdepler, medreseler salypdyrlar. Olarda ökde ruhanylar sapak beripdirler. Tahyr ibn Hüseýiniň özem şol döwrüň akyldar, bilimli adamsy bolupdyr. 01 öz ogly Abdylla: «Baýlyk, hazyna-da üýşüp durany bilen girdeji getirmeýär, ony halka paýlap berseň, ajy doýrup, ýalaňajy geýindirseň, şonça-da zadyň bereketi artar» diýip, öwüt berýän eken. Umuman, tahyrylaryň döwründe ylma, ýerli medeniýe- te uly üns berlipdir. Merwde kitaphanalar işläpdir, şahyrlar hökümdarlary wasp edýän eserleri ýazypdyr- lar.

**Tahyrylaryň döwründe ykdysady ösüşler.**
Tahyr ibn Abdyllanyň hökümdarlyk eden döwründe,

ýurduň ykdysady we medeni osüşiniň esasynda oba ho- jalygy ösüpdir, ençeme netijeli işler amala aşyrylypdyr. Tahyrylar ilki bilen ýer, toprak, suw, ýeri oňaryp be- jermek, suwaryş ulgamy ýaly meseleleriň üstünde işläpdirler. Olar tarapyndan ýörite işlenilip düzülen çäreleriň biri-de suwdan tygşytly peýdalanmak kadasy bolupdyr. Abdyllanyň tagallasy bilen «Kärizler hakynda kitap» ýazylyp ýaýradylypdyr. Kanallar çekilip, ekin meýdanlary giňelipdir.

Abdylla, mümkin boldugyça, iri ýer eýeleriniň eden-etdiliklerinden daýhanlary gorajak bolupdyr. 01 daýhanlaryň zähmeti bolmasa, döwletiň kuwwatynyň bolmajagyna düşünipdir. Şonuň üçin, ol öz berýän permanlarynda «Alla bizi şolaryň elleri bilen nahar- laýar, olaryň dili bilen bize rehimdarlyk edýär» diýip görkezipdir. §eýle syýasat bilen ol döwletiň girdejisi- ni artdyrypdyr, bu bolsa döwletiň maddy esasyny ber- kitmäge ýardam edipdir. Diňe 844-nji ýylda ilatdan ýygnalan salgydyň möçberi 48 million dirheme ýetip- dir. Hökümetiň esasy daýanjy bolan goşun, emeldar- lar we ruhanylar bolany üçin, olaryň zähmet haklary ilatdan alynýan salgytlardan tölenmeli edilipdir.

Tahyrylaryň ykdysady, syýasy, ruhy taýdan uly üstünliklere ýetmeklerine garamazdan, 873-nji ýylda saffarylaryň çozuşlary netijesinde synypdyr.

**1. Tahyrylaryň döwleti haçan we kim tarapyndan döredilipdir? 2. Tahyrylar näme üçin dini berkitmäge çalşypdyrlar? 3. Tahyrylar ylma näme üçin gol ýapypdyrlar? 4. Tahyrylaryň zähmetkeş daýhanlara garaýyşlary barada aýdyp beriň. 5. Tahyrylar Horasandan näçeräk girdeji alypdyrlar?**

## § 53. Türkmenistan saffarylar we samanylar döwründe

**Saffarylar döwletiniň döremegi.** Eýranyň çägin- de dörän Saffarylar döwleti Yakup ibn Leýs tarapyndan esaslandyrylypdyr. Döwletiň ady «saffary» diýen söz bilen baglydyr. Parsça «saffary» sözi «kümüş» diýmekdir.

Yakup entek hökümdar bolmanka, zergär, şaý-sepleri bejerýän kümüşçi ussa ekeni, şol sebäpli bu döwlete Saffarylar döwleti diýlip at berlipdir.

Saffarylaryň basybalyjylykly syýasaty beýlekileriň hasabyna ýurduň çägini giňeltmek, içeri syýasaty bolsa çozuşlardan goramak, ýurtdaky garşylyklary basyp ýatyrmak häsiýetli bolupdyr. Şonuň üçin döwletiň esasy daýanjy goşun bolupdyr. Yzygiderli alnyp barylýan uruşlar, daşarky çozuşlar bu döwletde harby özgerişleri geçirmäge hökümdarlary mejbur edipdir. Yakubyň özem sowatly adam bolupdyr, ol harby işlere ýolbaşçylyk edipdir. Olaryň goşuny pyýada, atly, pilli bölümlerden ybarat bolupdyr. Yakubyň diňe bir atly goşunynyň sany 15 müňe ýetipdir. Yakup ibn Leýs meýletin ýarag- ly goşun bölümini hem döredipdir. Goşun gullugy- na daýhanlar, ýer eýeleri, hatda gullaram alnypdyr. Hökümdar goşuna berk düzgün-nyzam girizipdir. Es- gerler we serdarlar edermenlik, batyrlyk, çydamlylyk ruhunda terbiýelenipdir. Yakubyň özi harby düzgün- -nyzamy berjaý etmekde görelde görkezipdir, özüni sada, salyhatly alyp barypdyr. Görnükli serkerde bolup ýönekeý geýnipdir.

Yakup harby işlerden oňat baş çykaryp bilenligi sebäpli, onuň ýörişleri şowly bolupdyr. 861-nji ýyl- daky Tahyrylar döwletine garşy urşy, 863-nji ýyldaky

Hyrada çozuşy onuň soňky hökümdary Muhammet Tahyryň tagtdan agdarylmagyna getiripdir. Şondan soň Ýakubyň Horasanda at-abraýy has hem ýokary göterilipdir.

Ýakubyň üstünlikleri Bagdat halyfyny heder etmäge mejbur edipdir. Şoňa görä, Yakup 874-nji ýylda halyfdan Horasany dolandyrmaga hukuk gazanýar. • <

Ustünlikden başy aýlanan Yakup ibn Leýs Bagdady, bütin halyfaty basyp almak üçin, 876-njy ýylda Bagdada ýöriş edýär. Emma ilkinji çaknyşykda Ýakubyň goşuny derbi-dagyn edilýär. Ýakup üç ýyldan soň ölýär. Horasana onuň dogany Emir ibn Leýs hökümdar bellenilýär.

Samanylar döwleti. Samanylar tahyrylardan hem öň Mawerannahrda häkimlik edip başlapdyrlar, emma olar Hdrasan häkimligine tabynlykda bolupdyrlar. Samanylaryň nesilbaşysy Samany diýen adam bolupdyr. 01 Balh welaýatynyň Samany obasynyň ýolbaş- çysy (arçyn) bolupdyr. 01 ýerli hökümdar Asada hyzmat edip, yslamy kabul edipdir, oglunyň adyna bolsa Asad dakypdyr. Asadyň dört ogly bolupdyr: Nuh, Ahmet, Yah- ýa we Ylýas. Olar soňra halyf Mamunyň ýanynda hyz- matda bolupdyrlar, araplara garşy turan gozgalaňlary basyp ýatyrmaga gatnaşypdyrlar. Şonuň üçin, halyfyň görkezmegi bilen, takmynan, 819-821-nji ýyllaryň içinde: Nuh Samarkanda, Ahmet Fergana, Yahýa Şaşa, Ylýas Gerat welaýatlaryna häkim bellenipdirler. Bu döwürde Nuh samanylaryň ýaşulusy bolup, nesilşalygy ýöredipdir. Nuh ölenden soň (842 ý.), Ahmet nesilşalyga baş bolupdyr. Ahmet heniz dirikä Samarkant şäherini ogly Nasra dolandyrmaga beripdir. 855-nji ýylda Yahýa aradan çykandan soň, Şaş welaýaty hem Ahme-

de goşulypdyr. Atasy aradan çykandan soň, 864-nji ýyldan başlap Nasr nesilşalygyň ýolbaşçysy bolýar. Bagdat halyfy 875-nji ýylda Nasry bütin nesilşalygyň ýolbaşçysy diýip ykrar edýär we oňa döwleti dolandyr- mak üçin ynanç hatyny iberýär.

Ysmaýylyň Horasanda häkimlik ugrundaky göreşi. Nasr samanylara täze birleşdirilen Buha- rany inisi Ysmaýyla berýär. Emma Ysmaýyl Buha- radan alynýan 1 million 200 müň dirhemden Nasryň gaznasyna hiç zat geçirmänsoň, olaryň arksynda uruş başlaýar. Netijede, 888-nji ýylda Ysmaýyl on- dan üstün çykýar. Emma Ysmaýyl agasy Nasry nesilşalygyň ýolbaşçysy hökmünde galdyrýar. Diňe 892-nji ýylda Nasr aradan çykandan soň, Ysmaýyl döwletiň ýeke-täk hökümdary bolýar. 01 907-nji ýy- la çenli döwleti dolandyrypdyr. Buhara bolsa onuň mülküne öwrülipdir. Ysmaýyl häkimiýeti ele alandan soň, basybalyjylykly ýörişlere başlapdyr. 01 Mawe- rannahryň käbir welaýatlaryny (Talas we ş. m.) Sa- manylaryň döwletine birleşdiripdir.

Ysmaýylyň kuwwatynyň barha artýandygyny gö- ren Bagdat halyfy biynjalyk bolup başlaýar. Halyf Ysmaýylyň garşysyna Horasanyň hökümdary Emir ibn Leýsi peýdalanypdyr. Emma uruş hereketleri Mawe- rannahrda bolman, Amyderýadan günortada bolup geçýär. Emir ibn Leýsiň goşuny 900-nji ýylda Balhyň eteginde derbi-dagyn edilýär. Emir ibn Leýs bolsa ýesir alnyp, Bagdada iberilýär. Şondan soň, Ysmaýyl bütin Horasanyň hökümdary bolupdyr.

Samanylar döwründe ilat, esasan, yslamlaşypdyr. Paýtagt şäheri Buhara yslam dininiň merkezleriniň bi- rine öwrülýär. Yslamy wagyz etmek üçin Samanylaryň

döwletiniň hemme ýerlerinde diýen ýaly dini mekdepler açylypdyr. Buharada bolsa metjitler, mekdepler bilen birlikde ýokary bilim berýän medreseler hem açylypdyr. Bu mekdeplerde we medreselerde dini kanunlary öwret- mek üçin Arabystandan dini ulamalar çagyrylyp getiri- lipdir.

**Samanylar döwründe ykdysadyýetiň ýokary galmagy.** Samanylaryň hökümdarlarynyň döwleti do- landyran ýyllarynda uly gurluşyk işleri alnyp barlypdyr. Olar täze şäherleri gurupdyrlar, kanallary we kärizleri çekdiripdirler, derýalaryň üstünden köprüleri, uly ýol- larda kerwensaraýlary, galalary gurdurypdyrlar. Eke- rançylygy ösdüripdirler. Samanylaryň ýurdunda söwda hem hünärmentçilik ýokary derejede ösüpdir. Buharada her hili matalar, düşek halylar, namazlyklar do- kalypdyr, Terinezde sabyn öndürilipdir. Merwde, Sa- markantda ýüň önümleri, matalar dokalypdyr. Beýleki şäherlerden Buhara gerek bolan islendik harytlar geti- rilipdir. Mysal üçin, Ürgençden, Merwden, Nusaýdan, Hytaýdan we beýleki ýurtlardan baganalar, sütükli de- riler, gön we gön önümleri, her hili gap-gaçlar, iýmişleriň dürli görnüşleri, olaryň kişdeleri, et, ýag, bal getirilipdir. Umuman, samanylaryň döwründe Merkezi Aziýanyň şäherleri ykdysady taýdan gülläp ösüp, gözel şäherlere öwrülipdir.

**Ml 1. Saffarylar döwletiniň adynyň gelip çykyşyny düşündiriň. 2. Saffarylarda harby goşunyň gurluşy nähili bolupdyr? 3.Yakup ibn Leýsiň adamkärçiligi barada aýdyp beriň. 4. Samanylar döwleti haçan döräpdir, ony esaslandyryjy kim bolupdyr? 5. Ysmaýyl patyşanyň biti- ren işleri barada gürrüň beriň.**

## § 54. Araplaryň agalygy döwründe şäherleriň, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegi

**Araplaryň agalygy döwründe hojalyklaryň dikeldilmegi.** Yslamyň ornaşmagy bilen Türkmenistanyň köp ýerlerinde kem-kemden obalar, şäherler dikeldilip- dir. Horasanda hojalygyň esasy pudagy oba hojalygy, suwarymly ekerançylyk bolupdyr. Döwlet suwaryş ulga- myna uly üns beripdir. Ekerançylygyň ösen ýerleň bolan Dehistanda, Merwde çylşyrymly suwaryş desgalary — gatlalar, kanallar gurlup, gaçylar çekilipdir. Bu ýerlerde däneli ekinlerden arpa, bugdaý, şaly, künji, tehniki ekin- lerden gowaça, zygyr, bakja we miweli ekinler ekilipdir, olardan bol hasyl almaga mümkinçilik döredilipdir.

Şol döwürde Merwde dokma önümçiligi has ösüpdir. Merw öz matalary bilen belli bolupdyr. Merw, Abiwerd, Nusaý, Dehistan, Köneürgenç pile-ýüpekçilik önümleri bilen hem tanalypdyr. Sebäbi bu şäherler uly söwda ýol- larynda ýerleşipdir. Olar söwdadan hem, ekerançylyk we hünärmentçilikden hem örän köp girdeji alypdyrlar. Şonuň üçin arap halyfaty Horasany elden gidirmejek bolup göreşipdir. Sebäbi olar bu ýurtdan döwlet gaz- nasyna köp mukdarda salgyt - girdeji alypdyrlar.

**Türkmenistanyň ýerlerinden ýygnalýan sal- gytlar.** Araplar Horasandan alýan girdejisini olaryň golastyndaky hiç bir ýurtdan hem almandyrlar. Mysal üçin, Nusaýdan 894 müňe golaý, Sarahsdan 300 müň- den gowrak, Abiwerdden 700 müň mukdarda dirhem (pul birligi) salgyt alypdyrlar. Diňe 826-827-nji ýyllar- da Horasandan halyfyň gaznasyna 45 milliona golaý dirhem, ençeme saýlama tohum at, 2 müň goýun, umu-

my bahasy 600 müň dirhem bolan gullary, 1187 top mata we köp mukdarda demir äkidilipdir.

Emma 836-njy ýylda Türkmenistandan halyfata iberilen salgytlaryň, gullaryň, dowarlaryň we iberilen matalaryň bahalary goşulanda salgydyň umumy muk- dary 38 million dirheme barabar bolupdyr. Edil şonuň ýaly 844-nji ýylda ilatdan alnan salgydyň möçberi hem ep-esli azalypdyr. Sebäbi toplanan salgydyň belli bir mukdaryny Horasanyň ýerli hökümdarlary öz içki ha- jatlary üçin harçlanýar diýip, salgydyň bir bölegini alyp galýar ekenler.

**Şäherleriň, hünärmentçiligiň, söwdanyň ösmegi.** Samanylaryň hökümdary Ysmaýyl öz döwletiniň çäginde medeniýetiň, ylmyň ösmegi we kämilleşmegi üçin hemme mümkinçilikleri döretmäge çalşypdyr. Esasan hem, feu işi dini ulamalaryň üsti bilen amala aşyrypdyr. Uly şäherlerde gurlan metjitler, mekdep- ler we medreseler ylmyň, bilimiň ösmegine getiripdir. Mysal üçin, Buharadaky dini mekdebiň ruhanylary dini sowady, bilimi ýaýratmakda uly işleri bitiripdir- ler. Metjitlere we medreselere gowy toprakly ýerlerden wakyf (metjitlere berilýän ýer) ýerleri paýlanyp berlipdir. Metjitler, mekdepler, medreseler medeniýetiň ojagy bolup, şäherleriň ulalmagyna, binagärçilik ulgamynyň, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegine, esasan hem, şäherleriň ilatynyň artmagyna getiripdir.

IX-X asyrlarda Horasanyň, Horezmiň we Mawe- rannahryň Samanylar döwletiniň düzüminde bolmagy şäherleriň we obalaryň öndüriji güýçleriniň kadaly ösmegine ýardam edipdir. Köp şäherlerde hünärmentçilik ösüpdir. Nusaýda aýna öndürilipdir, aýnadan her dürli gaplar, tutawaçly käseler, çüňňüller, armyt görnüşli ki-

çiräk küýzeler ýasalypdyr. Nusaý aýnalaryndan penji- re üçin aýnalar hem ýasalypdyr. Olar baý adamlaryň jaýlarynda goýlupdyr.

Merkezi Aziýa pagtanyň ýurdy bolany üçin, bu ýerlerde köp görnüşdäki matalar öndürilipdir. Olaryň içinde Merw matalary has şöhratlanyp, köp ýurtlara çykary- lypdyr. Matalara her hili gülleriň we haýwanlaryň şekili berlensoň, olara isleg uly bolupdyr. Merw sebitlerinde pagtaçylygyň ösmegi hünärmentçiligiň dokmaçylyk görnüşiniň ösmegine getiripdir.

Merwde, Abiwerdde, Nusaýda, Dehistanda we Horezmde ýüpekçilik esasy orun tutupdyr. Merw, Buha- ra, Samarkant, Urgenç irki orta asyrlarda ylmyň we medeniýetiň merkezlerine öwrülip, Gündogarda siwi- lizasiýanyň merkezleri hasaplanypdyr.

IX-X asyrlarda belli bir derejede söwda giň gerim alypdyr. Merkezi Aziýanyň şäherleri Gündogar hem Günbatar ýurtlary bilen söwda alyp barypdyr. Esasan hem, Yakyn Gündogar ýurtlary bilen söwda ösüpdir. Söwda kerwenleri Yakyn Gündogardan gelip, Bagdadyň, Nişapuryň üsti bilen Merkezi Aziýanyň şäherlerine baryp, soňra Hytaýa geçip gidipdirler ýa-da Hytaýdan gelip, Yakyn Gündogara geçip gidipdirler. Şol sanda Türkmenistanyň şäherleriniň: Nusaýyň, Abiwerdiň, Sarahsyň, Merwiň, Amulyň üstünden geçipdirler. Kerwenler kähalatlarda juda uly bolupdyr. Mysal üçin, Ibn Fadlanyň ýazmagy- na görä, halyfyň Wolga bulgarlaryna iberen kerwenli ilçileriniň sany 5 müň adamdan, 3 müň atlydan ybarat bolupdyr. Emma hemme söwda kerwenleri edil şeýle uly bolmandyr. Kerwenler bilen diňe bir söwdagärler git- män, hünärmenler, alymlar, syýahatçylar hem gidipdirler. Şeýle ýagdaýlarda olary ýaragly adamlardan ybarat esgerler goraýar eken.

Emma maddy we ruhy medeniýetiň şeýle derejä ýetmegine garamazdan, IX asyryň ahyrlarynda Sama- ny döwletiniň hökümdarlarynyň häkimligi gowşap başlaýar. Köşkde höküm süren göriplik, şugulçylyk, goşundaky närazylyklar Samany döwletini halys güýç- den gaçyrýar. Netijede, 999-njy ýylda serkerde Mahmyt Gaznaly tarapyndan Samanylar döwleti ýykylýar. 01 Demirgazyk Owganystanyň ýerindäki Gazna şäheriniň ady bilen baglanyşykly garaşsyz Gaznaly döwletini esaslandyrýar.

**1. Arap halyfatynyň ilatdan alýan salgytlarynyň gör- nüşlerini aýdyp beriň. 2. Merkezi Aziýada ylym merkez- lerine öwrülen şäherleri sanap beriň. 3. Wakyf ýerleri diýip nämä düşünýärsiňiz, ol ýerler kimlere degişli bo- lupdyr?^. Samanylar döwleti näçenji ýylda, kimler tara- pyndan basylyp alynýar?**

## § 55. VII-K asyrlarda Türkmenistanda medeniýet

VII- **DC asyrlarda medeniýet merkezleri. Ylmyň ösüşi.** Araplaryň gelmegi bilen Merkezi Aziýada ylmyň we medeniýetiň ösmegine giň mümkinçilikler döräp- dir. Ekerançylygyň, suwaryş ulgamynyň, senetçiligiň, söwdanyň ösmegi, beýleki ýurtlar bilen söwda, mede- ni we diplomatik gatnaşyklaryň ösmegine ýol açypdyr. Bu özara gatnaşyklar medeniýetiň ösmegine, ylym-bi- limleriň toplanmagyna amatly şertleri döredipdir. Bu ýagdaý takyk ylymlaryň peýda bolmagyna getiripdir. VIII asyrdan başlap, Türkmenistanda matematika, geo- metriýa, astronomiýa, lukmançylyk ylymlary boýunça uly açyşlar başlanýar.

Matematika ylmynyň ýüze çykmagy gönüden-göni Muhammet al-Horezminiň ady bilen baglanyşyklydyr. VIII asyryň ikinji ýarymynda IX asyryň 30-40-njy ýyllarynda ýaşan we işlän bu beýik alymyň asly gadymy Köneürgençden bolupdyr. 01 diňe bir matematika ylmy bilen meşgul bolman, eýsem astronomiýa, geometriýa, geografiýa we taryh ylymlary bilen hem meşgullanypdyr. 01 astronomiýadan Ýer togalagynyň radiusyny we onuň uzynlygyny kesgitleýän iş ýazypdyr. Horezmi hindi, arap matematikasynyň esasynda matematikai^yň täze bir ugruny - algebra ylmyny döredipdir. Algebra diýen adyň özi hem onuň ylmy işleriniň biriniň temasynyň ilkinji sözünden, ýagny «Al-jabr» diýen sözden emele ge- lipdir. Al-Horezmi «Algebra we deňlemeler» atly eserini ýazypdyr.

Al-Horezmi halyf Mamunyň çagyrmagy bilen Mer- we göçüp gelýär we bu ýerde Mamunyň ýanyndaky ylmy merkezde dokuz ýyl işleýär. Emma Bagdat halyfy Merwden gaýdanda, Horezmini hem öz ýany bilen alyp gidipdir. Şeýlelikde, ol Merwdäki ylmy merkezi taşlamaly bolýar. Halyf Mamun Horezmini Bagdat köşgüniň garamagynda işleýän «Paýhas öýi» diýilýän ylmy merkeziň ýolbaşçysy edip belleýär we şol ýerde köp ýyllaryň dowamynda işleýär.

Horezminiň döwründe astronomiýa ylmyny ösdürmekde hem uly üstünlikler gazanylýar. Bu ugur- da uly üstünliklere eýe bolan görnükli alymlaryň biri-de asly merwli bolan Habaşdyr (Ahmet ibn Abdullah al- -Merwezidir). Habaş hem Horezmi ýaly Bagdatda halyf köşgünde işläpdir, Habaş astronomiýany ösdürmäge öz goşandyny goşan beýik alymlaryň biri bolupdyr. 01 832-nji ýylda astronomiýa boýunça düzülen tablisalaryň üçüsini düzýär we astronomiýa ylmynyň ösmegine uly goşant goşýar.

VIII- IX asyrlarda Türkmenistanyň ýerlerinde medeniýetiň ösmegine diňe bir häkimleriň köşklerinde kitaphanalar, ylym öýleri açylman, eýsem ýerli häkimleriň, aýry-aýry adamlaryň öýlerinde hem kitaphanalar açy- lyp, golýazmalaryň ýygyndylary toplanypdyr. Olar «ylym öýlerini» hem açypdyrlar, olarda metjitler, mek- depdir medreseler açylyp, okaýanlara talyp haklary töle- nipdir.

Edebiýat. «Gorkut ata» eposy. Gorkut ata türkmeniň paýhasly kethudalarynyň biri, şahyr we bagşy bolupdyr. Onuň doglan ýeri, önüp-ösen mekany Merwdir. Onuň kakasyna Gara hoja diýer ekenler. Akyldaryň ady Gorkut bolup, «ata» edebi lakamy bolupdyr.

Gorkut ajap bir kitap ýazyp, onuň adyna «Gorkut ata» goýupdyç. Kitap Gündogar edebiýatyna mahsus bolan halypanyň şägirdine, atanyň ogluna öwüt berşi äheňinde ýazylypdyr. Ondaky öwüt-nesihatlaryň esasy temasy türkmeniň gadymy taryhy, medeni we ruhy durmuşy baradadyr.

Türkmen halkynyň bu gahrymançylykly eposynda esasy öňe sürülýän pikirler watany söýmeklik, ynsan- perwerlik, jemgyýetiň jebisligi, ýaşlary sagdyn ah- lakly, kämil, içki ruhy dünýäsi ösen şahsyýet edip ýetişdirmeklik ýaly meseleler öňe sürülýär.

Onuň ýaşlara berýän nesihatlary türkmen durmu- şynda ornaşyp gidipdir. Mysal üçin: «Tekepbiri Taňry söýmez», «Gyz eneden görelde almasa, öwüt ýokmaz», «Ogul atadan görelde almasa, saçak ýazmaz», «Ata namart ýigit münebilmez» ýaly sözleri il içinde atalar sözüne öwrülipdir.

«Gorkut ata» kitabynda dürli gahrymanlaryň hereketleriniň esasynda daşky owadanlyk içki owadanlyk bilen deňeşdirilýär we adamyň içki owadanlygy sagdyn



Gorkutata

hem owadan bolmalydyr diýip düşündirilýär.

Şeýle-de kitapda oguz türkmenleriniň başdan geçirenleri, taryhy wakalary, döwrüň türkmen maddy we ruhy durmuşy yzarlanýar. Kitap ahlak we gözellik medeniýetine bagyşlanypdyr. Kitap diňe bir milli ruhy medeniýetiň çäginde bolman, eýsem, umumadamzat ' medeni gymmatlygy hasaplanylýar.

«Gorkut ata» kitaby uly bolmadyk girişden we on iki sany bapdan durýar. Kitaby açan badyňa nakyllar kysymynda onlarça öwüt--nesihatlar berilýär. Hemme 12 bölümiň içinden gahrymançylyk, watançylyk, ynsanperwerlik garaýyşlary geçip, türkmenleriň dini, ahlak, gözellik, harby hünäri, adamlaryň ruhy kämilligi baradaky meselelere üns berilýär.

«Ergenokon» dessany. «Ergenokon» gadymy türkmen dessanlarynyň biridir. Bu taryhy dessanda göktürkmenleriň il-ýurt, ar-namys üçin görkezen gahrymançylyk- lary görkezilýär. Dessanda duşmanlar göktürkmenleriň üstüne dökülýärler. On güne çeken gazaply söweşden

soň göktürkmenler ýeňýärler. Ençeme ýyldan soň ar almak üçin duşmanlar hile gurýarlar. Olar söweş meý- danyndan duşmana al salyp, at-ýaraglaryny taşlap ga- çyp giden bolýarlar. Göktürkmenler hilä ynanyp, kowup yzlaryndan ýetýärler. Ykjam ýaraglanan duşman goşu- ny yzyna dolanýar we gaýtadan jeňe girýär. Aldym-ber- dimli söweşde duşman goşuny üstün çykýar. Göktürk-

menleriň köpüsi heläk bolýarlar, galanlary ýesir edilip sürülýär, ýurdy bolsa talanýar.

Göktürkmenleriň hany II hanyň ogullary köp eken. Söweşde olaryň körpe ogly Kyýandan başgalary wepat bolupdyrlar. Kakasy ýeke ogluny şol ýyl öýlendirýär. II hanyň ogly bilen ýaşytdaş Tukuz diýen ýegeni-de bar eken. Ony-da Kyýan bilen bir günde öýlendiripdir. Günleriň birinde bularyň ikisi-de maşgalalary bilen duşmanlar tarapyndan gapyllykda tutulyp, ýesir edilip äkidilýär. On günden soň, olara duşman atlaryna atla- ПУР> ýesirlikden maşgalalary bilen gaçmak başardýar.

Soňra Kyýan we Tukuz oturyp, öz aralarynda mas- lahat edipdirler. Olar: «Eger ilat bilen gatnaşsak, olar bizi ýazgarar, bizi duşman hasaplarlar. Eger-de çyk- man otursak, hiç kim bilen gatnaşyp bilmeris. Gowusy adamlaryň yok, baryp bilmejek ýerlerine gideli, daglara baryp, mekan tutaly» diýen, netijä gelipdirler. Şondan soň olar mal-garalaryny sürüp, dagyň çür depesine çykypdyrlar. Olar gelen ýerinde dürli tarapa akyp ýa- tan çeşmeleri, çaýlary, miweli baglary, lälezarlygy görüp, şol ýerde mekan tutupdyrlar. Şu gözel mekana olar «Ergenokon» diýipdirler («Ergenokon» sözi «ergen - dag üsti», «коп - çür depe» diýmekligi aňladýar). Dogan- lar bu ýerde gyşyna mallarynyň etini, ýazyna süýdüni iýip-içip, olaryň derisinden eşik we aýakgap tikip ýaşa- beripdirler.

Täze mekanda bu ikisiniň çagalary köpelýär, maş- gala ulalýar. Olar Ergenokonda uzak ýyllar ýaşapdyr- lar, özlerinden köpelip, harby tarapdan güýjäpdirler. Şondan soň dagda bukulyp ýatman, ýöriş edip, ozalky ýerlerine gaýdyp gelmegi makul bilýärler. Emma dag- dan aşak inmäge ýol ýok eken. Pikir baryny edip, onuň

çözgüdini tapyp bilmändirler. Olaryň arasynda bir gar- ry demirçi ussa bar eken. 01: «Şu taýda demir magdan- ly bir ýer bolmaly, şol magdan eredilse, ol aşak akyp ýol ýasar» diýip aýdypdyr. Adamlar derrew ýerli-ýerden odun, kömür jemläp magdanyň üstüne goýupdyrlar. Ýetmiş ýerden ýetmiş körük ýasalyp, ýetmiş ýerden üf- lenipdir. Ot tutaşyp magdan eräpdir. Demir suw ýaly eräp, aşak akypdyr we olaryň mal-garalary geçip bil- jek ýol emele gelipdir. Şol günden soň göktürkmenlerde täze bir baýramçylyk - oda bir tokga demir oklap, ony eretmek däbi döräpdir.

Göktürkmenler şol ýol bilen aşak düşüpdirler, köne duşmanlary bilen söweşip, olardan üstün çykypdyrlar we öz gadymy ýurtlaryna eýelik edipdirler.

**1. Gorkut ata haýsy döwürde ýaşapdyr, ol barada gürrüň beriň. 2. VII-IX asyrlarda Türkmenistanyň çägindäki ösen şäherleri sanap beriň. 3. Ylmy merkezlerde haýsy alymlar işläpdirler? 4. «Ergenokon» dessany haýsy döwletiň adamlary baradaky eser? 5. Dessanyň mazmunyny gürrüň beriň.**

## § 56. VII-IX asyrlarda Türkmenistanda medeniýet (dowamy)

**Orhon-Yeniseý ýazgylary.** Gadymyýetde dörän Oguz-Orhon ýa-da Orhon-Yeniseý ýazuwy baý geçmişi bolan türkmen halkynyň taryhyny öwrenmekde ba- hasyna ýetip bolmajak gymmatly mirasdyr. 01 gadymy türkmenleriň maddy we ruhy medeniýetiniň ýadygärli- gidir. Aslyýetinde Oguz-Orhon ýazuwy hem öňler «Orhon-Yeniseý» ýazgylary diýlip atlandyrylypdyr. Onuň

şeýle atlandyrylmagy ýöne ýerden däl eken, sebäbi şeýle atlandyrylmagyň özi ýazgylaryň türkmenleriňkidigini inkär edýärdi. Sebäbi onda türkmen halkynyň unu- dylan taryhy, ýagny göktürkmenleriň taryhy, olara baş bolan beýik şahsyýetleriň atlary berilýärdi.

Orhon-Yeniseý ýazuwyny öwrenmäge belli türk- şynas W.W. Radlow we dilçi hem taryhçy daniýaly alym W.Tomsen içgin girişýär. W. Tomsen 1893-nji ýylda Or- hon ýazgylarynyň türki taýpalaryň ýazuwlarydygy barada Daniýada alymlaryň öňünde çykyş edýär. 01 bu hatlaryň sagdan çepe okalýandygynyň üstüni açýar.

Yazgylardaky bellikleri deňeşdirip, onda 38 harpdan ybarat gadymy türkmen elipbiýiniň bolandygyny subut edýär.

Orhon ýadygärlikleri VII asyryň ahyrlaryna VIII asyryň başlaryna degişlidir. Yazgylar göktürkmenleriň iň görnükli hökümdarlaryna bagyşlanypdyr. Yazgylar Gutlug han, Bilge han, Kültegin, Tonýukuk we beýlekileriň hormatyna daşdan gurlan ýadygärligiň ýüzüne ýazylypdyr.

Yadygärlikleriň esasy mazmuny Gutlug hanyň, Bilge hanyň we Külteginiň ýörişleri, olaryň alyp baran söweşleri hakyndaky gürrüňlerden ybaratdyr. Yazuw ýadygärliginiň beýanlarynda şol döwürdäki türki taý- palary bolan - garlyklar, oguzlar, tatar, uýgur, çygyl we beýleki taýpalar barada maglumatlar berilýär. Yady- gärlikdäki «Tokuz oguz meniň budunym erdi» diýen sözleri Külteginiň özüniň oguz taýpasyndandygyny gör- kezýär.

Ýadygärligiň biri Gutlug hanyň kiçi ogly Kültegine bagyşlanypdyr. 01 Göktürkmen döwletiniň berkemegi

seý ýadygärlikleriniň biri-de 1897-nji ýylda tapylan Tonýukuk ýadygärligidir. Tonýukuk göktürkmenleriň Gutlug handan başlap, Gapaganyň we Bilge hanyň goşun başlygy hem weziri bolupdyr. Yazgylarda Bilge hanyň 683-nji ýylda doglup, 734-nji ýylda aradan çy- kandygy barada habar berilýär.

Tonýukuk şol döwrüň akylly adamlarynyň biri bolupdyr. Bu ýadygärligi Tonýukugyň özi ýazdyrypdyr, soňra ol halk tarapyndan dikilen bolmaly. Tonýukuk diýmek («Ton - beýik», «ýukuk - hüwi») ^<Beýik hüwi» manysyny berýär. Hüwi guşy göktürkmenlerde
parahatçylygyň nyşany bolupdyr.

Yadygärlikler toplumynyň içinde Kültegininiň hatyrasyna bina edilen ýadygärlik bar. Bu ýadygärlikden gid- ýän ýol ybadathana barypdyr. Yoluň iki gapdalynda bolsa Kültegininiň egindeşleriniň ör-boýuna duran heý- kelleri ýerleşdirilipdir. Ybadathananyň içinde Kültegin
bilen onuň aýalynyň heýkelleri oturdylypdyr.

Orhon-Yeniseý ýazgylary Göktürkmenler döwletiniň taryhyny öwrenmekde ähmiýeti uly bolup, türkmenleriň şol döwürlerde hem öz haty-ýazuwy bolandygyny subut edýär. Yazgylar goşgy görnüşinde ýazylypdyr. Kültegin baradaky ýazgylarda Göktürkmen döwletiniň pese düşüp, 630-682-nji ýyllar aralygynda, ýagny 50 ýyldan gowrak wagtlap Hytaýa garaşly bolandygy barada maglumat- lar beýan edilipdir. UmumanTyadygärliklerdäki ýazgy- lar göktürkmenleriň taryhy baradaky maglumatlardyr. Araplar Türkmenistany eýelänlerinden soň, arap elip- biýi girizilipdir. Netijede, göktürkmen elipbiýi ýazuwdan gysylyp çykarylypdyr.

**Yslam dininiň türkmen medeniýetine täsi- ri. Yslam dinini wagyz edýän mekdepleriň, med- reseleriň açylmagy.** Arheologiýa gazuw-agtaryş

işleriniň berýän maglumatlaryna görä, VII asyr- da Türkmenistanyň ýerlerinde hat-ýazuw bolupdyr. Gadymy Merwden tapylan hatlar gara syýa bilen küý- ze döwükleriniň we mal pilçeleriniň ýüzüne ýazylypdyr. Eýran pehlewi harplary bilen ýazylan bu ýazgylaryň manysyny anyklamak entek başartmadyk hem bolsa, bular Türkmenistanda hatyň-ýazuwyň bolandygyny we medeniýetiň ösendigini görkezýär. Çünki bu ýaz- gylar şol zamanyň adamlarynyň aň-düşünjeleriniň, dünýägaraýyşlarynyň, ýaşaýyş-durmuşlarynyň ýokary derejede bolandygyny görkezýär. Şol döwürde Merw Erkgalasyndan ýüzi pehlewi, sogd we arap dilinde ýazylan tapyndylar ýurtda kätipleri - mürzeleri taýýarlaýan mekdepleriň, hünärmenleri taýýarlaýan alymlaryň bo- landygyna güwä geçýär.

Araplaryň Türkmenistana gelmegi bilen dini yma- ratlaryň - mawzoleýleriň, medreseleriň, metjitleriň, beýleki binalaryň gurulmagyna uly üns berlipdir. Dini ymaratlary gurmakda türkmen ussalary araplardan kem bolmandyrlar. Yerli ussalar musulman çeperçilik däplerine gadymy türkmen binagärçilik sungatyny giri- zipdirler.

Yslam dini taglymaty şahsyýetiň ösmegine, ruhy is- legini kanagatlandyrmaga täsir edýän taglymatdyr. 01 her bir musulmanyň ýetim-ýesire, garrylara hossarlyk, rehim-şepagat etmegini ündeýär. Yalandan ant içmegi, süýthorlugy, aldawçylygy, söwda-satykda kem ölçeme- gi gadagan edýär we olary uly günä hasaplaýar. Yslam serhoşlygy, ogurlyk etmegi berk ýazgarýar. Mundan hem başga her bir adamyň goýberen ýalňyşlyklary üçin toba etmegini öwredip, adamda ahlak gymmatlyklaryny terbiýeleýär. Şonuň üçin yslamyň Türkmenistanda

ornaşan wagtyndan başlap, dini ulamalar Merwde, Köneürgençde, Dehistanda, Sarahsda we beýleki şäherlerde mekdepleri, medreseleri açyp, ýaşlara yslamyň kada-kanunlaryny öwredipdirler.

Araplar dini bilim bilen birlikde dünýewi bilimle- ri-de beripdirler. Bu mekdeplerden dünýä belli alym- lar, görnükli şahyrlar, akyldarlar, döwlet işgärleri çykypdyr. Sowatly mugallymlar öz talyplaryny arap diline geçirilen antiki grek-rim edebiýaty we sungaty bilen, olaryň alymlarynyň, akyldarlarynyň eserleri bilen tanyşdyrypdyrlar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň çäklerinde dini ymaratlaryň - metjit-medreseleriň gurulmagy ilatyň ruhy medeniýetiniň ösmegine ýardam edipdir.

**Vvv 1. Orhon-Ýeniseý ýazgylary ilkinji gezek kim tarapyndan okalypdyr? 2. Yazgylarda göktürkmen hanlarynyň haýsylarynyň atlary tutulýar? 3. Tonýukuk kim bolupdyr, ol barada aýdyp beriň. 4. Türkmenistanyň ýerinde ýazuw ýadygärlikleri ýene-de nirelerden tapylypdyr? 5. Yslam dininiň adamlarda ýokary ahlak terbiýesini kemala getirişi barada gürrüň beriň.**

## MÖHÜM WAKALARYŇ SENELERI

**Daş asyry:**

*Paleolit döwri* - Türkmenistanyň ýerlerinde iň gadymy döwürden b. e. öňki XI müňýyllyklar;

*Mezolit döwri* - Türkmenistanyň ýerlerinde b. e. öňki XII-VII müňýyllygyň birinji ýarymy;

*Neolit döwri*—Türkmenistanyň ýerlerinde b.e. öňki VII müňýyllygyň ikinji ýarymy — V müňýyllygyň birinji ýarymy.

**Mis asyry** - Türkmenistanyň ýerlerinde b. e. öňki V müňýyllygyň ikinji ýarymy - IV müňýyllygyň ahyrlary.

**Bürünç asyry** — Türkmenistanyň ýerlerinde b. e. öňki III müňýyllygyň başlary — II müňýyllygyň ahyrlary.

**Demir asyry**-Türkmenistanyň ýerlerinde b. e. öňki II müňýyllygyň ahyrlaryndan başlanýar.

**Altyndepe şäher-döwleti** - b. e. öňki III müňýyllygyň ortalaryndan II müňýyllygyň ortalaryna çenli.

**Marguş döwleti** — **III** müňýyllygyň ahyrlary — **II** müňýyllygyň ahyrlary. •>- .

**Ahemeniler döwleti** — b. e. öňki VI—IV asyrlar.

**Patyşa Kir II-niň (Kuros) döwleti dolandyran ýyllary**- b. e. öňki 558-530-njy ýyllar.

**Kir II-niň Tomirisden (Tumarlydan) ýeňilmegi** — **b.** e. öňki 530-njy ýyl.

**Dariý I-niň patyşalyk eden ýyllary** - b. e. öňki 522—486-njy ýyllar.

**Margianada ahemenilere garşy turan gozgalaňlar** - b. e. öňki 522-521-nji ýyllar.

**Aleksandr Makedonskiniň patyşalyk eden ýyllary** — b. e. öňki 336-323-nji ýyllar.

**Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýöriş eden ýyllary** - b. e. öňki 334-324-nji ýyllar.

**Selewk I-niň döwleti dolandyran ýyllary** - b. e. öňki 312- 281-nji ýyllar.

**Antioh I-niň döwleti dolandyran ýyllary** - b. e. öňki 281- 261-nji ýyllar.

**Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti** - b. e. öňki III asyr - b. e. Ill asyry.

**Mete hanyň patyşalyk eden ýyllary** — b. e. öňki 209-174-nji ýyllar.

**Parfiýa döwletiniň dörän ýyly** - b. e. öňki 247-nji ýyl.

**Parfiýa patyşasy Mitridat I-niň patyşalyk eden ýyllary** - **b.** e. öňki 171—138-nji

Hytaý ilçisiniň Parfiýa gelmegi — b. e. 107-nji ýyl.

Kuşan döwleti - I-IV asyrlar.

Kuşan patyşasy Kanişkanyň döwleti dolandyran ýyllary - 78—123-nji ýyllar.

Atylla - b. e. 433-453-nji ýyllar. Hun taýpa birleşikleriniň (federasiýasynyň) serdary.

Sasanylar döwleti - III-VII asyrlar.

Afrigiler döwleti - IV-VIII asyrlar.

Eftalylar döwleti - V-VI asyrlar.

Göktürkmenler döwleti - VI -VIII asyrlar.

Muhammet pygamberiň ýaşan ýyllary - 570-632-nji ýyllar.

Muhammet Pygamberiň yslam dinini wagyz-nesihat edip başlamagy - 609-610-njy ýyllar.

Yslam dininiň Türkmenistana ýaýramagy - VII asyryň ortalary.

Halkara gatnaşyklarynyň giňelmegi netij esinde medeniýetiň dürli pudaklarynda - binagärçilik, amaly-haşam sungatynda, ylym-bilim ulgamynda uly açyşlaryň başlanmagy - VII-IX asyrlar.

Muhammet al-Horezminiň tebigy we ynsanperwerlik ylym- lary boýunça eden uly açyşlary - VIII asyryň ikinji ýarymy IX asyryň 30-40-njy ýyllary.

Ebu-Bekiriň halyflyk eden ýyllary - 632-634-nji ýyllar.

Omaryň halyflyk eden ýyllary — 634—644-nji ýyllar.

Osmanyň halyflyk eden ýyllary - 644-656-njy ýyllar.

Alynyň halyflyk etmegi - 656-661-nji ýyllar.

Araplaryň Merwe gelmegi - 651-nji ýyl.

Abu Muslimiň gozgalaňy - 747-750-nji ýyllar.

Omeýýatlaryň nesilşalygy - VII asyryň 60-njy ýyllaryndan 750-nji ýyla çenli.

Abbasylaryň nesilşalygy - 750-1258-nji ýyllar.

Mukannanyň gozgalaňy - 776-783-nji ýyllar.

Tahyrylar döwleti - 821-873-nji ýyllar.

Saffarylar döwleti - 861-900-njf ýyllar.

Samanylar döwleti - 874-999-njy ýyllar.

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................................................ 7

I bölüm. Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan iň gadymy adamlar we olaryň durmuşy (iň gadymy döwürden - b. e. öňki III müňýyllyga çenli)

§ 1. Türkmenistanyň ýerlerinde ýaşan iň gadymy adamlar ........................................................ 15
§ 2. Mezolit döwrüniň arheologiki ýadygärlikleri. Bu döwrüň adamlarynyň kärleri we zähmet gurallary. . 18
§ 3. Ekerançylygyň we maldarçylygyň ýüze çykmagy .................. 22
§ 4. Kelteminar medeniýeti ................................................ 27
§ 5. Misiň ulanylyp başlanmagy. Hünärmentçiligiň ýüze çykmagy ................................................ 30
§ 6. Ekerançylygyň ösmegi ................................................ 33
§ 7. Sungatyň we dini ynançlaryň ýüze çykmagy ......................... 38

II bölüm. Türkmenistan b. e. öňki III müňýyllykdan — b. e. 650-nji ýylyna çenli

§ 8. Gadymy Oguz türkmen döwleti ........................................ 43
§ 9. Türkmenistan bürünç asyry döwründe. Altyndepe iň gadymy şäher-döwletdir ................................. 46
§ 10. Altyndepäniň jemgyýetçilik gurluşy we medeniýeti. ... 51
§ 11. Marguş döwleti ................................................ 56
§ 12. Goňurdepe. Marguş döwletinde hojalygyň ösmegi ............... 60
§ 13. Marguşlylaryň dini ynançlary ................................ 67
§ 14. Türkmenistan demir asyry döwründe ............................ 71
§ 15. Günorta Türkmenistan irki demir asyrynda ..................... 74
§ 16. Amyderýanyň orta akymy, Demirgazyk Türkmenistan irki demir asyry döwründe ................................ 78

§ 17. Türkmenistan biziň eýýamymyzdan
öňki VI-IV asyrlarda ........................................ 82
§ 18. Ahemeniler döwletiniň döremegi ........................................ 87
§ 19. Ahemeniler döwletinde döwlet dolandyryş ulgamy . . . . 92
§ 20. Aleksandr Makedonskiniň Orta Aziýa ýörişi ........................................ 99
§ 21. Grek-makedon basybalyşlarynyň netijeleri ........................................ 106
§ 22. Türkmenistan Selewkiler döwletiniň döwründe ........................................ 112
§ 23. Parfiýa döwleti ........................................ 117
§ 24. Parfiýa döwletiniň daşary syýasaty ........................................ 123
§ 25. Parfiýa döwletiniň syýasy we ykdysady ösüşi ........................................ 128
§ 26. Parfiýa döwletiniň medeniýeti ........................................ \ . 134
§ 27. Demirgazyk Türkmenistan b. e. öňki IV - b. e. I asyryna çenli.
Horezm döwletiniň
emele gelmegi ........................................ 139
§ 28. Gadymy Horezmiň ýadygärlikleri ........................................ 144
§ 29. Demirgazyk Türkmenistan Kaňly-arabaçylar
döwletiniň düzüminde ........................................ 147
§ 30. Kuşan döwletiniň döremegi we Günorta-Gündogar
Türkmenistana aralaşmagy ........................................ 152
§ 31. Demirgazyk Türkmenistan kuşanlylaryň döwründe . . 158
§ 32. Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti ........................................ 161
§ 33. Beýik Hun döwletiniň ikä bölünmegi we hunlaryň
günbatara süýşmekleri ........................................ 167
§ 34. Günorta Türkmenistan Sasanylar döwleti döwründe . 172
§ 35. Günorta Türkmenistan Sasanylar
döwleti döwründe (dowamy) ........................................ 177
§ 36. Sasanylar döwründe Günorta
Türkmenistanyň medeniýeti. ........................................ 183
§ 37. Demirgazyk Türkmenistan W—VII asyrlarda.
Afrigiler döwleti ........................................ 187
§ 38. Eftalylar döwleti ........................................ 191
§ 39. Beýik Ýüpek ýoly ........................................ 196
§ 40. Türkmenistanyň medeniýeti Oə. e. öňki III -
b. e. VII asyrlary) ........................................ 201
§ 41. Türkmenistanyň medeniýeti ф. e. öňki III -
b. e. VII asyrlary. Dowamy) ........................................ 204

## Ill bölüm. Türkmenistan VII-IX asyrlarda

§ 42. Göktürkmenleriň döwletiniň döremegi ................................ 208
§ 43. Göktürkmenleriň daşary syýasaty we goňşy
ýurtlar bilen gatnaşyklary ........................................................ 212
§ 44. Türkmenistan yslam dininiň Merkezi Aziýa
ýaýramagynyň öňüsyrasynda .................................................. 217
§ 45. Yslam dini. Muhammet pygamber .......................................... 221
§ 46. Kurany Kerim ................................................................................ 226
§ 47. Yslam dininiň dünýä ýaýramagy ............................................ 228
§ 48. Täze diniň Türkmenistana ýaýramagy.
Yslam dininiň ýerli ilatyň durmuşyna we döwlet
dolanyşygyna ornaşmagy .......................................................... 230
§ 49. Döwlet dolandyryş düzgüniniň üýtgemegi ............................ 233
§ 50. Omeýýatlaryň agalyk eden döwründe halkyň
hal-ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy. Abu Muslimiň
gozgalaňy ........................................................................................ 237
§ 51. Mukannanyň gozgalaňy ............................................................ 241
§ 52. Türkmenjstan tahyrylar döwründe ........................................ 244
§ 53. Türkmenistan saffarylar we samanylar döwründe . . . 248 § 54.
Araplaryň agalygy döwründe şäherleriň,
hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegi ................................ 252
§ 55. VII-IX asyrlarda Türkmenistanda medeniýet ...................... 255
§ 56. VII-IX asyrlarda Türkmenistanda
medeniýet (dowamy) ...................................................................... 260
Möhüm wakalaryň seneleri ............................................................... 265

*Berdi Esenow, Nazar Babaýew, Döwlet Kössekow,*
*Ogultäç Gurbanowa, Ogulnabat Çaryýewa,*
*Täçmuhammet Sahydow, Gully Akynyýazow*

# TURKMENISTANYŇ TARYHY

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň VII synpy üçin okuw kitaby**

**Ikinji neşir**



| | |
|---|---|
| **Redaktor** | ***G. Joraýewa*** |
| **Surat redaktory** | ***G. Orazmyradow*** |
| **Teh. redaktor** | ***O. Nurýagdyýewa*** |
| **Suratçy** | ***H. Welmämmedo*** |
| **Korrektor** | ***w M.*** |
| **Kompýuter işleri** | ***Atanyýazowa D.*** |
| **Neşir üçin jogapkärler** | ***Piriýewa*** |
| | ***H. Gutlymyradow*** |

**Çap etmäge rugsat edildi 04.11.2016. Ölçegi 60x90 $V_{lg}$.
Mekdep garniturasy. Şertli çap listi 17,0. Şertli reňkli
ottiski 77,25. Hasap-neşir listi 10,48. Çap listi 17,0. Sargyt
1719. Sany 99 000.**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.**